# Intro.2.1 Saýlaw döwri (sikli)

Her dört ýa-da bäş ýyldan bir gezek geçirilýän çäre hökmündäki saýlaw düşünjesi mundan beýläk saýlawçylaryň pikirinde esasy orny eýelemeýär. Alternatiw çemeleşmede saýlaw prosesine kesgitli wagt aralyklarynda bolup geçýän waka hökmünde däl-de, üznüksiz ýa-da gaýtalanyp duran iş hökmünde garalýar.

Saýlawlar diňe bir saýlaw gününe degişli bolman, eýsem, saýlaw gününden öň, şeýle-de saýlaw wagtynda we saýlaw gününden soň bolup geçýän hemişelik we gaýtalanyp duran prosesleri öz içine alýar, bu bolsa, islendik kontekstde saýlaw gurşawynyň ösdürilmegine itergi berýär. Saýlawlary dolandyryş edarasyna (EMB) degişli netijeli dolandyryş we durnukly ösüş meselelerinden başga-da, şeýle çemeleşmäni goldaýan şular ýaly başga-da jähtler bardyr: demokratiki prosese gatnaşygyň ýokarlandyrylmagy we demokratik gymmatlyklar bilen tanyşdyrma; oýlanyşykly dolandyryş tejribesi; milli resurslaryň netijeli ulanylmagy; beýleki döwlet institutlary bilen sinergiýanyň islenilýän ösüşi. Hususan-da, her bir saýlawlardan soňky baha berişler we maslahatlar (saýlawlary dolandyrmak boýunça edaralaryň içerki ýygnaklary, kollegial bilermenlik synlary; halkara we ýerli gözegçileriň hasabatlary we daşky audit ýaly) üýtgedip gurmalaryň indiki bukjasy üçin gün tertibini düzmelidir.

Saýlaw döwrüniň (sikliniň) haýsydyr bir ýeke-täk modeli ýokdur we dürli modeller hödürlenip bilner. Bu belli bir derejede konseptual gural ýa-da saýlaw prosesine düşünmedir. Şeýle mysallaryň biri Halkara demokratiýa we saýlawlara ýardam beriş instituty (iňl. International IDEA) tarapyndan taýýarlanan aşakdaky diagrammada berlendir. Bu ýerde saýlaw sikliniň çylşyrymlylygyny wizual görkezmäge synanyşyk edilendir. Ol saýlawdan öňki döwre, saýlawlar döwrüne we saýlawlardan soňky döwre bölünendir.

Dolandyryşy ösdürmek nukdaýnazaryndan iň gowy meýilnama umuman, öňki döwrüň soňunda başlanýan her bir täze saýlaw döwrüniň başynda has aýdyň we ýokary hilli üýtgedip gurmalary programmalaşdyrmak we goldamakdyr. Bu saýlawlary dolandyrmak boýunça hasabat berýän we ýokary hünär derejeli, syýasy basyşa garamazdan, saýlawlary üstünlikli geçirmek üçin zerur bolan demokratik ýörelgeleriň berjaý edilmegini kepillendirmäge ukyply edaralary üpjün etmek maksadyny durmuşa geçirmek üçin zerurdyr. Şu kontekstde ähli gatnaşyjylar özleriniň saýlaw prosesindäki rollaryny hiç kim gatyşmazdan, düzgünler boýunça hereket etmek bilen ýerine ýetirmäge ukyplydyr.

**Saýlawdan öňki döwür** adatça şulary öz içine alýar:

1. Meýilleşdirme (saýlawlar boýunça hukuk binýadynyň taýýarlanmagyny ýa-da gözden geçirilmegini, büjetiň we maliýeleşdirmäniň meýilleşdirilmegini, saýlawlary geçirmegiň senenamasynyň we dessin iş meýilnamalarynyň taýýarlanmagyny, logistikanyň we howpsuzlygyň, satyn almalaryň we işgärleriň işe alynmagynyň meýilleşdirilmegini öz içine alýar);
2. Tälim beriş (ösüşi hem-de saýlaw tertibiniň we işleriniň öwredilmegini öz içine alýar);
3. Maglumat beriş (saýlawçylar, saýlawlardaky beýleki paýdarlar we islendik daşky gözegçiler ýa-da synçylar üçin maglumatlary öz içine alýar);
4. Bellige alyş (saýlawçylaryň we syýasy partiýalaryň).

**Saýlawlar döwri adatça** şulary öz içine alýar:

5. Hödürleme (saýlanmaga hukugy bolan dalaşgärleri).
6. Kampaniýanyň geçirilmegi (syýasy partiýalar we/ýa-da dalaşgärler tarapyndan ýa-da olaryň adyndan);
7. Ses beriş (uçastoklarda ýa-da beýleki serişdeleri, şol sanda poçtany, interneti we telefony ulanmak arkaly);
8. Gözegçilik (ol adatça, daşky toparlar tarapyndan amala aşyrylýar we esasan, bu döwri öz içine alýar, ýöne diňe onuň bilen çäklenmeýär); we
9. Şikaýat etme (resmi şikaýatlaryň berilmegi); we
10. Netijeleriň jemlenmegi (hasaplamak, jemlemek we tassyklamak).

**Saýlawlardan soňky döwür** adatça, aşakdaky elementleri öz içine alýar:

11. Seljerme (auditler we baha beriş).
12. Strategiýa
13. Potensialy ösdürmek
14. Özgertme

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.2.1 Saýlaw döwri (sikli)

Saýlawçylar hakyndaky maglumatlar, şikaýat etmek prosesleri we gözegçilik tutuş döwre (sikle) täsir edip biler, şol sebäpli-de olara döwrüň (sikliň) ähli üç tapgyrynyň dowamynda alnyp barylýan üznüksiz iş hökmünde garamak bolar.

## Saýlawlardan öňki döwrüň dowamyndaky esasy elementler

### (1) Meýilleşdirme

Saýlaw prosesiniň depgini saýlawlaryň geçirilýän gününden we dalaşgäriň saýlawlardan öňki kampaniýa döwrüniň başlanmagyndan has öň artýar. Saýlawlar dürli tapgyrlary we dürli düzüm birlikleriniň giň toparyny öz içine alýar. Şol sebäpli öňünden we ünsli meýilleşdirme aýgytly ähmiýete eýedir. Gowy meýilleşdirme hyýanatçylygyň öňüni almaga hem ýardam edýär we şunlukda, saýlaw prosesine ynamy artdyrýar.

Saýlawlaryň geçirilýän güni hukuk binýadynda öňünden kesgitlenmeýän ýurtlarda ýa-da guramalarda, adatça kesgitli saýlawlaryň geçirilýän senesi (seneleri) hakynda resmi bildiriş berilýär. Sene bellenen dessine, saýlawlary dolandyrmak boýunça jogapkär edara (saýlawlary dolandyryş edarasy (EMB)) akgynly prosesi üpjün etmek we ses berişligiň geçirilmegini kepillendirmek üçin taýýarlyga başlaýar. Bu proses hakynda halka habar bermek we ony saýlawlara taýýarlyk görülýändigini ynandyrmak üçin ol barada habar bermek zerurdyr. Şeýle-de, ençeme ýurtda syýasy partiýalaryň ýa-da bloklaryň saýlawlara taýýarlygyň çäklerinde dalaşgärlerini barlamak we seçip almak prosesine başlaýan wagt aralygy bardyr.

Möhüm düzüm bölekleriň biri hökmünde, meýilleşdirme saýlawlar boýunça hukuk binýadynyň taýýarlanmagyny ýa-da gözden geçirilmegini öz içine alýar. Saýlawlar boýunça hukuk binýady saýlawlarda ses bermegiň görnüşini, möhletlerini, oňa gatnaşygy we onuň düzgünlerini kesgitleýän kanunlaryň we kadalaryň iýerarhiýasydyr (köpbasgançaklylygy). Muňa kesgitlemeleriň dört derejesi degişlidir: konstitusiýa, kanunçylyk, hukuk kadalary we administratiw proseduralar. Olaryň ählisi saýlawlara taýýarlyk tamamlanmazdan öň bolmalydyr.

Hukuk binýady adatça, saýlawlaryň möhletlerini we yzygiderliligini öz içine alýar, bu saýlawlary geçirmegiň umumy senenamasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Muňa garamazdan, saýlawlaryň jikme-jik grafiginiň işlenip düzülmegi aýratyn funksiýa bolup, ol saýlawlardan öňki döwrüň dowamynda durmuşa geçirilýär. Jikme-jik möhletler saýlawlaryň her bir tapgyry we düzüm birligi boýunça taýýarlanmalydyr.

Saýlawlaryň hukuk binýadyndan we grafiginden başga-da, meýilleşdirme maliýeleşdirmäni, işleriň dessin meýilnamalarynyň düzülmegini, logistikanyň we howpsuzlygyň meýilleşdirilmegini, satyn almalary we işgärleriň işe alynmagyny hem öz içine alýar.

### (2) Tälim beriş

Saýlawlar boýunça ähli işgärlere olaryň işi boýunça saýlaw gününden öň tälim berilmelidir, bu saýlawlary geçirmegiň tertibini, şonuň ýaly-da, operasion meseleleri hem öz içine alýar. Saýlaw nokadynyň işgärleri, ammar menejerleri we sesleri hasaplaýan menejerler şol bir materiallar boýunça okadylmaly däldir, hemmeler üçin giň gerimli okuw zerurdyr. Mundan başga-da, saýlaw prosesiniň beýleki gyzyklanýan taraplaryna (steýkholder) hem diňe bir maglumat berilmän, olar hem okadylmalydyr. Mysal üçin, synçylara saýlaw uçastogynda näme etmelidigi (näme etmeli däldigi) öwredilmelidir we şeýle okuwlar dürli guramalar tarapyndan geçirilip bilner (esasan, okuwy synçylaryň topary, käbir ýagdaýlarda bolsa, saýlawlary dolandyryş edaralary geçirýär).

Okuw merkezleşdirilen görnüşde geçirilip bilner, munda işgärler şol bir ýerde okadylýar ýa-da dürli ýerlerde dagynyk görnüşde geçirilip bilner. Işgärler uly çäk boýunça paýlanan ýagdaýynda ýa-da merkezleşdirilen okuw howpsuzlyk düşünjeleri sebäpli mümkin bolmasa, okuw adatça yzygiderli geçirilýär. Şu ýagdaýda tälimçileriň uly bolmadyk topary bir ýerde okadylýar we soňra dürli ýerlerdäki has köp toparlary okatmak üçin ugradylýar, olar hem öz gezeginde başga toparlary okadýarlar we ähli işgärler okadylýança şunuň ýaly dowam etdirilýär. Islendik okuw ünsli meýilleşdirmäni talap edýär, ýöne yzygiderli okuw saýlawlaryň geçirilýän wagtyna çenli ähli işgärleriň okadylmagyny we ýeterli wagty üpjün etmek üçin aýratyn ünsli işläp düzmäni talap edýär.

Ýokary hilli okuwy üpjün etmek üçin okuw döwründe, şeýle-de ol geçirilen dessine bahalandyrma usulyýetini ornaşdyrmak arkaly okuwa bolan zerurlyga yzygiderli baha bermek talap edilýär.

Bahalandyrmanyň netijeleri okuwda hasaba alynmalydyr, treningiň käbir bölümleri bolsa, gaýtadan geçirilmeli ýa-da berkidilmeli ýa-da tutuş trening gaýtadan geçirilmelidir.

Saýlawlar boýunça okatmak üçin köpsanly temalaryň bardygyny we saýlawlaryň bolup geçmegi üçin işgärleriň köp mukdaryny wagtynda okatmagyň zerurdygyny ýatdan çykarmaly däl.

### (3) Maglumatlar

Saýlawa gatnaşjak saýlawçylar ses bermegiň ähmiýetine bolşy ýaly, dalaşgärler we ses bermek proseduralary babatynda saýlawyň ähmiýetine hem düşünmelidir. Saýlawçylary gyzyklandyrmak we tarap tutmaýan maglumaty elýeterli etmek arkaly olary saýlawlar baradaky maglumatlar bilen üpjün etmek mümkinçiligi bolmalydyr. Ol diňe bir düşnükli görnüşde berilmän, eýsem, strategiýanyň we onuň adamlaryň durmuşyna täsiri arasyndaky arabaglanyşygy hem düşündirmelidir. Şeýle bilimler bolmasa, saýlawçylar belli bir bähbidi araýan şahslar tarapyndan manipulýasiýa, hatda aldawa sezewar bolarlar.

Mundan başga-da, saýlawlaryň düzgünleri we prosesleri baradaky maglumatlar adamlara saýlawlara gatnaşmaga kömek etmek üçin hem zerurdyr. Binýatlyk derejede raýatlara olaryň nädip hasaba alnan saýlawçylar bolup biljekdigi, kampaniýanyň dowam edýän döwri, prosedura we ses berlip bilinjek ýerler, olaryň saýlawçylar hökmündäki hukuklary, şeýle-de sesiň kim, näme tarapyndan, haçan, nirede we nähili sanalýandygy we ş.m. hakyndaky maglumatlar zerurdyr.

Şeýle-de, gyzyklanýan taraplar (steýkholderler) kampaniýa üçin we partiýanyň, bloklaryň ýa-da dalaşgärleriň mahabatlandyrylmagy üçin çykdajylary düzgünleşdirýän hukuk kadalary hakyndaky maglumatlar bilen üpjün edilmeli, şeýle-de, olara dalaşgärleriň we kampaniýanyň media gözegçiligi boýunça gözükdirmeler berilmelidir. Gyzyklanýan taraplar şeýle hukuk kadalarynyň we gollanmalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin düzgünler bilen tanyşdyrylmalydyr. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem düzgünleriň berjaý edilip-edilmändigini, korrupsiýa we faworitizm ýagdaýlarynyň bolandygyny ýa-da bolmandygyny hem-de fiziki şahslar ýa-da haýsydyr bir jemgyýetçilik toparynyň agzalary hökmünde saýlawçylaryň hukuklaryna gatyşylandygyny ýa-da gatyşylmandygyny kesgitlemek üçin saýlawlar prosesine ünsli gözegçilik etmelidir (kampaniýany geçirmegiň dowamynda, saýlawlar gününde we netijeler yglan edilýänçä).

### (4) Saýlawçylaryň we syýasy partiýalaryň hasaba alynmagy

Saýlawçylaryň hasaba alynmagy – bu hukuk binýadynyň çäklerinde kesgitlenişi ýaly, sanawy düzmek ýa-da ses bermäge hukugy bolanlaryň sanawyny düzmek arkaly elektoraty (saýlawçylary) kesgitleme prosesidir. Saýlawçylaryň sanawynyň taýýarlanmagy we täzelenmegi – ählumumy we deň saýlaw hukugy ýörelgesiniň berjaý edilmegini üpjün etmekde möhüm prosesdir.

Köp saýlawlarda hasaba alyş saýlawlardan öň, saýlawdan öňki döwrüň dowamynda geçirilýär, ýöne hasaba alyşyň we ses berişligiň şol bir günde geçirilýän we seýrek ýagdaýda hasaba almazdan geçirilýän ýagdaýlar hem bolýar. Saýlawlardan öň hasaba alyşyň geçirilmegi saýlawlaryň logistikasyny has gowy meýilleşdirmäge, mysal üçin, býulletenleriň sanyny, saýlawlaryň geçiriljek ýerini we işgärlere bolan zerurlygy kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Kimiň ses berip biljekdigi baradaky sorag saýlawlarda esasy sorag bolup durýar. Elektorat adatça, ähli ilaty öz içine almaýar. Mysal üçin, köp ýurtlarda psihiki taýdan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlara ses bermek gadagan edilendir, köp ýagdaýlarda bolsa, ses berýänleriň iň pes ýaşyna degişli talaplar bardyr. Taryhda adamlaryň kesgitli toparlaryna ses bermäge ýol berlen däldir. Mysal üçin, zenanlar, daşary ýurtlylar ýa-da gullar ses bermäge goýberilmändir ýa-da diňe kesgitli toparlara ses bermäge rugsat berlipdir. Saýlawlaryň taryhynda aýratyn toparlar üçin saýlaw hukugyny gazanmaga synanyşyklaryň köp ýagdaýlary görülýär. Zenanlaryň saýlaw hukugy üçin hereketiniň netijesinde köp ýurtlarda zenanlar ses bermek hukugyny gazandylar, erkin ses bermek hukugynyň üpjün edilmegi bolsa, amerikan halkynyň raýat hukuklary üçin hereketiniň esasy maksady bolupdy. Mümkinçilik berilmedik toparlara (günäkärlenen jenaýatkärler, kesgitli azlyklaryň agzalary we ykdysady taýdan gurpsyz şahslar ýaly) ses hukugynyň berilmegi entek hem ses hukugy üçin göreşýänleriň maksady bolmagynda galýar.

Saýlawçylaryň hasaba alynmagyndan başga-da, saýlawlardan öňki tapgyr syýasy partiýalaryň hem hasaba alynmagyny öz içine alýar. Syýasy partiýalaryň hasaba alynmagy – bu partiýalaryň, koalisiýalaryň we bloklaryň dalaşgärleri hödürlemek üçin degişli kriteriýalara laýyk gelýändiginiň kesgitlenmegi, şeýle-de, goldaw derejesiniň görkezilmegidir (adatça, tarapdarlaryň gollaryny

toplamagyň hasabyna). Hasaba alyş düzgünlerine laýyk gelmezlik partiýalaryň ýa-da bloklaryň diskwalifisirlenmegine we saýlawlara gatnaşmak mümkinçiliginden mahrum edilmegine getirýär. Hasaba alnandan soň syýasy partiýa dalaşgärleri hödürläp biler, saýlawlar döwründe bolsa, kampaniýalary geçirmek boýunça düzgünleri berjaý etmek talap edilýär, bu barada mundan soňky bölümde gürrüň ediler.

## Saýlawlaryň döwrüniň dowamynda esasy elementler

### (5) Dalaşgärleriň hödürlenmegi

Dalaşgärleriň hödürlenmegine köplenç saýlawlar döwrüniň başlanmagynyň nyşany hökmünde garalýar. Dalaşgärleriň hödürlenmegi – bu dalaşgärleri hödürlemek üçin arzalary almagyň resmi prosesi we dalaşgärleriň saýlawlara gatnaşmak üçin bellenen kriteriýalara laýyk gelýändiginiň kesgitlenmegidir. Muňa kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň talaplaryna laýyklykda, bellenen kwalifikasiýa ölçegleriniň ýerine ýetirilmegi we gatnaşmak üçin kesgitli resminamalaryň doldurylmagy degişlidir. Saýlawlary dolandyryjy edara degişli talaplaryň ýerine ýetirilendigine we dalaşgäriň saýlaw býulletenine goşulyp bilinjekdigine göz ýetirmek üçin dalaşgärleriň arzalaryny barlaýar.

Saýlaw ulgamyna baglylykda, dalaşgärler syýasy partiýa ýa-da blok ýa-da fiziki şahs tarapyndan hödürlenip bilner. Mažoritar ulgamlarda dalaşgärler aýratynlykda (sanawyň çäginden daşarda) hödürlenýär. Sanawly ulgamda partiýalar we bloklar partiýanyň ýa-da blogyň çäklerinde saýlanan dalaşgärleriň sanawyny hödürleýär. Hukuk binýadyna şeýle sanawlary düzmek boýunça talaplar goşulyp bilner. Käte şeýle talaplar sanawyň inklýuziwligini (hemmeleri öz içine alyjylygyny) ýokarlandyrmaga, mysal üçin, partiýadan sanawa zenanlaryň, azlyklaryň wekilleriniň ýa-da adatça hödürlenmeýän şahslaryň kesgitli sanyny goşmagy talap etmegiň hasabyna ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Käbir ýagdaýlarda diňe bir dalaşgärleriň sanawdaky sany däl-de, eýsem, onda ýerleşişi hem görkezilýär.

Dalaşgärler adatça dalaşgärleriň hasaba alynýan wagtynda özüňi alyp baryş kodeksini berjaý etmek barada resminama gol çekýärler ýa-da razylyk berýärler. Dalaşgärler hödürlenenden soň kampaniýalaryň geçirilmegine degişli düzgüni (özüňi alyp baryş kodeksine ýa-da beýleki kadalaşdyryjy namalara laýyklykda) we maliýe düzgünlerini berjaý etmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmegiň wagty gelip ýetýär.

### (6) Kampaniýalaryň geçirilmegi (we kampaniýalaryň maliýeleşdirilmegi)

Dalaşgäriň, partiýanyň ýa-da blogyň kampaniýasynyň geçirilmegi adatça, dalaşgärleri hödürlemek döwründen soň başlanýar. Saýlaw kampaniýasynyň dowamynda syýasy partiýalaryň we/ýa-da dalaşgärleriň saýlawlarda geljekki saýlawçylara öz ugruny we geljekki strategiki meýilnamalary hödürlemek mümkinçiligi bardyr. Saýlaw kampaniýasy ýa-da saýlaw kampaniýasyny geçirmek döwri adatça saýlaw kanunçylygynda şol sanda, kanunlarda, özüňi alyp baryş kodekslerinde, saýlawlar hakyndaky düzgünnamalarda we proseduralarda bellenýär. Saýlawlary dolandyryş edaralary saýlaw kampaniýasy döwrüni kampaniýanyň geçirilýän wagtynda özüňi alyp baryş düzgünleriniň we maliýe düzgünnamalarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek arkaly düzgünleşdirip biler. Munuň mysallary jemgyýetçilik media meýdançalarynda efir wagtynyň bölünip berilmegini ýa-da kampaniýalary geçirmek boýunça çäreleriň düzgünleşdirilmegini ýa-da agzalara poçta boýunça ugradylýan neşirleri öz içine alýar.

Kampaniýalary geçirmek boýunça maliýeleşdirmäniň düzgünleşdirilmegi dalaşgärleri hödürlemek döwründen soň dessine başlanýar we kampaniýany geçirmegiň ähli döwrüniň dowamynda amala aşyrylýar. Kampaniýany maliýeleşdirmegiň gerekli ulgamy syýasy partiýalar, dalaşgärler we saýlaw prosesiniň beýleki gatnaşyjylary üçin maliýeleşdirmek boýunça çäklendirmeleri, goldawy we hasabatlylygy öz içine alýar. Onuň düzüm birlikleri ýerine ýetirişi we jedelleri çözmegiň mehanizmlerini üpjün etmek ukybyny öz içine alýar. Kampaniýalary maliýeleşdirmek ulgamynyň standart elementleri jemgyýetçilik maliýeleşdirmesini we gytaklaýyn kömegi, gatançlar we çykdajylar boýunça maglumatlaryň aýan edilmegini, fiziki şahslaryň we partiýalaryň aktiwleri boýunça maglumatlaryň aýan edilmegini, gatançlar we çykdajylar boýunça gadaganlyklary hem-de gatançlara we çykdajylara degişli çäklendirmeleri öz içine alýar.

### (7) Ses berişlik

Ses berişligiň özi saýlawlar gününiň (günleriniň) edil öň ýanynda we saýlawlar gününde iň soňky

taýýarlygy öz içine alýar. Adatça, bu döwür uçastoklaryň açylmagyna çenli döwre, saýlaw uçastoklarynda ses beriş döwrüne we uçastoklaryň ýapylmagyndan soňky döwre bölünýär.

Saýlawlardan öň edil sanalgy günüň dowamynda we saýlawlar gününde irden saýlawlara taýýarlanmak boýunça pazlyň (meseläniň) elementleri jemlenýär. Iň soňky taýýarlyk adatça, möhüm materiallaryň gowşurylmagyny, saýlaw uçastogyň guralmagyny hem-de ähli materiallaryň bardygynyň we enjamlaryň iş ýagdaýyndadygynyň barlanmagyny öz içine alýar. Bu meseleleriň ählisiniň çözgüdiniň ses berişlik gününiň irdenine geçirilmegi gutulgysyz bulam-bujarlyga getirip biler.

Iň soňky taýýarlyk şulary öz içine alyp biler:

- saýlaw uçastogynyň materiallarynyň ýaýradylmagy;
- menejerler tarapyndan saýlaw uçastoklarynyň, saýlaw uçastoklary üçin ähli zerur materiallaryň we enjamlaryň zerur mukdarda we gowy ýagdaýda getirilendiginiň barlanmagy;
- saýlaw uçastoklarynyň ähli işgärleri üçin olaryň saýlaw uçastoklaryna gitmegi we ol ýerden gaýtmagy üçin ulagyň üpjün edilmegi;
- saýlawlar gününde adatdan daşary ýagdaýlarda iş meýilnamalaryna gaýtadan garalmagy, materiallaryň ýetmezçiligi, ses berişligi geçirmek üçin ýeriň bolmagy we işgärler bilen bagly ýüze çykan meseleler boýunça ätiýaçlyk çözgütleriniň durmuşa geçirilmegi.

Ses berişlik ýerinde bir ýa-da birnäçe günüň dowamynda geçirilip bilner. Şahsyň hut özi ýa-da birnäçe ýygnaklarda, kagyzy ýa-da elektron guraly ulanmak arkaly ynanç haty bilen (başga şahsy öz adyndan ses bermäge ygtyýarlandyrmak bilen) ses berip biler. Şeýle-de ses berişlik poçta boýunça geçirilip bilner. Birnäçe saýlawlarda bu usullaryň utgaşdyrylmasy ulanylýar. Ses bermegiň iň giňden ýaýran usuly ýerinde kagyz býulleten arkaly hut özüň ses bermekdir. Birnäçe ýurtlarda öňünden ses bermek saýlawçylaryň kesgitli topary mysal üçin, hassahanada bolup, saýlawlar gününde saýlaw uçastogynda ses berip bilmeýänler üçin saýlawlar gününiň öň ýanynda geçirilýär.

## (8) Gözegçilik

Halkara demokratiýa we saýlawlara ýardam beriş instituty (International IDEA) saýlawlara gözegçiligi «saýlaw prosesi hakynda maglumatlaryň maksatly toplanmagy we prosese gönüden-göni gatyşmaga ygtyýarlygy bolmadyk şahslar tarapyndan toplanan maglumatlaryň esasynda proses hakynda habarly garaýyşlaryň emele getirilmegi» hökmünde kesgitleýär. Gözegçilik saýlaw prosesiniň kanunylygyny üpjün etmek üçin geçirilýär. Bu saýlaw prosesine jemgyýetçilik ynamynyň artmagyna ýardam edýär, şeýle-de mümkin bolan kezzapçylygyň öňüni alýar.

Saýlawlara gözegçilik adatça, guramalaryň daşky toparlary tarapyndan geçirilýär we köp ýagdaýlarda, ýöne hemişe däl, saýlawlar döwrüni öz içine alýar. Muňa garamazdan, saýlawlara gözegçilik saýlawlardan öňki tapgyry hem öz içine alyp biler, hususan-da, bu saýlawçylaryň hasaba alnyşyna gözegçilige degişlidir, şeýle-de ol saýlawlara syn edilişe gözegçilik etmek üçin saýlawlardan soňky döwri hem öz içine alyp biler.

Adatça, saýlawlara bitarap toparlar gözegçilik edýärler, olaryň düzümine halkara bilermenler ýa-da ýurduň içinde raýat jemgyýetiniň aktiwistleri girýär. Haýsydyr bir dalaşgärleri goldamaýan toparlar tarapyndan bitarap gözegçilikden başga-da, dalaşgärler ýa-da partiýalar köplenç saýlawlara gözegçilik etmegi özleriniň şahsy wekillerine ynanýarlar. «Gözegçiler» adalgasyny köplenç bitarap toparlar we şahslar bilen baglanyşdyrýarlar, syýasy partiýalaryň ýa-da dalaşgärleriň wekilleri üçin bolsa, «agentler» diýlen adalga ulanylýar.

## (9) Şikaýat etme

Bitewiligi we ykrar etmäni üpjün etmek maksady bilen, saýlawlaryň netijelerine adatça, eger gatnaşyjylarda ýalňyşlyk goýberilendigini ýa-da netijäni üýtgedip biljek bozulmalaryň bolup geçendigini çaklamaga esas bar bolsa, şübheli garalýar. Saýlaw prosesi hakyndaky şikaýatlar saýlawçylardan we syýasy bäsdeşlerden gelip biler. Adatça, olary kriteriýalara laýyk gelmek, saýlaw hukuklaryndan mahrum edilmek, kampaniýalary alyp barmagyň tejribesi, ses berişlik wagtyndaky bozulmalar, sesleriň hasaplanmagy we jedelleşilýän netijeler ýaly meseleler aladalandyrýar. Şeýle jedelleri düzgünleşdirmek we çözmek üçin mehanizmleri we mümkinçilikleri üpjün etmek zerurdyr.

Saýlawlary geçirmegiň düzgünleri adatça, şikaýatlar we jedeller baradaky kriteriýalary, şol sanda jedelleri çözmek boýunça edarany we onuň ygtyýarlyklaryny; berlip bilinjek şikaýatlaryň görnüşini,

jedelleri bellige almagyň we çözmegiň möhletlerini we şikaýatyň sebäbi bolup biljek laýyklyk kriteriýasyny belleýär. Düzgünler adatça, jedelleşmegiň tertibini we şikaýaty bermek üçin zerur bolan resminamalary beýan edýär.

Eger kanunçylykda resmi şikaýat etmek prosesi ýok bolsa, onda saýlawlar bilen bagly netijeler we beýleki meseleler kazyýetde jedelleşilip bilner. Eger kazyýete ýüz tutmak mümkinçiligi bolmasa, onda netijeler medianyň (habar beriş serişdeleriniň) we jemgyýetçilik basyşynyň üsti bilen jedelleşilip bilner. Şeýle-de, jebir çeken taraplar saýlawlarda adalaty gazanmak üçin parahatçylykly düzgünleşdirme bilen birlikde, başga çärelere hem ýüz urup bilerler. Kezzapçylyk hakyndaky arzalar we saýlawlarda düzgün bozma ýagdaýlary saýlawlaryň adalatlylygy barada şübhe döredip hem-de ýeňijileriň netijelerini we kanunylygyny bozup biler.

Geçiş demokratiýaly ýurtlarda saýlawlar netijelere aýratyn duýgurdyr we durnukly ýagdaýa gelen demokratiýaly ýurtlarda geçirilýän saýlawlardan tapawutlanýarlar. Bularyň soňkusynda saýlawlaryň köp ýerlerde kanagatlanarly geçirilmegini düzgünleşdirýän gurluşlar we görnüşler hakyky we ykrar edilen edara tarapyndan berkidilýär. Saýlaw prosesinde gatnaşyjylaryň arasynda hem ýokary ynam bildirmek derejesi bardyr. Munuň tersine, geçiş demokratiýaly ýurtlarda ikitaraplaýyn düýpli ynamsyzlyk we iki tarapyň hem ters pikirleri bolup biler. Kanunlara we düzgünlere eýermek pikiri gatnaşyjylar üçin ähmiýetli däldir, güýjüň agalygy bolsa hukugyň agalygyndan ýokarydyr. Netije hökmünde, ussatlyk derejesinde amala aşyrylýan we jogapkärçiligi talap edýän şikaýat etmegiň aýdyň prosesiniň bolmagy aýratyn ähmiýetli bolup biler.

### (10) Netijeler

Hasaplama adatça, saýlaw uçastoklary ýapylan dessine ýa-da ýapylandan soň tiz wagtda bolup geçýär. Saýlaw uçastoklarynda sesler adatça, saýlawlar gününde ses berişlik tamamlanandan soň ýa-da ses berişlikden soň merkezleşdirilen ýerde (ýerlerde) hasaplanýar. Ses bermek poçta boýunça ýa-da başga usuly ulanmak arkaly bolup geçen bolsa, sesler adatça, ähli býulletenler alnanda/sesleriň hasaplanýan ýerine gowşurylanda, adatça çäkli möhlet gelip ýetenden soň hasaplanýar ýa-da onlaýn ses berişlikde awtomatiki ulgam ulanylýar.

Sesler hasaplanandan soň netijeler kompilirlenýär ýa-da jemlenýär. Netijeleriň kompilýasiýasy käte belli bir wagty talap edýär we bu prosese adatça gözegçilik edilýär. Netijeler jemlenen dessine, netijeleri tassyklamak we kepillendirmek üçin iň soňky ädimler ädilýär. Netijeleriň tassyklanmagy saýlawlaryň monitoringi boýunça hasabatlar, gaýtadan hasaplama ýa-da garaşsyz audit arkaly geçirilip bilner. Tassyklama saýlawlaryň netijelerine degişli islendik jedelleriň düzgünleşdirilmegini öz içine alýar. Jedelleri çözýän edaralar we olaryň çözgütleri kabul etmekdäki ygtyýarlyklarynyň göwrümi hukuk binýadynda kesgitlenýär. Netijeler barlanandan soň we jedeller çözülenden soň saýlawlary dolandyryş edarasy saýlawlaryň netijelerini tassyklap biler.

## Saýlawlardan soňky döwürde esasy elementler

### (11) Seljerme

Saýlawlardan soňky döwrüň dowamynda saýlawlaryň seljermesi geçirilip bilner. Saýlawlaryň seljermesi netijeleri, meýilleşdirmäni we saýlawlaryň islendik beýleki jähtlerini öz içine alyp biler. Saýlawlary dolandyryş edaralary tarapyndan içerki seljerme ýa-da üçünji tarapyň daşky seljermesi geçirilip bilner. Onuň maksady saýlawlary dolandyryş edarasynyň işi, şonuň ýaly-da beýleki gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagy babatynda saýlawlaryň geçirilişine baha bermek bolup biler. Şeýle-de, ol esasy meseleleriň we kemçilikleriň kesgitlenmegine hem-de geljekki saýlawlar üçin maslahatlaryň işlenip düzülmegine gönükdirilen bolup biler.

### (12) Strategiýa

Saýlawlardan soňky döwür saýlawlary dolandyryş edarasyna geljek üçin strategiýa garamaga örän gowy mümkinçilik berýär. Muňa saýlaw prosesini geçirmek boýunça we umuman, institut üçin maksatlar we talaplar girýär. Strategiýa mundan soňky saýlaw döwürleri (sikllerі) üçin degişli meýilnamalary we ileri tutulýan ugurlary kesgitlemek üçin saýlawlaryň seljermesiniň netijelerini, potensiala baha berişi, saýlawlary dolandyryş edarasynyň işgärleriniň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň seslenmelerini nazarda tutar.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.2.1 Saýlaw döwri (sikli)

## (13) Potensialyň ösdürilmegi

«Potensial» adalgasy fiziki şahslaryň, guramalaryň ýa-da düzüm birlikleriniň öz işlerini netijeli we durnukly ýerine ýetirmek ukybyna degişlidir. Ýaňy-ýakyna çenli saýlawlary geçirmäge kömek bermek babatynda potensialy ösdürmegiň esasy maksady diňe saýlawlary üstünlikli geçirmekdi. Potensialy ösdürmek pikirleri soňky derňewlerde has giňeldildi we institusional ösüşiň has giň manyda has uly göwrümli garaýşyny öz içine alýar.

Saýlawlardan soňky döwür potensialy ösdürmek üçin tagallalary jemlemäge gowy mümkinçilik berýär. Hünär potensialy derejä baglylykda dürli görnüşlerde ösdürilip bilner.

**Ulgam (ýurt) derejesinde** potensialy ösdürmek ynama mynasyp we halkyň erkini görkezýän saýlawlaryň geçirilmegini üpjün edýän ýaramly gurşawyň döredilmegi we saklanmagy üçin zerurdyr. Muňa saýlaw institutlarynyň, strategiýalarynyň we kanunlarynyň özgerdilmegi, şeýle-de, raýat jemgyýetiniň, syýasy partiýalaryň we ähli hukukly saýlawçylaryň, şol sanda öňden çetleşdirilip gelýän saýlawçylaryň öz wezipesini ýerine ýetirmek we saýlawlara gatnaşmak mümkinçiliginiň pugtalandyrylmagy degişlidir.

**Guramaçylyk derejesinde (saýlawlary dolandyryş edarasynyň derejesinde)** potensialy ösdürmek saýlawlary mundan beýläk hem meýilleşdirmek, guramak we geçirmek hem-de ussatlyk esasynda, garaşsyz we durnukly esasda dürli saýlaw döwürlerini (sikllerini) dolandyrmak üçin zerurdyr. Instituta garaşylmadyk ýagdaýda esasy işgäriň ýitirilmeginden/ ygtyýarly şahslaryň çalşyrylmagyndan baş alyp çykmaga mümkinçilik berýän bilimleri dolandyrmak boýunça proseduralaryň we hyzmatlaryň döredilmegi örän möhümdir. Şol bir wagtda eger gurama tehniki taýdan ygtybarly bolup, ýöne öz işinde esasy gymmatlyklary (aýdyňlyk, bitaraplyk we kanuny hormatlamak ýaly) görkezmese, onuň halkyň ynamyny gazanjakdygy ýa-da öz abraýyny berkitjekdigi gümanadyr. Güýçli gymmatlyklar ulgamy bolan guramalar ýokary hünär derejeli işgärleri işe çeker we saklar.

**Hususy derejede** potensialy ösdürmek saýlawlary dolandyryş edarasynyň işgärleri öz wezipelerini netijeli dolandyryp biler ýaly olaryň bilimleriniň we endikleriniň bolmagy üçin zerurdyr. Saýlawlary dolandyryş edarasynyň uzak möhlet bilen işleýän işgärleriniň kämilleşdirilmegi diňe bir endikler bilen bagly talaplara degişli bolman, eýsem, işgärleriň hünärlerinde ösüş gazanmagyny hem nazarda tutmalydyr. Saýlawçylaryň we dalaşgärleriň saýlaw prosesine gatnaşmagy, öz saýlawyny erkin amala aşyrmagy hem-de demokratik jemgyýetde oňyn we uzakmöhletli orna eýe bolmagy üçin olaryň hem potensialynyň ösdürilmegi zerurdyr.

## (14) Üýtgedip gurma

Saýlawlary dolandyryş edarasynyň düzümi, ygtyýarlyklary we jogapkärçiligi ýurduň saýlaw prosesini kadalaşdyrýan hukuk ulgamynda kesgitlenýär. Saýlawlardan soňky döwür – hukuk binýadyny üýtgedip gurmak üçin gowy mümkinçilikdir.

Bu aýratyn hem häzirki wagtda saýlaw prosesiniň garaşsyzlygyny we bitewiligini kepillendirýän, saýlawlary dolandyryş edarasynda sazlaşyklylyga we deňlige itergi berýän, şeýle-de, syýasy partiýalaryň, raýat jemgyýeti guramalarynyň we saýlawçylaryň talaba laýyk we habarly gatnaşygyna ýardam edýän toplumlaýyn hukuk binýadyny işläp düzmek ymtylyşy bolan, kemala gelýän demoratiýaly ýurtlara degişlidir. Saýlawlar boýunça doly hukuk binýady dürli çeşmelere esaslanýar. Muňa aşakdakylar degişli bolup biler:

- halkara resminamalar,
- konstitusiýa;
- milli kanunçylyk
- federal ýurtlarda sebitleýin, döwlet ýa-da ýerli saýlawlary geçirmek boýunça çäreler bilen bagly prosesleri düzgünleşdirip biljek sebit we döwlet kanunlary.
- milli edaralaryň we has pes derejeli häkimiýet edaralarynyň buýruklary we düzgünnamalary;
- saýlawlary dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlygy bolan ýagdaýynda olaryň düzgünnamalary, buýruklary, direktiwalary;
- düzgünler we strategiýalar;
- saýlawlary dolandyryş edaralarynyň ýa-da başga edaralaryň administratiw strategiýalary;
- saýlaw prosesine gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn täsir edip biljek özüňi alyp baryş kodeksi (meýletin ýa-da başga).

# Intro.3.1 Saýlaw standartlary we borçlary

*Çeşme: https://eos.cartercenter.org/intro-obs*

## Ählitaraplaýyn borç

### Halkyň islegini erkin beýan edýändigini görkezýän hakyky saýlawlar

Saýlawçylaryň islegini erkin beýan edýändigini görkezýän hakyky saýlawlary geçirmek borjy ilkinji gezek Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň (UDHR ) 21-nji maddasy bilen kesgitlendi, soňra Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktyň (ICCPR) 25-nji maddasynda berkidildi. «Hakyky» saýlawlar düşünjesi ähli demokratik saýlawlaryň esasyny düzse-de, oňa halkara şertnamalarda aýdyň kesgitleme berilmedi. Ýöne, bu borç adatça, ählumumy we deň saýlaw hukugynyň esasynda saýlawçylar üçin açyk bäsdeş gurşawda hakyky saýlaw mümkinçiligini üpjün edip, gizlin ses bermek bilen esaslandyrylan yzygiderlilikde erkin saýlawlaryň geçirilmegini talap edýär. Halkyň azatlygynyň ýoýulmagyna gönükdirilen islendik çäreler saýlawlary adalatsyz hasaplamaga esas berýär.

Bu borç ählitaraplaýyn bolup durýar, ýagny ol saýlaw döwrüniň (sikliniň) ähli düzüjileri babatynda ulanylyp bilner we onuň ýerine ýetirilmegi beýleki esasy düýpli hukuklaryň goralmagyny we berjaý edilmegini talap edýär.

## Esas bolup durýan borçlar

### 1. Döwlet adam hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi üçin zerur çäreleri görmelidir

Halkara we sebitleýin resminamalar döwletleriň adam hukuklaryny durmuşa geçirmek üçin zerur çäreleri kabul etmelidigini anyk görkezýär. Bu borç döwletiň kabul edilen halkara ylalaşyklar boýunça borçlaryny milli kanunçylygyna girizmegini talap edýär. Teswirleýji çeşmeler döwletiň şulary ýerine ýetirmelidigini goşmaça belleýär: adam hukuklarynyň bozulmalaryny diňe bir döwlet ulgamy tarapyndan däl-de, eýsem döwlete dahylsyz subýektler we hususy şahslar arkaly düzgünleşdirmek; ilatyň we döwlet gullukçylarynyň arasynda adam hukuklary boýunça aň-bilim işini alyp barmak; aýratyn kynçylyk çekýän raýatlaryň (mysal üçin, sowatsyzlygy, dil päsgelçilikleri, maýyplygy we ş.m. sebäpli) saýlaw prosesine gatnaşmagy üçin päsgelçilikleri aradan aýyrmak. Döwlete dahylsyz subýektler tarapyndan adam hukuklarynyň bozulmagynyň öňüni almak, munuň üçin jeza bermek, yzarlamak we/ýa-da öwezini doldurmany talap etmek. Teswirleýji çeşmeler zerur çäreleri görmek borjunyň gürrüňsizdigini we gaýragoýulmasyz hereketleri, şol sanda dürli oňyn çäreleriň görülmegini talap edýändigini goşmaça belleýär. Häkimiýetiň ähli pudaklary we beýleki jemgyýetçilik ýa-da döwlet edaralary şeýle borjuň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Syýasy borçlar her bir adamyň döwlet edaralaryna we guramalaryna tankydy bellikler we onuň işlerini gowulandyrmak boýunça teklipler bilen ýüz tutmak hukugynyň bolmalydygyny belleýär. Döwletiň adam hukuklary babatynda halkara borçlaryndan dänmegi barada aýdylanda bolsa, teswirleýji çeşmeler haýsydyr bir çäklendiriji çäreleriň adamlary rasasy, teniniň reňki, dili, dini ýa-da sosial gelip çykyşy boýunça kemsitmeli däldigini, esasy düzüji hukuklaryň bolsa, borçlardan islendik görnüşde dänmelerden goralan bolmalydygyny görkezýär. Syýasata degişli bölümde, döwletiň özüniň halkara borçlaryndan dänýän islendik çäreleri güýje girizmezden öň adatdan daşary ýagdaýy köpçülikleýin yglan etmelidigi talap edilýär. Çäklendiriji çäreler diňe ýagdaýyň ýitiliginiň talap edýän çäklerinde kabul edilip bilner we şunda şeýle çäreler döwletiň halkara hukugyna laýyklykda beýleki borçlaryna garşy gelmeli däldir. Islendik çäklendiriji çäreleriň ulanylmagy hukuk taýdan esaslandyrmasyny talap edýär we gaýtadan garalmaga degişlidir.

### 2. Hukugyň hökümdarlygy

Halkara we sebitleýin şertnamalar has ýygy-ýygydan gönüden-göni hukugyň hökümdarlygyna salgylanýar. Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara paktda hukugyň hökümdarlygynyň borç hökmünde anyk kesgitlemesi berilmedik hem bolsa, ol adam hukuklaryny we wekilçilikli demokratiýany durmuşa geçirmegiň adatdan daşary möhüm şerti hökmünde ykrar edilýär. Halkara we sebitleýin şertnamalarda hem döwletleriň ähli adamlaryň kanunyň öňünde deňdigini, kanunlaryň bolsa hemmelere we her bir adama deň ulanylmalydygyny ýatda saklap, hukugyň hökümdarlygy ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmak boýunça çäreleri görmelidigi bellenýär. Milli kanunlar hem adamyň halkara hukuklaryna laýyk gelmelidir, döwletler bolsa özleriniň şertnamalaýyn borçnamalaryny ynsaplylyk bilen ýerine ýetirelidir we tersine, milli kanunçylygyň düzgünleri döwletiň şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetirmezligi üçin esas bolup bilmez. Teswirleýji çeşmeler kanunlaryň we

düzgünleriň islege görä ulanylmaly däldigini belleýär. Kanunda bellenen obýektiw we oýlanyşykly esaslar bolmasa, saýlawa gatnaşmak hukugynyň togtadylmagy ýa-da bu hukukdan mahrum edilmegi gadagan edilýär.

## Düzgünleri berjaý etmek boýunça borçlar

### 3. Wagtal-wagtal geçirilýän saýlawlar

Bu borç adatça saýlawlaryň ýerlikli wagt aralyklarynda geçirilmegini talap edýär. Saýlawlaryň islendik görnüşde gaýra goýulmagy diňe aýratyn ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen şertlendirilen bolmalydyr. Yzygiderli saýlawlary geçirmek borjy, döwlet edaralarynyň häkimiýetiniň saýlawçylaryň erkiniň aýdyň görkezilmezligi sebäpli, kanunylygyny ýitirmäge başlanmagyna eltýän, saýlawlaryň arasynda örän uzak döwürleriň bolmagyna ýol bermezlik hökmünde teswirlenýär. Beýleki çeşmeler, dürli döwletlerde tejribäniň öwrenilmegine esaslanyp, düzgün bolşy ýaly, saýlawlaryň iki ýyldan bäş ýyla çenli wagt aralygy bilen geçirilmelidigini belleýär.

### 4. Ählumumy saýlaw hukugy

Ählumumy saýlaw hukugynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek borjy Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda we beýleki halkara şertnamalarda saklanýar hem-de döwletden ses berijileriň mümkin bolan iň köp sanynyň ses bermäge gatnaşmagynyň kepillendirilmegini talap edýär. Umumy saýlaw hukugynyň aşakdaky ýaly çäklendirmeleri esassyz hasaplanýar:

- Çendenaşa oturymlylyk çäklendirmesi;
- Naturallaşdyrylan raýatlyk;
- Bellenen jenaýat jezasy (amala aşyrylan jenaýatyň agyrlygyna gabat gelmeýän ýa-da saýlaw hukugyny doly çäklendirmek bilen);
- Çendenaşa ýaş çäklendirmesi;
- Rasa;
- Jyns;
- Din;
- Fiziki maýyplyk;
- Ruhy, intellektual ýa-da duýuş bozulmalary (şahsyň ses bermek hukugy bilen ýerlikli we obýektiw arabaglanyşygy bolmadyk);
- Syýasy we beýleki ygtykatlary;
- Milli ýa-da sosial gelip çykyşy;
- Jynsy orientasiýasy ýa-da gender şahsyýeti;
- Dil;
- Dogluşy boýunça sosial ýa-da gazanylan status;
- Sowatsyzlyk;
- Bilim derejesi;
- Emläge eýelik etmek;
- Syýasy birleşiklere agzalyk;
- Şahsyň içerki göçüş statusy;
- Ykdysady ýagdaýlar (mysal üçin, döwlet kömeginiň alynmagy).

Halkara şertnamalarda mümkinçilikleri çäkli we saýlawçylaryň ýörite şertlere zerurlyk duýýan beýleki toparlaryndan bolan şahslaryň ses berişlige gatnaşmagy üçin şertleriň üpjün edilmelidigi goşmaça bellenýär.

### 5. Deň saýlaw hukugy

Halkara we sebitleýin şertnamalar saýlawlaryň deň saýlaw hukugynyň berjaý edilmegi bilen geçirilmegini talap edýär, munda her bir saýlawçynyň ähmiýeti boýunça beýleki saýlawçylaryň sesine deň bolan bir sesi bardyr. Adatça, bu ýörelge «bir adam – bir ses» hökmünde teswirlenýär. Mundan başga-da, teswirleýji çeşmeler saýlaw okruglarynyň kanunçylyk edarasyndaky ähli saýlawçylaryň has proporsional we adalatly wekilligini üpjün etjek ýagdaýda düzülmelidigini goşmaça belleýär. Beýleki çeşmeler dürli döwletlerdäki tejribäniň öwrenilmegine esaslanyp, saýlawlarda birnäçe gezek ses berilmeginiň we kezzapçylygyň öňüni almak boýunça çäreleriň ornaşdyrylmalydygyny belleýärler.

### 6. Gizlin ses bermek

Halkara we sebitleýin şertnamalarda her bir adamyň gizlin ses bermek hukugy berkidilendir. Şeýle hukuk mümkinçilikleri çäkli adamlara hem üpjün edilen bolmalydyr. Erkiň mejbur edişden we gorkuzmakdan azat beýan edilmegini üpjün etmek üçin gizlin ses beriş saýlawçylaryň öz býulletenini nähili doldurýandygyna gözegçiligiň gadagan edilmegini talap edýär. Teswirleýji çeşmeler ses berişligiň gizlinliginiň bütin saýlaw prosesiniň dowamynda saklanmalydygyny goşmaça belleýär. Käbir çeşmeler dürli döwletleriň tejribesiniň öwrenilmegine esaslanyp, saýlawçylaryň, olara býulleteni doldurýan wagtynda kanuny kömegiň berilýän ýagdaýlaryndan başga ýagdaýlarda özleriniň gizlin ses bermek hukugyndan ýüz öwrüp bilmejekdigini belleýär.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

### 7. <u>Korrupsiýanyň öňüni almak</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar döwletleriň korrupsiýanyň öňüni almak boýunça çäreleri görmelidigini aýdyň belleýär. BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy ýaly korrupsiýa garşy gurallar döwletiň wezipeli şahslarynyň dogruçyllygyna we jogapkärçiligine gönükdirilen möhüm özüňi alyp baryş düzgünlerini özünde saklaýarlar. Şertnamalaýyn çeşmelerde aşakdakylar korrupsiýa hereketleri hökmünde kesgitlenýär:

- Gorkuzyp almak ýa-da peýdanyň deregine islendik görnüşli maddy gymmatlyklary almak;
- Döwletiň wezipeli şahsynyň döwlet wezipesini ýerine ýetirende hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň deregine islendik görnüşli maddy gymmatlyklaryň teklip edilmegi ýa-da berilmegi;
- Korrupsiýa işiniň netijesinde alnan emlägiň bikanun ulanylmagy ýa-da ýaşyrylmagy;
- Korrupsiýa işlerini amala aşyrmaga gatnaşmak ýa-da bu maksat bilen dilleşmek;
- Döwlet gullukçylarynyň bikanun peýdany gazanmak maksady bilen, resmi wezipelerini ýerine ýetirende islendik hereketi ýa-da hereketsizligi;
- Döwlet emläginiň niýetlenişi boýunça däl-de, döwletiň wezipeli şahsynyň ýa-da üçünji tarapyň bähbidine ulanylmagy;
- Bikanun täsiriň amala aşyrylmagy.

Halkara we sebitleýin şertnamalar döwletleri korrupsiýanyň öňüni almak boýunça netijeli syýasaty ornaşdyrmaga ýa-da goldamaga, şol sanda satyn almalar, çözgütleri kabul ediş we döwlet gullukçylarynyň wezipä bellenmegi, şeýle-de jemgyýetçiligi korrupsiýa garşy hereket etmek serişdelerini durmuşa geçirmek üçin çekmäge çagyrýar. Mundan başga-da, döwletlere saýlaw kampaniýalarynyň düzgünleşdirilişini we syýasy maliýeleşdirmäni kämilleşdirmek, şeýle-de, jemgyýetçiligiň çözgütleri kabul etmäge gatnaşmagyna itergi bermek maslahat berilýär. Saýlawlar babatynda bu borçlar döwlet serişdeleriniň hereket edýän wezipeli şahslar tarapyndan ulanylyşy bilen bagly meselelere degişlidir.

## Şahsy hukuklar we azatlyklar

### 8. <u>Döwlet işlerini dolandyrmaga gatnaşmak hukugy</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar raýatlaryň öz ýurdunyň döwlet dolandyryşyna gatnaşmak mümkinçiligini goraýar. Zenanlar döwlet dolandyryşyna gatnaşmakda erkekler bilen deň hukuklara eýedir. Şeýle-de, halkara şertnamalar mümkinçilikleri çäkli adamlaryň we azlyklar toparynyň wekilleriniň döwlet işlerine gatnaşmak hukugyny gönüden-göni goraýar. Teswirleýji çeşmeler dürli döwletleriň tejribesiniň öwrenilmegine esaslanyp, döwletleriň raýat jemgyýeti toparlarynyň (şol sanda jemgyýetçilik synçylary guramalarynyň) syýasy we saýlaw prosesine bu işi alyp barmak üçin akkreditasiýa tertibini ornaşdyrmak arkaly gatnaşmak hukugyny hormatlamaga borçludygyny belleýär.

Gözegçilik: Sebitleýin şertnamalarda milli synçylaryň hem, halkara synçylaryň hem gatnaşygynyň saýlaw prosesiniň ähli jähtlerini gowulandyryp biljekdigi aýdyň kesgitlenýär, şol sebäpli saýlawlarda garaşsyz gözegçiligi üpjün ediş mehanizmleri bolmalydyr.

### 9. <u>Ses bermek hukugy we mümkinçiligi</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar ses berişlige gatnaşmak hukugyny goraýar.

Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktda (ICCPR) we beýleki resminamalarda öz beýanyny tapan köpsanly beýleki hukuklardan tapawutlylykda, ses bermek hukugy köplenç raýatlara berilýär; käbir ýurtlarda ses bermek hukugy ýurduň raýaty bolup durmaýan rezidentlere hem berilýär. Şeýle hukuk diňe obýektiw we ýerlikli kriteriýalaryň esasynda çäklendirilip bilner. Aşakdakylaryň esasynda ses bermek hukugynyň çäklendirilmegi esassyz hasaplanýar:

- Çendenaşa oturymlylyk çäklendirmesi;
- Naturallaşdyrylan raýatlyk;
- Bellenen jenaýat jezasy (amala aşyrylan jenaýatyň agyrlygyna gabat gelmeýän ýa-da saýlaw hukugyny doly çäklendirmek bilen);
- Entek kazyýetiň hökümini almadyk, tutulyp saklanýan şahsyň statusy;
- Çendenaşa ýaş çäklendirmesi;

- Rasa;
- Jyns;
- Din;
- Fiziki maýyplyk;
- Mental, intellektual ýa-da duýuş bozulmalary(şahsyň ses bermek hukugy bilen ýerlikli we obýektiw arabaglanyşygy bolmadyk);
- Syýasy we beýleki ygtykatlar;
- Milli ýa-da sosial gelip çykyş;
- Jynsy orientasiýasy ýa-da gender şahsyýeti;
- Dil;
- Dogluşy boýunça sosial ýa-da gazanylan status;
- Sowatsyzlyk;
- Bilim derejesi;
- Emläk ýagdaýy;
- Syýasy birleşiklere agzalyk;
- Şahsyň içerki göçüş statusy;
- Ykdysady ýagdaýlar (mysal üçin döwlet kömeginiň alynmagy)

Teswirleýji çeşmeler hatda ýerlikli çäklendirmeleriň hem zenanlaryň öz hukuklaryny durmuşa geçirmegine proporsional däl ýa-da gytaklaýyn täsir edip biljekdigini belleýär. Şeýle-de, döwletleriň azlyklaryň toparyny ýerlikli çäklendirmeleriň proporsional däl täsirinden goramagy talap edilýär. Mundan başga-da, ses bermäge gatnaşmak hukugy kazynyň özbaşdak çözgüdi boýunça çäklendirilip bilinmez.

### 10. Saýlanmak hukugy we mümkinçiligi

Halkara we sebitleýin şertnamalar obýektiw we ýerlikli çäklendirmeleri berjaý etmek şerti bilen, her bir raýatyň saýlanmak hukugyny goraýar. Saýlaw bäsleşiklerine gatnaşmagyň aşakdakylaryň esasynda çäklendirilmegi esassyz hasaplanýar:

- Çendenaşa oturymlylyk çäklendirmesi;
- Naturallaşdyrylan raýatlyk;
- Bellenen jenaýat jezasy (amala aşyrylan jenaýatyň agyrlygyna gabat gelmeýän ýa-da saýlaw hukugyny doly çäklendirmek bilen);
- Rasa;
- Jyns;
- Din;
- Fiziki maýyplyk;
- Syýasy we beýleki ygtykatlar;
- Milli ýa-da sosial gelip çykyş;
- Jynsy orientasiýasy ýa-da gender şahsyýeti;
- Dil;
- Dogluşy boýunça sosial ýa-da gazanylan status;
- Bilim derejesi;
- Emläk ýagdaýy;
- Syýasy birleşiklere agzalyk;
- Şahsyň içerki göçüş statusy;
- Maddy ýagdaý;
- Saýlawly döwlet wezipesine saýlananda bähbitleriň çaknyşygyny döretmeýän wezipede bolmak;
- Çendenaşa pul tölegleri ýa-da girewler.

Teswirleýji çeşmeler hatda ýerlikli çäklendirmeleriň hem zenanlaryň öz hukuklaryny durmuşa geçirmegine proporsional däl ýa-da gytaklaýyn täsir edip biljekdigini belleýär. Mundan başga-da, döwletleriň azlyklaryň toparyny ýerlikli çäklendirmeleriň proporsional däl täsirinden goramagy talap edilýär. Birnäçe çeşmeler, dürli döwletleriň tejribeleriniň öwrenilmegine esaslanyp, saýlanmak hukugyndan mahrum edilmegiň diňe kazyýetiň çözgüdi bilen amala aşyrylyp bilinjekdigini belleýärler.

### 11. Erkekleriň we zenanlaryň deňligi

Şertnamalaýyn çeşmelerde zenanlaryň erkekler bilen deň hukuklardan peýdalanmalydygy we käbir ýagdaýlarda döwletleriň gender deňligini üpjün etmek üçin wagtlaýyn ýörite çärelere ýüzlenmelidigi aýdyň görkezilýär. Teswirleýji çeşmeler zenanlaryň hakyky deňligini gazanmak boýunça wagtlaýyn ýörite çäreleriň dalaşgär zenanlar üçin maliýe kömeginiň berilmegini we okuwyň geçirilmegini, saýlaw düzgünleriniň üýtgedilmegini, deň gender gatnaşygyna gönükdirilen kampaniýalaryň işlenip düzülmegini, şeýle-de, zenanlaryň döwlet wezipelerine maksatlaýyn bellenmegini ýa-da zenanlaryň döwlet dolandyryşyna gatnaşygyny üpjün etmek üçin kwotalaryň ulanylmagyny öz içine alyp biljekdigini belleýär. Şeýle-de, çeşmeleriň birnäçesi zenanlaryň deň wekilligini üpjün etmek üçin görülýän çärelere diskriminasiýa häsiýetli çäreler hökmünde garalmaly däldigini belleýär. Mundan başga-da, zenanlaryň we erkekleriň saýlaw proseslerine gatnaşmak mümkinçiliginiň derejesine doly baha bermek üçin gender taýdan aýratynlaşdyrylan maglumatlaryň toplanmagynyň möhümligi nygtalýar.

### 12. <u>Diskriminasiýadan azatlyk we kanunyň öňünde deňlik</u>

Halkara şertnamalar adamyň hukuklaryny durmuşa geçirmekde diskriminasiýadan azatlygyň we esasy azatlyklaryň üpjün edilmegini aýratyn nygtap, her bir adamyň kanunyň öňünde deňlige bolan hukugyny kesgitleýär. Bu borç Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktyň 25-nji maddasynda berkidilen hukuklar bilen gönüden-göni baglanyşykly hem bolsa, ol şu paktda kesgitlenen ähli borçlar babatynda ulanylyp bilner. Halkara we sebitleýin şertnamalar her bir adamyň rasasynyň, teniniň reňkiniň, jynsynyň, diliniň, dininiň, syýasy we beýleki ygtykatlarynyň, şahsyýetiniň, jynsy orientasiýasynyň ýa-da gender şahsyýetiniň, fiziki ýa-da akyl ukybynyň, dogluşy boýunça statusynyň ýa-da gazanylan sosial statusyň alamatlary boýunça hukuklary kemsidilmezden (diskriminirlenmezden) öz hukuklaryndan hemişe peýdalanyp bilmegini talap edýär. Şeýle-de, şertnamalaýyn çeşmelerde döwletiň raýatlaryň haýsydyr bir aýry milleti boýunça diskriminasiýasyna ýol bermeýän usul bilen, milli kanunlar bilen millet, raýatlyk ýa-da raýatlyga kabul etmek meselelerini düzgünleşdirip biljekdigi barada aýdylýar. Dil azlyklarynyň bolan ýerlerinde, olaryň wekilleriniň öz ene dilinden peýdalanmak hukugy inkär edilip bilinmez.

Her bir adamyň jemgyýetçilik ulanyşy üçin niýetlenen islendik giňişlige ýa-da hyzmata deň elýeterlik hukugy bardyr. Teswirleýji çeşmelerde döwletiň hukuklaryň kemsidilmegine (diskriminasiýa) garşy milli çeşmelerini güýje girizmek arkaly, hukuklaryň kemsidilmegine (diskriminasiýa) ýol bermezlik boýunça «negatiw borçlaryny», şeýle-de, hukuklaryň kemsidilmeginiň (diskriminasiýanyň) ýüze çykmagynyň öňüni almak boýunça «pozitiw borçlaryny» deň derejede ýerine ýetirmäge borçludygy bellenýär.

**Ýörite çäreler:** Halkara we sebitleýin şertnamalarda borçnamalaryň talap eden ýagdaýlarynda, döwletler tarapyndan geçmişde hukuklarynyň kemsidilmegine (diskriminasiýa) sezewar bolan etniki azlyklaryň ýa-da toparlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak üçin wagtlaýyn ýörite çäreleriň girizilip bilinjekdigi görkezilýär. Şeýle çäreler olar üçin kesgitlenen maksatlar gazanylandan soň güýjünde galmaly däldir, şeýle-de, jemgyýetiň dürli toparlarynyň hukuklaryny durmuşa geçirmekde deň däl mümkinçilikleriň saklanyp galmagyna getirmeli däldir. Azlyklar toparynyň wekillerine deň mümkinçilikleriň üpjün edilmegi üçin döwletleriň aýratynlaşdyrylan maglumatlary toplamagy maslahat berilýär. Halkara we sebitleýin şertnamalarda hem mümkinçilikleri çäkli adamlaryň beýleki ähli adamlar bilen deň derejede hukuklaryny durmuşa geçirmegi boýunça ýörite çäreleri ornaşdyrmak mümkinçiligi göz öňünde tutulandyr. Mümkinçilikleri çäkli adamlaryň adam hukuklaryny durmuşa geçirmeginde hakyky deňligiň üpjün edilmegine gönükdirilen şeýle položitel ýörite çäreler hukuklary kemsidýän (diskriminasion) çäreler hasaplanmaly däldir.

### 13. <u>Parahatçylykly ýygnaklaryň erkinligi</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar demokratik saýlawlary geçirmegiň esasy şertleriniň biri bolan parahatçylykly ýygnaklaryň esasan hem dalaşgärler we partiýalar üçin erkinligini ykrar edýärler. Parahatçylykly ýygnaklaryň erkinligi kanunda bellenen we demokratik jemgyýetde zerur bolanlardan başga hiç-hili çäklendirmelere tabyn däldir, has takygy:

- Milli howpsuzlygyň bähbitleri üçin;
- Jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bähbitleri üçin;
- Jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek üçin;
- Ilatyň saglygy we ahlaklylygy üçin;
- Başga şahslaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin.

### 14. <u>Birleşmeleriň erkinligi</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar saýlaw kampaniýalaryny we syýasy partiýalaryň beýleki işlerini alyp barmak babatynda örän möhüm bolan birleşmeleriň erkinligini goraýar. Birleşmeleriň erkinligi, şol sanda, syýasy partiýalary erkin döretmek mümkinçilikleri kanunda bellenen we demokratik jemgyýetde zerur bolanlardan başga hiç-hili çäklendirmelere tabyn däldir:

- Milli howpsuzlygyň bähbitleri üçin;
- Jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bähbitleri üçin;
- Jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek üçin;
- Ilatyň saglygy we ahlaklylygy üçin;
- Başga şahslaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin.

Birleşmeleriň erkinliginiň hökümet üçin bähbitli bolmadyk pikirleriň ýaýbaňlandyrylmagy sebäpli çäklendirilmegi esassyzdyr. Birleşmeleriň erkinliginiň kanuny çäklendirmeleri harby gullukçylara we

polisiýa işgärlerine ulanylyp bilner. BMG-niň Adam hukuklary boýunça komiteti tarapyndan teklip edilen teswirleme birnäçe şahsy hukuklaryň beýleki adamlar bilen toparlarda hem ulanylyp bilinjekdigini aýdyň görkezýär. Bu saýlaw prosesi babatynda birleşmegiň erkinligine düşünmek üçin örän möhümdir.

**Hökümete dahylsyz guramalar.** Halkara we sebitleýin şertnamalar her bir adamyň hökümete dahylsyz guramalary döretmäge we olara agza bolmaga hukugynyň bardygyny aýdyň kesgitleýär. Syýasy borçnamalar milli kanunçylyk tarapyndan islendik adamyň hökümete dahylsyz guramalara goşulmak mümkinçiliginiň esassyz çäklendirilip bilinmejekdigini goşmaça belleýär; döwletler akkreditlenen guramalary ykrar etmelidir we olaryň işlerini alyp barmagyna ýardam bermelidir. Hökümet edarasynyň hökümete dahylsyz guramanyň işine päsgelçilik döredýän islendik hereketi ýa-da hereketsizligi administratiw seljermede seredilmäge degişli bolmalydyr we bu barada kazyýete şikaýat edilip bilner. Hökümete dahylsyz guramanyň döredilmegi üçin degişli resminamalaryň bukjasynyň resmi taýdan hödürlenmeginiň talap edilmegi mümkin bolsa-da, bellige almagyň administratiw tertibi jikme-jik kesgitlenen bolmalydyr we makullama çözgütleri üçin giň mümkinçiliklere ýol bermeli däldir.

### 15. <u>Hereket etmegiň erkinligi</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar diňe bir syýasy partiýalar we saýlawçylar üçin däl-de, eýsem, saýlaw toparlarynyň agzalary we saýlawlardaky synçylar üçin saýlaw prosesinde aýratyn möhüm hasaplanýan hereket etmegiň erkinligini goraýar. Şeýle-de, hereket etmegiň erkinligi daşary ýurtlardaky raýatlaryň saýlawlara gatnaşmak üçin ýurduna dolanyp barmak mümkinçiligini (eger bu kanunyň başga talaplaryny bozmaýan bolsa) göz öňünde tutýar. Hereket etmek erkinliginiň islendik çäklendirilmesi demokratik jemgyýetiň bähbitlerini goramagyň zerurlygyna proporsional bolmalydyr, has takygy:

- Döwletiň abadançylygynyň bähbitleri üçin;
- Jemgyýetçilik tertibini goramak üçin;
- Ilatyň saglygy we ahlaklylygy üçin;
- Başga şahslaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin;
- Jenaýatyň öňüni almak üçin.

Syýasy borçnamalar göçen şahslar üçin saýlawlar gününde dolanyp gelmek we ses bermek mümkinçiliginiň üpjün edilmegini talap edýär.

### 16. <u>Pikir azatlygy we öz garaýyşlaryňy erkin beýan etmek</u>

Halkara we sebitleýin şertnamalar pikir azatlygyny hem-de öz garaýyşlaryňy we ynam-ygtykadyňy beýan etmek erkinligini goraýar. Maglumatlaryň we pikirleriň saýlawçylar we dalaşgärler tarapyndan erkin ýaýradylmagy hakyky saýlawlary geçirmegiň örän möhüm şerti bolup durýar. Şeýle azatlyklar her bir adamyň, şol sanda syýasy partiýalaryň, dalaşgärleriň we olaryň tarapdarlarynyň maglumatlary we pikirleri islendik serişdeler arkaly – dilden, ýazmaça ýa-da çap etmek ýa-da beýan etmegiň çeperçilik görnüşleri, Internet tory arkaly ýa-da özüniň islegine görä beýleki usullar arkaly gözlemek, almak we ýaýratmak hukugyny öz içine alýar. Pikir azatlygy we öz garaýyşlaryňy beýan etmek azatlygy halkara guramalar bilen hem erkin aragatnaşyk saklamak hukugyny göz öňünde tutýar.

Pikir azatlygy we öz garaýyşlaryňy beýan etmek azatlygy kesgitli şertlerde kanunda bellenen we demokratik jemgyýetde zerur bolan çäklendirmelerden başga hiç bir çäklendirmelere tabyn däldir. şeýle çäklendirmeler aşakdakylary öz içine alýar:

- Milli howpsuzlygyň bähbitleriniň goralmagy üçin;
- Çäk bitewiliginiň goralmagy üçin;
- Jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bähbitleriniň goralmagy üçin;
- Kazyýet häkimiýetiniň abraýyny we bitaraplygyny goldamak üçin;
- Gizlin maglumatyň aýan edilmegine ýol bermezlik üçin.

Garaýyşlaryňy beýan etmek erkinligi bu garaýyşlar beýleki kanuny bähbitleriň bozulmagyna gönükdirilen ýagdaýynda ýa-da başga adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin çäklendirilip bilner. Diskriminasiýa, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän islendik milli, rasa ýa-da dini ýigrenjiň wagyz edilmegi kanun tarapyndan gadagan edilmelidir. Sebitleýin şertnamalar erkin kommunikasiýanyň we pikirleriň ýaýradylmagynyň gytaklaýyn usul bilen, mysal üçin köpçülikleýin habar beriş serişdelerine kadalaşdyryjy gözegçiligi hyýanatçylykly ulanmak bilen, çäklendirilip bilinmejekdigini kepillendirmek üçin söz azatlygynyň çäklendirilmegi boýunça anyk talaplary göz öňünde tutýar. Teswirleýji çeşmeler Internet serişdeleriniň ýa-da maglumatlary ýaýratmagyň başga ulgamlarynyň elýeterliliginiň çäklendirilmegine diňe beýleki hukuklary goramagyň çäklerinde rugsat

berilýändigini belleýär. Saýtlar diňe hereket edýän häkimiýetiň garşysyna gönükdirilen tankytlar sebäpli blokirlenip bilinmez.

### 17. Aýdyňlyk we maglumatlaryň elýeterliligine bolan hukuk

Halkara we sebitleýin şertnamalar her bir adamyň maglumatlary gözlemäge we almaga bolan hukugyny kesgitleýär. Gürrüňsiz, bu hukuk islendik ýagdaýlarda möhümdir, ýöne saýlaw prosesinde ol aýdyňlygyň we hasabata degişliligiň talabalaýyk derejesini üpjün etmek üçin aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Döwletleriň korrupsiýanyň öňüni almak üçin aýdyňlygy üpjün etmek borjy bilen bilelikde, adamyň hukuklaryny durmuşa geçirmek üçin zerur çäreleri görmek borjy nazarda tutulsa, saýlaw prosesiniň aýdyňlygyny üpjün etmek borjy bütinleý delillendirilen görünýär.

Maglumatlaryň elýeterliliginiň islendik çäklendirmeleri iň az möçberde, ýerlikli bolmaly we diňe obýektiw zerurlyk ýüze çykanda ulanylmalydyr, has takygy:

- Milli howpsuzlyk bähbitleri üçin;
- Çäk bitewiligini goramak üçin;
- Jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bähbitleri üçin;
- Kazyýet häkimiýetiniň abraýyny we bitaraplygyny goldamak üçin;
- Gizlin maglumatyň aýan edilmegine ýol bermezlik üçin.

Mundan başga-da, maglumatlaryň elýeterliligi başga şahslaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak maksady bilen, şeýle-de, olaryň aýdylmagy kanun tarapyndan kepillendirilen beýleki hukuklaryň bozulmagyna gönükdirilen ýagdaýynda çäklendirilip bilner. Şeýle-de, maglumatlaryň elýeterliligi şahsy maglumatlary goramak üçin çäklendirilýär. Döwletler mümkinçilikleri çäkli adamlar üçin maglumatlaryň elýeterliliginiň olardan goşmaça çykdajylary talap etmeýän usullar bilen üpjün edilmegi üçin çäreleri görmelidir.

### 18. Şahsy howpsuzlyga bolan hukuk

Halkara we sebitleýin şertnamalar şahsyň baş-başdaklyk bilen tussag edilmeginden, tutulyp saklanmagyndan we sürgün edilmeginden goralmagyny göz öňünde tutýan şahsy howpsuzlyga bolan hukugy goraýarlar. Teswirleýji çeşmeler saýlawçylaryň bikanun täsirlerden, mejbur edilmekden ýa-da gorkuzylmakdan goralmagynyň zerurdygyny aýratyn nygtaýar. Olaryň birnäçesi, dürli döwletleriň tejribesiniň öwrenilmegine esaslanyp, bu borjuň hukuk goraýjy edaralardan saýlaw prosesinde özüni syýasy taýdan bitarap alyp barmagyny talap edýändigini belleýärler.

### 19. Hukuklary goramagyň netijeli serişdesine bolan hukuk

Halkara we sebitleýin şertnamalar her bir adamyň ygtyýarly milli kazyýetde onuň hukuklaryny ýa-da azatlyklaryny bozýan hereketlerden goranmak üçin netijeli hukuklary goraýyş serişdelerine bolan hukugyny goraýarlar. Netijeli hukuk goraýyş serişdesine bolan hukuk adamyň beýleki ähli hukuklarynyň durmuşa geçirilmeginiň üpjün edilmegi üçin esasy şert bolup durýar. Sebitleýin şertnamalarda hukuk goraýyş serişdeleriniň saýlaw jedelleriniň çözülmegi, şol sanda saýlawlaryň netijeleri barada bolup biljek şikaýat üçin elýeterli bolmalydygy anyk kesgitlenýär. Netijeli hukuk goraýyş serişdeleri döwletlerden saýlaw jedellerine wagtynda garamak mümkinçiligini, şeýle-de, çykarylan çözgütleriň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegini talap edýär. Teswirleýji çeşmeler hukuklaryň gaýtadan bozulmagyna ýol bermezligi erjellik bilen talap edip, bu borjy giňeldýärler. Mundan başga-da, şunuň ýaly hukuk bozulmasynyň bes edilmegi netijeli hukuk goraýyş serişdesiniň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Netijeli hukuk goraýyş serişdesi döwletden jebir çeken tarapa ýetirilen zyýan üçin öwezini doldurmany, käte bolsa, wagtlaýyn çäreleriň girizilmegini hem talap edip biler.

### 20. Işe adalatly we köpçülikleýin garalmagyna bolan hukuk

Halkara we sebitleýin şertnamalarda her bir adamyň öz hukuklaryny we azatlyklaryny goramak ýa-da dikeltmek üçin işe kanunda bellenen ygtyýarly, tarap tutmaýan we garaşsyz kazyýet tarapyndan adalatly we köpçülikleýin seredilmegine hukugynyň bardygy kesgitlenýär. Mundan başga-da, adalatly kazyýet seljermesi iň gysga möhletde bolup geçmelidir, kazyýetleriň garaşsyzlygy we bitaraplygy bolsa, absolýut hukuk hökmünde ykrar edilýär. Adalatly we köpçülikleýin seljermä bolan hukuk kanunda kesgitlenen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda hemişe goralan bolmalydyr. Raýat prosesinde şikaýata (appelýasiýa) bolan hukuk kepillendirilmeýär; mundan başga-da, şikaýat tertibindäki (appelýasiýa) önümçilige köpçülikleýin seljerme borjy hemişe degişli däldir.

# Intro.3.1 Saýlaw standartlary we borçlary

Şeýle-de, teswirleýji çeşmeler adalatly kazyýet önümçiligi düşünjesiniň garaşsyz, bitarap we ygtyýarly kazyýetiň bolmagyny talap edýän adalatly, täsirlerden azat we açyk prosesiň kepillendirilmegini hem talap edýändigini belleýärler. Şeýle çeşmeler tarap tutmazlyk we garaşsyzlyk kriteriýalaryna laýyk gelýän islendik edaranyň kazyýet hasaplanyp bilinjekdigini anyk bellese-de, olar ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetiniň tapawutlandyrylmadyk ýagdaýynyň garaşsyz we bitarap kazyýet önümçiligi bilen bir ýere sygyşmaýandygyny öňe sürýärler. Ýerine ýetiriş ygtyýarlyklary berilen saýlaw edarasy garaşsyz we bitarap kazyýetiň kriteriýalaryna laýyk gelmeýär, şol sebäpli işlere aýratyn kazyýet edarasy tarapyndan garalmalydyr.

Jedelleri çözmek babatynda hemmeleriň we her bir adamyň kazyýetiň öňünde deň bolmagy möhümdir. Teswirleýji çeşmeler şeýle talabyň prosesde taraplaryň deňligi bilen birlikde, kazyýetiň deň derejede elýeterliligini hem göz öňünde tutýandygyny belleýärler. Kazyýet önümçiliginiň elýeterliligini de-fakto çäklendirýän kazyýet ýygnaklary, döwletiň kazyýetiň deň derejede elýeterliligini üpjün etmek boýunça borjunyň bozulmagy hasaplanyp bilner. Şeýle kepillik kazyýetiň wezipesini ýerine ýetirýän islendik edaralara degişlidir.

Kazyýetiň garaşsyzlygy kazyýetiň agzalaryny bellemegiň tertibini, olaryň ygtyýarlyklarynyň möhletini, olaryň howpsuzlyk we zähmet haky meselelerini jikme-jik kesgitleýän degişli tertibi talap edýär. Tarap tutmazlyk ýörelgesi kazyýetleriň tarap tutmazdan hereket etmegini, tribunalyň bolsa ýokary hünär derejeli synçylar tarapyndan bitarap diýlip ykrar edilmegini talap edýär. Kazyýet işine adalatly we köpçülikleýin seretme beýleki esasy hukuklar bozulan ýagdaýynda netijeli hukuk goraýyş serişdesini üpjün etmegiň esasy şertleriniň biri bolsa-da, işe adalatly we köpçülikleýin garamak hukugynyň özüniň bozulan ýagdaýynda degişli hukuk goraýyş serişdeleri elýeterli bolmalydyr.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.3.1 Saýlawlar babatynda halkara borçnamalar

*Saýlawlar babatynda halkara borçnalamalar, Hukuk düzgünleşdirmesiniň ýol görkeziji ýörelgeleri © International Institute for Democracy and Electoral Assistance 2014*

| | |
|---|---|
| **UDHR** | Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasy |
| **ICCPR** | Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara pakt |
| **CCPR** | Raýat we syýasy hukuklar hakynda pakt |
| **CERD** | Jynsy kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek barada halkara konwensiýa |
| **CEDAW** | Zenanlar babatynda kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda halkara konwensiýa |
| **CRMW** | Migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hak-hukuklaryny goramak hakynda halkara konwensiýa |
| **CRDP** | Maýyplaryň hukuklary hakynda konwensiýa |
| **GC** | Umumy tertipli bellikler |
| **GC 25** | BMG-niň Adam hukuklary boýunça komitetiniň Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara paktynyň (ICCPR) 25-nji maddasy boýunça № 25 umumy tertipli belligi |

Bu bölümde gürrüň saýlawlar babatyndaky BMG-niň Konwensiýalarynda beýan edilen we mundan öňdäki bölümde salgylanmalar berilen halkara borçnamalar hakynda barýar. Bu borçnamalar gutarnykly däldir, has dogrusy, olar her bir saýlaw prosesiniň esasy düzüm birlikleridir. Hatda konwensiýalarda saýlawlara degişli borçnamalar hukuklar ýa-da azatlyklar görnüşinde görkezilen hem bolsa, olar döwletleriň raýatlar öz hukuklaryndan talabalaýyk peýdalanyp biler ýaly degişli şertleri döretmegini talap edýär.

Jemgyýetçilik-syýasy proseslere deň gatnaşmak hukugy saýlawlar geçirilmezden amala aşyrylyp bilinmez. Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynda (UDHR) hem, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda (ICCPR) hem «hakyky saýlawlar» barada raýatlaryň häkimiýet edaralarynda erkin we deň şertlerde wekillik gazanmagyna şert döredýän we häkimiýet üçin göreşiň parahatçylykly usuly bolup durýan proses hökmünde gürrüň edilýär. Şol bir wagtda, resminamalaryň hiç biri «hakyky» saýlawlaryň nämedigine kesgitleme bermeýär.

Şu gollanmada saýlawçylaryň islegini erkin beýan etmegini kepillendirýän «hakyky saýlawlar» düşünjesine saýlawlar babatynda halkara borçnamalar üçin baglanyşdyryjy umumy maýdalawjy hökmünde garalýar. Ýöne, «hakyky saýlawlar» we «saýlawçylaryň islegini erkin beýan etmek» düşünjesi saýlaw prosesleriniň hukuk esasyna baha bermegiň düzüm birlikleri bolup durmaýar. Munuň deregine, «hakyky» adalgasy saýlawlary düzgünleşdirýän we saýlaw prosesiniň kanunylygyny üpjün edýän «saýlawçylaryň islegini erkin beýan etmegini» kepillendirýän halkara borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň dolulygyny nygtaýar.

Häzirki günde bar bolan borçnamalar BMG-niň Adam hukuklary boýunça komitetiniň Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky paktyň (CCPR) 25-nji maddasy boýunça №25 umumy tertipli belliginde (GC25) bellenip geçilişi ýaly, saýlanan wezipeli şahslaryň hasabatlylygyny göz öňünde tutýar, bu bolsa, «döwlet häkimiýetiniň saýlawçylaryň islegini erkin beýan etmegine esaslanmagy dowam etdirýändigini» aňladýar. Mundan başga-da, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara pakta (ICCPR) laýyklykda, saýlawlaryň netijeleri erkin saýlanan wekilleriň üsti bilen gatnaşmak prosesinde ýüze çykýan saýlawçylaryň isleginiň erkin beýan edilmegini görkezmelidir. Diýmek, saýlawlar gününe çenli, saýlawlar we netijeleriň yglan edilýän gününde saýlaw prosesiniň ähli tapgyrlary saýlawçylaryň isleginiň erkin beýan edilmegini ýoýmazdan geçirilmelidir. Ahyrky netijede, döwlet saýlawça öz islegini beýan etmek prosesinde akyl ýetirilen/habarly saýlawy amala aşyrmak mümkinçiligini bermelidir. Şunlukda, islegiň erkin beýan edilmegini goramak borjy şu gollanmada garalýan, öz başlangyjyny adam hukuklary hakyndaky hereket edýän halkara resminamalardan alyp gaýdýan hukuk elementleriniň ähli ugurlaryny öz içine alýar.

Gollanmada bize hukuk pudagynyň esasy elementleri hökmünde görkezilen ýene-de 20 sany halkara borçnama berilendir. Şu gollanmanyň ýuridiki tablisalarynda, şonuň ýaly-da, barlag sanawlarynda biz saýlawlar babatynda bu 20 sany halkara borçnamany esasy seljerilýän meseleler bilen baglanyşdyryp

we halkara şertnamalaryň degişli maddalaryna salgylanmalary berip, olara, şeýle-de, BMG-niň hukuk resminamalarynyň bu guramanyň degişli departamentleri tarapyndan teswirlemelerine yzygiderli salgylanarys.

Gollanmada milli we halkara gyzyklanýan taraplara borçnamalary saýlaw prosesiniň aýratyn bölümleri bilen baglanyşdyrmaga we hukuk pudagynyň esasy hukuklaryň bozulma howpy bolan ugurlaryny kesgitlemäge ýardam bermek üçin tablisalar ulanylýar. BMG-niň konwensiýalaryna gatnaşyjy döwletler tarapyndan saýlawlar babatynda nazarda tutulmaly birnäçe görkezijileriň kesgitlenmegi gyzyklanýan taraplaryň arasynda özara düşünişmäniň ähliumumy ösüşine itergi berýär. Ulgamlylygy we bitewiligi üpjün etmek üçin 20 sany esasy elementiň pikir we adalgaşynaslyk taýdan anyk kesgitlenmegi bu pudakda işjeň bolan beýleki guramalar, hususan-da Karter merkezi bilen maslahatlaryň esasynda amala aşyrylandyr.

**Tablisa IV.I. Saýlawlar babatynda halkara borçnamalar**

| | |
|---|---|
| ▪ Döwlet işleriniň alnyp barlyşyna gatnaşmak hukugy we mümkinçiligi<br>▪ Ses bermek hukugy we mümkinçiligi<br>▪ Saýlanmak hukugy we mümkinçiligi<br>▪ Döwürleýin geçirilýän saýlawlar<br>▪ Ähliumumy saýlaw hukugy<br>▪ Deň saýlaw hukugy<br>▪ Gizlin ses bermek<br>▪ Hukuklaryň kemsidilmeginden (diskriminasiýadan) azatlyga we kanunyň öňünde deňlige bolan hukuk<br>▪ Erkekleriň we zenanlaryň arasynda deňlik<br>▪ Birleşmeleriň erkinligi<br>▪ Ýygnaklaryň erkinligi | ▪ Erkin hereket etmek we ýaşajak ýeriňi saýlap almak<br>▪ Ygtykatlaryň we olary beýan etmegiň azatlygy<br>▪ Şahsyýetiň howpsuzlygyna bolan hukuk<br>▪ Aýdyňlyk we maglumatlaryň elýeterliligine bolan hukuk<br>▪ Korrupsiýanyň öňüni almak<br>▪ Hukugyň hökümdarlygy<br>▪ Netijeli hukuk goraýyş serişdesine bolan hukuk<br>▪ Işiň adalatly we köpçülikleýin seljerilmegine bolan hukuk<br>▪ Döwletler hukuklaryň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmelidir |

Bu borçnamalara aýry-aýry döwletler babatynda garalyp geçilmeginiň deň gymmatlygyny we zerurlygyny nazarda tutup, borçnamalaryň sanawy haýsydyr bir ierarhik tertipde goýulmazdan berilendir, ýöne ýönekeý logika laýyklykda, sanawda ilkinji bolup, gatnaşmaga bolan hukuk, soňra saýlaw hukuklary, şahsyýetiň saýlaw meýdanynyň çäginden çykýan hukuklary we azatlyklary gelýär. Sanaw döwletleriň halkara konwensiýalara laýyklykda raýatlaryň hukuklarynyň berjaý edilmegini kepillendirmekden ybarat bolan gönüden-göni ýuridik borçnamalary bilen tamamlanýar.

## 1. Döwlet işleriniň alnyp barlyşyna gatnaşmak hukugy we mümkinçiligi

Gatnaşmaga bolan hukuk adamyň saýlawlara degişli halkara hukuklarynyň ulgamynyň esasynda ýatýar. Gatnaşyk ähli raýatlaryň syýasy partiýalaryň, raýat jemgyýeti guramalarynyň we beýleki başlangyç toparlarynyň üsti bilen syýasy proseslere gatnaşmaga hukugynyň we mümkinçiliginiň bardygynyň kepillendirilmegini göz öňünde tutýar. Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasy (UDHR) gönüden-göni ýa-da aç-açan saýlanan wekilleriň üsti bilen häkimiýet edaralaryna gatnaşmaga bolan ähli taraplaýyn hukugy göz öňünde tutýar. Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara pakt (ICCPR) gatnaşmaga bolan hukugy saýlawlaryň düýp esasy hökmünde çürt-kesik görkezýär. Gatnaşmaga bolan «hukuga» we «mümkinçilige» salgylanma döwleti gatnaşmaga bolan hukugyň netijeli ulanylmagy üçin hyzmatlary we infrastrukturany üpjün etmek boýunça çäreleri görmäge borçly edýär. Bu hukuk Jynsy kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek barada halkara konwensiýa (CERD), Zenanlar babatynda kemsitmeleriň ähli görnüşini ýok etmek hakynda halkara konwensiýa (CEDAW), Migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hak-hukuklaryny goramak hakynda halkara konwensiýa (CRMW), Maýyplaryň hukuklary hakynda konwensiýa (CRDP)girizilendir.

# Intro.3.1 Saýlawlar babatynda halkara borçnamalar

«Döwlet dolandyryşy» Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktyň 25-nji umumy tertipli belliginde (ICCPR GC25) «syýasy häkimiýetiň, hususan-da, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, administratiw häkimiýetiň ulanylmagyna degişli giň düşünjedir. Ol döwleti dolandyrmagyň ähli jähtlerine, döwlet maksatnamalarynyň halkara, milli, sebitleýin we ýerli derejelerde kesgitlenmegine we durmuşa geçirilmegine degişlidir» diýlip kesgitlenýär.

25-nji umumy tertipli belliklerde (GC25) bellenişi ýaly, gatnaşmaga bolan hukugyň – şahsyýet hukugynyň bozulmagy ICCPR-ň birinji goşmaça teswirnamasyna (ser. Bölüm III) laýyklykda hak islegleriniň artmagyna getirýär. Şeýle-de, GC25 25-nji maddada göz öňünde tutulan raýatlaryň döwletiň dolandyrylyşyna gatnaşmaga bolan hukuklaryny durmuşa geçirmegi üçin mümkinçilikleriň we serişdeleriň berilmeginiň konstitusiýa we beýleki kanunlar bilen kepillendirilmelidigini nygtaýar. Mundan başga-da, ICCPR «aç-açan saýlanan wekilleriň üsti bilen gatnaşmagyň kanuna laýyklykda ses bermek arkaly amala aşyrylýandygyny» anyklaşdyrýar. GC25-de gönüden-göni gatnaşmanyň kanunçykaryjy we ýerine ýetiriji edaralarda öz mandatyňy durmuşa geçirmegi, şeýle-de, sala-salşyklara we halk ýygnaklaryna gatnaşmagy aňladýandygy aýdylýar.

Mundan başga-da, ICCPR-iň 25-nji maddasy ýygnaklaryň erkinligine, pikiriňi beýan etmek erkinligine we birleşikleriň erkinligine bolan hukuklar bilen birlikde, raýatlaryň raýat jemgyýeti guramalarynyň we hökümete dahylsyz guramalaryň üsti bilen döwleti dolandyrmaga gatnaşmak hukugyny üpjün edýär. GC25 raýatlar «jemgyýetçilik pikir alyşmalarynyň we öz wekilleri bilen dialogy öňe sürmegiň ýa-da öz-özüňi guramagyň üsti bilen döwlet dolandyrylyşyna gatnaşýar. Bu gatnaşyk birleşikleriň, ýygnaklaryň we ygtykadyňy beýan etmegiň erkinliginiň üsti bilen goldanýar» diýlip bellenýär.

## 2. Ses bermek hukugy we mümkinçiligi

Her bir raýatyň beýleki raýatlar bilen deň derejede ses bermäge hukugy bolmalydyr. Bu hukuk kanuna laýyklykda obýektiw we esaslandyrylan kriteriýalar bilen çäklendirilip bilner. GC25-de bellenilişi ýaly, ses bermek hukugy (saýlawlarda ýa-da sala salşyklarda) «kanunda göz öňünde tutulan bolmalydyr we ses bermäge hukugy bolanlaryň iň pes ýaş ýaly esasly çäklendirmelere tabyn bolup biler. Fiziki maýyplyk, bilim çäklendirmesiniň girizilmegi ýa-da emläk talaplary bilen baglylykda çäklendirme esassyz hasaplanýar. Partiýa agzalyk ses bermek hukugyny almagyň ýa-da ondan mahrum edilmegiň şerti bolmaly däldir». GC25 raýatlaryň hereket edýän kanunçylyk kadalarynda beýan edilen obýektiw sebäpler boýunça ses bermek hukugyndan mahrum edilip bilinjekdigini nygtaýar.

GC25 ses bermek prosesinde deň mümkinçilikleriň berilmeginiň döwleti «ses hukugy bolan ähli raýatlaryň ondan peýdalanyp bilmegini kepillendirmek üçin netijeli çäreleri görmäge» borçly edýändigini düşündirýär. Ses bermek hukugy ses bermek prosesinde döwletiň deň şertleri (mysal üçin, saýlawçylaryň hasaba alynmagy boýunça), şeýle-de, saýlawçylaryň öz islegini tarap tutmazdan beýan etmek mümkinçiligini kepillendirmegini talap edýär. ICCPR GC25-de hasaba alyşa ýa-da ses berişlige bikanun gatyşmanyň, şonuň ýaly-da, saýlawçylary gorkuzmagyň ýa-da mejbur etmegiň berjaý edilmeli jenaýat hukugy tarapyndan gadagan edilendigini tassyklaýar.

GC25 ses bermek hukugynyň we mümkinçiliginiň üçünji elementini saýlawçylaryň habarly saýlawy amala aşyrmak hukugy bilen baglanyşdyrýar. GC25 ses hukugynyň «netijeli» ulanylmagynyň «ses bermek hukugynyň netijeli ulanylmagyna päsgel berýän sowatsyzlyk, dil päsgelçiligi, garyplyk ýa-da fiziki kemçilikler ýaly häsiýetli päsgelçilikleri ýeňip geçmek boýunça talabalaýyk çäreleriň görülmegini, sowatsyz saýlawçylaryň öz saýlawynyň degişli maglumatyň esasynda amala aşyrmagyny kepillendirýän fotosuratlar we nyşanlar ýaly ýörite serişdeleriň işlenip düzülmegini» göz öňünde tutýandygyny düşündirýär.

Netijede, GC25 ses bermek hukugy bolan raýatlaryň «saýlawçynyň islegini erkin beýan etmegine päsgel berip biljek täsire ýa-da mejbur edişe ýol berilmezden, islendik dalaşgäre ýa-da sala-salşyga hödürlenen islendik teklibe ýa-da ählihalk saýlawyna erkin ses bermek, hökümeti erkin goldamak ýa-da onuň garşysyna çykyş etmek mümkinçiligi bolmalydyr. Saýlawçylaryň öz pikirini zorluk salynmazdan, mejbur edilmezden, höweslendirilmezden ýa-da manipulýasiýa ulanylmazdan, garaşsyz ýagdaýda kesgitlemäge mümkinçiligi bolmalydyr» diýip görkezýär.

## 3. Saýlanmak hukugy we mümkinçiligi

Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynda (UDHR) saýlawlarda sese goýulmak hukugyna gönüden-göni salgylanma ýok, ICCPR-de bolsa saýlawly wezipeler üçin sese goýulmak hukugy hakynda anyk

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

aýdylýar. Ýagny, her bir raýatyň gönüden-göni ýa-da wekilçilikli saýlawlarda beýleki raýatlar bilen deň derejede saýlanmaga hukugy we mümkinçiligi bolmalydyr. Bu hukuk kanunçylyga laýyklykda, obýektiw ýa-da esasly kriteriýalaryň esasynda çäklendirilip bilner. CCPR laýyklykda bu saýlawçylara dalaşgäri saýlanda erkin islegi kepillendirýär. GC25 «saýlawly wezipä sese goýulmak hukugynyň we mümkinçiliginiň netijeli ulanylmagynyň raýatlara dalaşgärleri erkin saýlamak hukugyny kepillendirýändigini» tassyklaýar.

GC25 raýatlaryň saýlawlarda ses goýulmak hukugy «dalaşgärler üçin haýsydyr bir ýa-da anyk bir partiýanyň agzasy bolmak hakyndaky esassyz talap bilen çäklendirilmeli däldigini» tassyklaýar, bu bolsa raýatyň haýsydyr bir partiýa degişli bolmazlyk hukugyny goraýar. Mundan başga-da, CCPR «raýatlaryň saýlawlarda sese goýulmak bilen baglylykda hukuk kemsidilmesinden(diskriminasiýadan) ýa-da başga ýaramsyz faktorlardan ejir çekmeli däldigini» tassyklaýar.

Saýlanmak hukugyny durmuşa geçirmekde deň mümkinçilikleriň berilmegi hakyndaky talap kanunçylyk derejesinde we de-fakto hukuk kemsitmesini (diskriminasiýany) ýa-da deňsizlige getirýän esassyz çäklendirmeleri gadagan edýär. Muňa garamazdan, saýlanmak hukugy birnäçe çäklendirmeleriň ulanylyp bilinjekdigi sebäpli absolýut hukuk bolup durmaýar. CCPR -de iň kiçi ýaş ýaly çäklendirmeler «obýektiw we kabul ederlik kriteriýalar bilen esaslandyrylan bolmalydyr. Saýlawlarda sese goýulmaga hukugy bolan raýatlar bilim, ýaşaýan ýeri, gelip çykyşy ýa-da syýasy garaýşy ýaly ýerliksiz we hukuklary kemsidýän (diskriminasion) talaplaryň esasynda çykarylmaly däldir» diýlip bellenýär. Muňa garamazdan, GC25 bähbitleriň çaknyşygynyň öňüni almak üçin «kabul ederlik esaslarda» sygyşmaýan işiň birnäçe görnüşlerine ýol berýär.

## 4. Döwürleýin geçirilýän saýlawlar

ICCPR «her bir raýatyň döwürleýin geçirilýän saýlawlarda ses bermäge we saýlanmaga hukugynyň we mümkinçiliginiň bardygyny» yglan edýär. Gatnaşyjy döwletler öz hukuk ulgamynyň bu hukugy saýlawlarda talabalaýyk we kanunalaýyk üpjün etmegini kepillendirmelidir.

CCPR saýlawlara «saýlanan wekilleriň olara berilen kanun çykaryş ýa-da ýerine ýetiriş ygtyýarlyklarynyň ulanylyşy babatynda hasabat berijiligini kepillendirýän» serişde hökmünde salgylanýar, bu bolsa saýlawlaryň döwürleýin geçirilmegini göz öňünde tutýar. CCPR GC25-de «hökümetiň häkimiýetiniň saýlawçylaryň islegini erkin beýan etmegine esaslanýandygyny kepillendirmek üçin saýlawlaryň örän uzak bolmadyk wagt aralyklarynda döwürleýin geçirilmelidigini» tassyklaýar. Bu aralyklaryň dowam edýän wagtyna degişli hereket edýän gollanmanyň ýokdugy sebäpli, CCPR döwürleýin geçirilmek borjuny hukuk nukdaýnazaryndan berkitmek bilen, şeýle hukuklaryň «kanun esasynda kepillendirilýändigi» barada netijä gelýär.

## 5. Ähliumumy saýlaw hukugy

Deň gatnaşmak hukugyny durmuşa geçirmek üçin konwensiýalara goşulan döwletler ses hukugyny almagyň, onuň mümkin boldugyça ähli raýatlara ýaýradylmagyna mümkinçilik berjek degişli kriteriýalarynyň bellenmegini kepillendirmeli. Saýlawçylaryň hukuklary kemsidilmezden (diskriminasiýasyz) we esassyz çäklendirmeler ulanylmazdan, islegini erkin beýan etmegini kepillendirýän ses bermek hukugy we saýlawlarda saýlanmak hukugy ähliumumy saýlaw hukugy bilen utgaşýar. Her bir döwletiň saýlawlarda ses bermek hukugyny almak üçin kriteriýalary/şertleri kesgitläp biljekdigine garamazdan, ähliumumy saýlaw hukugyny bellemek borjy bu şertleriň raýatlaryň hukuklaryny kemsitmezligi we hemmelere degişli edilmegini talap edýär. Jynsy kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek barada halkara konwensiýada (CERD) hem şu talaplar hakynda aýdylýar.

GC25 «25-nji madda bilen goralan hukuklaryň durmuşa geçirilmegi üçin şertleriň obýektiw we kabul ederlik kriteriýalara esaslanmalydygyny» düşündirýär. Mundan başga-da, her bir uly ýaşly raýatyň ses hukugynyň bolmalydygy we hukukdan peýdalanmagyň «kanuna laýyklykda, obýektiw we kabul ederlik esaslar bolmasa, wagtlaýyn bes edilmeli ýa-da ondan mahrum edilmeli däldigi» hakynda aýdylýar. «Uly ýaşly raýat» kesgitlemesi ses hukugyny bermek üçin iki mümkin bolan kriteriýany özünde saklaýar: şahsyň kämillik ýaşyna ýeten diýlip hasaplanýan ýaşy we raýatlyk.

## 6. Deň saýlaw hukugy

UDHR-de, ICCPR-de we CERD -de tehniki taýdan mümkin boldugyça, her bir sese deň ähmiýet bermek borjy barada aýdylýar. CCPR -de «bir adam – bir ses. Döwletiň saýlaw ulgamynyň çäklerinde bir saýlawçynyň sesi beýleki saýlawçynyň sesine deň bolmalydyr» ýörelgesi nygtalýar.

Tejribede absolýut deňligi kepillendirmegiň ýeterlik derejede kyndygy sebäpli, bir saýlawçynyň sesi beýleki saýlawçylaryň sesi bilen mümkin boldugyça deň ähmiýete eýe bolmalydyr, bu ilat sany dürli bolan köp mandatly saýlaw okrugynda saýlaw okruglarynyň araçäkleriniň bellenmegine we mandatlaryň ýaýradylmagyna täsir edýär. GC25 «saýlaw okruglarynyň araçäkleriniň bellenmeginiň we sesleriň paýlanmagynyň usulynyň saýlawçylaryň paýlanyşyna oňaýsyz täsir etmeli däldigini ýa-da raýatlaryň haýsydyr bir toparynyň hukuklaryny kemsitmeli (diskriminirlemeli) däldigini hem-de raýatlary öz wekilini saýlamakdan mahrum etmeli ýa-da bu hukugyny esassyz çäklendirmeli däldigini» nygtaýar. Mundan başga-da, CCPR zenanlaryň we azlyklaryň gatnaşygyny goldamak we höweslendirmek üçin Wagtlaýyn Ýörite Çäreleriň kabul edilmeginiň deň saýlaw hukugynyň doly durmuşa geçirilmegine getirip biljekdigine garaýar.

## 7. Ses bermegiň gizlinligi

Ses berişligiň gizlinligini kepillendirmek borjy Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynda (UDHR) «gizlin ses bermek» (‘secret vote’) adalgasynyň çäklerinde we ICCPR-de ýapyk ses berişlik (‘secret ballot’) bilen geçirilen saýlawlar hakynda aýdylýan ýerinde agzalýar. Borjuň teswirlemesinde saýlawçynyň şahsyýetini we onuň saýlawyny onuň ses bermeginden öň ses beren wagtynda we ses berenden soň deňeşdirmek gadagan edilýär. Ses bermegiň gizlinligi saýlawçylaryň erkin ses berip bilmegini kepillendirýär. Saýlawlara taýýarlyk döwründe ses berişligiň gizlinligine bolan hukugyň hemişelik häsiýeti GC25-de nygtalýar: saýlawçylar «kime ses berjekdigini ýa-da kime ses berendigini» aýan etmäge mejbur edilmekden azatdyrlar.

Gizlin ses berişligiň esasy wezipesi – saýlawçylary korrupsiýanyň, mejbur etmäniň ýa-da gorkuzmanyň esasynda ses bermekden goramakdyr. CCPR ses bermegiň gizlinligini saýlawçylaryň «kime ses berjekdigini ýa-da kime ses berendigini» aýan etmäge mejbur edilmekden azatdygyny görkezmek bilen düşündirýär. Mundan başga-da, saýlawçylar gizlin ses bermekden boýun gaçyryp bilmez.

CCPR GC25-de «döwletleriň saýlawlaryň dowamynda ses bermegiň gizlinligi, şol sanda şeýle ulgamyň bolan ýerinde berkidiji talon boýunça ses bermek boýunça çäreleri görmelidigini» talap edýär. «Saýlawçylaryň ses berişlik prosesine ynamyny berkitmek we sesleri sanamak maksady bilen, ses bermek prosesiniň dogrulygynyň we sesleriň sanalyşynyň garaşsyz barlagy» hakyndaky talap hem ses berişligiň gizlinliginiň, sesleri sanamagyň aýdyňlygynyň we saýlawçylaryň saýlaw prosesine ynamynyň arasyndaky baglanyşygy nygtaýar.

## 8. Hukuk kesitmesinden (diskriminasiýadan) azatlyga we kanunyň öňünde deňlige bolan hukuk

ICCPR ähli raýatlaryň syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny «umumy deňlik şertlerinde» jemgyýetçilik hyzmatlarynyň elýeterli bolmagy bilen, hukuk kesitmesi (diskriminasiýa) we esassyz çäklendirme bolmazdan ulanmak hukugyny göz öňünde tutýar. Gatnaşyjy döwletler hem şuňa laýyklykda hukuklardan we azatlyklardan peýdalanylanda ähli raýatlara deň we hukuklary kemsitmezden (diksriminasiýasyz) ýa-da esasyz çäklendirmesiz çemeleşilmegini kepillendirmäge borçludyr. Hukuk kemsitmesinden (diskriminasiýadan) azatlyk saýlaw proseslerinde dalaşgärleriň, partiýalaryň, saýlawçylaryň we raýatlaryň deň esaslarda gatnaşyp bilmegini kepillendirmek üçin möhümdir, aýratyn-da bu döwlet düzümlerine we serişdelerine degişli bolup, kampaniýalary geçirmek üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we jemgyýetçilik ýerleriniň deň elýeterliligini kepillendirmek üçin möhümdir. ICCPR döwletiň çäklerinde adamlaryň «rasasynyň, teniniň reňkiniň, jynsynyň, diliniň, dininiň, syýasy we beýleki ygtykatlarynyň, milli we sosial gelip çykyşynyň, emläginiň, dogluşynyň we islendik başga statusynyň» esasynda hukuklarynyň kemsidilmeginiň islendik görnüşini gadagan edýär.

ICCPR «ähli adamlar deňdir we hukuklaryň kemsidilmezligi hakyndaky kanun tarapyndan goralmaga hukugy bardyr» diýip tassyklaýar. Kanun islendik hukuk kemsitmesini (diskriminasiýany) gadagan edýär we ähli raýatlara rasa, teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy we beýleki ygtykatlary, milli ýa-da sosial gelip çykyşy, emläk ýagdaýy, dogluşy ýa-da başga statusy ýaly islendik alamatlar boýunça hukuklarynyň kemsidilmeginden deň we netijeli goragy kepillendirýär.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.3.1 Saýlawlar babatynda halkara borçnamalar

Döwlet gullugynyň deň elýeterliligini kepillendirmek borjy hakynda Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynda (UDHR) we Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda (ICCPR ) aýdylyp, ol «deňligiň umumy hukuklary babatyndaky» düşünjäniň çäklerinde kesgitlenendir. Jynsy kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek barada halkara konwensiýa (CERD) UDHR-de berilýän giň düşünjäni ulanýar, şol bir wagtda Zenanlar babatynda kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda halkara konwensiýa (CEDAW) «ýurduň jemgyýetçilik durmuşy hakynda» has giň düşünjäni ulanýar. CCPR «umumy deňlik şertlerinde elýeterliligi üpjün etmek üçin wezipä bellemegiň, wezipäni ýokarlandyrmagyň, wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmegiň we wezipeden boşatmagyň kriteriýalary we tertibi obýektiw we esaslandyrylan bolmalydyr» diýip bellemek bilen, bu düşünjäni has-da ösdürýär. Mundan başga-da, «deň mümkinçilikler we mynasyplary sylaglamak ýörelgeleri boýunça döwlet gullugynyň elýeterliligini esaslandyrmak we wezipede bolmak üçin kesgitli möhleti bermek bilen, döwlet wezipelerini eýeleýän şahslaryň syýasy gatyşmadan ýa-da basyşdan azat boljakdygy kepillendirilýär. Raýatlaryň 25-nji madda laýyklykda, (c) kiçi bendi, 2-nji maddanyň 1-nji bendinde görkezilen esaslaryň islendik biri boýunça öz hukuklaryndan peýdalananda hukuk kemsitmelerine (diksriminasiýa) sezewar bolmazlygyny kepillendirmek aýratyn möhümdir». Mundan başga-da, döwletleriň kanuna laýyklykda deňligi üpjün etmek üçin çäreleri görmek borjuny nygtamak bilen, CCPR oňyn diskriminasiýa mümkinçiligini hem göz öňünde tutýar, has takygy «oňyn diskriminasiýa ähli raýatlara döwlet gullugynyň deň elýeterliligini kepillendirmek üçin degişli ýagdaýlarda ulanylyp bilner».

Saýlawlarda dalaşgärlere deň şertleri üpjün etmek üçin CCPR-de ICCPR-niň 25-nji we 26-njy maddalary ýerleşdirilip, olarda gatnaşyjy döwletleriň «ähli syýasy partiýalara deň esaslarda garamalydygy hem-de olara öz kanuny hereketlerini amala aşyrmak üçin deň mümkinçilikleri bermelidigi» tassyklanýar. Şunlukda, CCPR-de döwlet serişdelerini kampaniýanyň maksatlary üçin birtaraplaýyn hyýanatçylykly peýdalanmagyň halkara konwensiýalaryny bozýandygy bellenýär.

## 9. Erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky deňlik

Zenanlaryň döwletiň jemgyýetçilik işlerine gatnaşmak üçin erkekleriňki bilen deň hukugy we mümkinçiligi bolmalydyr. Munuň tejribede seýrek bolup geçýändigini ykrar etmek bilen, erkekleriň we zenanlaryň arasynda deňligi üpjün etmek üçin girizilýän wagtlaýyn ýörite çäreler olary teklip edýän ylalaşyklarda hukuklary kemsidiji (diskrimasion) häsiýetli hasaplanmaýar. Erkeklere we zenanlara deň çemeleşmäni üpjün etmek borjy şol sanda ses hukugy we saýlanmak babatynda deň çemeleşmäni üpjün etmek ICCPR-niň 3-nji maddasynda göz öňünde tutulandyr we «[...] ähli raýat we syýasy hukuklaryň ulanylmagyna bolan deň hukuk» düşünjesinde saklanýar. Mundan başga-da, Zenanlar babatynda kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda halkara konwensiýa (CEDAW) döwletleriň «zenanlara erkekler bilen deňligiň esasynda adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny durmuşa geçirmeklerini kepillendirmek maksady bilen, olaryň doly ösüşini we öňe gidişligini üpjün etmek» üçin işiň ähli pudaklarynda ähli degişli çäreleri görmek borjuny tassyklaýar. CEDAW ýurduň syýasy we jemgyýetçilik durmuşynda zenanlaryň hukuklarynyň kemsidilmegini (diskriminasiýasyny) aradan aýyrmak boýunça çäreleri, şol sanda, ähli derejelerde döwlet dolandyryşyna we hökümete dahylsyz gurluşlara gatnaşmagy göz öňünde tutýar.

CEDAW «gatnaşyjy döwletler tarapyndan erkekleriň we zenanlaryň arasynda de fakto deňligiň ýola goýulmagyna gönükdirilen wagtlaýyn ýörite çäreleriň görülmeginiň diskriminasiýa hasaplanmaýandygyny [...] bu çäreleriň mümkinçilikleriň we gatnaşyklaryň deňligi gazanylandan soň ýatyrylmagyny» göz öňünde tutýar. CEDAW GC25 «çäreler» adalgasyny «kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, administratiw we beýleki kadalaşdyryjy gurallaryň, habar bermek maksatnamalary ýa-da goşmaça maksatnamalar, serişdeleri paýlama we/ýa-da gaýtadan paýlama maksatnamalary, artykmaçlykly çemeleşme, işe maksatlaýyn kabul ediş, hakyna tutma we gullugy boýunça ýokary wezipelere çekme, kwotalaryň wagtlaýyn çäkleri we ulgamlary bilen bagly köptaraplaýyn maksatlar ýaly döwlet maksatnamalarynyň we tejribeleriniň giň toplumyny öz içine almak» üçin ulanýar. Anyk «çäreleriň» saýlanyp alynmagy 4.1 maddanyň ulanylýan ýagdaýyna we gazanylmagy zerur bolan anyk maksada bagly bolar.

## 10. Birleşmeleriň erkinligi

ICCPR birleşmeleriň erkinligine bolan hukugy kepillendirýär. Ähli adamlaryň birleşmeleriň erkinligine bolan hukugy bolup, ol syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň beýleki görnüşleriniň

döredilmegine degişlidir. Birleşmeleriň erkinligi absolýut däldir, muňa garamazdan, ICCPR «bu hukugyň ulanylmagy üçin kanunda göz öňünde tutulan we demokratiki jemgyýetde milli we jemgyýetçilik howpsuzlygy, jemgyýetçilik tertibi, jemgyýetiň saglygyny ýa-da ilatyň ahlagyny goramak ýa-da raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga çäklendirmeleriň ýokdugyny» göz öňünde tutýar.

CCPR birleşmeleriň erkinligini «№ 25 madda bilen goralan hukuklaryň möhüm goşmaçasy» hasaplaýar. Mundan başga-da, syýasy birleşmeleri erkin döretmek we olarda çykyş etmek hukugy «döwlet işleriniň we saýlaw prosesiniň alnyp barlyşynda möhüm rol» oýnaýar. Sözüň we ýygnaklaryň erkinligi bilen birlikde, CCPR birleşmeleriň erkinligini «ses hukugyny netijeli ulanmagyň esasy şertiniň» bir bölegi hasaplaýar.

Syýasy guramalar bilen birlikde, birleşmelere gatnaşmaga bolan hukugyň we olaryň erkinliginiň arasyndaky baglanyşyk saýlaw proseslerine gatnaşýan jemgyýetçilik guramalarynyň kanunylygynyň esasyny düzýär. Raýat jemgyýeti CCPR -de bellenilişi ýaly, raýatlara «döwlet işleriniň alnyp barlyşyna gatnaşmaga» mümkinçilik berýän mehanizm bolup durýar.

## 11. Ýygnaklaryň erkinligi

ICCPR ýygnaklaryň erkinligini kepillendirmek borjuny ykrar edýär. Ol ähli raýatlaryň erkin toplanmaga hukugynyň bardygyny, munuň dalaşgärlere saýlawdan öňki kampaniýa wagtynda ýygnaklary geçirmäge mümkinçilik berýändigini göz öňünde tutýar. Kanunda bu hukugyň ulanylmagy üçin bölekleýin esaslandyrylan we hukuklary kemsitmeýän (diskriminasion däl) çäklendirmeler we şertler göz öňünde tutulyp bilner. Birleşmeleriň erkinligi ýaly, ýygnaklaryň erkinligi hem absolýut hukuk däldir; «kanun boýunça ulanylýan we demokratiki jemgyýetde milli howpsuzlygyň ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bähbitleri, jemgyýetçilik tertibi (ordre public), jemgyýetçilik saglygy ýa-da ilatyň ahlagy, ýa-da raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin ulanylýan» birnäçe çäklendirmeler göz öňünde tutulandyr.

Ýokarda bellenişi ýaly, CCPR «islegiňi beýan etmegiň, ýygnaklaryň we birleşmeleriň erkinliginiň ses hukugyny netijeli ulanmagyň möhüm şerti bolup durýandygyny we doly goralmalydygyny» nygtaýar.

## 12. Erkin hereket etmek we ýaşaýan ýeriňi saýlap almak

ICCPR «her bir adamyň kanuny esaslarda haýsydyr bir döwletiň territoriýasynda, onuň territoriýasynyň çäklerinde erkin hereket etmäge hukugynyň bardygyny» kepillendirýär. Kanunda bu hukugyň ulanylmagyna degişli aýratyn, esaslandyrylan, barabar we hukuklary kemsitmeýän (diskriminasion däl) çäklendirmeler we şertler göz öňünde tutulyp bilner. Hereket etmegiň erkinligi syýasy bäsdeşlere geografik çäklendirmeler bolmazdan, saýlaw kampaniýasyny alyp barmaga mümkinçilik berýär: «Her bir adamyň islendik ýurtdan, şol sanda öz ýurdundan çykyp gitmäge hukugy bardyr»; «hiç kim öz ýurduna gaýdyp gelmek hukugyndan mahrum edilip bilinmez». Muňa garamazdan, hereket etmegiň erkinligi çäklendirilip bilner, ýöne diňe kanuna laýyklykda we bu «milli howpsuzlygy, jemgyýetçilik tertibini (ordre public), ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny ýa-da başgalaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak» üçin zerur bolanda we şu halkara konwensiýadaky beýleki hukuklar bilen bir ýere sygyşýan bolsa çäklendirilip bilner.

Muňa garamazdan, CCPR «eger 12-nji maddanyň 1-nji we 2-nji bendinde berkidilen hukuklar syýasy ýa-da başga ygtykatlaryň esasynda çäklendirilen bolsa, bu halkara konwensiýanyň mese-mälim bozulmasy bolardy» diýip belleýär. Şunuň ýaly bozulma köplenç saýlawlaryň dowamynda, mysal üçin, saýlawçylar hasaba alnanda ýa-da saýlawlardan öňki döwürlerde bolup geçýär. Jemläp aýdanymyzda, CCPR GC25 «tejribede barlanyp görülen çäreler ses hukugynyň netijeli ulanylmagyna päsgel berýän [...]erkin hereket etmegiň bökdençlikleri ýaly päsgelçilikleri ýeňip geçmek üçin kabul edilmelidir» diýip belleýär.

## 13. Ygtykatlaryň we olary beýan etmegiň erkinligi

Her bir adamyň ygtykadynyň we ony beýan etmegiň erkinligine bolan hukugy bardyr. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bu erkinlikden esasy peýdalanyjylaryň biri bolup durýan hem bolsa, bu hukuk ähli raýatlara, şol sanda saýlaw kampaniýasynyň dowamynda syýasy dalaşgärlere we partiýalara degişlidir. Kanunda beýan etmek erkinligini ulanmagyň ýerlikli, barabar we hukuklary kemsitmeýän (diskriminasion däl) çäklendirmeleri ulanylyp bilner, ýöne ygtykatlaryň erkinligi çäklendirilip bilinmez. ICCPR -de «her bir adamyň öz ygtykadyna päsgelçiliksiz eýermäge hukugy bardyr; her bir adamyň

ygtykadyny erkin beýan etmäge hukugy bardyr, bu maglumatlaryň we pikirleriň islendik görnüşini dilden, ýazmaça ýa-da çap edilen görnüşdedigine, sungat eseri görnüşindedigine garamazdan ýa-da öz islegine görä beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen gözlemek we ýaýratmak azatlygyny göz öňünde tutýar» diýlip kesgitlenýär. Mundan başga-da, paktda bu hukugyň «aýratyn borçlary we jogapkärçiligi ýükleýändigi» we munuň «netijede, kanunda bellenen we (a) beýleki raýatlaryň hukuklaryny we abraýyny hormatlamak üçin; (b) milli howpsuzlygy ýa-da jemgyýetçilik tertibini (ordre public) ýa-da jemgyýetçilik saglygyny we ahlagyny goramak üçin zerur bolan birnäçe çäklendirmelere [...] sezewar edilip bilinjekdigi» hakynda aýdylýar.

CCPR-de «islegiňi beýan etmek erkinliginiň, ýygnaklaryň erkinliginiň we birleşmeleriň erkinliginiň ses hukugyndan netijeli peýdalanmagyň möhüm şertleri bolup durýandygy we olaryň doly goralmalydygy» barada aýdylýar. Mundan başga-da, CCPR GC10 hiç kimiň gatyşmazlygy bilen şahsy pikire bolan hukugyň Halkara paktyň esasynda mahrum etmelere we çäklendirmelere ýol berilmeýän hukukdygyny tassyklaýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri barada aýdylanda, CCPR GC 10 döwlet gatnaşyklarynyň çäklerinde «islegiňi erkin beýan etmek ýörelgesiniň hem-de şeýle çäklendirmeleriň we gadaganlyklaryň biri-birine täsiri şahsyýet hukugynyň hakyky gerimini kesgitleýär» diýip belleýär. Mundan başga-da, ICCPR GC19 «eger gatnaşyjy döwlet ygtykatlaryňy beýan etmek erkinliginiň ulanylyşy babatynda belli bir çäklendirmeleri belleýän bolsa, onda olar hukugyň özüni hemişe howp astynda goýýan däldir» diýip kesgitleýär. GC34-de köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ygtykatlaryňy beýan etmek erkinliginiň dürli jähtleri ara alyp maslahatlaşylýar.

## 14. Şahsy howpsuzlyga bolan hukuk

Adam howpsuzlygy şikeslerden azatlygy göz öňünde tutýar, ýöne şol bir wagtda raýatlaryň azatlygyna, şeýle-de, baş-başdaklyk bilen tussag edilmegiň we tutulyp saklanmagyň gadaganlygyna hem degişlidir, bu tutulyp saklanýan şahslaryň hukuklaryny öz içine alýar we degişli iş ýörediş kadalaryny goraýar. ICCPR 9-njy maddasynda şahsy eldegrilmesizlige bolan hukugyň diňe raýatlara däl-de, «hemmelere» degişlidigi sebäpli, ählitaraplaýyndygy nygtalýar. Ähli adamlaryň howpsuz ýagdaýda bolmak üçin şahsy eldegrilmesizlige hukugy bardyr: şikesden ýa-da şikes howpundan gaça durmak, şol sanda baş-başdaklyk bilen tussag edilmekden we tussag astynda saklanmakdan goranmak. Bu hukuk saýlaw prosesine gatnaşýan ähli raýatlara degişlidir: dalaşgärlere, saýlawlary dolandyryş edarasynyň işgärlerine, raýat guramalaryna, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine we saýlawçylara.

Şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuk syýasy dalaşgärleri we aktiwistleri saýlaw kampaniýasynyň dowamynda goraýar. ICCPR-de görkezilişi ýaly, «öz dalaşgärligini saýlawly wezipä hödürländigi üçin haýsydyr bir kemsitmelere (diskriminasiýa) sezewar edilmeli ýa-da oňaýsyz ýagdaýa salynmaly däldir»

Saýlaw prosesiniň dowamynda saýlawçylaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin CCPR «saýlawçylaryň gorkuzylmagy ýa-da mejbur edilmegi berk berjaý edilýän jenaýat kanunçylygynyň esasynda gadagan edilendir» diýip belleýär. Şeýle-de, «ses hukugy bolan raýatlar saýlawlarda islendik dalaşgäre ses bermek, sala-salşyga ýa-da ählihalk saýlawyna hödürlenen islendik teklibi goldap ýa-da onuň garşysyna erkin ses bermek hem-de hökümeti erkin goldamak ýa-da çendenaşa täsir ýa-da saýlawçylaryň islegini erkin beýan etmegine päsgel berip ýa-da bökdençlik döredip biljek mejbur etme bolmazdan, hökümetiň garşysyna çykyş etmek mümkinçiligine eýe bolmalydyr» diýlip, agzalýar.

Şeýle-de, Esasy düzgünnamalarda raýatlaryň rasa, dini we milli ýigrenje esaslanýan rasa kemsitmesinden we zorlukdan goralmaga bolan hukugy barada agzalýar. ICCPR-niň 20-nji maddasy milli kanunçylygyň jynsparazlyk (rasist) we ksenofob pikirleriň ýaýradylmagyny we şeýle ideologiýalara itergi berýän guramalaryň işini gadagan etmek bilen, adamyň howpsuzlygynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutmagy talap edýär. Hususan-da, bu borç köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işleriniň kadalaşdyryjy çarçuwalary ara alnyp maslahatlaşylanda nygtalýar.

## 15. Aýdyňlyk we maglumatlaryň elýeterliligine bolan hukuk

Her bir adamyň ähli döwlet düzümleriniň işi barada jemgyýetçilik maglumatlaryny soramaga we almaga hukugy bardyr. Döwlet ygtyýarlyklary berilen ähli edaralar we guramalar işleri aç-açan alyp barmaga borçludyrlar.

# Intro.3.1 Saýlawlar babatynda halkara borçnamalar

Maglumatlaryň elýeterliligine bolan hukuk, ICCPR-de tassyklanyşy ýaly, ygtykatlaryňy beýan etmek erkinligine bolan hukugyň üstüniň ýetirilmegi hasaplanyp bilner, sebäbi, bu hukuk «maglumatlaryň we haýsydyr bir pikirleriň soralmagynyň, alynmagynyň we ýaýradylmagynyň erkinligini göz öňünde tutýar». Maglumatlara bolan hukuk Birleşen Milletler Guramasynyň Korrupsiýa garşy konwensiýasynda orta atylyp, onda korrupsiýa garşy göreşde döwletiň «döwleti dolandyryş pudagynda, şol sanda onuň guramalarynda, işleýşinde we zerur halatynda çözgütleri kabul ediş proseslerinde aýdyňlygyň derejesini ýokarlandyrýan çäreleri görmelidigi» nygtalýar. Bu çäreler «giň jemgyýetçiligiň wekillerine degişli ýagdaýlarda şahsy giňişligiň we şahsy maglumatlaryň talabalaýyk nazarda tutulmagy bilen, döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan ilaty gyzyklandyrýan çözgütler we ýuridiki namalar hakynda çözgütleriň kabul edilişiniň guralyşy, işleýşi we prosesleri hakyndaky maglumatlary almaga mümkinçilik berýän iş ýörediş kadalarynyň we düzgünleriniň kabul edilmegini» aňladýar.

Mundan başga-da, BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasynyň 13.1 maddasy raýatlaryň korrupsiýa garşy göreşe gatnaşmagyny berkitmek boýunça çäre hökmünde gatnaşyjy döwletlerden «maglumatlaryň jemgyýetçilige netijeli elýeterliligini üpjün etmek arkaly» aýdyňlyga ýol açmagy talap edýär. BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy döwlet dolandyryşynyň ähli jähtlerini, şol sanda saýlawlary dolandyryş edaralarynyň işini kadalaşdyryp, aýdyňlyk olaryň işine bolan ynamy artdyrmaga ýardam edýär. Mundan başga-da, aýdyňlyk borjy saýlaw prosesiniň gyzyklanýan taraplaryna, has takygy, syýasy partiýalara we dalaşgärlere (BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy olaryň aýdyň bolmagyna çagyrýar), mundan soň bolsa saýlaw proseslerine gatnaşýan raýat jemgyýeti guramalaryny öz içine almak bilen, ähli gyzyklanýan taraplara degişlidir.

## 16. Korrupsiýanyň öňüni almak

Ähli raýatlaryň korrupsiýadan goranmaga hukugy bardyr. Döwletler ähli derejelerde, şol sanda, saýlaw prosesiniň dowamynda korrupsiýanyň öňüni almak boýunça zerur çäreleri görmäge borçludyr.

Korrupsiýanyň öňüni almagy we döwlet işleriniň bitewiligine itergi bermegi maksat edinip, BMG-niň Konwensiýasy halkara şertnamalar hukugyndaky boşlugy doldurýar. Onuň döwlet dolandyryşyny kadalaşdyrýan düzgünleri saýlawlary dolandyryş edaralary babatynda hem gönüden-göni ulanylyp bilner. BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy döwlet gullukçylaryny we beýleki döwlet işgärlerini «netijelilik, aýdyňlyk we bitiren hyzmatlary, adalatlylygy we hünär derejesi ýaly obýektiw kriteriýalar ýörelgesiniň» esasynda «işe kabul etmegiň, hakyna tutmagyň we gullugy boýunça wezipesini ýokarlandyrmagyň we gulluk möhletini uzaltmagyň, pensiýa çykarmagyň ulgamlaryny işläp düzmäge, olara eýermäge we olary berkitmäge» döwletleri ygtyýarlandyrýar.

Şeýle-de, BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy gatnaşyjy döwletleriň «şu Konwensiýanyň maksatlaryna laýyklykda we içerki kanunçylygyň esasy ýörelgelerine laýyklykda, döwlet wezipelerine saýlanmak üçin sese goýulýan dalaşgärler üçin kriteriýalary bellemek babatynda degişli kanunçylyk we administratiw çäreleri kabul etmek hakyndaky meselä garamalydygyny» tassyklamak bilen, saýlanýan wezipeli şahslary hem öz içine alýar. Saýlaw kampaniýalary bilen baglylykda, BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy gatnaşyjy döwletleriň «saýlawly döwlet wezipelerine dalaşgärleriň maliýeleşdirilmeginde we, ulanylýan halatynda, syýasy partiýalaryň maliýeleşdirilmeginde [...], aýdyňlygy güýçlendirmek üçin degişli kanunçylyk we administratiw çäreleri kabul etmek mümkinçiligine garamalydygyny» göz öňünde tutýar.

BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy kepillikleri, barlaglary we balanslary girizmek, şeýle-de, raýatlaryň we raýat jemgyýetiniň korrupsiýanyň öňüni almaga we oňa garşy göreşe işjeň gatnaşmagyny höweslendirmek arkaly häkimiýetiň ähli derejelerinde korrupsiýanyň öňüniň almaga gönükdirilendir. Şu babatda, BMG-niň Korrupsiýa garşy konwensiýasy saýlaw proseslerine dahylly çözgütleri kabul ediş prosesleriniň aýdyňlygyna we olara jemgyýetiň gatnaşmagyna degişli düzgünleri kabul edýär. Korrupsiýa saýlawçylaryň erkin islegini beýan etmegine zyýan ýetirip (ýa-da hatda ony ýok edip) biler we saýlaw kampaniýasyna gatnaşýan döwlet işgärleriniň we kazylaryň bitaraplygyna ynamy gaçyryp biler

## 17. Hukugyň hökümdarlygy

Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynyň (UDHR) girişinde «zuluma we ezilmä garşy aýaga galmagyň iň soňky serişdesi hökmünde» öňüni almak üçin «adamyň hukuklarynyň hukugyň hökümdarlygy bilen goralmalydygy» tassyklanýar. Hukugyň hökümdarlygy düşünjesi adamyň

hukuklaryny goramak üçin zerur hasaplanýan we halkara jemagat hukugynyň logiki esasy bolup durýan bolsa hem, ol barada halkara ylalaşyklarda sözme-söz aýdylmaýar. Hukugyň hökümdarlygyny üpjün etmek borjy kanunyň öňünde jogapkärçiligi, adam hukuklarynyň bozulmagy üçin jezasyzlyga garşy göreşi, hukuk kesgitliligini we çaklamany, şeýle-de, kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygyny we tarap tutmazlygyny döredýär. Bu raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda (ICCPR) aýdyň görkezilmedik hem bolsa, Halkara pakt hemmeleriň kanunyň öňünde deňliginiň kepilligi hökmünde hukugyň hökümdarlygynyň kesgitli jähtlerini goraýar, bu kanundan ýokarda hiç zadyň ýokdugyny aňladýar. Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktyň (ICCPR) hukuklaryň kanunda kepillendirilen bolmalydygy baradaky talaplary, hukugyň hökümdarlygynyň ýene-de bir elementini emele getirýän hukuk kesgitliligini üpjün edýär. Beýleki bir tarapdan, BMG-niň Konwensiýasy her bir «Gatnaşyjy-döwlet [...], gatnaşyjy döwletler tarapyndan berjaý edilmeli korrupsiýa garşy göreşmek boýunça syýasatlaryň we tejribäniň esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen, kanunyň hökümdarlygynyň ýörelgelerini şöhlelendirýär» diýip kesgitleýär.

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky paktyň 29-njy umumy tertipli belligi (CCPR GC29)«bölekleýin çäklendirmeler bilen bagly goranyş serişdeleri [...], tutuşlygyna Halkara pakta mahsus bolan kanunylyk we hukugyň hökümdarlygy ýörelgelerine esaslanandyr» diýip görkezýär. Mundan başga-da, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktyň 32-nji umumy tertipli belliginde (ICCPR GC32) tribunallaryň «hünär başarnygynyň, garaşsyzlygynyň we tarap tutmazlygynyň» «mahrum edilip bilinmejek absolýut hukukdygy» barada aýdylýar. Kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygyna ýene-de, 32-nji umumy tertipli bellikde (GC32) garalýar.

## 18. Netijeli hukuk goraýyş serişdelerine bolan hukuk

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara pakta (ICCPR) gatnaşyjy döwletleriň Pakt tarapyndan bellenen hukuklary güýje girizmegi boýunça kabul etmeli çäreleriniň bir bölegi hökmünde olar netijeli hukuk goraýyş serişdelerine bolan hukugy hem kepillendirmelidir. Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda (ICCPR) görkezilişi ýaly, gatnaşyjy döwletler «hukuklary we azatlyklary bozulan şahslaryň, bu bozulmanyň häkimiýetdäki şahslar tarapyndan amala aşyrylandygyna garamazdan, netijeli hukuk goraýyş serişdesine hukugynyň bolmagyny kepillendirmäge» borçludyrlar. Ähli raýatlaryň öz hukuklarynyň doly ulanylmagyna ymtylmak üçin ygtyýarly administratiw, kanunçylyk we kazyýet edaralaryndan wagtynda we netijeli hukuk goragyny almaga hukugy bolmalydyr. Mundan başga-da, bozulmalar entek hem dowam edýän bolsa, döwletler olaryň soňuna çykmalydyr. Serişdeler düşünjesiniň kazyýet edaralarynyň çäginden çykýandygy hem-de administratiw we kanunçylyk mehanizmlerini hem öz içine alýandygy sebäpli, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara pakt (ICCPR) «kazyýet goragynyň mümkinçiligini» ösdürmegiň ähmiýetini hem ykrar edýär.

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky pakt (CCPR) «Paktda berkidilen hukuklaryň netijeli goragyna goşmaça hökmünde, gatnaşyjy döwletleriň raýatlara bozulan hukuklary dikeltmegiň elýeterli we netijeli serişdelerini üpjün etmelidigini» ýatladýar. Administratiw goranyş serişdeleriniň bolmagynyň ähmiýeti köp ýagdaýlarda aýratyn ähmiýetli bolup biler.

Saýlaw pudagyndaky hukuk goraýyş serişdeleri babatynda aýdylanda, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky pakt (CCPR) «saýlawçylaryň ses berişligiň we sesleriň hasaplanyşynyň ygtybarlylygyna ynamy bolar ýaly ses berişlige we sesleriň hasaplanyşyna kazyýet tertibinde gaýtadan garalmagynyň elýeterli bolmalydygyny» görkezýär. Saýlaw prosesleriniň geçirilýän çäkli wagt aralyklaryny nazarda tutup, saýlawlar bilen bagly hak isleglerine aýratyn üns berilmelidir. Ähli hak islegleriniň we nägilelikleriň wagtynda güýje girmegi üçin olara wagtynda dessin tertipde garalmalydyr. 32-nji umumy tertipli belliklerde (GC32) bellenilişi ýaly, «diňlemeleriň adalatlylygynyň möhüm jähdi olaryň gysga wagtda geçirilmegidir».

## 19. Işiň adalatly we köpçülikleýin seljerilmegine bolan hukuk

Işiň adalatly we köpçülikleýin seljerilmegine bolan hukuk Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda (ICCPR) berkidilip, ol ähli raýatlaryň kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde deňdigini aýdýar. «Kazyýet prosesinde raýata ýa-da onuň hukuklaryna we borçlaryna bildirilýän islendik jenaýat aýyplamasyna garalanda, her bir adamyň işiň ygtyýarly, garaşsyz we tarap tutmaýan kazyýet tarapyndan kanuna laýyklykda adalatly we köpçülikleýin seljerilmegine hukugy bardyr».

# Intro.3.1 Saýlawlar babatynda halkara borçnamalar

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky pakt (CCPR) «kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde deňlige bolan hukugyň, umumy häsiýetleri boýunça, 14-nji maddanyň 1-nji bendiniň ikinji sözleminde agzalan deň elýeterlilik we taraplaryň deňligi ýaly ýörelgelere goşmaça hökmünde, kazyýet seljermesiniň ähli gatnaşyjylaryna olaryň hukuklaryny kemsitmezden (diskriminirlemezden) garalmagyny kepillendirýändigini» düşündirýär.

Ähli raýatlar üçin adalatly we köpçülikleýin diňlemäni üpjün etmek boýunça umumy borç, işlere tarap tutmaýan we garaşsyz kazyýetler tarapyndan wagtynda dessine garalmagy baradaky şuňa meňzeş talaba hem degişlidir. Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky paktyň 32-nji umumy tertipli belliginde (CCPR GC32) galjaňlygyň «diňlemäniň adalatlylygynyň möhüm jähdi» bolup durýandygy barada aýdylýar we ähli tapgyrlaryň «wagtynda birinji diňlemede ýa-da nägilelik tertibindäki diňlemede» bolup geçmelidigini kesgitleýär, bu saýlaw prosesiniň çäklerinde çäkli möhletlerde netijeli hukuk goraýyş serişdelerini gözlemek üçin örän möhümdir. Işiň adalatly we köpçülikleýin seljerilmegine bolan hukuga degişli düzgünler kwazi-kazyýet administratiw tertiplerine hem degişli bolup biler.

## 20. Döwletler hukuklaryň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmelidir

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara pakt (ICCPR) «her bir gatnaşyjy döwlet şu Paktda ykrar edilen hukuklaryň üpjün edilmegi üçin zerur bolan kanunçylyk we beýleki kadalar entek göz öňünde tutulmadyk bolsa, olaryň kabul edilmegi üçin şu Halkara Paktyň konstitusion kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda zerur çäreleri görmäge borçludyr» diýip hasaplamak bilen, tejribede barlanan we möhüm bolan borçlary gatnaşyjy döwletleriň üstüne ýükleýär. Şunlukda, döwletler Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktda (ICCPR) beýan edilen ähli hukuklaryň we borçlaryň kanunçylyk taýdan goldanmagy we teswirlenmegi üçin ähli zerur çäreleri görmelidirler.

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky pakt (CCPR) bu ýuridik borç «öz tebigaty boýunça şol bir wagtyň özünde hem negatiw hem-de pozitiw bolup durýar. Gatnaşyjy döwletler Halkara Paktda ykrar edilen hukuklary bozmakdan saklanmaly we bu hukuklaryň islendik çäklendirmesine Paktyň degişli düzgünleri tarapyndan rugsat berilýän bolmalydyr. Şeýle çäklendirmeleriň bolan ýerlerinde döwletler olaryň zerurdygyny subut etmeli hem-de paktda berkidilen hukuklaryň üznüksiz we netijeli goragyny üpjün etmek üçin kanuny maksatlaryň gazanylmagyna gönükdirilen çäreleri kabul etmelidir» diýip hasaplaýar.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

Haýsydyr bir ýurtda saýlawlary dolandyrmagyň modeli meýilleşdirmäniň bitewi garaşsyz prosesiniň esasynda, şonuň ýaly-da, döwlet dolandyryşynyň bar bolan ulgamyna uýgunlaşdyrmak bilen düzülip bilner. Öň koloniýanyň düzüminde bolan döwletlerde dolandyryş modeli kolonial dolandyryş ülňileriniň güýçli täsiriniň astynda bolup biler. Mümkin bolan görnüşleriň köpdürliligine garamazdan, saýlawlary dolandyrmagyň üç esasy görnüşini ýa-da modelini tapawutlandyrmak bolar: garaşsyz, hökümet we garyşyk.




**MST** – Merkezi saýlaw topary

**Saýlawlary dolandyrmagyň üç esasy modeliniň düzüm birlikli SDE-niň (saýlawlary dolandyryş edarasynyň) häsiýetleri**

| Modeliň we düzümleýin SDE-niň jähdi | Garaşsyz model | Hökümet modeli | Garyşyk model | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Garaşsyz düzüm birlik | Hökümet düzüm birligi |
| **Institutlaýyn mehanizm** | Ýerine ýetiriji häkimiýete intitusional taýdan garaşly däl | Hökümet departamentiniň we/ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň düzümine girýär ýa-da ýolbaşçylygynyň astynda ýerleşýär. | Häkimiýetiň ýerine ýetiriş pudagyna institusional taýdan garaşly däl. | Hökümet departamentiniň we/ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň düzümine girýär ýa-da ýolbaşçylygynyň astynda ýerleşýär. |
| **Durmuşa geçirme** | Durmuşa geçirilmegi üçin doly jogapkärçilik çekýär. | Ýerine ýetirilişi üçin jogapkärçilik häkimiýetiň ýerine ýetiriş pudagynyň üstüne ýüklenen. | Syn etmek ýa-da gözegçilik etmek üçin özygtyýarlylyga eýe bolup durýar, käbir ýagdaýlarda bolsa, durmuşa geçirmegiň düzgünleri bellenendir. | Ýerine ýetirilişi üçin jogapkärçilik häkimiýetiň ýerine ýetiriş pudagynyň üstüne ýüklenen; syn we gözegçilik, şeýle-de, käbir ýagdaýlarda durmuşa geçirmegiň düzgünleriniň kesgitlenmegi garaşsyz düzüm birlikli SDE |

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | tarapyndan amala aşyrylýar. |
| **Resmi hasabatlylyk** | Ýerine ýetiriji häkimiýete hasabat bermeýär, ýöne (seýrek kadadan çykma bilen) kanunçykaryş edarasyna, adyl kazyýetlik edaralaryna we döwlet baştutanyna resmi taýdan hasabat berýär. | Häkimiýetiň ýerine ýetiriş pudagyna doly hasabat berýär | Häkimiýetiň ýerine ýetiriş pudagyna hasabat bermeýär we kanunçykaryş edarasyna, adyl kazyýetlik edaralaryna we döwlet baştutanyna resmi taýdan hasabat berýär. | Häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagyna doly hasabat berýär. |
| **Ygtyýarlyklary** | Kanuna laýyklykda kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny işläp düzmek boýunça ähli ygtyýarlyklara eýe*. | Ygtyýarlyklar durmuşa geçirmek bilen çäklendirilendir. | Köplenç saýlawlary kanuna laýyklykda geçirmek üçin kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny işläp düzmek boýunça ygtyýarlyklary bardyr. Saýlawlary geçirýänlere syn edýär we gözegçilik edýär. | Ygtyýarlyklar durmuşa geçirmek bilen çäklendirilendir. |
| **Düzümi** | Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň düzümine girmän, SDE-de wezipeleri eýeleýän agzalardan durýar. | Başynda ministr ýa-da döwlet gullukçysy durýar. Seýrek ýagdaýlardaky kadadan çykmalar hasaba alynmasa, agzalary ýokdur, diňe sekretariaty bar. | Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň düzümine girmän, SDE-de wezipeleri eýeleýän agzalardan durýar. | Başynda ministr ýa-da döwlet gullukçysy durýar. Agzalary ýokdur, diňe sekretariaty bar. |
| **Ygtyýarlyklaryň möhleti** | Wezipede bolmagyň kepilliklerini üpjün edýär, ýöne ygtyýarlyklaryň kesgitlenen möhletini hökmany ýagdaýda kepillendirmeýär. | Adatça, agzalary ýok, şol sebäpli, düzgünnama ulanylmaýar. Sekretariatyň işgärleri döwlet gullukçylary bolup, olaryň ygtyýarlyklarynyň möhleti kepillendirilen däldir. | Wezipede bolmagyň kepilliklerini üpjün edýär, ýöne ygtyýarlyklaryň kesgitlenen möhletini hökmany ýagdaýda kepillendirmeýär. | Ygtyýarlyklaryň möhleti kepillendirilmeýär. |
| **Büjet** | Öz ygtyýarlygynda büjeti bar we ony garaşsyz ýagdaýda dolandyrýar, köneçil hökümet gözegçiliginden azat. | Büjet – döwlet ministrliginiň büjetiniň ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň büjetiniň düzüm bölegi. | Aýratyn bölünip berlen büjeti bar. | Býujet – döwlet ministrliginiň büjetiniň ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň büjetiniň düzüm bölegi. |

* Saýlawlary dolandyrmagyň garaşsyz ýa-da garyşyk modeliniň ulanylýan birnäçe ýurtlarynda düzgünleşdirme ygtyýarlyklaryna eýe bolan garaşsyz SDE (saýlawlary dolandyryş edaralary) ýokdur.

### *Saýlawlary dolandyrmagyň garaşsyz modeli*

Saýlawlary dolandyrmagyň garaşsyz modeli saýlawlaryň institusional taýdan ýerine ýetiriji häkimiýete garaşly bolmadyk we özygtyýarly SDE (saýlawlary dolandyryş edarasy) tarapyndan guralýan we dolandyrylýan ýurtlarynda ulanylýar; saýlawlary dolandyryş edarasynyň agzalary ýerine ýetiriji häkimiýetiň çäginden daşarda ýerleşýär. Saýlawlary dolandyrmagyň garaşsyz modeli SDE-niň ygtyýarynda hususy büjetiniň bolmagyny, ony dolandyrmagyny we hökümetiň haýsydyr bir ministrligine ýa-da departamentine hasabat bermezligini göz öňünde tutýar. Şol bir wagtda ol kanunçykaryjy edara, adyl kazyýetlik edaralaryna we ýa-da döwletiň baştutanyna hasabat berip biler. SDE (saýlawlary dolandyryş edarasy) bu modeliň çäklerinde maliýe özbaşdaklygynyň dürli derejesine eýe bolup, şeýle-de, saýlawlary geçirmegiň hili üçin dürli derejede jogapkärçilik çekip biler. Köpsanly

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

täze, ýaňy kemala gelip barýan demokratiýalar bu modeli saýladylar, şol sanda: Ermenistan, Bosniýa we Gersogowina, Burkina-Faso, Kanada, Kosta-Rika, Estoniýa, Gruziýa, Hindistan, Indoneziýa, Liberiýa, Mawrikiý, Nigeriýa, Polşa, Günorta Afrika, Taýland we Urugwaý.

Birnäçe ýurtlarda saýlawlary dolandyrmak üçin iki edara döredilip, bularyň ikisi hem ýerine ýetiriji häkimiýete garaşly däldir we garaşsyz SDE (saýlawlary dolandyryş edaralary) hasaplanyp bilner. Bu edaralaryň biri adatça saýlaw prosesine degişli syýasy çözgütler üçin jogapkärçilik çekýär, beýlekisi bolsa, geçirilmegi we durmuşa geçirilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Şeýle-de, saýlawlaryň geçirilişini amala aşyrýan SDE-ni, işgärler we dessin meseleler babatynda syýasy meseleler bilen meşgullanýan SDE-dan aýyrmaga gönükdirilen düzgünler kabul edilip bilner. Garaşsyz modeliň çäklerinde şeýle «iki esse garaşsyz» ulgamyň mysallary Ýamaýkadaky we Rumyniýadaky saýlawlary guraýyş ulgamlarydyr.

**Garaşsyz modeliň çäklerinde SDE (saýlawlary dolandyryş edarasy) nähilidir, ol nähili bolup biler we näme BOLUP DURMAÝAR?**

| Jäht | Esasy alamatlar | Mümkin bolan alamatlar | SDE näme bolup durmaýar |
|---|---|---|---|
| **Institutlaýyn mehanizmi** | Häkimiýetiň ýerine ýetiriş şahasyna institusional taýdan garaşly däldir. | | Departamentiň, hökümetiň we/ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň düzümine girmeýär. |
| **Durmuşa geçirilişi** | Durmuşa geçirilmegi üçin doly jogapkärçilik çekýär. | Şahsy hukuklaryň goralmagyna degişli işde hak isleýji ýa-da jogap beriji bolup çykyş edip biljek ýuridiki şahs (mysal üçin, Azerbaýjan, Botswana, Kongo Demokratiki Respublikasy, Keniýa we Litwa) bolup ýa-da ýuridiki şahs bolman (mysal üçin, Mozambik) biler. | Konstitusiýanyň ýa-da kanunyň çäginden daşarda ÝERLEŞMEÝÄR. |
| **Resmi hasabat berijilik** | Ynsaply dolandyryş ulgamyny ýükleýän çäklendirmeleriniň çäginde hereket edýär. | Düzgün bolşy ýaly, kanun çykaryjy edara, adyl kazyýetlik edaralaryna ýa-da döwlet baştutanyna resmi taýdan hasabat berýär. Maliýe garaşsyzlygynyň we hasabat berijiligiň dürli derejesine eýe bolup biler. Maliýe garaşsyzlygyna eýe bolup biler, bu hususy büjetiň düzülmeginde, häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagyny iň az möçberde çekmek bilen, döwlet maliýeleşdirmesiniň ulanylyşynda ýüze çykýar. Saýlawlaryň geçirilişiniň hili üçin dürli derejede jogapkärçilik çekip biler. | Häkimiýetiň ýerine ýetiriji şahasyna resmi taýdan hasabat BERMEÝÄR. Syýasy, maliýe jogapkärçiliginden, şeýle-de, saýlawlaryň geçirilişiniň hili we ynsaply dolandyryş talaplarynyň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilikden boşadylan DÄLDIR. |
| **Ygtyýarlyklar** | Kanuna laýyklykda kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň işlenip düzülmegi üçin ähli ygtyýarlyklara eýedir. | Düzgün bolşy ýaly, saýlawlary kanuna laýyklykda geçirmegiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny işläp düzmek üçin zerur bolan ygtyýarlyklara eýedir. | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | Adatça, saýlawlary geçirmek üçin giň gerimli umumy ygtyýarlyklara eýe bolup durýar. Öz işgärlerini hakyna tutmaga, işden boşatmaga we olara düzgün-nyzam çäresini ulanmaga ygtyýarly bolup biler. Şahsy satyn almalar ulgamyny we hasaba alyş tertibini bellemek ygtyýarlyklaryna eýe bolup biler. | |
| **Düzümi** | Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna degişli bolmadyk, şol bir wagtda SDE-de wezipeleri eýeleýän agzalardan durýar. | Agzalar syýasy birleşmeleriň düzümine girmeýän garaşsyz bilermenler ýa-da jemgyýetçilik işgärleri bolup biler. | |
| **Ygtyýarlyklaryň möhleti** | Öz agzalaryna wezipede bolmagy kepillendirýär. | Agzalaryň ygtyýarlyklarynyň möhleti bellenendir. | Agzalar häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagy tarapyndan esassyz işden boşadylyp BILINMEZ |
| **Býujet** | Öz ygtyýarynda büjeti bar we ony garaşsyz dolandyrýar, köneçil hökümet gözegçiliginden azatdyr. | Kanunçykaryjy edara tarapyndan ýörite bölünip berilýän büjete ygtyýarlyk edip biler. Häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagyndan ýa-da donorlaryň jemgyýetçiliginden maliýeleşdirmäni alyp biler. | Hiç bir döwlet ministrliginiň büjetine GIRMEÝÄR. |
| **Işgärler** | Özüniň işgärlere bolan zerurlygyny, düzgünlerini we syýasatyny kesgitlemek meselelerinde garaşsyzlyga eýedir. | | Işgärleriň döwlet gullukçylary bolmagy hökman DÄLDIR. |

### *Saýlawlary dolandyrmagyň hökümet modeli*

Saýlawlary dolandyrmagyň hökümet modeliniň bolan ýurtlarynda saýlawlar kesgitli ministrligiň (mysal üçin, Içeri işler ministrligi) üsti bilen ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan we/ýa-da ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan guralýar we dolandyrylýar. SDE bu modeliň çäklerinde umumymilli derejede bar bolanda, olar ministr ýa-da döwlet gullukçysy tarapyndan dolandyrylýar we ministrler kabinetine hasabat berýär. Birnäçe ýagdaýlar hasaba alynmasa, olaryň «agzalary» ýokdur. Olaryň büjeti döwlet ministrliginiň we/ýa-da ýerli häkimiýet edaralarynyň büjetidir.

Bu modelden peýdalanýan ýurtlara mysal hökmünde Daniýany, Singapury, Şweýsariýany, Beýik Britaniýany (haçanda gürrüň sala-salşyklar hakynda däl-de, saýlawlar hakynda gidýän bolsa) we Birleşen Ştatlary atlandyrmak bolar. Şwesiýada, Şweýsariýada, Beýik Britaniýada we Birleşen Ştatlarda saýlawlar ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan geçirilýär. Şwesiýada we Şweýsariýada merkezi SDE syýasy meseleleri utgaşdyrýan edaranyň wezipesini ýerine ýetirýär.

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

**Hökümet modeliniň çagindäki SDE nähilidir, ol nähili bolup biler we ol näme bolup DURMAÝAR?**

| Jähdi | Esasy alamatlar | Mümkin bolan alamatlar | SDE näme bolup durmaýar |
|---|---|---|---|
| **Institutlaýyn mehanizm** | Hökümet edarasynyň departamentiniň we/ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň düzümine girýär. | Ýerli häkimiýet departamenti ýa-da agentligi ýa-da ýerli häkimiýet edarasy bolup biler. | Häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagyna garaşly bolmadyk institut DÄLDIR. |
| **Durmuşa geçirilişi** | Durmuşa geçirmek häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagynyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýar. | Durmuşa geçirmek boýunça borçlar ministrlikler, pudaklaýyn edaralar ýa-da ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan bölüşilip bilner. | |
| **Hasabat beriş** | Doly syýasy, maliýe jogapkärçiligini, saýlawlaryň geçirilişiniň hili üçin we häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagynyň öňünde ynsaply dolandyryş üçin jogapkärçilik çekýär. | | |
| **Ygtyýarlyklary** | Ygtyýarlyklar durmuşa geçirmek bilen çäklendirilendir. | Köplenç beýleki pudaklaýyn edaralar we häkimiýetiň ýerli edaralary bilen birlikde saýlawlaryň geçirilişi üçin jogapkärçilik çekýär. | Düzgünleşdirmek üçin zerur bolan garaşsyz ygtyýarlyklary ÝOK. |
| **Düzümi** | Başynda ministr ýa-da döwlet gullukçysy durýar. | Birnäçe kadadan çykmalar hasaba alynmasa, agzalary ýok, diňe sekretariat bar. SDE-nyň agzalarynyň (eger bar bolsa) we sekretariatyň agzalarynyň saýlanyşy diňe ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan amala aşyrylyp bilner. | |
| **Ygtyýarlyklaryň möhleti** | | Düzgün bolşy ýaly, agzalary ýok, şunlukda, ygtyýarlyklarynyň möhleti hem ýok. | Agzalar häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagy tarapyndan esassyz işden boşadylyp BILINMEZ. |
| **Býujet** | Büjet döwlet ministrliginiň büjetiniň düzümine girýär. | Donorlaryň jemgyýetçiliginden maliýeleşdirmäni alyp biler. | Şahsy büjetiniň meseleleri boýunça çözgütleri KABUL ETMEÝÄR. |
| **Işgärler** | Esasan, döwlet gullukçylaryndan ybarat. | Birnäçe ýagdaýlarda işgärler döwlet gullugynyň bir bölegi bolup durmaýan beýleki pudaklardan çekilýär. | Öz işgärlerini işe alyp ýa-da işden boşadyp BILMEÝÄR. |

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

## *Saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk modeli*

Saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk modeli, düzgün bolşy ýaly, saýlawlary dolandyrmagyň iki düzümli edaralaryny we iki gurluşy öz içine alýar: (1) syýasy meseleler, monitoring we gözegçilik üçin jogapkärçilik çekýän, häkimiýetiň ýerine ýetiriji şahasyna garaşly bolmadyk SDE (edil garaşsyz modeliň çäklerindäki SDE ýaly), şeýle-de, (2) saýlawlaryň geçirilişini amala aşyrýan, hökümet departamentiniň we/ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň düzümine girýän SDE (hökümet modeliniň çäklerindäki SDE ýaly). Garyşyk model saýlawlaryň hökümet düzümleýin, ýöne belli bir derejede garaşsyz SDE tarapyndan üpjün edilýän gözegçilik astynda ýerleşen SDE-ni guramagyny göz öňünde tutýar. Garyşyk model Fransiýada, Ýaponiýada, Ispaniýada we köpsanly öňki fransuz koloniýalarynda, aýratyn hem Günbatar Afrikada, mysal üçin Mali we Senegalda ulanylýar.

Garaşsyz düzümleýin SDE-niň ygtyýarlyklary, ýerine ýetirýän işleri we häkimiýeti hökümet düzümleýin SDE garanda, garyşyk modelleriň dürli mysallarynyň görkezişi ýaly, tapawutlanýar. Bu modeli ulanýan anyk ýurduň toparlandyrylyşy käte beýle bir aýdyň däldir. Geçmişde garaşsyz düzümleýin SDE käte, gözegçiligiň resmi funksiýasyny ýerine ýetirýän modele garanda biraz uludy, ýöne bu shema ýuwaş-ýuwaşdan ýitip barýar. Mysal üçin, Senegalda ondan ýüz öwürýärler. Beýleki ýagdaýlarda garaşsyz düzümleýin SDE hökümet düzümleýin SDE tarapyndan amala aşyrylýan gözegçiligi amala aşyrýar we saýlaw prosesiniň tapgyrlarynyň geçirilişini barlaýar, şeýle-de, Kongoda (Brazzawil) bolşy ýaly, netijeleri jemleýär we yglan edýär. Fransuz dilinde gürlenýän ýurtlaryň birnäçesinde Konstitusiýa Geňeşi saýlawlary jemlemek we netijelerini yglan etmek bilen meşgullanýar hem-de oňa garyşyk modeliň çäklerinde garaşsyz düzümleýin SDE hökmünde garamak bolar. Çadda bu saýlawlaryň däl-de, diňe sala-salşyklaryň geçirilişine degişli bolup durýar. Saýlawlaryň çäkleýin dolandyryş Ministrligi tarapyndan guralýan ýeri bolan Malide Garaşsyz milli saýlaw toparynyň we Konstitusiýa kazyýetiniň özi netijeleri jemleýär; şunlukda ýurduň üç düzümli (bir hökümet we iki sany garaşsyz) SDE bar.

Garyşyk modelde düzümleýin SDE-niň arasyndaky gatnaşyklar hemişe kanunçylykda ýa-da tejribede aýdyň kesgitlenen däldir, netijede çaknyşyk ýüze çykyp biler. 1999-njy ýylyň saýlawlarynda, şol döwürde garyşyk modeli ulanýan Gwineýa döwletinde köpçüligiň we garşydaş tarapyň (oppozisiýanyň) wekilleri garaşsyz düzümleýin SDE-da onuň saýlawlara gözegçilik etmek we barlamak wezipesine degişli gapma-garşy çemeleşmeleri görkezdi; şunlukda onuň netijeliligi barada jedelleşildi.

### *Saýlawlary dolandyrmagyň üç esasy modeliniň çäklerinde SDE-nyň alamatlary*

Saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk modeli dürli gurluşlary, içerki gatnaşyklaryň görnüşlerini we tapawutlandyryjy alamatlary öz içine alýar. 1-nji tablisada görkezilen häsiýetlerden başga, olaryň esasy we ikinji derejeli tapawutlandyryjy aýratynlyklaryny ulgamlaşdyrmak kyn. Saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk modeliniň çäklerinde düzümleýin SDE-niň arasyndaky gatnaşyklar olaryň aýratynlyklary we iş usullary kesgitlenende örän düýplidir. Saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk modelini düzgünleşdirýän netijeli kadalaşdyryjy-hukuk binýady syýasy meseleler, synlamak we gözegçilik etmek bilen meşgullanýan düzümleýin SDE-niň we saýlawlaryň geçirilişi bilen meşgullanýan SDE-nyň arasyndaky ygtyýarlyklaryň we wezipeleriň bölünişini, şeýle-de olaryň arasyndaky özara gatnaşyklary anyk kesgitleýär. 4-nji Tablisada saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk ulgamynyň çäklerinde düzümleýin SDE-nyň tapawutlandyryjy aýratynlyklarynyň birnäçe mysallary görkezilendir.

Hemişelik ýa-da wagtlaýyn SDE-ni döretmegiň ýerliklidigini ýa-da däldigini kesgitlemek üçin tutuş saýlaw döwrüniň dowamynda onuň ýüküni seljermek zerurdyr, hemişelik edaranyň maliýeleşdirilmegi üçin çykdajylary bolsa, her bir saýlawlar üçin täze dolandyryş edarasynyň döredilmegi üçin zerur bolan çykdajylar we wagt bilen deňeşdirmek zerurdyr. Wagtlaýyn SDE-ni döretmegiň maksadalaýyk görülen ýerlerinde, saýlawlara degişli bolan institusional ýadyň nähili goldanjakdygyna garamak zerurdyr. Yzygiderli saýlaw wakalarynyň, mysal üçin, yzygiderli saýlawlardan öňki işleriň we saýlawçylaryň hasaba alynmagynyň bolýan ýerlerinde ýa-da saýlawlar ulgamyny kämilleşdirmek boýunça üznüksiz işleriň zerur bolan ýerlerinde, hususan-da, saýlawçylaryň yzygiderli aň-bilimini artdyrmak we olara maglumat bermek hem-de saýlaw kanunçylygynyň üýtgedip gurulmagynyň delillendirilmegi zerur bolanda, hemişelik hereket edýän edaranyň bolmagy esasly bolup durýar. Ermenistan, Awstraliýa, Braziliýa, Kanada, Indoneziýa, Meksika, Fillipinler, Günorta Afrika we Taýland ýaly ýurtlarda hemişelik SDE işleýär.

Birnäçe ýurtlarda diňe saýlawlar döwründe hereket edýän wagtlaýyn SDE bar. Şeýle ýurtlar islendik modele – garaşsyz, hökümet ýa-da garyşyk modele eýerip biler. Käbir ýagdaýlarda hökümet modeli wagtlaýyn bolmaly, sebäbi, saýlawlary geçirýän döwlet gullukçylarynyň eýeleýän wezipesi boýunça

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

başga borçlary bar we saýlawlary dolandyryş edarasyndaky wezipesine diňe saýlawlar döwründe saýlanýar. Muňa garamazdan, Şwesiýa ýaly saýlawlary dolandyrmagyň hökümet modelini ulanýan birnäçe ýurtlar saýlawlar meselesi, şol sanda, saýlawlaryň arasyndaky döwürde saýlawçylaryň sanawyny täzelemek bilen meşgullanýan işgärleriň uly bolmadyk ştatyny saklaýarlar. Garyşyk modeli ulanýan birnäçe ýurtlarda düzümleýin hökümet SDE institutlaýyn ýady saklamak üçin hemişelik bolup durýarlar, düzümleýin garaşsyz SDE bolsa, wagtlaýyn bolup, diňe saýlawlar döwründe düzülýär.

**Saýlawlary dolandyrmagyň garyşyk modeliniň çäklerinde Saýlawlary dolandyryş edarasynyň alamatlarynyň mysallary**

| Ýurt | Fransiýa | | Ýaponiýa | |
|---|---|---|---|---|
| **Düzümleýin SDE** | **Garaşsyz düzümleýin SDE** | **Hökümet düzümleýin SDE** | **Garaşsyz düzümleýin SDE** | **Hökümet düzümleýin SDE** |
| **Ady** | Konstitusiýa geňeşi | Içeri işler ministrligi, saýlawlar ofisi | Saýlawlary dolandyrmagyň umumy geňeşi (SDUG) | Içeri işler we kommunikasiýa ministrligi, saýlawlar departamenti |
| **Düzümi** | Konstitusiýa tarapyndan kesgitlenen 9 agzaly edara, agzalar şeýle bellenýär: 3 agza Prezident tarapyndan, 3 agza Milli Assambleýa tarapyndan we 3 agza senat tarapyndan bellenýär. | Göz öňünde tutulmadyk | 5 agza parlament tarapyndan bellenýär | Göz öňünde tutulmadyk |
| **Gurluşy** | Hemişelik | Hemişelik | Wagtlaýyn. Ygtyýarlyklaryň möhleti – 3 ýyl. | Hemişelik |
| **Düzümleýin SDE arasyndaky gatnaşyklar** | Diňe gözegçilik we birnäçe jedelleriň çözülmegi | Saýlaw prosesiniň guramaçylygy we ýolbaşçylygy, esasy funksiýalar. | Ministrligiň düzümindäki Sekretariat saýlawlary dolandyrmagyň umumy geňeşine administratiw goldaw berýär; saýlawlary dolandyrmagyň umumy geňeşiniň teswirnamalary ministrligiň web-saýtynda ýerleşdirilýär. | SDUG-yň tabşyryklarynyň we çözgütleriniň durmuşa geçirilmegi, olaryň sebitleýin we ýerli derejelerdäki merkezden ep-esli uzaklaşdyrylan SDE-niň kömegi bilen ýeine ýetirilmegini üpjün etmek. |
| **Düzümleýin SDE-niň anyk ygtyýarlyklary we ýerine ýetirýän işleri** | Prezident saýlawlaryna gatnaşmak üçin ýüztutmalaryň kabul edilmegi. Prezident saýlawlarynyň we sala-salşyklaryň yzygiderliligine, şeýle-de, olaryň netijeleriniň yglan edilişine gözegçilik. Parlament saýlawlarynyň netijeleri baradaky jedelleriň çözülişi. | Ähli saýlawlaryň guralyşy we dolandyrylyşy. | Umumy ýolbaşçylygyň amala aşyrylmagy we umumymilli saýlawlaryň dolandyrylyşyna gözegçilik edilmegi. | Saýlawlaryň ähli jähtleriniň geçirilişiniň dolandyrylmagy. |

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

| Ýurt | Senegal | | Ispaniýa | |
|---|---|---|---|---|
| **Düzümleýin SDE** | **Garaşsyz düzümleýin SDE** | **Hökümet düzümleýin SDE** | **Garaşsyz düzümleýin SDE** | **Hökümet düzümleýin SDE** |
| **Ady** | Awtonom milli saýlaw topary | Içeri işler ministrligi, saýlawlaryň umumy direksiýasy | Merkezi saýlaw geňeşi | Içeri işler ministrligi, saýlawlaryň umumy direksiýasy |
| **Düzümi** | Konstitusiýa geňeşinde kasam edýän 12 agza | Göz öňünde tutulmadyk | Ýokary kazyýetiň 8 kazysy + 5 bilermen (politologiýa, hukuk ylmy we sosiologiýa we ş.m. boýunça professorlar, birlikde syýasy partiýalar tarapyndan teklip edilen, parlamentde wekillik edilýän. Başlyk we başlygyň orunbasary merkezi saýlaw geňeşi tarapyndan 8 kazydan saýlanýar. | Göz öňünde tutulmadyk |
| **Gurluşy** | Hemişelik | Hemişelik | Hemişelik. Düzümi her bir parlament saýlawyndan soň dört ýylda bir gezek täzelenýär. | Hemişelik |
| **Düzümleýin SDE-niň arasyndaky gatnaşyklar** | Saýlaw prosesiniň geçirilişine garaşsyz gözegçilik, synlama we barlag | Ähli saýlaw prosesiniň guralyşy we dolandyrylyşy. | Ähli saýlaw prosesine gözegçilik. | Saýlawlary geçirmegiň ähli funksiýalarynyň ýerine ýetirilmegi. Möhüm çözgütleri kabul etmek üçin beýleki düzümleýin edara bilen maslahatlaşmak borjy hasaplanýar. |
| **Düzümleýin SDE-niň anyk ygtyýarlyklary we ýerine ýetirýän işleri** | Hasaba alyşa we saýlaw prosesiniň geçirilişine garaşsyz gözegçilik, synlama we barlag. | Tutuş saýlaw prosesiniň guralyşy we dolandyrylyşy. | Saýlaw wakalaryna, dalaşgärleriň hödürlenmegine, şikaýatlara garalmagyna, netijeleriň yglan edilmegine we orunlaryň paýlanmagyna gözegçilik. | Saýlawçylaryň hasaba alynmagy, sesleriň sanalmagy, saýlaw logistikasy. |

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.4.1 Saýlawlary dolandyrmagyň modelleri

## Saýlawlary dolandyrmagyň üç esasy modeliniň artykmaçlyklary we kemçilikleri

| | Artykmaçlyklary | Kemçilikleri |
|---|---|---|
| **Garaşsyz** | ▪ Işgärleriň saýlaw korporatiw meňzeşliginiň we ussatlygynyň ösdürilmegi üçin ýaramly şertleri üpjün edýär.<br>▪ Raýatlar saýlawlary dolandyrmaga çekilende mümkin bolan çäklendirmeleriň has az bolmagy, sebäbi saýlawlary dolandyryş edarasynyň gapdaldan zehinli işgärleri çagyrmaga mümkinçiligi bar.<br>▪ Saýlawlary geçirmek wezipesine ünsi jemlemek saýlaw wezipeleriniň has netijeli meýilleşdirilmegine we has yzygiderli institutlaşdyrylmagyna getirip biler.<br>▪ Hususy maliýeleşdirmä we saýlaw prosesiniň çäreleriniň durmuşa geçirilişine gözegçilik.<br>▪ Saýlawlaryň dolandyrylyşy, düzgün bolşy ýaly, dürli hyzmatlary üpjün edijileriň zähmeti ulanylýan hem bolsa, ýeke-täk gözegçilik astynda ýerleşýär.<br>▪ Saýlawlaryň kanunylygy has az şübhe döredýär, sebäbi SDE adalatly we syýasy häkimiýetiň gözegçiliginde bolmadyk edara hökmünde kabul edilýär. | ▪ Syýasy we saýlaw ulgamynyň çäklerinde çözgütleri kabul edýän şahslardan izolirlenen bolup biler.<br>▪ Ýeterlik ýa-da öz wagtynda maliýeleşdirmäni almak üçin syýasy täsire eýe bolman biler.<br>▪ Işgärleriň geldi-geçerligi korporatiw tejribäni we institusional ýady azaldyp biler.<br>▪ Işgärler býurokratiki ýa-da korporatiw kadalar we düzgünler bilen iş salyşmak endiklerine ýa-da tejribesine eýe bolman biler.<br>▪ Has ýokary harajatlary göz öňünde tutup biler, sebäbi, institusional garaşsyzlyk harajatlary pes bolan ýa-da harajatlary bolmadyk hökümet düzümlerini saýlawlar geçirilende olaryň saklanyşyna çekmek mümkinçiligini kynlaşdyrýar. |
| **Hökümet** | ▪ Üznüksiz korporatiw ýada we durnuklylyga eýe.<br>▪ Ştatyň býurokratiki meselelerde tejribesi bar.<br>▪ Saýlaw hyzmatlary üpjün edilende hökümetiň beýleki departamentleri bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin mümkinçiliklere eýe bolup durýar.<br>▪ Hökümetiň pudaklaýyn edaralarynyň içindäki serişdeleriň sinergiýasy we olaryň arasyndaky özara gatnaşyklar arkaly çykdajylar nukdaýnazaryndan artykmaçlyklara eýe.<br>▪ Hökümetiň içinde häkimiýete we täsire eýe bolup durýar. | ▪ Oňa bolan ynam gaçyp biler, sebäbi Saýlawlary dolandyryş edarasyna hereket edýän hökümet bilen baglanyşykly ýa-da syýasy basyşa sezewar bolan edara hökmünde düşünilýär.<br>▪ Maliýeleşdirmäni paýlamak we saýlaw syýasatyny işläp düzmek nukdaýnazaryndan hökümet edaralarynyň ýa-da ýerli häkimiýet edaralarynyň içerki çözgüdiniň obýekti bolup durýar.<br>▪ Saýlawlary geçirmek üçin zerur bolan talabalaýyk endikleri bolan ştaty bolman biler.<br>▪ Býurokratiki ulgam saýlawlary dolandyryş ulgamynyň zerurlyklaryna laýyk gelmän biler.<br>▪ Saýlaw administrasiýasy häkimiýetiň ýerine ýetiriji şahasynyň dürli gün tertipli köpsanly bölümçeleriniň arasynda bölünip bilner. |
| **Смешанна я** | ▪ Garaşsyz saýlawlary dolandyryş edarasynyň görnükli agzalaryna bolan ynam saýlawyň kanunylygyny güýçlendirip biler. Çözgütleriň we gözükdirmeleriň durmuşa geçirilişi bilen | ▪ Oňa bolan ynam hökümet düzümleriniň saýlaw çärelerini durmuşa geçirişi bilen baglylykda bozulyp biler, şeýle-de, synçynyň ygtyýarlyklary saýlaw prosesiniň |

| | | |
|---|---|---|
| | meşgullanýan SDE üznüksiz korporatiw ýada we durnuklylyga eýe bolup durýar.<br>▪ Býurokratiki meselelerde tejribeli, daşyndan çekilen zehinler bilen üsti ýetirilen ştata eýe bolup durýar.<br>▪ Saýlawlaryň geçirilişi bilen meşgullanýan SDE saýlaw hyzmatlary edilende hökümetiň beýleki departamentleri bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin ähli mümkinçiliklere eýe bolup durýar.<br>▪ Garaşsyz saýlawlary dolandyryş edarasynyň öz syýasatyna we maliýeleşdirmesine gözegçiligi bar. Saýlawlaryň geçirilişi bilen meşgullanýan SDE pudaklaýyn edaralarynyň içindäki serişdeleriň sinergiýasy we olaryň arasyndaky özara gatnaşyklar arkaly çykdajylar nukdaýnazaryndan artykmaçlyklara eýe.<br>▪ Iki bölekli düzüm daşky gözegçiligiň bardygyna garamazdan barlaglaryň geçirilmegini üpjün edýär. | dowamynda bozulmalary düzetmek üçin ýeterlik bolman biler.<br>▪ Garaşsyz saýlawlary dolandyryş edarasynyň agzalarynyň arasynda işgärleriň geldi-geçerligi korporatiw tejribäni we institusional ýady azaldyp biler.<br>▪ Garaşsyz SDE ýeterlik ýa-da öz wagtyndaky maliýeleşdirmäni almak üçin örän ujypsyz syýasy täsire eýe bolup biler. Saýlawlaryň geçirilişi bilen meşgullanýan SDE maliýeleşdirmäni paýlamak we saýlaw syýasatyny işläp düzmek nukdaýnazaryndan hökümet edaralarynyň ýa-da ýerli häkimiýet edaralarynyň obýekti bolup durýar.<br>▪ Garaşsyz SDE-niň işgärleriniň hakyky syýasy iş endikleri ýeterlik bolman biler. SDE-niň durmuşa geçirmek bilen meşgullanýan býurokratiki ulgamy saýlawlary dolandyryş ulgamynyň zerurlyklaryna laýyk gelmän biler.<br>▪ Saýlaw administrasiýasy häkimiýetiň ýerine ýetiriji şahasynyň dürli gün tertipli köpsanly bölümçeleriniň arasynda bölünip bilner. |

## Merkezeşdirilen we merkezi däl SDE

Saýlawlary dolandyryş edarasynyň häkimiýetiniň bir ýere toplanma derejesi ýa-da ygtyýarlyklaryň geçirilmegi köp babatda ýurtda döwlet häkimiýetiniň gurluşyna bagly bolup durýar. Unitar döwletlerde saýlawlaryň geçirilişi üçin jogapkärçilik umumymilli derejede kesgitlenýär. Federal döwletler umumymilli derejede we köplenç aýratyn hukuk giňişliklerinde işleýän her bir ştatda/prowinsiýada aýry-aýry SDE düzüp biler hem-de dürli saýlaw ulgamlaryny durmuşa geçirip biler.

Saýlawlary dolandyryş edarasynyň häsiýeti, düzgün bolşy ýaly, Fillipinlerdäki ýaly ýeke-täk kanunyň bir bölegi bolup durýandygyna ýa-da Indoneziýadaky ýaly, saýlawlaryň dolandyrylyşyny ýörite düzgünleşdirýän aýratyn kanun bolup durýandygyna garamazdan, saýlawlar hakyndaky kanun bilen kesgitlenýär. Kadalaşdyryjy-hukuk binýady merkezi ýa-da umumymilli saýlawlary dolandyryş edarasyna berilýän ygtyýarlyklaryň we wezipeleriň hem-de sebitleýin saýlawlary dolandyryş edarasyna ýa-da has pes derejeli saýlawlary dolandyryş edarasyna berilýän ygtyýarlyklaryň we wezipeleriň arasyndaky tapawutlary belläp biler. Unitar döwletlerde häkimiýetiň we wezipeleriň şunuň ýaly dikligine bölünişi bir sany umumymilli saýlawlary dolandyryş edarasynyň dürli derejeleriniň arasynda ýa-da Beýik Britaniýadaky ýaly, umumymilli we ýerli saýlawlary dolandyryş edaralarynyň arasynda bolup geçip biler. Unitar ulgamlaryň umumy häsiýeti, mysal üçin, Kosta-Rikada, Ganada we Fillipinlerde bolşy ýaly, ähli saýlawlara jogap berýän, hem prowinsial hem-de ýerli derejede öz garamagyndaky ofislerine ygtyýarlyk edýän bir sany merkezi SDE-nyň bar bolmagydyr. Kanunlary umumymilli, sebitleýin we hatda oba derejesinde aýratyn, ierarhiki taýdan hasabat berýän saýlawlary dolandyryş edarasynyň bolmagyny belleýän ýurtlar, köplenç dürli aýry-aýry ygtyýarlyklary her bir derejä geçirýärler. Indoneziýa, Litwa we Slowakiýa ýaly köp ýurtlarda merkezi SDE saýlawlaryň geçirilişi bilen bagly birnäçe işleriň ýerine ýetirilmegi üçin ygtyýarlyklary geçirýär.

Hökümet modelini ýa-da garyşyk modeli ulanýan ýurtlar saýlaw çäreleriniň ählisi ýa-da aýratyn bir bölegi geçirilende ýerli häkimiýet edaralaryna daýanyp biler. Mysal üçin, Şwesiýada syýasy meseleleri utgaşdyrmak bilen meşgullanýan milli SDE-dan we saýlawlary dolandyrýan ýerli häkimiýet edaralaryndan durýan saýlawlary dolandyrmagyň ýeterlik derejede merkezleşdirilmegi gowşadylan gurluşy işleýär. Şol bir wagtyň özünde Wengriýada we Şweýsariýada käbir ygtyýarlyklar ýerli SDE-na

geçirilýär. Saýlawlaryň geçirilmegi boýunça ygtyýarlyklaryň we jogapkärçilikleriň ýerli häkimiýet edaralarynyň üstüne ýüklenmegi talabalaýyk gözegçilik bolmazdan, saýlawlaryň geçirilişinde yzygiderliligiň üpjün edilişini, hyzmat edişiň derejesini we hili çylşyrymlaşdyryp biler, diýmek ahyrky netijede, hereketleriň erkinligine we adalatlylygyna täsir edip biler. Birleşen Ştatlar şeýle gurluşyň kynçylyklarynyň aýdyň mysaly bolup durýar.

SDE-nyň merkezi däl gurluşlary SDE-nyň işinde esasan hem olaryň saýlawçylaryň hasaba alynmagy ýaly wagtal-wagtal gaýtalanyp durýan wezipeleriň ýerine ýetirilişi üçin jogapkärçilik çekýän ýerlerinde yzygiderliligi üpjün edip biler.

Merkezi däl SDE hatda wagtlaýyn we has pes derejelerde bolsa hem, raýatlaryň gatnaşygyny we saýlawlary dolandyrmagyň aýdyňlygyny ýokarlandyryp biler. Muňa garamazdan, merkezi däl SDE hyzmatlary üpjün etmegiň durnukly hilini goldamakda dolandyryş meselesi bilen gabatlaşyp biler.

Hemişelik SDE-ny goldamak üçin sebitleýin we/ýa-da has pes derejelerdäki SDE bilen deňeşdirilende durnukly we has köp çykdajylaryň zerurdygyny nazarda tutmak gerek. Şeýle-de, onuň bar bolmagynyň berýän artykmaçlyklaryny hem nazarda tutmaly.

## Federal ýurtlarda saýlawlary dolandyryş edaralary

Federal ýurtlarda umumymilli we prowinsial derejedäki SDE-nyň aýratyn awtonom gurluşlary bolup biler. Şeýle SDE-nyň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýeti, şeýle-de, olaryň her biriniň ygtyýarlyklary we borçlary kanunyň degişli düzgünleri bilen kesgitlenýär. Şeýle gatnaşyklaryň birnäçe görnüşleri bar.

- Awstraliýada we Kanadada umumymilli SDE umumymilli (federal) saýlawlaryň geçirilişi üçin jogapkärçilik çekýär, şol bir wagtda prowinsial SDE prowinsial we ýerli saýlawlaryň geçirilişi üçin jogäpkärçilik çekýär.
- Braziliýada döwlet SDE, düzgün bolşy ýaly, ähli saýlawlaryň geçirilişi üçin jogapkärçilik çekýär; şeýle-de, umumymilli SDE saýlawlaryň jeminiň jemlenmegi hem-de umumymilli derejede wezipeleri paýlamagyň netijeleriniň yglan edilmegi bilen meşgullanýar.
- Hindistanda umumymilli SDE döwlet saýlawlaryna umumy syny, gözegçiligi we olaryň dolandyrylyşyny amala aşyrýar. Bu saýlawlaryň geçirilişi üçin gönüden-göni jogapkärçilik ýokary derejeli döwlet gullukçysy bolup durýan, umumymilli SDE tarapyndan bellenen döwlet saýlaw toparynyň başlygynyň üstüne ýüklenýär.
- Nigeriýada umumymilli SDE federal we döwlet saýlawlarynyň we sala-salşyklarynyň geçirilmegi boýunça jogapkärçilik çekýär, prowinsial SDE bolsa diňe ýerli saýlawlaryň geçirilmegi boýunça jogapkärçilik çekýär.
- Russiýa Federasiýasynda merkezi SDE umumymilli derejede ähli federal saýlawlar üçin jogapkärçilik çekýär; sebitleýin SDE federasiýanyň düzümine girýän 89 etrapdaky saýlawlar üçin jogapkärçilik çekýär; pes derejeli SDE federal saýlawlaryň geçirilişi üçin merkezi SDE-nyň öňünde hem-de respublikan, sebitleýin we ýerli saýlawlaryň geçirilişi üçin sebitleýin SDE-nyň öňünde jogapkärçilik çekýär.
- Şweýsariýada umumymilli SDE syýasy meseleleriň utgaşdyrylmagy üçin jogapkärçilik çekýär, ýerli häkimiýet edaralary bolsa saýlawlary dolandyrýar.

Federal ulgamda umumymilli derejedäki SDE-nyň we federal derejedäki SDE-nyň arasynda köplenç belli bir derejede bäsdeşligiň bardygyna garamazdan, netijeli hyzmatdaşlygyň hem mysallary bardyr. Mysal üçin, Awstraliýada saýlawlar hakyndaky döwlet kanunlary prowinsial we ýerli saýlawlar üçin saýlawçylaryň reýestriniň uumymilli SDE bilen bilelikde alnyp barylmalydygyny gönüden-göni göz öňünde tutýar, şunda prowinsiýalar öz reýestrlerini ýöretmeli däldir. Hereketleriň saýlaw kanunçylygynda berkidilen, şuňa meňzeş utgaşdyrylmasynyň artykmaçlygy serişdeleriň ep-esli tygşytlanmagydyr.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.4.1 Saýlaw dolandyryş edaralarynyň (SDE) düzümi, orny we işleýişi

## Saýlaw dolandyryş edaralarynyň (SDE) düzümi, orny we işleýişi

Saýlaw dolandyryş edarasynyň(SDE) işini amala aşyrmak üçin saýlawlaryň umumy syýasatyny kesgitlemek, şeýle hem giň gerimli administratiw we logistiki amallary ýerine ýetirmek zerurdyr. Saýlawlara ýolbaşçylyk etmegiň döwlet ülňüsi ulanylýan ýerde bu amallaryň ikisi hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň bir ýa-da birnäçe edarasyna girýän döwlet gullukçylary tarapyndan ýerine ýetirilýär. Döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň agzalary bolan ministrleriň hem döwlet ülňüsiniň çäklerinde SDE-niň syýasatyny işläp taýýarlamaklyga işjeň gatnaşýandygyna garamazdan, köplenç oňa saýlawlaryň direktorynyň wezipesini ýa şoňa meňzeş wezipäni ýerine ýetirýän sekretariatyň baştutany jogap berýär. Has köp ýaýran tejribä laýyklykda, hökümet SDE-niň degişli wezipä ýörite bellenilen agzalary bolmaýar; köplenç ol tutuşlygyna sekretariatyň işgärlerinden (döwlet gullukçylaryndan) duryar. Kadadan çykma hökmünde Çehiýa Respublikasyny görkezmek bolar, ol ýerde SDE-niň agzalary häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagy tarapyndan bellenilýär.

SDE-de garaşsyz ülňiniň çäklerinde saýlawlaryň syýasatyny işläp taýýarlamak wezipesini şu işi amala aşyrmak üçin degişli wezipä ýörite bellenen ýerine ýetiriji häkimiýetden daşarky pudaklaryň aýry-aýry wekilleri (ýagny SDE-niň agzasy) öz üstüne alýar. Olaryň orny korporasiýanyň dolandyryjy agzalarynyň ornuna çalymdaşdyr – ýagny SDE-e ýolbaşçylyk etmek – şeýle-de bolsa, SDE-niň agzalary köplenç ýagdaýlarda iş bilen doly meşgul bolmak ýörelgesi bilen hereket edýärler we köp derejede korporasiýanyň direktorlarynyň geňeşiniň işinden tapawutlylykda ýagdaýa «elin» gözegçilik edýärler. Şeýlelikde, garyşyk ülňüde garaşsyz agzaly SDE «direktorlar geňeşiniň» agzalarynyň ýolbaşçylygy astynda ýerleşýär.

«Garaşsyz ülňi», «garaşsyz agzalar» adalgalarynyň ulanylmagyny gönüden-göni SDE-niň garaşsyzlygy bilen deň hasaplamaly däldir. Syýasy partiýalar tarapyndan bellenen adamlar garaşsyz hereket edip bilerler, ýöne öz hünär taýdan ýörite bilimleri arkaly wezipä bellenen adamlar bölekleýin häkimiýet edaralarynyň gözegçiligi astynda işläp bilerler.

### SDE agzalygy

AU Düzgünnamanyň düzgünlerini sekretariatynyň çäginde saýlaw goldaw bölümini döretmek arkaly durmuşa geçirdi. Şuňa meňzeş gurluşlar sebitleýin guramalarda döredildi: Günorta Afrika Ösüş Bileleşigi (SADC) we Günbatar Afrika döwletleriniň ykdysady bileleşigi (ECOWAS). SDE bilen baglanyşykly täsirli sebit şertnamasynyň bir mysaly, demokratiýa we gowy dolandyryş baradaky ECOWAS teswirnamasy (2001), agza döwletler adalatly ýa-da bitarap saýlaw dolandyryş edaralaryny we saýlaw prosesi bilen baglanyşykly jedelleriň öz wagtynda çözülmegini üpjün edýär. Kanun taýdan tassyklanan şertnamalardan we kararlardan başga-da, halkara sebit guramalarynyň hökmany däl kararlary hem bar. 2005-nji ýylyň oktýabr aýynda BMG we birnäçe halkara we sebit guramalary Halkara saýlawlara gözegçilik etmek üçin Global ýörelgeler jarnamasyny kabul etdiler. Netijede, başga-da köp guramalar oňa goşuldy. SADC sebitinde Günorta Afrikanyň Saýlaw Instituty we SADC Saýlaw Komissiýalary Forumy bilelikde saýlawlary dolandyrmak, gözegçilik we gözegçilik ýörelgelerini işläp düzdüler we kabul etdiler, SADC mejlis forumy bolsa öz saýlaw kadalaryny we tejribesini ösdürdi. Bu ýörelgeler we teklipler azatlyk, adalatlylyk we bitewülik üçin saýlawlara baha bermekde gözegçilik missiýalaryna ýol görkezýär.

# Intro.5.2 Kadalaşdyryjy-hukuk binýady

## Konstitusiýa

Has köp ýurt öz konstitusiýalarynda SDE-niň görnüşlerini, düzümini we ygtyýarlyklaryny goşmak bilen, saýlaw kanunçylygynyň esasy düzgünlerini göz öňünde tutýar. Bangladeş, Kosta-Rika, Gana, Hindistan, Indoneziýa, Günorta Afrika we Urugwaý ýaly ýurtlarda SDE-ler konstitusion guramalaryň statusyna eýe, bu bolsa bu statusyň we beýleki konstitusiýa düzgünleriniň aňsat üýtgemegine ýol bermeýär. Köplenç konstitusiýa kadalary adaty kanunlardan has ýokary goraga eýe: konstitusiýa üýtgetmeler girizmek parlamentde ýa-da referendumda has ýokary köplügi talap edýär. Häkimiýet başyndaky partiýalaryň saýlaw düzgünlerini isleýşi ýaly üýtgetmeginiň öňüni alýan konstitusiýa päsgelçiligi, ýönekeý parlament köplügi bilen üýtgedilip bilinjek kanunlara ýa-da adaty kanunlara garanyňda, oppozisiýa has gowy goranyş duýgusyny berýär.

Konstitusiýa köplenç saýlaw hukugynyň şeýle ýörelgeleri girizilýär:

- SDE garaşsyzlygy;
- SDE-niň düzümi we emele geliş tertibi;
- SDE-niň ygtyýarlyklary;
- SDE-niň wezipeleri we ygtyýarlyklary;
- Saýlawçylary hasaba almak üçin ses bermek hukugy ýa-da şertleri;
- Syýasy partiýalaryň hukuklary;
- Saýlaw etraplaryny kesgitlemek üçin ygtyýarlyklar ýa-da parametrler;
- Prezident saýlaw ulgamlary;
- Milli kanun çykaryjy saýlaw ulgamlary;
- Biriniň kandidaturasyny hödürlemek hukugy ýa-da şertleri;
- Saýlawlaryň geçirilmeli aralyklary ýa-da iň ýokary aralyklary;
- Saýlaw prosesi bilen baglanyşykly jedelleri çözmegiň mehanizmleri.

Milli konstitusiýalarda şöhlelenýän saýlaw kanunlarynyň düzgünleriniň mazmuny we tebigaty ýerli zerurlyklara baglylykda düýpgöter tapawutlanýar.

- Awstriýanyň konstitusiýasy SDE-niň düzümini, saýlaw kanunlarynyň subýektlerini, konstitusion kazyýetiň saýlaw prosesi we saýlaw ulgamy bilen baglanyşykly jedelleri çözmekde tutýan ornuny kesgitleýär.
- Bangladeşiň konstitusiýasy SDE-niň ygtyýarlyklaryny, garaşsyz statusyny we wezipelerini, ses bermek hukugyny, dalaşgärleriň kärini we saýlawlaryň arasyndaky iň ýokary aralyklary kesgitleýär.
- Kamerunyň konstitusiýasy syýasy partiýalaryň hukuklaryny, dalaşgärlere bildirilýän talaplary, saýlawlaryň arasyndaky iň ýokary aralyklary we Ýokary Kazyýetiň we Konstitusion kazyýetiň saýlaw prosesi bilen baglanyşykly jedelleri çözmek ygtyýarlyklaryny kesgitleýär.
- Kosta-Rikanyň konstitusiýasy SDE-niň garaşsyzlygyny, düzümini we wezipelerini, ses bermek hukugyny, syýasy partiýalaryň hukuklaryny, şol sanda döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegi, saýlaw ulgamlaryny we dalaşgärleriň talaplaryny kesgitleýär.
- Çehiýanyň konstitusiýasy ses bermek hukugyny, saýlaw ulgamyny we saýlawlaryň arasyndaky iň ýokary aralyklary kesgitleýär.
- Gananyň konstitusiýasy ses bermek hukugyny, SDE-leriň döredilmegini, syýasy partiýalary döretmek we şeýle partiýalara agza bolmak hukugyny we saýlaw okruglarynyň çäklerini kesgitlemegiň kadalaryny düzgünleşdirýär.
- Hindistanyň konstitusiýasynda SDE-ni döretmek üçin düzgünler bar we ses bermek hukugy we saýlawçylaryň sanawy, saýlaw prosesi bilen baglanyşykly kazyýet işine gatyşmagy gadagan etmek, Jemgyýetçilik palatasynda kanuny taýdan kesgitlenen "kastalar" we "taýpalar" üçin ýerleri saklamak ýaly meseleler düzgünleşdirilýär.

- Madagaskaryň konstitusiýasy dalaşgärleriň hukuklaryny, parlament we prezident saýlawlary üçin saýlaw ulgamlaryny, konstitusiýa kazyýetiniň saýlaw prosesindäki ornuny we baglanyşykly jedelleri çözmegi kesgitleýär.
- Namibiýanyň konstitusiýasy prezident saýlawlaryna gatnaşmagyň talaplaryny we proseduralaryny kesgitleýär.
- Perunyň konstitusiýasy, saýlaw prosesine gözegçilik edýän we partiýalary bellige almak, saýlaw netijelerini yglan etmek we saýlaw jedellerini çözmek üçin jogapkär Milli Saýlaw Kazyýetiniň özbaşdaklygyny, düzümini we wezipelerini kadalaşdyrýar. Mundan başga-da, Milli Saýlaw Ofisine materiallary we logistikany guramak, ähli saýlaw işleri üçin sesleri maliýeleşdirmek we sanamak hukugyny berýär; býuronyň başlygy wezipesine dalaşgärlere talaplary kesgitleýär; Milli kesgitleýiş we raýat sanawyna bellige alyş maglumatlaryna esaslanýan saýlawçylaryň sanawyny döretmäge ygtyýar berýär.
- Rumyniýanyň konstitusiýasy raýatlaryň ses bermek we saýlanmak hukugyny kesgitleýär we hemişelik saýlaw guramasynyň döredilmegini we işini kadalaşdyrýan organiki kanunyň kabul edilmegini göz öňünde tutýar.

Saýlaw kanunlarynyň şol bir taraplaryna bagyşlanan konstitusiýa kadalary düýbünden başgaça bolup biler. "SDE garaşsyzlygy" konstitusiýa kesgitlemesiniň iki mysalyna seredeliň:

"Şu Konstitusiýada ýa-da şu Konstitusiýa ters gelmeýän başga kanunlarda başgaça göz öňünde tutulan halatlardan beýleki halatlarda, Saýlaw topary öz wezipelerini ýerine ýetirmekde haýsydyr bir häkimiýetiň ýa-da adamyň täsirine ýa-da gözegçiligine sezewar edilmez" (Gananyň konstitusiýasynyň 46-njy maddasy).

"Umumy saýlawlar, milli, hemişelik we garaşsyz umumy saýlawlar topary tarapyndan gurnalýar" (Indoneziýa konstitusiýasynyň 22E (5) maddasy).

Saýlaw kanuny üçin düzgünler konstitusiýada göz öňünde tutulan bolsa, bu saýlaw ulgamyna bolan ynamy artdyrýar, ýöne düzgünler gaty jikme-jik bolsa, kynçylyklary döredip biler. Bu ýagdaýda olary üýtgetmek iş ýüzünde kynçylyk döredip biler, sebäbi konstitusiýa üýtgetmeler girizmek baradaky talaplary kanagatlandyrmak kyn bolar ýa-da gaty uzaga çeker.

Saýlaw kanunlarynyň konstitusiýada jikme-jik görkezilmegi, halkyň saýlawlary guramak üçin jogapkär milli häkimiýetlere bolan ynam derejesine baglydyr. Döredilen demokratiýa we kanun çykaryjy, umuman döwlete we esasanam saýlawlary guramaga ýokary derejede ynamly ýurtlaryň köpüsinde konstitusiýalarda SDE döretmek üçin düzgünler ýok. Şol bir wagtyň özünde, köp ýurtda (we diňe ösüp barýan demokratik ýurtlarda däl) saýlaw kanunçylygynyň esasy konstitusiýa düzgünlerini öz içine alýan giňişleýin we jikme-jik kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň esasynda işleýän doly hukukly we garaşsyz SDE-leri tapyp bolýar. Konstitusiýa düzgünleriniň kanuny güýji we aýdyňlygy gyzyklanýan taraplaryň saýlaw prosesine bolan ynamyny güýçlendirýär.

## Saýlaw kanunçylygy: hereketler we kararlar

SDE-ler kanun esasynda - kanun çykaryjy edaranyň hereketi bilen döredilip bilner. Awstraliýa, Burkina Faso we Kanadanyň SDE-leri tutuşlygyna kanun esasda döredildi. Düzgün bolşy ýaly, döwlet SDE-lerinde ýörite kanun ýok we wezipeleri saýlaw kanunçylygynda döwlet edaralaryna ýüklenilýär. Şol bir wagtyň özünde, ýazmaça konstitusiýasy bolmadyk Angliýada (mysallara serediň), SDE-niň wezipelerini referendumlarda ýerine ýetirýän saýlaw toparynyň ýagdaýy kanun tarapyndan kesgitlenendir.

Eger-de saýlaw kanunçylygynda aşakdaky talaplar berjaý edilen bolsa, bu oňyn görlezijidir:

- saýlaw prosesiniň kanunçylyk binýady aç-açan kesgitlenýär we boşluklary doldurmak we SDE-niň düzgünnamalarynda ýa-da administratiw tejribesinde bu düzgünleri jikme-jik kesgitlemek ygtyýarlyklary aç-açan berilýär;
- milli SDE we kömekçi SDE statusy kesgitlenilen, şol sanda jogapkärçiligi, ygtyýarlyklary, borçlary we wezipeleri;
- kanunçylyk SDE-niň saýlawlary guramak bilen baglanyşykly ähli ugurlarda netijeli we aç-açan işlemegi üçin anyk we ýeterlik jikme-jik esas berýär: agzalarynyň we işgärleriniň bellenilmegi we ygtyýarlyklary; saýlawçylary we dalaşgärleri hasaba almak, syýasy kampaniýalar, bilim we

saýlawçylaryň maglumatlary bilen baglanyşykly dolandyryş meseleleri; SDE aýdyňlygy; ses bermek, sesleri sanamak we netijeleri yglan etmek; maliýe meseleleri we aktiwleri dolandyrmak; hukuk bozulmalary we saýlaw prosesi bilen baglanyşykly jedelleri çözmek.

Saýlaw kanunçylygy, şeýle hem, saýlaw okruglaryny aýyrmagyň ýörelgelerini we proseduralaryny, SDE-niň agzalary we işgärleri, syýasy partiýalar, döwlet habar beriş serişdeleri we synçylar üçin iş etikasynyň kodlaryny düzgünleşdirip biler.

Düzgünleşdiriji çarçuwanyň käbir elementleri tertipnamalarda bolup biler, mysal üçin, SDE görkezme görnüşinde kadalaşdyryjy talaplary bermäge ygtyýarly bolsa; federal ýa-da welaýat kanunçylygynda federal ştatda kanunlar görnüşinde; şäher häkimliginiň kararlary görnüşinde.

Sebitleýin we ýerli saýlawlaryň geçirilişini düzgünleşdirýän kadalar köplenç aýratyn kanunçylyk namalarynda bolýar. Federal ştatlarda merkez bilen sebitleriň arasynda konstitusion häkimiýet bölünişiginiň aýratynlyklaryna baglylykda milli we sebit saýlawlary üçin aýratyn kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny döretmek zerur bolup biler. Saýlawçylary bellige almak ýa-da ses bermek proseduralary ýaly milli we sebit kanunlarynyň arasyndaky gapma-garşylyklar we gyşarmalar saýlawçylary bulaşdyryp biler. Federal we sebit SDE-leriniň arasynda yzygiderli geňeşmeler bu meselelerden gaça durmaga ýardam edip biler.

Mundan başga-da, adatdan daşary guramalara saýlawlar geçirilende, umumy kanunçylyk şertnamasynyň çäginde milli kanunçylykda SDE-niň gurluşyny kesgitlemegiň zerurlygy bolup biler. Ýewropa Parlamentine seretsek, Ýewropa derejesindäki hukuk resminamalarynda bar bolan düzgünler esasan umumydyr we Ýewropa Parlamentine saýlawlary guramagyň gurluşyny aýry-aýry agza döwletler kesgitleýär.

Konstitusiýanyň saýlaw kanunlary bilen kanunlaryň arasyndaky deňagramlylyk ýaly, kanunlaryň we kararlaryň saýlaw hukugynyň düzgünleriniň arasyndaky deňagramlylyk hem ünsli gözden geçirilmelidir. Saýlaw kanunlary adalatlylygy we netijeliligi üpjün etmek üçin ýeterlik jikme-jik bolmaly, ýöne SDE-niň işinde ownuk üýtgeşmeler üçin kanuny üýtgetmeli däl. Mysal üçin, kanunçylykda artykmaç jikme-jiklikler, kanunçylyk üýtgetmeleri bolmazdan, SDE işgärleriň iş tertibini ýa-da dolandyryş görnüşlerini üýtgedip bilmez we ofis ulgamlaryny awtomatlaşdyryp bilmez. Saýlaw prosesi kanun çykaryş möhleti gutarandan soň bolup geçýän şertlerde, saýlaw kanunçylygy SDE-lere üýtgeýän saýlaw ýagdaýlaryna jogap bermäge mümkinçilik bermek üçin ýeterlik çeýeligi üpjün etmeli.

Döwrebap saýlaw mehanizmi bir ýa-da birnäçe kanuna esaslanyp biler. Däp bolşy ýaly, saýlaw kanunçylygy jikme-jik kesgitlenýär, ýöne gurluşyna we diline düşünmek aňsat däldi. Gaýta-gaýta üýtgeşmeler girizilen we hemmetaraplaýyn gözden geçirilişe we ylalaşyga sezewar edilmedik kanunçylyga düşünmek aýratyn kyn bolup biler.

Saýlaw prosesiniň ähli taraplaryny öz içine alýan ýeke-täk, giňişleýin kanun kyn bolup biler, ýöne düzgünlerine salgylanmagy we gözden geçirmegi aňsatlaşdyrar. Dürli meseleler boýunça anyk kanunlar (Indoneziýada, SDE, syýasy partiýalar, saýlawçylaryň sanawy, kanun çykaryjy saýlawlar, prezident saýlawlary, ýerli saýlawlar) saýlaw prosesinde anyk çärelere salgylanmagyň ýönekeý we aýdyň usulyny üpjün edýär. Şol bir wagtyň özünde, dürli kanunlaryň kadalarynyň arasyndaky gapma-garşylyklary aradan aýyrmak köp wagt alyp biler. Başga bir wariant hem mümkin. Wengriýada saýlaw kanunçylygynyň düýpli düzgünleri (ses bermek hukugy, kabul ediş ölçegleri, tapgyrlaryň sany we ulgamyň görnüşi) aýratyn kanunlarda (kanun çykaryjy organda, ýerli saýlawlarda, sala salşyklarda) bar we saýlaw prosesi umumy kanunlardan, umumy saýlawlardan hökmany we dürli saýlawlar üçin ýörite düzgünlerden ybarat.

IDEA-nyň "Saýlawlar üçin halkara jogapkärçilikler: Düzgünleşdiriji çarçuwanyň ýörelgeleri" atly halkara neşiri, saýlaw kadalaşdyryjy hukuk binýadyny işläp düzmekde we täzeden gözden geçirmekde göz öňünde tutulmaly birnäçe meseläni ara alyp maslahatlaşýar.

## SDE-niň kadalaşdyryjy hereketleri

Käbir ýurtlarda SDE-lere täze kanunlary kabul etmek ýa-da esasy kanunçylygyň üstüni ýetirýän täze hereketleri döretmek arkaly hukuk binýadyny kadalaşdyrmak hukugy berilýär. Bu, häzirki kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny çalt üýtgetmäge mümkinçilik berýän täsirli mehanizmdir.

Mysal üçin, Urugwaý SDE-leri karar kabul edip bilerler we hökümetiň beýleki şahalary tarapyndan

garalyp bilinmejek çäreleri talap edip bilerler. Ýagny, kanun çykaryjy wezipeleri bar (saýlaw prosesini düzgünleşdirýän kanunlary kabul edýär), kazyýet wezipeleri (kanunlary gözden geçirip we düşündirip bilýär we bu kararlar hökmanydyr) we ýerine ýetiriş funksiýalary (döredýän düzgünlerini we kanunlaryny ýerine ýetirmek) bar.

SDE-lere, esasanam garaşsyz SDE-lere, kanunda bar bolan düşünjeleri jikme-jikleşdirýän ýa-da kanunçylyk boşluklaryny doldurýan täzeden seredilen düzgünleri çykarmak hukugyny bermek has giňden ýaýran tejribedir. Döwlet eýeçiligindäki SDE-lerde bu ygtyýarlyklar ýerleşýän ministrligine degişli bolup biler. Ýurtlaryň köpüsinde şeýle düzgünler, adatça kazyýet ýa-da konstitusiýa kazyýeti tarapyndan SDE ýa-da ministrligiň ygtyýarlyklaryna, beýleki kanunlara laýyk gelýändigini anyklamak üçin seredilip bilner.

Gambiýa, Taýland we Yemen ýaly ýurtlarda SDE-niň işini ýeňilleşdirmek, şol sanda saýlawlary geçirmek üçin düzgünleri kabul etmek hukugy bar. Namibiýada SDE kanun tarapyndan çap edilmegi talap edilýän we syýasy partiýalaryň özüni alyp baryş şertleri, saýlawçylary hasaba almagyň prosessual meseleleri we daşary ýurt maliýeleşdirmesiniň partiýa aýan edilmegi ýaly meseleleri düzgünleşdirýän düzgünleri çykaryp biler. Indoneziýada SDE-leriň käbir möhüm meseleler boýunça, şol sanda: saýlawçy we dalaşgärleri hasaba almak, kampaniýa we ses bermek ýaly ýörite kadalaşdyryjy ygtyýarlyklary bar.

OAB karar çykarmak ygtyýarlyklaryny diňe konstitusiýa we saýlaw kanunçylygyna laýyklykda ulanmalydyr.

OAB-laryň köpüsi öz işgärleri bilen gatnaşyklar (gender deňligi, ýörite goldaw maksatnamalary, üstünlikleri dolandyrmak, işgärleri ösdürmek) we daşarky gyzyklanýan taraplar bilen gatnaşyklar ýaly görkezmeleri we düzgünnamalary bermäge ygtyýarly edilendir. Daşarky gyzyklanýan taraplar ministrlikleri, hususan-da Maliýe ministrligini, kanun çykaryjylary, syýasy partiýalary, jemgyýetçilik guramalaryny we habar beriş serişdelerini öz içine alýar.

Kanun tarapyndan çap edilmegi talap edilýän kanunlardan tapawutlylykda, SDE-ler elmydama ýol berilýän bolsa-da, kanunlaryny neşir etmeli däldirler. SDE-niň aktlary SDE tarapyndan resmi taýdan tassyklanmaly bolsa, SDE ýygnagynyň beýany görnüşinde resminamalaşdyrylyp bilner. SDE-niň ynamyny we goldawyny ýokarlandyrmak üçin täze ýa-da köne syýasatlary täzeden gözden geçirmezden ozal gyzyklanýan taraplar bilen maslahatlaşmagy möhümdir.

# Intro.5.2 Saýlaw hukuk binýadynyň derejeleri

**Saýlawlar üçin kanunçylyk binýady, üýtgeşmelere ýer berýän aşakdaky çeşmeleri öz içine alýar:**

| Kanunçylygyň görnüşi | Ygtyýarlyklar | Çeýeligi |
|---|---|---|
| **Konstitusiýa** | Öz konstitusion ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan konstitusion topar ýa-da kanun çykaryjy häkimiýet | Üýtgeşmeleriň amala aşyrylmagy kynçylyklar bilen bagly, çünki köplenç belli bir köpçüligiň kararyny we anyk proseduralary talap edýär |
| **Halkara parahatçylykly ylalaşyk** | Parahatçylykly ylalaşyga gol çeken ýurtlaryň ýolbaşçylary | Üýtgeşmeler diňe gol çekenleriň razyçylygy bilen edilip bilner |
| **Saýlaw kanunçylygy** | Kanun çykaryjy häkimiýet | Üýtgeşmeler, adatça, ýönekeý köplügi talap edýär; Konstitusiýadan üýtgetmek has aňsat |
| **Saýlawlar bilen bagly beýleki kanunçylyk namalary** | Kanun çykaryjy häkimiýet | Adatça absolýut köplügi talap edýär, ýöne konstitusiýa garanyňda has aňsat üýtgedilýär |
| **Düzgünnamalar we sazlaşyklar** | Saýlaw ýolbaşçylygy | Bu düzgünleri saýlaw administrasiýasy üýtgedip biler, ýöne käbir ýagdaýlarda kanun çykaryjy organyň razyçylygy ýa-da weto hukugy zerur |
| **Görkezmeler we düzgünler** | Saýlaw ýolbaşçylygy | Çeýeligi: Saýlaw administrasiýasy islenýän maksatlara ýetmek üçin bu görkezmeleri we düzgünleri üýtgedip biler |
| **Syýasy partiýalaryň, saýlaw gullukçylarynyň we synçylaryň özüni alyp baryş kodeksi** | Sazlaýjy edara hökmünde Saýlaw ýolbaşçylygy ýa syýasy partiýalar, şeýle hem hökümete degişli bolmadyk guramalar | Bu kodeksler, adatça, resmi kanunçylyk binýadynyň bir bölegi däl we syýasy partiýalaryň arasynda ylalaşyk ýa-da şahamça düzgünleşdiriji ýa-da hökümete degişli bolmadyk guramalar tarapyndan kanun çykaryjy ýa-da ýerine ýetiriji razyçylygy bolmazdan üýtgedilip bilner. |

*Çeşme: IDEA Handbook on International Electoral Standards, sah.19*

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

## Saýlawçylary bellige almagyň maksatlary

Demokratiýanyň esaslarynyň biri ähli kämillik ýaşyna ýeten raýatlaryň döwlet proseslerine gatnaşmaga bolan hukugy bolup durýar. Mümkin, gatnaşmagyň has binýatlyk görnüşi erkin we adalatly saýlawlarda ses bermek bolup durýar. Raýatlaryň öz demokratik ses bermek hukugyny ulanyp bilmegi üçin, saýlawçylaryň ýeke-täk we giň gerimli, şeýle hem saýlawçylaryň sanawy diýlip atlandyrylýan sanaw bolmalydyr, her bir hukugy bolan raýatyň saýlawlarda diňe bir gezek we şondan köp bolmadyk gezek ses bermegini kepillendirmek üçin ony berk gorap saklamalydyr. Saýlawçylaryň sanawy saýlawlary dolandyryş edaralarynyň iki sany has möhüm wezipelerini: gatnaşmak üçin hukugy we ses bermek prosesiniň kanunylygyna gözegçilik etmegi öz arasynda bölmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem sanawy saýlawçylar bilen işlemek we olaryň geçirýän çärelerinde syýasy partiýalara kömek bermek üçin ulanmak bolar. Saýlawlaryň şolar bolmasa-da geçip bilýändigine garamazdan, saýlawçylaryň sanawy, olaryň ulanylmagyny ýeňillik bilen esaslandyryp biljek artykmaçlyklary berýär.

Saýlawçylaryň ses bermäge gatnaşmaga bolan mümkinçiligi berýän esasy talaplaryň laýyklygyny tassyklamak arkaly, saýlawçylaryň sanawy saýlaw prosesine kanuny häsiýeti bermäge kömek edýär. Şeýle hem tersine, eger saýlawçylary bellige almak, hususan-da, saýlawçylaryň sanawynyň bitewiligi bilen bagly meseleler ýüze çyksa, prosesiň kanunylygyna şübhe döreýär. Şoňa görä-de, saýlawçylary bellige almak saýlawlary dolandyryş edaralaryň iň möhüm meseleleriniň biri bolup durýar.

Saýlawçylary bellige almagyň saýlawlary guramakda aýgytlaýjy ähmiýete eýedigine garamazdan, bu prosesiň bahasy ýokarydyr. Saýlawçylary bellige almaga we olaryň sanawyny düzmäge, köplenç, saýlawlary guramak boýunça umumy bahanyň 50 göterimden köp bölegi degişli bolýar. Çykdajylara dürli şertler, şol sanda saýlawçylary bellige alyş ulgamynyň görnüşi, saýlawlary dolandyryş edaralarynyň administratiw mümkinçilikleri, şeýle hem durmuş, ykdysady we demografik häsiýetnamalar täsir edýär.

Umuman, demokratiýa we aýratyn hem, saýlawçylary bellige almak dürli görnüşlere eýe bolup biler. Saýlawly demokratiýanyň ýörelgelerine aýdyňlygy nähili girizilmelidigi çözülende şu aşakdakylary:

- ýerli şertlere has laýyk gelýändigini;
- şolarda işlenip taýýarlanyljak we goldanyljak häzirki maliýe we administratiw şertlerde kabul ederlikli we elýeterli bolmagyny göz öňünde tutýan bellige alyş ulgamyny saýlamak möhümdir.

**Işjeň we işjeň däl bellige alyş**

Eger ol sanaw emele getirilende saýlawçylaryň gatnaşmagyny talap etmeýän bolsa, saýlawçylary bellige alyş ulgamy “işjeň däl” hasaplanylýar. Bu halatda saýlawçylaryň sanawy üçin maglumatlar başga maglumat binýadynda – mysal üçin, raýatlyk bellige alnyşyndan alynýar – olarda ses bermek hukugy bolan ähli raýatlar öz-özünden sanawa goşular. Döwlet bellige alnandygy barada raýatlary ýaşaýan salgysy boýunça poçta bilen habar berýär. Şeýlelikde, eger işjeň däl bellige alyş ulgamy oňat ýola goýlan bolsa, onda raýatlyk bellige alnyşynda ýaşaýan ýeri barada takyk maglumat hökmany şert bolup durýar.

Afrika ýurtlarynyň köpüsinde bellige almagyň işjeň görnüşi ulanylýar, sebäbi şol ýerde bar bolan bellige almagyň milli ulgamlary, köplenç, özünde ýaşaýan ýeri baradaky maglumaty saklamaýar. Işjeň bellige alyş ulgamynda arza berijiniň özi bellige alyş merkezine gelmelidir we saýlawçy hökmünde bellige aldyrmak üçin arzany bermelidir.

## Saýlawçylary bellige almagyň usulyýetleri

Saýlawçylary sanawda bellige almak üçin dört çemeleşme bar:

- döwürleýin bellige alyş;
- hemişelik bellige alyş we ýa-da sanawlar;
- raýatlyk bellige alnyşy;
- garyşyk bellige alnyşy.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

## Döwürleýin täzelenýän sanawlar

Döwürleýin täzelenýän sanawlar kesgitli saýlawlaryň öňýanynda döredilen saýlawçylaryň sanawy bolup durýar. Olar bir gezeklik ulanmak üçin döredilýär we hemişelik sanaw bolup durmaýar; olar saýlawlaryň arasyndaky döwürde täzelenmeýär we takyklanmaýar. Döwürleýin täzelenýän sanawlar saýlawlardan öň gelýän döwürde, adatça, wagtyň gysgajyk aralygynda döredilýär. Döwürleýin täzelenýän sanawlary döretmegiň iki usuly bardyr:

- döwletiň başlangyjy boýunça saýlawçylary bellige almak;
- öz hususy başlangyjy boýunça saýlawçylary bellige almak;

Birinji ýagdaýda saýlawyň pudaklaýyn dolandyryş edasynyň wekilleri, mysal üçin, öýme-öý ilat ýazuwyny geçirýärler. Bu ulgam saýlawçylaryň häzirki, takyk we doly sanawyny ösdürmek üçin netijelidir. Ol degişli derejede dowamly däl işlejek ilat ýazuwyny geçirijileriň uly bolmadyk sanyny hakyna tutmagy we okatmagy öz içine alýar. Olarda eger birinji ýa-da şondan soňky gezek barlanda saýlawçynyň öýünde ýok halaty üçin gözükdirijiler bolmalydyr. Meýilnamalaşdyryjylar olaryň işiniň başynda ilat ýazuwyny geçirijilere haýsy maglumaty: diňe salgylaryň sanawymy ýa-da ozalky saýlawlarda saýlawçylaryň sanawynda görkezilişi ýaly her bir öýüň ýaşaýjylary baradaky maglumaty bermelidigini çözmelidir.

Ikinji halatda adamlar saýlaw edaralaryna ýüz tutýarlar we bellige almak raýatyň başlangyjy boýunça geçýär. Saýlaw boýunça pudaklaýyn dolandyryş edarasy saýlawçylary bellige almak üçin merkezleri belleýär, olary üpjünleýär we saýlawçylaryň olara baryp bilmegi we ses bermek üçin bellige aldyryp bilmegi üçin ýeterlik derejede uzak wagtlap açyk ýagdaýda saklaýar. Bellige aldyrmagyň her bir aýat üçin ýeňil geçmegi üçin, merkezleriň oňaýly ýerleşen ýerleri bilen ýeterlik sany bolmalydyr. Käbir saýlawçylar üçin: bellige alyş merkezlerine çenli uzak ýoly geçmeli bolan, uzakda ýerleşýän sebitleriň ýaşaýjylary üçin, gartaşan ýaşdakylar we maýyplar üçin; daşary ýurtlarda ýaşaýan saýlawçylar we öýsüzler üçin aýratyn düzgünler zerur bolup biler. Saýlawçylary bellige alyş merkezleri we soňra, saýlaw geçirilýän ýerler üçin şol bir binany ulanmak amatly bolar.

Eger saýlawlaryň senesi kanunda göz öňünde tutulmadyk bolsa, indiki saýlawlaryň haçan geçjekdigi we saýlawçylaryň sanawynyň haçan zerur boljakdygy babatda kesgitsizlik ýüze çykýar. Netijede, sanaw saýlawlaryň resmi döwri wagtynda emele getirilip bilner, munuň üçin möhlet uzaldylyp bilner. Şeýle ýagdaýda ilat ýazuwyny has çalt tamamlamak üçin deslapdan meýilnamalaşdyrmak aýratyn möhümdir.

### *Döwürleýin täzelenýän sanawlar we hil ölçegleri*

Saýlawçylaryň sanawynyň hiline baha bermek üçin üç sany ölçeg: hereket edýändigi, takyklygy we tamamlananlygy ulanylýar.

Hereket edýändigi saýlaw gününde saýlawçylar barada maglumatyň täzeleniş derejesine degişlidir. Başga sözler bilen aýdylanda, saýlaw gününe çenli saýlaw ýaşyna ýeten raýatlar sanawa goşulypdyrmy? Aradan çykan saýlawçylar sanawdan aýrylypdyrmy? Sanawlar saýlawçylaryň, hususan-da, soňky saýlawlardan soňra göçenleriň iň soňky ýaşaýan ýeri barada maglumaty özünde saklaýarmy? Saýlaw sanawlary saýlawlar gününe näçe golaý düzülen bolsa, olaryň hereket edýändiginiň ýokarylygynyň ähtimallygy şonça-da uludyr. Saýlaw sanawlary näçe ir düzülen bolsa, olaryň az derejede hereket edýändiginiň ähtimallygy şonça-da uludyr. Saýlawçylaryň sanawynyň hereket edişiniň işjeňleşdirilen bolmagy üçin, olary saýlawlaryň öňýanynda düzmelidir we soňra saýlawlara mümkin boldugyça golaýda täzelemelidir we barlamalydyr.

Takyklyk maglumatlaryň ygtybarlylyk derejesine we saýlawçylaryň sanawynda ýalňyşlyklaryň ýoklugyna degişlidir. Döwürleýin täzelenýän sanawlaryň bolan halatynda, maglumat öýme-öý ilat ýazuwynyň döwründe ýa-da saýlawçylary bellige alyş merkezlerinde ýygnalýar. Bu, sanawdaky ýazgylaryň resmi şahs tarapyndan girizilmelidigini we sanawlary çykaryp almak we çap etmek üçin ulanylýan maglumat binýadyna geçirilmelidigini ýa-da bada-bat saýlawçylaryň sanawyna iberilmelidigini aňladýar. Eger döwürleýin täzelenýän sanawlar gysga wagtda düzülýän bolsa, maglumatlar maglumat binýadyna we sanawlaryň özüne girizilende goýberilen tötänleýin ýalňyşlygyň ýa-da transkripsiýa ýalňyşlyklarynyň uly ähtimallygy bardyr. Mesele ýalňyşlyklary düzetjek işgärleriň degişli derejede uly düzümi bilen çözülip bilner.

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

*Tamamlananlygy* saýlawlar wagtynda ses hukugy bolan ähli saýlawçylar boýunça maglumatlaryň sanawa goşulyş derejesine degişlidir. Eger:

- ilat ýazuwyny geçirijiler, ozal öýde hiç kimiň bolmadyk öýlerine ýygy-ýygydan baryp gören bolsalar;
- olar saýlawçylara öz hususy başlangyjy boýunça bellige alynmagyny maslahat berýän maglumaty galdyrýan bolsalar;
- olar gowy öwredilen we öz işine berlen bolsalar, saýlawçylaryň sanawy tamamlanan bolar.

Eger:

- ýeterlik merkezler bar bolsa;
- merkezlerde şol sanda gije we dynç alyş günleri köp iş sagatlary bar bolsa;
- çäkli elýeterliligi bolan (mysal üçin, ýurduň daşynda ýa-da ondan-oňa göçýän) saýlawçylar üçin bellige alyş mümkinçiligi berilýän bolsa, bellige alyş merkezlerini ulanýan ulgamlar üçin tamamlananlyk derejesi ýokary bolar.

### *Döwürleýin täzelenýän sanawlar – artykmaçlyklary*

Döwürleýin täzelenýän sanawlaryň birnäçe artykmaçlyklary bardyr:

- Saýlawlaryň arasynda hemişelik sanawlary goldamak üçin uly administratiw edara bolan zerurlyk ýok.
- Saýlawlaryň arasynda saýlawçylaryň şahsy maglumatlarynyň üýtgemelerini (şol sanda ýaşaýan ýeriniň üýtgemesini) yzarlamagyň zerurlygy ýok.
- Saýlawçylary bellige alyş döwri anyk bellenen başlangyjy we tamamlanyşy bilen, çäklendirilendir.
- Saýlawçylary bellige almak saýlawçylaryň saýlawlar babatda habarlylygyny ýokarlandyrmak bilen, seslenme berýän çäre bolup biler.
- Bellige almak – saýlawçylar bilen işlemek boýunça işjeň çäreler üçin laýyk gelýän döwür.
- Döwürleýin täzelenýän sanawlar ýokary tehnologiýa kompýuter enjamlaryny we programma üpjünçiligini ulanmazdan düzülip bilner.
- Häzirki hyzmat ediş meýilleşdirilmeýändigi sebäpli, döwürleýin täzelenýän sanawlar kompýuter maglumat binýady bolmazdan geçirilip bilner.
- Netijelilik, hereket ediş, takyklyk we tamamlananlyk ölçeglerinden, döwürleýin täzelenýän sanawlar özüniň hereket edişi bilen aýratyn tapawutlanýarlar.

### *Döwürleýin täzelenýän sanawlar – kemçilikleri*

Döwürleýin täzelenýän sanawlaryň birnäçe kemçilikleri bar:

- Saýlawçylary bellige almagyň tutuş prosesi ýaramaz howa şertleri ýa-da syýasy durnuksyzlyk sebäpli dörän, bellige alyş prosesiniň başa barmazlyk töwekgelçiligini ýokarlandyrmak bilen, degişli derejede gysga wagt döwrüniň dowamynda bolup geçýär.
- Hususan-da, eger saýlawlaryň senesi kanunda göz öňünde tutulmadyk bolsa, maglumaty ýygnamak we degişli üýtgetmeleri girizmek üçin örän gysga wagt aralygyna ýol berilýär. Howlukmaçlyk bilen edilen iş, köplenç, saýlaw çärelerine çenli öz wagtynda saýlawçylaryň deslapky sanawyny we saýlawlaryň başlanmagyna çenli resmi sanawy tamamlamaga edilýän tagallalar sebäpli jedelli hile getirýär.
- Sanawlaryň hilini kesgitleýän üç: hereket edişi, takyklygy we tamamlananlygy görkezijilerinden, wagtlaýyn sanaw maglumatlaryň takyklygy we tamamlananlygy bilen bagly meselelere aýratyn duýgurdyr. Halatlaryň ikisinde-de, bu gysga wagt aralygy sebäpli dörändir. Bu maglumatlaryň toplumlaýyn barlagyny kynlaşdyrýar, bu bolsa, takyklyk bilen bagly meselelere getirýär. Şeýle hem bu sanawlaryň tamamlananlyk meselesini döretmek bilen, käbir elýeterliligi çäkli saýlawçylaryň bellige alnyşyny kynlaşdyrýar.

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

- Saýlawçylaryň sanawyny düzmäge mümkinçilik bermek üçin, çäreleriň döwri uzaldylyp bilner. Eger bellige alyş çäreler döwründe geçirilýän bolsa, onda sanawlaryň hili, oppozisiýa hökümeti tankytlamaga mümkinçilik bermek bilne, sorag astynda galyp biler.
- Maglumatlary toplamagyň çäkli möhleti sebäpli, saýlawçylaryň maglumatlary bilen işlemek boýunça mesele maglumatlary girizmek we maglumaty işläp geçmek ýaly beýleki ugurlara agyr ýük bolup düşýär. Maglumatlary girizmek üçin ýeterlik wagtyň bolmagy üçin, bellige almagy saýlawlara çenli has öňünden geçirmek zerurdyr. Netijede, bellige almak tamamlanandan soňra, ýöne saýlawlar gününe çenli saýlaw ýaşyna ýeten şahslar, eger diňe bellige almak üçin aýratyn çäreler görülmedik bolsa, ses berip bilmezler.
- Döwürleýin täzelenýän sanawlarda bahasynda ep-esli böküş bolup biler. Saýlawçylary bellige almagyň bahasy saýlaw tapgyry boýunça deňagramly paýlanman, bellige almagyň bir, gysga döwründe jemlenýär.

Bahadaky böküş käbir hökümetlerde kynçylyklary döredip biler. Adatça, döwlet býujetiň çäkli artdyrylmalaryndan baş alyp çykyp biler, ýöne döwürleýin täzelenýän sanawlary düzmek üçin uly serişdeler we gorlar bölünip berlende kynçylyklar döräp biler.

## Hemişelik sanawlar

Hemişelik sanaw saýlawlaryň arasyndaky döwürde saýlawçylary bellige almakda üýtgemeleri hasaba almak bilen, şol pursatda düzediş girizilen ses bermek hukugy bolan ähli saýlawçylaryň aýratyn sanawy bolup durýar. Saýlawçylaryň hemişelik sanawlary hemişelik täzelenme we takyklanma prosesinde bolýarlar.

### *Täzelemegiň usullary*

Hemişelik sanawlara tehniki taýdan hyzmat etmek saýlawlary gurnaýjylar tarapyndan geçirilýär. Adatça, bu atlary we ölçegler boýunça gabat gelýän adamlar (saýlaw ýaşyna ýeten, raýat bolan ýa-da başga sebäpler boýunça diňe ýaňy-ýakynda ses bermek hukugyny alan (mysal üçin, türmeden boşandan soňra), ýa-da bir saýlaw okrugyndan başga saýlaw okrugyna göçüp gelen adamlar) baradaky beýleki degişli maglumatlary goşmagy we ölçeglere mundan beýläk gabat gelmeýän adamlar (mysal üçin, ýogalandygy ýa-da ýaşaýan ýerini çalşandygy sebäpli) baradaky maglumatlary aýyrmagy öz içine alýar. Täze saýlawçylary bellige almak we ýaşaýan ýeri boýunça maglumatlary üýtgetmek bilen degişli derejede ýeňil baş alyp çykyp bolýan hem bolsa, meseläniň çylşyrymlylygy saýlawçylaryň sanawyny artdyrylan sanlardan arassalamakdan ybaratdyr, olar saýlawçylaryň sanawy bilen bolup biljek mekirlik barada syýasy spekulýasiýalary döredip biler. Saýlawçylaryň sanawyny arassalamak anyk saýlaw okrugynda eýýäm ýaşamaýan saýlawçylaryň bellige alnyşyny ýatyrmagy we aradan çykan saýlawçylary aýyrmagy öz içine alýar. Ýöne muňa garamazdan, döwlet dolandyryşyna aradan çykanlar barada maglumaty almak ýeňil bolman biler. Bulardan başga-da, afrika ýurtlarynda ilat statistikasy bellige alynmadyk ölümiň bäş-alty ýyla golaý dowam edýän bir saýlaw döwrüniň dowamynda sanawyň nätakyklygyny 10%-e getirip biljekdigini görkezýär. Saýlawçylaryň sanawyny hili kabul ederlik standartlardan pes bolanda, oňa düzediş girizmäge we häzirki maglumatlary täzelemäge çalşylandan, ony taşlamak we arassa kagyzdan täze sanawy başlamak ýeňildir.

Hemişelik sanawyň artykmaçlyklaryna saklamak, hyzmat etmek we maglumatlary kompýuterde paýlamak degişlidir, ol saýlawçylaryň häzirki we geljekki saýlawlaryna öwretmek üçin ozalky saýlawlardan maglumatlary ýazýar. Häzirki zaman tehnologiýalary we elektron maglumat binýatlary çalt täzelenmegi we täze ýazgylary goşmagy goldaýarlar, üýtgetmelere we aýyrmalara gözegçilik edýärler.

### *Täzelemek döwrüniň ýygylygy*

Hemişelik sanawlary täzelemek hemme wagt we saýlaw döwrüniň ähli tapgyrlarynda bolup geçýär. Onuň hemişe täzelenýändigi sebäpli, saýlawyň gönüden-göni öňýanynda jemleýji bellige alyş boýunça çärä bolan zerurlyk ýokdur, ýöne, köplenç, saýlaw çäresiniň gidişinde sanawa gaýtadan seretmek üçin bellenen döwür bardyr. Saýlawçylaryň häzirki bellige alyş mümkinçiligi bolan köp sanly ýurtlar, barybir, saýlawlardan öň goşmaça bellige almagy geçirýärler. Günorta Afrikada, mysal üçin, saýlawçylaryň 30%-i saýlawçylaryň bellige alyş merkezlerine hemişe elýeterliligine garamazdan, maglumatlary täzelemek üçin, saýlawlara çenli geçirilýän bellige alyş boýunça çäreleri ulanýarlar. Bu ösüş meýli hemişelik sanawlary goldaýan köp sanly ösen ýurtlarda hem gözegçilik edilýär.

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

Käbir saýlaw boýunça pudaklaýyn dolandyryş edaralary sanawy her ýyl täzeleýärler. Şeýle çemeleşmäniň ýetmezçiligi onuň tamamlanan pursadynda sanawyň derwaýys dälligi birnäçe aýa barabardyr we ýene-de ep-esli maglumat bir ýylyň dowamynda könelişýär. Köp sanly ýurtlarda hereketliligiň ýokary derejesini hasaba almak bilen, saýlawçylaryň 20 göterimi ýylyň dowamynda ýaşaýan ýerini üýtgedip biler. Netijede saýlawçylaryň sanawynyň hereket edijiligi düýpli meseleleri döredýär.

Başga bir çemeleşme saýlawçylar barada maglumaty has ýygy-ýygydan täzelemekden ybaratdyr. Käbir halatlarda saýlaw edaralary maglumatyň alnyşyna görä, elektron bellige almagyň ýa-da saýlawçylardan gönüden-göni habarnamalaryň kömegi bilen her gün täzeleýärler. Şeýle hem täzelemek, saýlaw häkimiýeti olar bilen maglumatlary alyşmak barada ylalaşyk bar bolan edaralardan maglumaty alan badyna, her aý geçirilip bilner.

Hemişelik sanawy ulanýan käbir ýurtlar ses bermek hukugyny ýaňy-ýakynda alan adamlary deslapky sanawda bellige almagyň zerurlygyny görýärler. Eger ýaş çägi 18 ýaş bolsa, ýaşlar 16 ýa-da 17 ýaşda deslapky sanawa goşulyp bilner we 18 ýaşy dolandan soňra umumy sanawa geçirilip bilner. Şeýlelikde, bellige almak has irki ýaşda bolup geçýär, saýlaw edaralary bolsa, olaryň bellige alşynyň esasynda saýlawçylar bilen işlemek boýunça maksatnamany işläp taýýarlamak üçin, mekdepler bilen işläp bilerler.

### *Maglumatlary alyşmak barada ylalaşyk*

Sanawy has amatly täzelemek üçin, köp sanly saýlaw edaralary beýleki döwlet edaralary bilen, maglumatlary hyzmatdaşlyk alyş-çalşygyny ulanýarlar. Mysal üçin, raýatlar ýaşaýan ýerlerin çalşanda, olar bu barada salgyt gullugyna, poçta bölümine, ýaşaýyş jaý edarasyna ýa-da hassahana habar berip bilerler. Hemişelik sanawy bolan köp sanly ýurtlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklary saýlaw edarasyna bu edaralaryň faýllarynda üýtgeşmeler barada täzelemeleri yzygiderli almaga mümkinçilik berýärler. Bu saýlawçylaryň sanawyny saýlawçy bilen saýlaw edaralarynyň arasyndan gönüden-göni gatnaşyk bolmazdan täzelemäge mümkinçilik berýär. Käbir halatlarda, salgynyň çalşylandygyny bilip, saýlaw edaralary ondaky maglumaty täzelemek we tassyklamak barada haýyş bilen täze bellige alyş kartoçkasyny saýlawça iberip bilerler.

Bu meseleleriň birnäçesini öz içine alýar, şolaryň arasynda şular bardyr:

- Her bir raýata ýeke-täk anyklaýyş belgisi berilmedik ýurtda beýleki edara tarapyndan berlen maglumat boýunça adamy takyk anyklamak bilen bagly kynçylyklar ýüze çykyp biler. Mysal üçin, şol bir at bilen şol bir salgyda birden köp adam (köplenç, ata-ene we çagasy) ýaşap biler. Olaryň biri ýaşaýan ýerini üýtgedende, kimiň göçendigi düşnüksiz bolup biler.
- Eger saýlaw edaralary beýleki edaralaryň maglumatyna bil baglaýan bolsa, onda ony oňaýly görnüşde almak zerurdyr. Ýöne muňa garamazdan, dürli edaralarda kompýuteriň maglumat binýadynyň dürli görnüşleri bolup biler we olar öz ulgamlaryny çalyşmaga hemişe taýýar däldirler. Munuň üçin tehniki taýdan goldaw we ýokary derejedäki başarnyklar talap edilýär.

### *Saýlawçylaryň hemişelik bellige alnyşyna bildirilýän talaplar*

Köp sanly ösen ýurtlar saýlawçylaryň hemişelik bellige alyş modelini üstünlikli ulanýarlar. Hemişelik bellige almagyň artykmaçlyklary ygtyýarynda doly we takyk sanawa eýe bolmak bilen, uzak möhletli harajatlary azaltmagy, saýlawlary dolandyryş edaralary (SDE) üçin giň gerimli logistika meselelerini peseltmegi we olaryň gaýtadan bellige alynmagynyň zerurlygy ýokdygy sebäpli, saýlawçylara gönükdirilen hyzmatyň ýokary derejesini öz içine alýarlar. Eger raýatlyk sanawy bilen birikdirilýän ýa-da ondaky maglumaty ulanyp bilýän bolsa, saýlawçylaryň hemişelik sanawy ýene-de has ykdysady taýdan netijeli bolup biler. Ýurt üçin saýlawçylaryň hemişe bellige alynmak mümkinçiligi, esasan, bar bolan üpjünçilik ulgamyna, başarnykly dolandyryşyň ýagdaýyna we amaly talaplara baglydyr.

Saýlawçylaryň hemişelik bellige alnyşyny amala aşyrmak mümkindir we eger şu aşakdaky talaplar ýerine ýetirilse, garaşylýan bähbidi we netijeliligi getirer:

- **Hökümetiň, resminamalary ýöretmegiň we goşulyşmagyň ösen üpjünçilik ulgamy:** SDE-niň sanawyň takyklygyny saklamak üçin, saýlawçylardaky üýtgeşmeler baradaky maglumaty edaralardan netijeli ýygnamaga bolan mümkinçilige eýe bolmalydyr. Mysal üçin, Günorta Afrikada aradan çykanlar boýunça maglumatlar raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň maglumat binýdyndan SDE her aý berilýär.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

- **SDE-niň degişli üpjünçilik ulgamlary:** bellige aldyrmak ýa-da öz maglumatlaryny täzelemek üçin, saýlawçylar üçin oňaýly ýerlerde edara jaýlarynyň uly sany zerurdyr. Halkara standartyna laýyklykda, bir edara jaýy 25 000-den köp bolmadyk saýlawçylara hyzmat etmelidir. Edara jaýlarynyň sanyny artdyrmalydyr, şonda saýlawçylar olara hatda gowşak üpjünçilik ulgamlarynda ýa-da mysal üçin, eger çökgünlikden soňra ilatyň hereketiniň uly derejesi sebäpli, üýtgetmeleriň uly sanyny girizmek garaşylýan bolan halatynda hem baryp bilerler.
- **Edara jaýlaryna hyzmat etmek we olary goldamak üçin ýeterlik serişdeler we maliýeleşdiriş:** Her birnäçe ýyldan saýlawçylary hemişelik bellige almagyň bahasy bellige almagy täzelemek boýunça çäreler üçin çykdajylar bilen jikme-jik deňeşdirilmelidi. Aýratyn hem, ykdysady taýdan gowşak, daşky býujet goldawyna bil baglaýan ýurtlarda ýerlerdäki bölümleri, aragatnaşyk ulgamlaryny we enjamlara hemişelik hyzmat etmegi goldamak üçin üznüksiz maliýeleşdirişi üpjün etmegiň ýerine, ählumumy saýlawlara çenli bellige almak boýunça çäreler üçin maliýeleşdirmegi almak ýeňil bolýar.
- **Ulag we aragatnaşyk üpjünçilik ulgamlary:** Ses bermek hukugy bolan saýlawçylar bellige aldyrmak ýa-da maglumatlaryny täzelemek üçin, saýlaw nokatlaryna ýeňil barmalydyrlar ýa-da olar bilen aragatnaşyk saklamalydyrlar. Aragatnaşyk ulgamlary SDE-niň merkezi edarasy bilen bellige alyş merkezleriniň arasynda maglumatlary üznüksiz bermek üçin abat saklanmalydyr we üpjün edilmelidir.
- **Ygtybarly milli anyklaýyş resminamalary:** Hemişelik bellige alyş saýlawçylaryň raýatlygyny we şahsyýetini subut etmek üçin resmi resminamalaryň howpsuzlygyna we bitewiligine bil baglaýar. Saýlawçylaryň hemişelik bellige alnyşy diňe bu resminamalar ýokary standarty goldaýan bolsa netijeli we takyk bolup biler.
- **Köp sanly bellige alynmalaryň öňüni almak üçin serişdeler:** Şol bir wagtda saýlawçylaryň hemişelik bellige alnyşyny saklamak bilen, bellige almagyň birnäçe synanyşyklarynyň öňüni almak has çylşyrymlydyr. Eger milli resminamalar ygtybarly bolup durmaýan bolsalar, SDE-sine ýeke-täk bellige almalary ýüze çykarmak we saýlawçylaryň sanawyny köp sanly bellige almalardan arassalamak üçin biometrik maglumatlary ulanmak zerurdyr, bu bolsa, özbaşyna mesele bolup durýar.
- **Tehniki endikler we has çylşyrymly ulgamy goldamak üçin tejribe:** Saýlawçylary bellige almagyň üznüksiz ulgamy has çylşyrymly görnüşleri, amallary we kompýuter ulgamlaryny talap edýär. SDE-sine ulgamy meýilnamalaşdyrmak we işe goýbermek üçin ýeterlik derejede sowatly we tehniki taýdan hünär taýýarlygy bolan işgärler düzümini hem işe almalydyr. Işgärler düzümini wakalaryň üýtgeýşinden habarly edip saklamak we zerurlygyna görä okatmak üçin, mümkinçilikleri we ösüşi döretmek boýunça maksatnamalar zerurdyr.
- **Hemişelik saýlaw we beýleki hukuk talaplary:** Eger saýlaw we bellige almak üçin beýleki ýuridik talaplar hemişelik bolup durmaýan bolsalar, bellige alnan saýlawçylar täze talaplara laýyk gelmek üçin öz maglumatlaryny täzeläp durmaly bolarlar. Bu saýlawçylary belle alyş ulgamlarynyň meseleleriniň biri bolup durýar we şeýle ulgamy ulanmakdan alnan bähbidiň uly bölegini iň az derejä ýetirip biler.
- **Takyk geografik maglumaty almak mümkinçiligi:** Jikme-jik we takyk geografik maglumatlar saýlawçylara hem, saýlaw okruglaryna hem, saýlawçylaryň degişli saýlaw okruglaryna we bölümlerine bellenmegi üçin zerurdyr. Eger okrugda saýlawçylaryň sany artýan ýa-da kemelýän bolsa, saýlaw okrugy üýtgäp biler.
- **Raýatlar we saýlawçylar bilen işlemek we maglumat bermek netijeli bolmalydyr:** saýlawçylary bellige almak boýunça çäreler – kanunçylykdaky üýtgetmeler barada we raýatlaryň hukuklary hakynda habarlylygy ýokarlandyrmak barada saýlawçylar we saýlaw prosesine gatnaşyjylar üçin gowy döwür. Hemişelik bellige alyş şertlerinde saýlaw prosesi baradaky maglumat saýlawçylaryň ses bermegiň geçirilýän ýerini, wagtyny we ses bermek amalyny bilmegi üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýedir.
- **Raýatlary maglumatlaryny täzelemäge höweslendiriň:** Ulgam diňe ilatyň arasynda bellige aldyrmagyň ýa-da salgynyň üýtgändigi barada habar bermegiň zerurlygy barada habarlylygyň ýokary derejesinde netijeli bolup biler. Raýatlar we saýlawçylar bilen gündelik iş saýlawçylara

maglumatlary täzelemek barada ýatlatmak üçin zerurdyr. Raýatlar üçin maglumatlary täzelemegiň hereket edýän we güýjüne giren kanunçylyk talaby talap edilip bilner.

- **Ilatyň ondan-oňa geçişini çäklendirmek:** Degişli derejede oturymly ilat saýlawçylara we SDE-sine täzelenmeleriň uly möçberini işläp geçmek boýunça düşýän agramy iň az derejä getirýär.

Eger bu talaplara baha berilmän, seredilmän galan bolsa we durmuşa geçirilip bilinmejek bolsa, saýlawçylaryň hemişelik bellige alnyşy talap edilmeýär. Şoňa görä-de, afrika ýurtlarynyň köpüsi saýlawçylaryň hemişelik bellige alyş ulgamyny ulanmaýar, wagtal-wagtal saýlaw döwrüne baglylykda ýa-da takmynan, her bäş – on ýyldan sanawlary täzeden emele getirýärler.

***Hemişelik sanaw - artykmaçlyklary***

- Saýlawçylaryň hemişelik sanawy birnäçe ýeňillikleri hödürleýär:
- Saýlawçylaryň sanawy ýygy-ýygydan täzelenýänligi üçin hemişe möhüm ähmiýetli resminama bolmagynda galýar.
- Sanawlar diňe belli bir döwürde däl-de, ýylyň islendik wagtynda jemgyýetçilik gözegçiligi üçin açykdyr.
- Sanawlar elmydama taýyn bolansoň, umumy ýa-da bölekleýin (ýagny kanun çykaryjy organda boş ýer doldurmak üçin saýlawlar) saýlawlaryň geçirilmeginde hiç hili mesele ýüze çykmaýar.
- Saýlawçylaryň jemleýji sanawlary has çalt taýýarlanyp bilner. Adatça, saýlaw kampaniýasy wagtynda ses bermek hukugy bar bolan saýlawçylaryň hemmesiniň hasaba alnandygyny barlamak üçin wagt bar. Wagtal-wagtal täzelenýän sanawlar bar bolsa, saýlaw döwri saýlawçylaryň başlangyç sanawyny düzmek we soňky sanawy barlamak we döretmek üçin ulanylyp bilner. Hemişelik sanawyň kömegi bilen ilkinji sanaw adatça saýlaw kampaniýasynyň başyndan başlap esas hökmünde alynýar. Netijede, ilkinji saýlawçylaryň sanawyny döretmek üçin resmi saýlaw möhleti gysgaldylyp bilner.
- Üýtgeşmeler we düzedişler ýylyň dowamynda, diňe hasaba alyş kampaniýasy wagtynda edilip bilner. Bu wagt ýetmezçiligi netijesinde döreýän dartgynlygy peseldýär we hemişelik saýlawçylaryň sanawynyň takyklygynyň ýokarlanmagyna garaşmak bolar.
- Saýlawçylaryň hemişelik sanawyny ulanmak elmydama iň arzan hasaba alyş usuly bolup durmaýar. Şeýle-de bolsa, saýlawçylaryň sanawyny düzmekde has netijeli bolup biler - mysal üçin, maglumat paýlaşmak arkaly.
- Hemişelik saýlawçylaryň sanawy Awstraliýada pudaklaýyn saýlawlar, ABŞ-da eminler saýlawy ýa-da saýlawlary sebitleşdirmek prosesiniň bir bölegi hökmünde beýleki maksatlar üçin ulanylyp bilner.
- Saýlawçylaryň hemişelik sanaw bilen hasaba alynmagynyň derejesi özüniň tizligi sebäpli has ýokary bolup biler. Beýleki tarapdan, köp ýurtlarda hemişelik sanawlaryň döwürleýin hasaba alyş arkaly düzülen sanawlardan köplenç doly däldigi we käwagt az maglumat berip biljekdigi anyklandy.
- Ähmiýetlilik ölçeglerine görä sanawlaryň hili hemişelik registrleriň dürli görnüşlerine ep-esli baglydyr. Saýlawçylaryň maglumatlary näçe ýygy-ýygydan täzelense, şonça-da islendik wagt ähmiýetli bolmagynda galýar. Barlag döwri ähmiýetlilige uly täsir edýär. Saýlawçylar saýlaw güni hasaba alnyp bilinýän bolsalar, döwürleýin we hemişelik sanawlar hem ähmiýete eýe bolar, sebäbi saýlawçylar saýlawda soňky üýtgeşmeleri habar berip bilerler.
- Federal ulgamlarda hemişelik sanawlar hökümetiň dürli derejelerine maglumat paýlaşmaga mümkinçilik berýär, göçürmek howpuny aradan aýyrýar. Şeýle-de bolsa, federal ulgamyň dürli derejeleri saýlawçylary hasaba almagyň dürli usullaryny ulanyp biler. Mysal üçin, federal derejede Kanada hemişelik sanaw ýöredýär, ýöne Kanadanyň käbir welaýatlary döwürleýin sanawlary ulanýarlar.
- Saýlawçylary hasaba almagyň bahasy, bir saýlawdan beýlekisine çenli tutuş döwre paýlanýar, bu bolsa býujetiň deň ölçegde bolmagyna mümkinçilik berýär. Ýöne saýlaw ýa-da hasaba alyş mahalynda çykdajylaryň köpelmeginiň ähtimallygy bar.

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

- Iş saýlaw döwrüniň dowamynda paýlanýandygy sebäpli, maliýeleşdirme haýsydyr bir ýylda ýa-da belli bir wagtda ep-esli artmaly däldir.

***Hemişelik sanaw - Kemçilikleri***

- Hemişelik sanawyň birnäçe kemçilikleri bar:
- Saýlaw edaralary döwürleýin düzülen sanawlara garanyňda has hemişelik işgärleri talap edýär. Şoňa laýyklykda has uly býujet zerur.
- Hemişelik saýlaw işgärleriniň köpüsi ýokary hünär derejeli we taýýarlykly bolmaly. Olardan dowam edýän hünär derejelerini kämilleşdirip durmaklyk talap edilmegi ähtimal.
- Has köp sanly işgär we ösen başarnyklar saýlaw dolandyryşyna hünär taýdan has kämil çemeleşilmegine ýardam edip biler. Şeýle-de bolsa, işgärleriň sany we hünär derejesi büjete öz täsirini ýetirer. Hemişelik sanaw saýlawçylary hasaba almagyň çykdajylaryny tutuş saýlaw sikline paýlaýan-da bolsa, ahyr netijede saýlawçylary hasaba almagy arzanlaşdyrmaýar.
- Saýlaw edaralaryna tehniki bilimleri, esasan-da kompýuter enjamlary we programma üpjünçiligi başarnyklary, goldaw we dowamly maglumat täzelenmesine erk edýän işgärler gerek.
- Raýatlar täzelenen maglumat boýunça islegleri ýerine ýetirmeli ýa-da saýlaw edaralary maglumatlary beýleki guramalar bilen paýlaşmak üçin täsirli we netijeli çäreleri ulanmalydyrlar. Ýogsam, saýlawçylaryň sanawlarynyň soňky tapgyrynda barlaglaryň sany aşa köp bolup biler.
- Saýlaw edaralary sanawyň takyklygyny saklamaklyga uly üns bermelidir. Saýlawçylaryň sanawyny ýöretmek yzagalaklyga ýa-da ýalňyşlyga ýol berlen ýurtlarda çynlakaý meseleler ýüze çykdy. Hemişelik sanawy täzelemekde durgunlyga ýol berilmegi bolup biljek saýlaw galplyklaryny ýa-da geljekde administratiw jenjeli görkezýär.
- Saýlawçylaryň sanawynyň bitewiligini üpjün etmekde seresaplylyk hem möhümdir. Köp ýurtlarda raýatlar dürli döwlet edaralarynyň arasynda şahsy maglumatlarynyň paýlaşylmagyna duýgur bolýarlar. Hemişelik sanaw üçin maglumat ýygnalanda ýa täzelenende, saýlaw ýolbaşçylary maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek jogapkärçiligini öz üstüne alýarlar. Eger bu babatda şowsuzlyk ýüze çyksa, garaşsyz we hünärmen gurama hökmünde abraýy pese gaçyp biler.
- Täzelenmek köplenç hökümetiň dürli pudaklarynyň arasynda işjeň hyzmatdaşlygy talap edýär. Bu diňe degişli administratiw gurluş we medeniýet bilen mümkindir.
- Hemişelik sanaw bilen bolup geçýän demografiki üýtgeşmeler kesgitlenmeli we gözegçilikde saklanmaly. Käbir maglumatlara görä, iri şäherlerdäki adamlaryň, takmynan, 20-25 göterimi bir ýylyň içinde göçýär. Saýlawçylaryň, takmynan, 2-4 göterimi bir ýylyň içinde ses bermek ýaşyna ýeter we şuňa meňzeş göterim aradan çykyp biler ýa-da ses bermek hukugyny ýitirip biler. Adaty saýlaw sikliniň dört ýa-da bäş ýyllyk jemleýji üýtgemesini göz öňünde tutup, hemişelik hasaba alyş sanawyny ýöretmek gaty kyn. Bagtymyza, degişli çäreleri görmek üçin saýlawçylaryň belli bir bölegine gözegçilik etmek bilen, demografiki üýtgeşmeleri yzarlap bolýar.
- Hemişelik hasaba alyş ulgamlarynda üýtgeşmäniň bolup geçen wagty bilen üýtgeşmäniň saýlawçylaryň sanawyna girizilen wagtynyň arasynda wagt boşlugy bar. Käbir täzeleniş usullary üçin boşluk birneme uludyr, netijede sanaw o diýen ähmiýetli bolmaz. Bu meseläniň çözgüdi, saýlaw güni hasaba alynmagyna rugsat bermeklikdir. Bu, sanawlaryň ýerlikliligi baradaky aladalary azaldyp biler, sebäbi saýlawçylaryň hemmesine Saýlaw güni täzelenen hasaba alyş maglumatlaryny girizmäge mümkinçilik bar. Emma kemçilikleri hem bar:
- Saýlawçylaryň sanawlarynyň maksatlarynyň biri, hakyky ses bermekden ses bermek hukugyny barlamak funksiýalaryny aýyrmak. Saýlaw güni köp adam hasaba alynsa, bu sanawyň peýdalylygyny pese gaçyrar we ses bermek üçin zerur wagty ep-esli artdyryp biler.
- Ýene bir mesele saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamak bolup durýar. Saýlaw meýdançasynda hasaba alnanda, saýlawçynyň ähli talaplara laýyk gelýändigine ýokary derejede ynam bolmaly.

# Intro.5.3 Saýlawçylary bellige almagyň usulyýeti

## Raýat sanawy

Raýat sanawy, ähli raýatlar baradaky esasy maglumatlaryň (mysal üçin, ady, jynsy, milleti, ýaşy, maşgala ýagdaýy we salgysy) sanawydyr. Ol döwlet tarapyndan goldanylýar. Raýatlaryň sanawa girizilmegi hökmanydyr we raýatlar maglumatlardaky islendik üýtgeşme barada sanawy ýöredýän işgärlere (köplenç Içeri işler ministrligi) habar bermelidirler. Adatça, raýat sanawyny ýöredýän döwletler ony saýlawçylaryň sanawyny döretmek üçin ulanýarlar. Netijede, ses bermek hukugy bar bolan islendik raýatyň raýat sanawyna girizilmegi saýlawçylaryň sanawyna goşulmagyny üpjün edýär.

Raýat sanawy, hemişe diýen ýaly raýatyň milli şahsyýet belgisine esaslanýar. Raýat şahsyýet belgisini ulanmak ýa-da ulanmazlyk meselesinde medeni meseleler möhüm orun tutýar. Munuň peýdasyna çözen jemgyýetlerde bu kesgitleýjiniň ulanylmagy raýatlar baradaky maglumatlary hemmetaraplaýyn we yzygiderli dolandyrmaga mümkinçilik berýär. Belginiň aç-açan ulanylmagy raýatlaryň sanawyny ýöretmek bilen berk baglanyşyklydyr. Beýleki jemgyýetler milli şahsyýetnamanyň ulanylmagyna yzygiderli garşy çykýarlar we köplenç sosial edaralar ýa-da sosial üpjünçilik we ätiýaçlandyryş belgileri ýaly şahsyýet belgileriniň döwlet edaralarynyň arasynda paýlaşylmagyny çäklendirýärler. Şahsyýet belgileriniň ulanylmagyna garşy çykýan jemgyýetler köplenç raýat sanawyny döretmeýärler.

Daniýanyň Içeri işler ministrligi milli raýat sanawyny saýlawçylaryň sanawy bilen baglanyşdyrmak boýunça Daniýanyň tejribesini şeýle suratlandyrýar:

*Göz öňünde tutulan saýlawçynyň saýlaw sanawynda (saýlawçylaryň sanawynda) hasaba alynmagy ses bermek üçin zerur şert bolup durýar. Kompýuterleşdirilen saýlaw sanawy, raýat hasaba alyş ulgamynda eýýäm bar bolan maglumatlara esaslanýar (Içeri işler ministrligi tarapyndan hem dolandyrylýar), şäher häkimlikleri raýatlar barada esasy, administratiw maglumatlary, şol sanda ses bermek hukugyny, ýaşaýyş ýerini üýtgetmegi we ölümi öz içine alýar. Şeýlelik bilen, saýlaw sanawyna girizilmegi we ýaşaýyş ýeriniň üýtgemegi sebäpli üýtgeşmeler we ş.m. awtomatiki we üznüksiz ýüze çykýar. Netijede, sanaw yzygiderli täzelenýär we diňe daşary ýurtlarda ýaşaýan adamlar ... inisiatiwany öz eline almaly. Daşary ýurda gitmezden ozal hemişelik ýaşaýan şäher häkimliginiň sanawyna girmek üçin haýyş bilen ýüz tutmaly.*

*Soňra, saýlawlara 18 gün galanda, salgylanma güni hökmünde yzygiderli täzelenip duran kompýuterleşdirilen sanaw çap edilýär. Bu seneden soň ýurda göçüp biljek potensial saýlawçylar, saýlaw gününe çenli sanawda hasaba alnyp bilinmez we şonuň üçin ses berip bilmez. Umumy saýlawdan 18 gün öň başga bir etraba göçüp gelen adamlar, saýlaw gününe çenli öňki etrabyň saýlawçylarynyň sanawynda galýarlar. (1) emigrasiýa, (2) ölüm, (3) kanuny ygtyýarlyk beýannamalarynyň berilmegi (ýa-da yzyna alynmagy) we (4) saýlawdan 18 gün öň ýerli häkimiýetlere habar berilýän Daniýanyň raýatlygyny ýitirmek ýa-da almak sebäpli saýlawçylaryň sanawyna girizilen üýtgetmeler, saýlaw sanawynyň çap edilişine el bilen ýazyp girizilýär.*

Daniýada bolşy ýal, raýat sanawyny ulanmak köp tagallany talap edýär. Resmi adamlar saýlawlary geçirmek üçin zerur maglumatlary, raýat sanawynda saklanýan ilat statistikasyny saklamalydyrlar.

Adatça, ähli raýatlar raýat bellige alyş gullugyna esasy maglumatlaryň üýtgemegi barada belli bir wagtyň içinde, ähtimal üýtgedilen gününden başlap 30 günüň dowamynda habar bermelidirler. Raýat sanawynda maglumatlary täzelemek, hemişelik registrdäki ýaly birneme gijä galmagy göz öňünde tutýar. Şol täzelenme, saýlawçylaryň sanawy bilen bir hatarda, raýat sanawyna esaslanýan beýleki sanawlarda hem ýerine ýetirilýär.

Şwesiýa ýaly raýat sanawyny ulanýan käbir ýurtlarda raýatlar ses bermäge hasaba durmak üçin hiç zat etmeli däldirler. Salgyt gullugynyň ýerli edarasy saýlawçylaryň ses bermek hukugy boýunça zerur resminamalary ýöredýär we islendik raýat ses bermek üçin raýat sanawynda awtomatiki ýagdaýda bellige alnandyr. Senegal ýaly beýleki ýurtlarda döwletiň raýat sanawyny ýöredýändigine garamazdan, saýlawçy hökmünde hasaba durmak üçin arza bermeli.

Haçan-da saýlawçylaryň raýat sanawyndan aýratyn sanawy düzülende, bu mesele saýlawlara az möhlet galanda ýerine ýetirilip bilner. Raýat sanawynyň saýlawçynyň doglan senesi, jynsy ýa ady barada maglumaty berýändigine görä, bu maglumaty saýlawçylaryň sanawy üçin täzeden ýygnap oturmagyň zerurlygy hem ýok. Bu sanawy düzmek we maglumatlary ýüklemek üçin zerur bolan wagty ep-esli tygşytlap biler.

Eger raýat sanawy ulanylmaga taýyn bolsa, saýlawçylaryň sanawyny döretmek örän netijeli we tygşytly bolýar. Sebäbi esasy çykdajylar, ilkinji nobatda, raýat sanawy tarapyndan tölenýär. Raýat sanawyny

ýöretmek birneme gymmat bolany üçin, ýazylan maglumatlar hökümetiň umumy maglumat dolandyryş çykdajylaryny azaldyp, dürli maksatlar üçin ulanylyp bilner. Mysal üçin, raýat sanawyny ulanmak, saýlaw edarasyna diňe ses bermek hukugyny goşmak we maglumatlary saýlaw sanawyna ýüklemek arkaly saýlawçylaryň sanawyny ösdürmäge kömek edip biler. Adatça, edaranyň bu işdäki orny goýberilen ýalňyşlyklar üçin hasaba alyş maglumatlaryny üns bilen barlamak, gaýtadan gözden geçirmek we saýlaw güni ulanylýan iň soňky sanawy döretmek bilen çäklenýär. Täzelenen raýat sanawy saýlawçylaryň sanawy üçin goşmaça çykdajyny azaldyp biler.

SDE saýlawlary başga bir döwlet edarasyndan alnan maglumatlar bilen geçirýär. Raýat ýazgylary üçin hökümet tarapyndan diňe bir registr ýöredilýär we SDE ulanyjy maglumatlaryny alyp barmaýar. Bu passiw saýlawçylary hasaba almakdyr, raýat maglumatlar bazasynda hasaba alnanlar ses bermek hukugyna laýyk gelende, olar saýlawçylaryň sanawyna awtomatiki usulda goşulýar.

Bu ulgamyň esasy kemçiligi onuň esasy artykmaçlygy bolup durýar. Köp çykdajy özüni ödän bolsa-da, döwlet edaralarynyň arasynda maglumatlary paýlaşmak gapma-garşylyklara getirip biler. Ýitgi, potensial ýitgi ýa-da gizlinlik baradaky aladalar ýüze çykyp biler. Mesele gaty köp bolsa, peýdalydygyna garamazdan, raýat sanawyna ýol berip bolmaz.

**Raýat sanawy birnäçe ýeňillikleri hödürleýär:** Saýlawçylary hasaba almak üçin maglumatlary ýygnamak gaty az çykdajy talap edýär, sebäbi möhüm maglumatlar eýýäm raýat sanawy üçin ýygnalyp düzüldi. Köp derejede başga bir döwlet edarasy saýlaw administrasiýasyna derek çykdajylary öz üstüne alýar. Çykdajylar gaty ýokary, ýöne şol çykdajylaryň az möçberi saýlaw dolandyryş edarasynyň paýyna düşýär; Hemişelik sanawda bolşy ýaly, raýat sanawyndaky maglumatlar adatça täzelenýär we saýlawçylaryň häzirki sanawyny gysga wagtyň içinde düzmäge mümkinçilik berýär; Hemişelik sanawda bolşy ýaly, raýat sanawyny ýöretmek üçin çykdajylar ýyllara bölünýär; Raýat sanawyny ulanýan hökümetler, adatça ygtybarly we iň täze maglumatlar bilen üpjün edilmegine uly ähmiýet berýärler. Şeýle sanawlardan düzülen saýlawçylaryň sanawlaryna üç sany ýerine ýetiriş ölçegi boýunça gowy baha berilýär: ýerlikliligi, takyklygy we dolulygy; Raýat sanawlary dürli dolandyryş maksatlary üçin ulanylýandygy sebäpli, raýatlara şahsy maglumatyndaky üýtgeşmeler barada habar bermek üçin, adatça gysga möhlet berilýär. Netijede, häzirki hasaba alyş ulgamy üýtgeşmeleri goşmakda yza galsa-da, raýat bellige alyşlary üçin adatça gaty gysga hem-de bu ulgamlar aktuallyk ölçeglerinde gowy işleýär; Raýat sanawy yzygiderli täzelenip durýanlygy sebäpli, maglumatlaryň dogrulygyny tassyklamak üçin ep-esli wagt berýär; Adatça, ähli raýatlar raýat sanawynda görkezilmelidir we sanawda ýoklugy sosial ölüme barabar hasap edilýär. Sanawda görkezilmedik raýat, iş ýa-da işsizlik boýunça kömek, lukmançylyk goldawy we bilim ýaly köp sanly sosial hyzmatlardan peýdalanyp bilmez. Şol sebäpli raýat bellige alyş ulgamlary dolulyk babatynda örän gowy işleýär; we raýat sanawy islendik jemgyýetçilik hyzmatynyň müşderileriniň sanawy üçin esas hökmünde ulanylyp bilner. Degişli gizlinlik kepillikleri bilen (Şwesiýadaky ýaly) hatda hususy pudak guramalary hem maglumatlara girip bilerler we öz müşderileriniň sanawlaryny ýöretmek üçin çykdajylardan gaça durup bilerler. Hasaba alyş sanawy, mümkin bolan umumy administratiw netijeliligi üpjün edýär.

**Raýat sanawynyň birnäçe kemçilikleri bar:** Ony döretmegiň we tehniki hyzmat etmegiň çykdajysy örän köp. Ol saýlawçylaryň sanawyny döretmegi aňsatlaşdyrýar, ýöne sanawyň özi ep-esli serişde goýmagy talap edýär. Muňa garamazdan, adatça saýlawlar bilen kän bir baglanyşygy bolmadyk sebäplere görä, hökümet raýat sanawyny ýöretmek kararyna gelip biler. Eger şeýle bolsa, sanawdaky maglumatlary saýlawçylaryň sanawyny düzmek üçin ulanmak ýerlikli; Ol adatça dürli maglumat gorlarynyň baglanyşmagyna mümkinçilik berýän Milli raýat kesgitleýiş belgisine esaslanýar. Milli raýat şahsyýet belgilerini ulanmaýan ýurtlara ähmiýetliligi, takyklygy we dolulygy taýdan ýokary derejeli raýat sanawyny döretmek has kyn düşer; Köp ýurtda raýat sanawy buthana sanawlaryndan işlenip düzüldi we has öňki wersiýalary kagyz esaslydy. Häzirki wagtda raýat registrleri, adatça, kompýuterleşdirilýär, bu raýat edaralaryna şeýle registrler tarapyndan hödürlenýän maglumatlary dolandyrmak mümkinçiliklerinden doly peýdalanmaga esas berýär. Saýlawçylaryň sanawyny düzmek üçin täsirli we netijeli ulanylyp bilinjek raýat sanawy raýat guramasy we saýlaw dolandyryş edarasy üçin maglumat goruny dolandyrmak üçin, ýokary derejede ösen hasaplaýyş infrastrukturasyny talap edýär; Raýat sanawynyň maglumatlar gorunda saýlawlary dolandyrmak we saýlawçylaryň sanawyny düzmek üçin zerur maglumatlary ýöretmekde örän seresaply bolmak gerek. Maglumat goruna goşulan islendik at awtomatiki usulda dogry administratiw bölünişige degişli edilmelidir. Şeýlelikde, ulgam hasaplaýyş infrastrukturasynyň ösüşini dolandyrmak üçin ýeterlik programma üpjünçiligini we goldaw işgärlerini talap edýär; Käbir ýurtlarda raýat reýestri Orwelliň Uly dogan baradaky pikirlerini

oýandyrýar we şeýle reýestriň döredilmegine ýigrenji güýçlendirýär; Şonuň ýaly-da, käbir adamlar raýat sanawy ýaly merkezleşdirilen maglumat gorlarynyň nädogry ulanylmagyndan gorkýarlar. Olaryň käbir gorkulary, maglumatlaryň rugsatsyz täjirçilik maksat bilen ulanylmagy ýa-da döwlet edaralarynyň arasynda maglumatlary paýlaşmak üçin ýeterlik çäklendirmeleriň bolmazlygy bolup durýar; Raýat sanawy saýlaw dolandyryş edarasyny saýlawçylaryň sanawyny düzmek we ýöretmek taýdan hökümete bagly edýär. Eger-de oppozision partiýalar, raýat jemgyýeti toparlary ýa, umuman, saýlawçylar hökümete ynamsyzlyk we şübhe bilen garaýan bolsalar, olaryň ynamsyzlygy saýlaw dolandyryş edarasyna we saýlawçylaryň sanawyna hem degişli bolup biler. Köplenç saýlaw dolandyryş edarasynyň hökümetden garaşsyz bolmagy we şol garaşsyzlygy görkezmegi möhüm bolup durýar. Belli bir derejede raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamy SDE-ni käbir esasy işlerini ýerine ýetirmekde döwlet edaralaryna bagly edip goýmak bilen, bu garaşsyzlygy puja çykarýar. Eger hökümetiň dogruçyllygyna bolan umumy ynam bar bolsa, munuň ähmiýeti hem bolmaz. Şeýle-de bolsa, hökümete ynam ýok bolsa, hili pes we hökümeti goldaýanlara tarapgöýlik etmegi ähtimal raýat hasaba alyş ulgamyny ulanmak saýlaw dolandyryş edarasynyň kanunylygyny şek ýetirip biler; и Если министерство, ответственное за ведение реестра актов гражданского состояния, либо не желает, либо не может поддерживать его в актуальном состоянии, точном или полном соответствии с приемлемыми, заранее определенными стандартами, орган администрирования выборами вынужден начинать с плохих данных в качестве основы для списка избирателей. Eger raýat sanawyny ýöretmek üçin jogapkär ministrlik ýa-ha onuň häzirki ýagdaýynyň, öňünden kesgitlenen ülňülere doly laýyk gelmegini goldamagy islemese ýa-da başarmasa, saýlaw dolandyryş edarasy saýlawçylaryň sanawy üçin esas hökmünde pes maglumatlardan başlamaga mejbur bolýar.

## Saýlawçylaryň garyşyk sanawy

Hem raýat sanawy, hem saýlawçylaryň sanawy bolan ýurtda bolup biláýjek bilelikdäki täsirler we olar bilen bagly meseleler barada has giňişleýin durup geçmek bolar. Saýlawçylaryň garyşyk sanawynyň maglumat gory raýat sanawy esasynda döredilýär, soňra SDE ýerine ýetirilýän we barlanýan döwürde degişli täzelenmeleri girizýär. **SDE-niň wezipesi sanawyň takyklygyny, şol sanda saýlawçylaryň ýaşaýan ýeriniň täzelenendigi baradaky maglumaty hem goşup üpjün etmekden ybaratdyr.**

Günorta Afrika raýat we saýlaw sanawlaryny utgaşdyryp ulanmagyň şowly nusgasy bolup durýar. Birinjiden, täze saýlawçylar, eger olaryň şahsyýeti raýat sanawynda dogry hasaba alnan bolsa, saýlaw sanawyna goşulyp bilner. Ikinjiden, SDE her aýda degişli edaralardan hasaba alnan ölümler barada habarnama alyp durýar we aradan çykan saýlawçylary sanawdan awtomatiki usulda aýyrýar.

Garaşylýan bilelikdäki täsirler we potensial kynçylyklar çynlakaý synaga salnyp biler, çünki täzelenmeler bilen bagly talaplar dürli kanunlara we ölçeglere uýup biler. Köp ýurtlarda raýatlaryň dogluşyny, nika baglaşmalaryny we ölümini hasaba almak raýat sanawynyň wezipesi bolup durýar. Eger aradan çykan raýatlar maglumat gorundan ýok edilmedik bolsa ýa-da adamlaryň ýaşynda uly bolmadyk nätakyklyklar bar bolsa, sanawyň hiline o diýen täsir etmeýär. Muňa garamazdan, saýlawçylaryň sanawy nukdaýnazardan saýlawlaryň netijesine täsir edip, demokratiýany gowşadyp biljek birnäçe gezek ses bermäge synanyşmagyň öňüni almak maksady bilen, sanawy "arassa", doly we dürs ýöretmek syýasy borç bolup durýar.

Aşakda raýat we saýlaw sanawlarynyň netijeli goşulmagy üçin käbir mümkin bolan çäklendirmeler getirilýär:

**Gapma-garşy mandatlar:** Döwlet edaralarynyň we (garaşsyz) SDE-leriň gapma-garşy mandatlary köplenç işi, çylşyrymly gözegçiligi we barlagy artdyrýarlar.

- **Maglumat gorunyň dürli mazmunlylygy:** Şahsyýeti kesgitleýji milli maglumat gory şahsyýetleriň ýaşaýan ýeri baradaky maglumatlar däl-de, şahsyýetleriň özi bilen iş salyşýar. Şeýle-de bolsa, ýurtlaryň köpüsinde hukuk we guramaçylyk talaplar saýlawçyny hasaba almagyň saýlaw okruglarynyň çäklerine laýyklykda ýerine ýetirilmelidigini aňladýar. Raýat sanawy raýatyň ýaşaýan ýeri baradaky täzelenen maglumatlary girizýänçä, SDE bu ugry goldamak boýunça jogapkärçilik çekýändir.
- **Möhletler:** Umuman alanyňda, raýat sanawyny düzmek saýlawçylaryň sanawyndan tapawutlylykda wagt taýdan çäklendirilmeýär we gysby möhletler goýulmaýar. Garyşyk ulgam bilen baglanyşykly çykdajylary tygşytlamak, mysal üçin, saýlaw kanuny bellige almagyň her ýyl täzelenmegini talap edýän bolsa, goşulan baha üçin salgydyň parallel hasaba alyş amallaryny dowam

etdirmegi zerur bolan ýagdaýynda az bolar. Mysal üçin, Ruandadaky raýat we saýlaw sanawlarynyň birleşmeginiň uzak möhletleýin netijelidigini görkezýän hiç hili güýçli subutnama ýok, sebäbi bu ýurtdaky SDE döwürleýin täzelenmeleri geçirmek we saýlawçylaryň takyk sanawyny wagtynda bermek üçin kanuny taýdan borçludyr.

- **Şahsyýet kartoçkalary:** Saýlaw kartoçkalary berilmezden ozal, raýatlyk subutnamasy hökmünde ministrlik şahsyýetnama bermekde yza galan ýagdaýynda şahsyýet resminamalaryny ulanmak kynçylyk döredip biler, sebäbi bu ses bermek hukugyna eýe bolan we isleg bildirýänlere ýaramaz täsir edip biler. Mysal üçin, Senegalda bir ministrligiň ret etmegi (şahsyýetnama bermegi) 2010-njy ýylda saýlawçylary hasaba almak kampaniýasyna düýbünden howp saldy.
- **Dürli barlag we täzeleniş usullary:** Iki ulgam dürli barlag we täzeleniş usullaryny ulananda döwürler, ýerler we maglumatlar nukdaýnazaryndan kynçylyklar ýüze çykyp biler. Mysal üçin, aradan çykanlaryň atlaryny lukmançylyk barlagynyň üsti bilen administrasiýa habar berilmeýän ýurtlarda ýazmak gaty kyn bolup biler.
- **Has ýokary tehniki hyzmat çykdajylary bilen sinhron däl maglumatlar gorlary:** SDE saýlawçylaryň sanawynyň hilini ýokarlandyrmagy we barlamak işini aňsatlaşdyrýan innowasion ýollary tapmaly.

Garyşyk ulgam diňe belli bir bitewülik, gurluş guramasy we infrastruktura derejesine ýeten ýagdaýynda durnukly we täsirli saklanyp bilner.

Iki maglumat goruny döretmekden bolup biljek sinergetik täsirler:

- başlangyç maglumatlary döretmek (ýygnamak we gaýtadan işlemek) üçin çykdajylary azaltmak;
- enjamlary satyn almak we hyzmat etmek üçin çykdajylary azaltmak;
- materiallary tehniki taýdan goldamak üçin çykdajylary azaltmak;
- özboluşly kesgitleýiş standartlaryny görkezmek ukyby we
- iki registriň özara goldawy.

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Gruziýa

**Saýlawçylary hasaba almak** – bu adalatly we aýan saýlawlary guramagyň möhüm tapgyrydyr. Gruziýada bu amal kanun bilen kadalaşdyrylýar we Saýlawlary geçirmek boýunça merkez topary tarapyndan geçirilýär.

## Raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamy

Gruziýada raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamy üçin umumy jogapkärçilik, Gruziýanyň Adalat ministrliginiň üstüne düşýär, şeýle-de bolsa ministrligiň özi merkezi edarasynyň üsti bilen raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamynyň işini kadalaşdyrýan kada-kanunlary çykarmakdan başga hiç hili işi gönüden alyp barmaýar.

Raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamynda esasy ygtyýarly edara “Döwlet hyzmatlaryny ösdürmek gullugy” (mundan beýläk “Agentlik”) bolup durýar.

Raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamynda edaranyň wezipeleri aşakdaky hyzmatlary öz içine alýar : . . .

- Dogluşy hasaba almak;
- Atalygy anyklamagy hasaba almak;
- Ogullyk almagy hasaba almak;
- Nikany hasaba almak;
- Nikanyň bozulmagyny (aýrylyşmagy) hasaba almak;
- Familiýany / ady üýtgetmegi hasaba almak;
- Ölümi hasaba almak;
- Hasaba alyş ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we düzedişleri girizmek;
- Raýat ýagdaýy namalaryny bellige alyş şahadatnamalaryny bermek;
- Hukuk ähmiýetli faktlary kesgitlemek.

Agentlik raýat ýagdaýy namalarynyň bellige alynmagyndan jogapkär döwlet edarasydyr. Ol bu wezipäni territorial guramalary arkaly ýerine ýetirýär. Agentligiň sebit edaralary ähli häkimliklerde / etraplarda diýen ýaly bar.

## Raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba almakda gönükdiriji ýörelgeler

Häzirki wagtda raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba alyş ulgamynyň esasyny düzýän birnäçe ýol görkeziji ýörelgeler bar:

- Hasaba almagyň hökmanylygy;
- Dogluş hakyndaky ýazgylaryň hakykylygyny ýuridik dogry hasaplamaklyk;
- Raýat namalary ýazgylarynyň maglumatlarynyň takyklygy we dolulygy ýörelgesi;
- Eksterritoriallyk;
- Birmeňzeş amal;
- Gruziýanyň raýatynyň özüniň raýatlygy bolan ýurtda raýat ýagdaýynyň ýazgysynyň namasyna eýe bolmak hukugy.

## Saýlawçylaryň sanawyna kimler giriziýär?

Saýlawçylaryň sanawynda ses bermäge hukugy bolan Gruziýanyň ähli raýatlary girizilýär. Munuň üçin olar her saýlawdan öň täzelenýän we tassyklanylýan ýörite maglumatlar binýadynda hasaba alynmaly.

Sanawa aşakdaky maglumatlar girizilýär:

- Familiýasy we ady
- Doglan senesi
- Hasaba alnan salgysy

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Gruziýa

- Raýatyň şahsy belgisi
- Suraty (Raýat sanawynyň agentliginden, sanly görnüşde)
- Jynsy
- Sanawa girizilen senesi

Eger adam basyp alnan ýerlerden göçmäge mejbur edilen bolsa, onda onuň hakyky ýaşaýan ýeri görkezilýär. Eger raýat daşary ýurtda ýaşaýan bolsa we konsullykda hasaba alnan bolsa, bu hem sanawda bellenilýär.

### Saýlawçylaryň sanawy nädip emele getirilýär?

Sanaw dürli döwlet edaralarynyň maglumatlarynyň esasynda düzülýär.

1. Agentligiň maglumatlar binýadyndaky degişli sebitde ýaşaýan ýerleri boýunça hasaba alnan şahslar, şol sanda saýlaw güni 18 ýaşyna ýeten şahslar, şeýle hem ölenler baradaky maglumatlar esasynda.

2. Maşgala agzalary ölüm şahadatnamasyny almak üçin Agentlige ýüz tutmadyk ölen şahslar barada degişli şäher häkimiýetleri tarapyndan berlen maglumatlar esasynda, şeýle hem atlary / belgileri üýtgedilen köçeler we ýaşaýyş jaýlary barada geçirilen maglumatlar esasynda;

3. Gruziýanyň zähmet, saglyk we sosial gorag Ministrligi we onuň ýerli guramalary tarapyndan berlen, basyp alnan ýerlerinden mejbury göçürilenler baradaky maglumat esasynda;

4. Gürjüstanyň Goranmak ministrliginiň harby işgärler we ýörite döwlet derejesi bolan şahslar barada beren maglumatlaryna, Gürjüstanyň Içeri işler ministrliginiň, Gürjüstanyň Döwlet howpsuzlyk gullugynyň, Gürjüstanyň aňtaw gullugynyň we Ýörite döwlet goragy gullugynyň ýörite derejesi bolan şahslar barada beren maglumatlaryna we Gürjüstanyň Adalat ministrliginiň ulgamyna girýän döwlet edarasynyň tabynlygyndaky edaranyň – Ýörite penitensiar (tussaghana) gullugynyň, gulluk şertleri, bellige alnan ýerinden tapawutly, başga bir saýlaw okrugyna degişli salgyda bolmagyny talap edýän işgärler hakynda beren maglumatlaryna esaslanyp;

5. Gruziýanyň Daşary işler ministrliginiň Gruziýanyň konsullygynda hasaba alnan saýlawçylar barada beren maglumatlarynyň esasynda;

6. kazyýetiň karary bilen goldanýan diýlip ykrar edilen we degişli stasionar lukmançylyk edaralarynda ýerleşdirilen şahslar baradaky maglumatlaryň, Gruziýanyň zähmet, saglyk we sosial gorag ministrligi tarapyndan döwlet gözegçiligine degişli bolan jemgyýetçilik hukugynyň ýuridik şahsy – Adam söwdasynyň pidalaryna we diri galanlaryna döwlet idegini we kömegini bermek Agentligi tarapyndan berlen, basyp alnan ýerlerden göçürilen adamlar baradaky maglumatlaryň esasynda;

7. Gruziýanyň Adalat ministrliginiň ulgamyna girýän, döwlet tabynlygyndaky edara bolan Ýörite penitensiar (tussaghana) gullugy tarapyndan berlen, öňüni alyş çäresi hökmünde tussag ediş ulanylan, juda agyr bolmaýan jenaýat ýa-da has agyr jenaýat edenligi üçin azatlykdan mahrum edilen şahslar, şeýle hem agyr jenaýat edenligi sebäpli azatlykdan mahrum edilen we ses beriş gününe çenli jeza möhletiniň dolandygy sebäpli jezany ýerine ýetiriş edaralaryndan boşadyljaklar şahslar baradaky maglumatlaryň esasynda.

8. Gruziýanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan Gruziýanyň döwlet serhedinden geçen we Gruziýa gaýdyp gelmegi hasaba alynmadyk şahslar barada berlen maglumatlaryň esasynda. Şu maglumatlara esaslanyp, saýlawçylaryň bitewi sanawynyň “Hakyky ýaşaýan ýeri” sütüninde “Daşary ýurtda bolýar” ýazgysy ýazylýar. Görkezilen ýazgy, adamyň ses bermek hukugyny çäklendirmek üçin esas däldir.

Sanawa şular girizilmeýär:

- Şahsyýetnamasy ýatyrylan adamlar.
- Saýlawdan öň belli bir möhlete çenli täze resminamany almadyk raýatlar.
- Aradan çykan raýatlar (olaryň maglumatlary häkimlikleriň we Saglygy goraýyş ministrliginiň maglumatlarynyň esasynda öçürilýär).

Raýatlar sanawdaky maglumatlaryny barlap, ýalňyşlyklar bar bolsa düzedip bilerler. Munuň üçin Merkezi saýlaw toparynyň ýerli wekilhanasyna saýlawlardan azyndan 18 güb öňünden ýüz tutmaly.

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Gruziýa

## Öz maglumatlaryňy nireden barlap bolar?

Merkezi saýlaw topary saýlawçylaryň sanawynyň bir bölegini resmi web sahypasynda neşir edýär, şeýle hem bu maglumatlary etrap we ýerli wekilçiliklere berýär. Saýlaw döwründen başga wagtlarda maglumatlary islendik wagt görmek mümkin.

## Adyňyz sanawda bolmadyk ýagdaýynda näme etmeli?

Eger-de saýlawçy sanawda öz adyny tapmadyk bolsa, onda ol saýlaw toparyna ýa-da kazyýete ýüz tutup biler. Eger saýlawa iki günden az wagt galan bolsa, karar dessine kabul edilýär. Saýlaw güni, saýlaw uçastogynda hem hasaba durup bilersiňiz, ýöne munuň üçin goşmaça resminamalary bermeli bolarsyňyz (mysal üçin, hassahanadan kepilnamany ýa-da serheti geçendigiňiz barada belligi).

## Sanawa soňky üýtgeşmeler haçan girizilýär?

Saýlawlardan 12 gün öň, diňe kazyýetiň karary bilen üýtgetmeler girizilip bilner. Ondan soň, durnuklylygy we aç-açanlygy üpjün etmek üçin sanaw üýtgewsiz galýar.

## Saýlawçylary tassyklamak üçin enjamlarda sanawyň hakykylygyny barlamak

Saýlaw güni, uçastok saýlaw komissiýasynyň başlygy, ses bermek üçin niýetlenen otagda bolmaga hukugy bolan şahslaryň gatnaşmagynda saýlawçylary barlamak enjamyny işjeňleşdirýär we bu saýlawçylary tassyklama enjamynda hiç bir saýlawçynyň entek tassyklanmandygyny görkezýän ilkinji hasabaty çap edýär.

Saýlawçylary barlamak enjamynda saýlawçylary barlamak prosesi işjeňleşdirilenden soň, uçastok saýlaw toparynyň başlygy toparyň agzalaryna – saýlawçylary bellige alyjylara – aç-açan görnüp duran ýerde asylýan saýlawçylaryň sanawyny (sanawda saýlawçynyň tertip belgisi, familiýasy we hakyky ýagdaýy görkezilýär) we enjama ýüklenen saýlawçylaryň sanawyny çap etmek barada görkezme berýär, onuň bilen birlikde saýlawçylary hasaba alyş stoly üçin, şeýle hem asmak üçin sanawlary gaýtadan barlamaga mümkinçilik berýän demonstrasion sanaw asylýar;

Ses beriş otagyna giren saýlawçy bellige alyş stolunyň ýanyna gelýär we saýlawçylaryň bellige alyjysy bolan topar agzasyna Gruziýanyň raýatynyň elektron şahsyýetnamasyny (şahsyýetnamasy) görkezýär, Toparyň agzasy – saýlawçylary bellige alyjy, berlen resminamada görkezilen saýlawçynyň hasaba alyş maglumatlarynyň saýlawçylaryň sanawynda bar bolan maglumatlara laýyklygyny barlaýar we bu saýlawçynyň daşky görnüşini, görkezilen resminamadaky suratlardaky we saýlawçylaryň sanawyndaky suraty bilen deňeşdirýär. Laýyklyk tassyklanan ýagdaýynda, toparyň agzasy – saýlawçylary bellige alyjy, saýlawçyny bellikleýär we saýlawçylaryň sanawynyň degişli sütünine gol çekýär, ondan soň saýlawçy öz goly bilen saýlaw býulletenini alandygyny tassyklaýar.

## Netije

Gruziýada saýlawçylary hasaba almak – bu adalatly saýlawlary üpjün etmäge kömek edýän takyk guramaçylykly iş. Raýatlar saýlaw güni kynçylyklardan gaça durmak üçin maglumatlaryny öňünden barlamaly. Ýalňyşlyklar tapylan ýagdaýynda, Merkezi saýlaw toparyna ýa-da kazyýete ýüz tutup olary düzedip bolar.

Saýlawlar – bu her bir raýatyň hukugy bolup, ses bermäge hukukly ähli şahslaryň bu hukukdan päsgelçiliksiz peýdalanyp bilmegi möhümdir.

# Intro.5.3 Gyrgyzystanda saýlawçylary hasaba almak - Tejribeden mysal

Gyrgyzystanda adamlaryň şahsyýety baradaky maglumatlar raýat ýagdaýlarynyň nama ýazgysy edaralary tarapyndan dowam edýän raýatlary hasaba alyş işiniň bir bölegi hökmünde hasaba alynýar. 2014-nji ýyla çenli raýat hasaba alyş ulgamy tutuşlygyna el bilen işlenilip kagyz esaslydy, möhüm wakalaryň her biri 60 sany raýat bellige alyş bölüminde we 519 sany ýerli dolandyryş edaralarynda ýörite hasaba alyş kitabynda hasaba alynýardy. Her dolan hasaba alyş kitabynyň ikinji nusgasy paýtagt Bişkekdäki merkezi raýat ýazgylaryny hasaba alyş arhiwine, üçünji nusgasy bolsa raýatlaryň möhüm statistiki maglumatlaryny hasaba almak bilen meşgullanýan merkezi statistika edarasyna geçirilýär. Raýat ýagdaýy baradaky kanuna laýyklykda jogapkär bellige alyş edaralaryna dogluş, nikalaşmak, aýrylyşmak, adynyň üýtgemegi, ene-atasy, ogullyga alynmagy we ölümi baradaky maglumatlary hasaba almaga görkezme berlen. Ulgam düzedişleri hem girizip biler, bu bolsa käbir ýagdaýlarda hasaba alyş senesiniň we beýleki maglumatlaryň üýtgedilip bolýandygyny aňladýar.

Raýat hasaba almak we dolandyrmak ulgamynynyň sanlaşdyrylmagy Gyrgyzystanyň raýat hasaba alnyşyna, möhüm statistikalaryň ýöredilşine we şahsyýet dolandyryşyna däp bolan bir bitewi çemeleşmesini has-da güýçlendirdi. Raýat hasaba alyş işlerini sanlaşdyrmak we adamyň bellige alnan möhüm wakalaryny Ýeketäk Şahsyýet Belgisine baglanyşdyrmak döwlet edaralryna şahsyýet bilen baglanyşykly ähli hasaba alnan wakalar barada maglumat berýär. Sanlaşdyrmak, şeýle hem möhüm wakalaryň iki gezek hasaba alynmagynyň öňüni alýar we döwlet edaralaryna aldawçylyk ýa-da resminamalary galplaşdyrmagyň sanyny azaltmak üçin birnäçe amallary hödürleýär. Mundan beýläk raýatlar üçin kagyz hasaba alyş şahadatnamasy, möhüm wakalaryň hasaba alnandygyny subut etmegiň ýeke-täk usuly däl. Milli şahsyýetnama ýa-da syýahatçylyk resminamalaryny soraýan ýaşaýjylar ol resminamalara goşmaça maglumatlary umumy raýat sanawynda goşmazdan girizip bilmeýärler. Şahsyýet resminamasynda görkezilmeli islendik täze şahsy maglumatlary ilki bilen möhüm waka hökmünde hasaba alynmalydyr. Şahsyýeti dolandyryş edaralary we beýleki döwlet hyzmat ediş gulluklary indi maglumatlary ilat sanawyndan elektron görnüşinde alyp bilerler, bu bolsa galp resminamalar we galp şahadatnamalar töwekgelçiligini çäklendirýär. Raýat sanawyna täze şahsyýet maglumatlary girizilenden soň, bu maglumatlary talap edýän beýleki hyzmatlara awtomatiki usulda iberilýär. Mysal üçin, ölümi hasaba almak merhumyň saýlawçylaryň sanawyndan aýrylmagyna, pensiýa tölegleriniň ýatyrylmagyna we ş.m. getirýär.

Gyrgyzystanyň şahsyýet ekoulgamyna girizilen özgertmeler, güýçli syýasy goldaw we hökümetiň maliýeleşdirmegi bilen adaty kagyz esasly şahsyýet ulgamlaryndan birnäçe ýylyň içinde ýokary integrirlenen sanly ulgamlara öwrülip biljekdigini görkezýär. Bu özgerişligiň netijesinde, köp sanly döwlet hyzmatlary üçin ýeňilliklere öwrüldi we döwlet dolandyryşynyň netijeliliginiň ýokarlanmagyna goşant goşdy. Bu başlangyç üçin syýasy ygrarlylyk, syýasy gyzyklanýan taraplaryň ýurduň şahsyýet ulgamyny sanlaşdyrmak we özgertmek bilen baglanyşykly käbir ýiti syýasy we dolandyryş meselelerini çözjekdigine düşünmegiň netijesinde gelip çykýar. Köpugurly döwürleýin hasabat biometrik hasaba almak bilen bilelikde durmuşa geçirmeklik, saýlawçylaryň sanawlarynyň takyklygyna halkyň ynamyny güýçlendirmäge we ýurduň syýasy ýagdaýyny durnuklanmagyna kömek etdi. 2015-nji ýyldaky parlament saýlawlarynda ilat sanawy döredilip, üstünlikli durmuşa geçirilmegi onuň gymmatyny we zerurlygyny ykrar etdi. Şeýle hem, häzirki zaman şahsyýet maglumatlaryna girmekden peýdalanýan beýleki köp sanly döwlet hyzmat ediş ulgamlary bilen baglanyşdyryldy. Netijede, bu hyzmat ediş ulgamlar, peýdalanýanlaryň şahsyýet maglumatlarynyň elmydama täze bolmagyny üpjün etmek üçin gymmatbahaly amallary ulanmaly däldirler. Raýat hasaba alyş we şahsyýeti dolandyryş ulgamlaryndaky özgertmeler, Ilat sanawy we umumy ulgamlardaky maglumatlaryň gymmatynyň bu ulgamyň adamlaryň şahsy maglumaty we ýaşaýan ýerleri barada iň täze we ygtybarly maglumatlar bilen üpjün etmekdigi göz öňünde tutulyp girizildi. Möhüm durmuş wakalary hasaba almagyň ýokary derejesini saklamak, möhüm wakalaryň ýazgylaryny sanlaşdyrmak we bu maglumatlaryň ilat sanawynyň şahsyýet dolandyryş ulgamy bilen utgaşdyrmagy, şahsyýet maglumatlarynda täzeçilligiň saklanmagyna goşant goşdy.

## Maliýe meseleleri

Köpugurly döwürleýin hasabatyň döredilmegi bölünip berlen býudjet çeşmeleriniň hasabyna maliýeleşdirildi. Gyrgyzystanyň hökümeti, biometrik hasaba alyş prosesi üçin 4,8 million amerikan dollar möçberinde maliýeleşdirdi, bu bolsa raýatlaryň şahsyýet maglumatlarynyň başlangyç sanlaşdyrylmagyna mümkinçilik berdi. Günorta Koreýanyň Ösüş Agentligi, Ýaponiýanyň hökümeti we BMG Ösüş Maksatnamasy ýaly daşary ýurt guramalary täze biometrik şahsyýetnamalary berip başlamak

üçin saýlawçylaryň biometriki hasaba alyş ulgamyny döretmek üçin goşmaça maliýe serişdelerini berdiler. Köpugurly döwürleýin hasabatyň döredileni bäri, ähli ulgamlaryň täzelenmeleri we taryhy ýazgylary sanlaşdyrmak işi bölünip berlen býudjet çeşmelerini ulanylyp tamamlandy. Ulgam netijeliligi gitdigiçe artmak bilen çäklenmän, raýatlar serişdelerini hem tygşytlap bilerler. Şahsy maglumatlar bilen paýlaşmak indi elektron ulgamdaky maglumatlary awtomatiki deňeşdirmek arkaly amala aşyrylýar, ozal bu işde kagyz şahadatnamalar ulanylýardy. Bu, hasaba alyş bölümine ýol çykdajylaryny we rugsat alyp işden galmak çykdaýjylaryny azaldýar. Ulgamda işlenýän haýyşlaryň sanyna köpeldilen bu çykdajylar, raýatlara çykdaýjylaryny tygşytlap biler. ABŞ-nyň Halkara Ösüş Agentligi we Estoniýanyň Daşary işler ministrligi maglumat alyş-çalyş ulgamynyň esasynda Gyrgyzystanda gurulýan elektron hökümeti döretmek we raýatlara hyzmat edýän döwlet işgärlerine we maglumat tehnologiýalar hünärmenlerine tälim bermek üçin 560,325 ABŞ dollar möçberinde maliýe serişdelerini berdi. Käbir çaklamalara görä, “Tunduk” döwlet hyzmatlar portalynyň işe girizilmegi milli býudjetde ýylda 300 million dollara çenli tygşytlamaga mümkinçilik berer.

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) / Demokratik Institutlar we Adam Hukuklary Býurosynyň (DIAHB) hasabatlaryndan bölek

Saýlawçylary hasaba alyş ulgamy gowşak. Gyrgyz Respublikasynda we daşary ýurtlarda ýaşaýan saýlawçylary öz içine alýan saýlawçylaryň sanawlary, Döwlet hasaba alyş gullugy (SRS) tarapyndan ýöredilýän we täzelenýän Ilatyň Bitewi Sanawy esasynda düzülýär. Saýlawçylar saýlawçylaryň sanawyna awtomatiki usulda goşulsa-da, kanunlara laýyklykda raýatlaryň Döwlet hasaba alyş gullugynyň maglumatlar bazasyna ähli barmaklaryň sanly barmak yzlary, surat we gol ýaly biometrik maglumatlary goýmak şerti bilen goşulýar.

Bu saýlawlar üçin, 2013-nji ýylda prezidentiň başlangyjy esasynda saýlawçylary hasaba alyş ulgamyna möhüm üýtgeşmeler girizildi. Oňyn ädim hökmünde, saýlawçylaryň sanawlary tutuş ýurt boýunça ilatyň ählihalk sanawyna esaslandy we Döwlet hasaba alyş gullugy tarapyndan ýöredildi. Saýlawçylaryň sanawyndaky nädogry ýazgylary aýyrmak üçin girizilen goşmaça talap hökmünde raýatlar biometrik maglumatlary tabşyrmalydy ýa-da ses bermek üçin hasaba alynmaýardy. Biometrik maglumatlary raýatlar ýurtdaky ýa-da daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryndaky 700-den gowrak maglumat ýygnamak nokatlarynyň haýsydyr birinde on barmagyň ählisiniň yzlaryny, suratlaryny we gollaryny bermek bilen tabşyrýarlar. Saýlaw güni saýlawçylary kesgitlemek, saýlawçylaryň barmak yzlarynyň ýazgydaky barmak yzlary bilen deňeşdirilmegine esaslandy.

Saýlawçylardan güýji bolan şahsyýetnama ýa-da pasport getirmekleri talap edildi. Öňki saýlawlarda ulanylan beýleki görnüşleri şahsyýet resminamalary güýjini ýitiren diýip hasap edildi.

Hökümet ýolbaşçylary saýlawdaky ýalňyşlyklary çäklendirmek we saýlawçylaryň we syýasy partiýalaryň saýlawlara bolan ynamyny güýçlendirmek üçin biometrik hasaba alyş we şahsyýeti tassyklaýyş ulgamyny ornaşdyrdylar. ÝHHG / DIAHB we Saýlawlara Gözegçilik Missiýasynyň söhbetdeşleriniň köpüsi bu ulgamy goldady. Muňa garamazdan, käbirleri söhbetdeşler saýlawçylaryň sanawyna girmegiň şerti hökmünde biometrik hasaba alynmagy, konstitusiýa boýunça ses bermek hukugyny çäklendirilmegi diýip garşy çykdylar. Biometrik hasaba alynmaga garşy konstitusiýa garşylyklary ret edildi.

Umuman alanyňda, bu saýlawlarda ses bermek üçin 2,761.297 saýlawçy hasaba alyndy. Ýolbaşçylaryň biometrik bellige almak möhleti örän çäklidi. Biometrik hasaba alyş kanuny kabul edilenden gysga wagt soň, ýagny 2014-nji ýylyň oktýabr aýynda biometrik maglumatlary hökmany tabşyrmak çäreleri başlandy; Şeýle-de bolsa, saýlawçylaryň sanawyna goşulmak üçin biometrik hasaba alyş talaby 2015-nji ýylyň aprelinde Saýlaw hakyndaky kanunyna üýtgeşmeler girizilenden soň başlady. Käbir raýatlar uzak ýerlerde ýaşaýandyklary, öýlerinden çykyp bilmeýändikleri ýa-da daşary ýurtlarda ýaşaýandyklary sebäpli saýlawçylaryň sanawyna girmeklikde kynçylyklary döretdi we netijede biometrik hasaba alynmakdan çykaryldy, şol sebäpden hem saýlawçylar sanawyny doly we ähli maglumatlary öz içine almady. Döwlet hasaba alyş gullugy 19-njy sentýabra çenli döwürde 16 ýaşdan ýokary bolan raýatlaryň jemi 2,849,000-sy (takmynan 75 göterim) biometrik hasaba alnandygyny habar berdi. Şeýle-de bolsa, 23-nji sentýabrda hökümet ýurtda ýaşaýan we ses bermäge hukugy bolan ähli saýlawçylaryň 95 göteriminiň hasaba alnandygyny habar berdi. ÝHHG / DIAHB we Saýlawlara Gözegçilik Missiýasynyň dürli söhbetdeşleri iki göterime görkezijisine hem nädogry diýip baha berdiler. Gyrgyzystanyň raýatlarynyň ep-esli bölegi daşary ýurtlarda ýaşaýan hem bolsa, daşary ýurtdan ses bermek üçin diňe 15,312 adam hasaba alyndy we şolardan diňe 2500 töweregi adamyň saýlaw güni ses berendigi habar

# Intro.5.3 Gyrgyzystanda saýlawçylary hasaba almak - Tejribeden mysal

berildi. Bu, ses bermäge hukugy bolan adamlaryň hemmesiniň bu hukukdan peýdalanmagyny üpjün etmek üçin geçirilýän çäreleriň netijeliligini şübhelendirýär.

Mundan başga-da, käbir raýatlarda şahsy maglumatlaryň ulanylmagy we goralmagy barada bar bolan kanunlaryň bilen ýeterlik derejede düzgünleşdirilmedigi sebäpli biometrik hasaba alynmak islemedi.

Biometrik hasaba alyş işleriniň çylşyrymly bolanlygy wagtlarynyň çäkli bolanlygy sebäpli, ýolbaşçylar köpçülikleýin wagyz nesihat çärelerini ýokary derejede geçirdiler. Şeýle-de bolsa, ÝHHG / DIAHB we Saýlawlara Gözegçilik Missiýasy käbir raýatlara, esasanam döwlet edaralarynyň işgärlerine biometrik maglumatlary bermek üçin dürli basyşlaryň dürli görnüşleri barada ygtybarly habarlary aldylar. Mundan başga-da, ÝHHG / DIAHB we Saýlawlara Gözegçilik Missiýasy merkezi we ýerli häkimiýet edaralarynyň, käbir raýatlaryň duş gelen meselelerini çözüp bilmedigini we täze saýlawçylary bellige almagyň halkara standartlaryna ters gelýän hereketleri barada ýeterlik maglumat bermändigini aýtdy.

20-nji awgustdan 19-njy sentýabr aralygynda saýlawçylar saýlaw uçastoklarynda,onlaýn görnüşde we Döwlet hasaba alyş gullugynyň telefon belgilerine jaň edip özleriniň saýlawçy sanaw ýazgylaryny tassyklap we ýazgylaryna üýtgetmeler girizip bildiler. Bu döwürde saýlawçylar biometrik kesgitlemek prosesi bilen hem tanyşdylar. Bişkek we Oş şäherlerinde wagtlaýyn ýaşaýan ýöne ýazgyda bolmadyk köp sanly saýlawçylar, wagtlaýyn ýaşaýan ýerinde ses bermegi üçin ýüzlenip bildiler. Käbir saýlawçylar biometrik maglumatlaryny soňky pursatda tabşyrdylar we olaryň maglumatlarynyň saýlaw uçastoklarynyň sanawynda wagtynda goşulmagy bilen baglanyşykly käbir kynçylyklar ýüze çykdy.

Ilkibaşda saýlawçylary Döwlet hasaba alyş gullugy tarapyndan döredilen täze salgylar sanawyna esaslanyp, awtomatiki usulda saýlaw uçastoklaryna bellediler. Emma salgylar sanawynda ýalňyşlyklaryň barlygy sebäpli, Döwlet hasaba alyş gullugy ähli saýlawçylaryň takmynan 15 göterimini Merkezi Saýlaw Komissiýasynyň kesgitlän uçastok çäkleri esasynda dogry saýlaw uçastoklaryna gaýtadan paýlamaly boldy. Salgylar sanawyndan we Merkezi Saýlaw Komissiýasynyň ozal alyp baran saýlawçylarynyň sanawyndan alnan maglumatlara esaslanandygy sebäpli, saýlawçylar bu sanawy bilen tanyşlyk döwründe eýýäm bellige alnandygy sebäpli birnäçe kynçylyklar ýüze çykdy. Berlen habarlara görä, saýlawçylaryň sanawynyň takyklygyna saýlawçylar sanawynyň täzelenmeleriniň hem Döwlet hasaba alyş gullugy, hem-de Merkezi Saýlaw Komissiýasynyň işgärleri tarapyndan geçirilendigi täsir edipdir.

# Intro.5.3 Saýlawçylaryň sanawy: Gyrgyzystan

Saýlawçylary hasaba almak, ses bermegiň aýanlygyny we adalatlylygyny üpjün edýän saýlawlara taýýarlygyň esasy tapgyrlaryndan biridir. Gyrgyzystanda bu amal kanunçylyk bilen kadalaşdyrylýar we Merkezi saýlaw topary tarapyndan amala geçirilýär.

## Saýlawçylaryň sanawyna kimler girizilýär?

Saýlawçylaryň sanawyna ses bermek hukugyna eýe bolan Gyrgyzystanyň ähli raýatlary girizilýär. Esasy şertler:

- Saýlaw güni raýat 18 ýaşdan geçen bolmaly.
- Şahsyýetiňizi tassyklaýan biometrik barlagdan geçmeli.
- Sanawlara diňe belli saýlaw uçastogynyň çägine degişli bolanlar girizilýär.

Raýatlary biometrik hasaba almak, Gyrgyz Respublikasynyň howa menzilleriniň we demir ýol menzilleriniň çäginde hem amala aşyrylyp bilner.

Harby işgärler, hassahanalardaky näsaglar we tussaglykda saklanýan şahslar ýaly raýatlaryň käbir toparlary sanawlara degişli edaralaryň maglumatlarynyň esasynda girizilýär. Şeýle hem, daşary ýurtda ýaşaýan raýatlar konsullykda hasaba alnan halatynda ses berip bilerler.

## Saýlawçylaryň sanawy nähili emele getirilýär?

Saýlawçylaryň deslapky sanawy, ilatyň ýeke-täk döwlet sanawyndan raýatlar baradaky maglumatlaryň awtomatiki göçürip alynmagy arkaly emele getirilýär. Bu sanawda raýatlaryň şahsy we biometrik maglumatlary bar we yzygiderli tertipde täzelenýär. Esasy tapgyrlar şulardan ybarat:

1. Deslapky sanaw awtomatiki usulda döredilýär we saýlawdan 80 gün öň döwlet portalynda neşir edilýär.
2. Raýatlar maglumatlaryny barlap, ýalňyşlyklary düzetmek üçin ýüz tutup bilerler.
3. Düzedişler girizilýär, ondan soň saýlawdan 30 gün öň çap edilýän barlag sanawy döredilýär.
4. Iň soňky sanaw saýlawlardan 7 gün öň düzülýär we ses beriş güni ulanylýar.

Saýlaw gününde stasionar lukmançylyk we öňüni alyş edaralarynda, güman edilýänler we günäkärlenýän adamlar hökmünde saklanylýanlar, üznüksiz iş sikli (çalşyk işi) bolan kärhanalarda işleýänler, harby gulluga çagyrylanlar, harby işgärler we olaryň maşgala agzalary we harby bölümlerde ýaşaýan beýleki şahslar barada maglumatlar, görkezilen edaralaryň ýolbaşçylary (kärhanalar, harby bölümler) tarapyndan 12 senenama gününden gijä galman degişli saýlaw uçastoklaryna geçirilýär.

Stasionar bejeriş we öňüni alyş edaralarynda, tussag ýerlerinde güman edilýänler we günäkärlenýänler hökmünde saklanýan saýlawçylary we saglyk taýdan mümkinçilikleri çäkli saýlawçylary hasaba almak üçin, ýokarda ady agzalan guramalaryň tabyn bolan ygtyýarly döwlet edaralary, şeýle hem sosial ösüş pudagyndaky ygtyýarly edara, her ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna we 1-nji awgust ýagdaýyna ýokarda agzalyp geçilen saýlawçylaryň hakyky sany barada Merkezi saýlaw komissiýasyna maglumat bermeli.

Gyrgyz Respublikasynyň çaginiň daşynda ýaşaýan we ýerleşýän, konsullyk (wagtlaýyn konsullyk) hasabynda duran we biometrik hasaba alnan saýlawçylar barada maglumatlar degişli diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan düzülýär we ses beriş gününden 85 senenama gününden gijä galman Merkezi saýlaw toparyna daşary işler üçin jogapkär döwlet edarasy tarapyndan iberilýär.

## Öz maglumatlaryňyzy nädip barlamaly we düzedişleri nädip girizmeli?

### *Saýlawçylaryň deslapky sanawy*

Uçastogyň saýlaw topary, saýlaw gününden 70 senenama gün öň degişli saýlaw uçastogynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylar tarapyndan gözden geçirilmegi üçin deslapky sanawyny asyp goýmaly.

Sanawdaky jikme-jiklikleriňiziň dogrudygyna göz ýetirmek üçin:

- Olary döwlet portalynda ýa-da ýerli saýlaw komissiýasynda barlamaly.

# Intro.5.3 Saýlawçylaryň sanawy: Gyrgyzystan

- Haýsydyr bir ýalňyşlyk ýa-da nädogrylyk ýüze çykan halatynda saýlawçy, resminamalaryň göçürmesi bilen saýlawdan azyndan 15 gün öňünden arza tabşyrmaga haklydyr. Bu ýagdaýda saýlawçy biometrik şahsyýet anyklamasyndan geçýär.
- Şeýle hem, “Saýlawçynyň kabineti” onlaýn hyzmat arkaly arzany iberip bilersiňiz.
- Uçastok saýlaw topary degişli şahsy sanawa girizmek, ýalňyşlyklary ýa-da nädogrylyklary düzetmek boýunça degişli çäreleri görmek üçin görkezilen arzany derrew Merkezi Saýlaw Toparynyň degişli sebit bölüminiň ulgam dolandyryjysyna iberýär.
- Topar arzany 7 günüň dowamynda gözden geçirer we düzedişler girizer.

***Saýlawçylaryň barlag sanawy***

Merkezi saýlaw topary, ses berişlik gününden 35 senenama gününden gijä galman, saýlawçylar barada täzelenen maglumatlary öz içine alýan saýlawçylaryň barlag sanawyny düzýär we uçastok saýlaw toparlaryna iberýär.

Uçastok saýlaw topary ses berişlik gününden 30 senenama gününden öň saýlawçylaryň barlag sanawy bilen tanyş bolmagy üçin ony asyp goýmaly.

Barlag sanawynda degişli uçastok sanawlaryna girizilen saýlawçylaryň familiýasynyň, adynyň we atasynyň adyndan, şeýle hem saýlaw uçastogynyň belgisinden başga maglumatlar bolmaly däldir.

Saýlawçylaryň sanawda ýoklugy, onda ýalňyşlygyň ýa-da nädogrylygyň bolmagy ýa-da saýlaw salgysynda ses bermek niýeti barada saýlawçylaryň arzalarynyň kabul edilmegi ses beriş gününden 15 senenama gün öň bes ediler. Arzalar işlenenden soň, Merkezi saýlaw topary saýlawçylaryň gutarnykly sanawyny düzýär. Şonda, saýlawçylaryň barlag we gutarnykly sanawlary hökmany suratda deňeşdirilmeli we Ilatyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky maglumatlar bilen täzelenmeli.

***Saýlawçylaryň gutarnykly sanawy***

Merkezi saýlaw topary enjamlar toplumyny taýýarlamak üçin saýlawçylaryň gutarnykly sanawlaryny ses beriş gününden 10 gün öň ygtyýarly döwlet edarasyna elektron görnüşinde geçirilýär.

Saýlawçylaryň jemleýji sanawy alnandan soň, ygtyýarly döwlet edarasy saýlawçylaryň sanawlaryny biometrik maglumatlar bilen ýüklemek bilen, saýlawçylary kesgitlemek üçin serwer enjamlaryny taýýarlamak boýunça işi alyp barýar, soňra saýlaw enjamlaryny saýlaw uçastoklaryna eltip bermek üçin saýlaw gününden 3 senenama gününden gijä galman Merkezi saýlaw toparyna geçirilýär.

Merkezi saýlaw topary, ses beriş gününden 7 senenama gün öňünden, merkezi saýlaw toparynyň möhüri bilen belgilenen, dikilen we tassyklanan saýlawçylaryň gutarnykly sanawyny iki nusgada çap edip degişli uçastok saýlaw toparlaryna iberýär. Şunda, her saýlaw uçastogy boýunça saýlawçylaryň kagyz görnüşinde asyp goýmak üçin niýetlenen gutarnykly sanawynyň ikinji nusgasynda, gutarnykly sanawda görkezilen saýlawçylaryň ýaşaýan ýeri barada maglumat bolmaly däldir. Saýlawçylaryň soňky sanawlarynda bar bolan maglumatlary geçirmek, göçürmek ýa-da neşir etmek arkaly maglumatlaryň aýan edilmegi kanun tarapyndan göz öňünde tutulan jogapkärçiligi öz içine alýar.

Degişli uçastok saýlaw toparlary saýlaw uçastogynda ses beriş gününden 7 senenama gününden gijä galman degişli saýlaw uçastogynyň saýlawçylarynyň gutarnykly kagyz görnüşindäki sanawynyň ikinji nusgasyny asyp goýmaly.

Saýlaw gününde diňe saýlawçylaryň sanawyna girizilen raýatlaryň ses bermäge hukugy bolar.

## Saýlawçylar daşary ýurtlarda nädip hasaba alynýarlar?

Daşary ýurtda ýaşaýan Gyrgyzystanyň raýatlary aşakdaky şertlerde ses berip bilerler:

- Konsullykda wagtlaýyn ýa-da hemişelik hasapda durýan bolmaly.
- Biometrik hasaba alyşdan geçmeli.
- Saýlawdan azyndan 15 gün öňünden konsullyga arza bilen ýüz tutmaly.

Arza berlenden soň, raýat ýaşaýan ýurduna degişli saýlaw uçastogynda saýlawçylaryň sanawyna goşulýar.

# Intro.5.3 Saýlawçylaryň sanawy: Gyrgyzystan

## Netije

Gyrgyzystanda saýlawçylary hasaba almak prosesi gowy guralan we ses berişligiň takyklygyny we elýeterliligini üpjün etmäge gönükdirilendir. Raýatlara saýlaw güni kynçylyklardan gaça durmak üçin maglumatlaryny öňünden barlamagy we zerur bolsa düzedişleri girizmegi maslahat berilýär. Ses bermek möhüm hukukdyr we her bir saýlawçy ony hiç hili päsgelçiliksiz durmuşa geçirmek mümkinçiligine eýe bolmalydyr.

Saýlawçy bilkastlaýyn ýalan maglumat beren ýagdaýynda kanun boýunça jogapkärçilik çekýär.

## Saýlawçylary döwlet belligine almak

Saýlawçylary döwlet belligine almak, Merkezi saýlaw topary tarapyndan ilatyň ýeke-täk döwlet sanawy esasynda 18 ýaşyna ýeten we biometrik maglumatlary tabşyran raýatlar barada maglumatlary awtomatik usulda döwlet portalyna ýerleşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Saýlawlar aralygyndaky döwürde, döwlet portalyndaky saýlawçylaryň sanawy her aý täzelenýär, saýlawlara taýýarlyk we saýlawlar geçirilýän döwründe bolsa her gün täzelenýär we döwlet portalynda ýerleşdirilýär.

# Intro.5.3 Ermenistanda saýlawçylary hasaba almak - Tejribeden mysal

Ermenistan ýurduň durmuşynyň dürli ugurlaryna kömek eden birnäçe innowasion elekron-hökümet (e-gov) ulgamlaryny we çözgütlerini durmuşa geçirdi. Dürli raýat ulgamlary tarapyndan toplanan maglumatlar, beýleki döwlet institutlary tarapyndan ulanylyp bilner we käbir ýagdaýlarda bolsa ulanylýandyr. Şeýle guramalaryň biri hem Merkezi Saýlaw Komiteti. Merkezi Saýlaw Komiteti saýlawçylaryň sany we olar barada degişli maglumatlary bilmek üçin başga bir döwlet edarasyna bagly bolýar. Merkezi Saýlaw Komitetiniň ýagdaýynda bolşy ýaly, maglumatlary almak meselesinde başga döwlet institutlaryna ynanýan Saýlawlary Dolandyryş Edaralary hemişe Saýlawlary Dolandyryş Edarasyna mahsus görkezmelere laýyk hereket edýändiklerine göz ýetirmeli. Saýlawlary Dolandyryş Edarasynyň beýleki çeşmeler tarapyndan berilýän maglumatlary barlamak we tassyklamak üçin Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýa amallary bolmaly.

Saýlawçylary tassyklaýyş enjamlary. Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýalaryny saýlaw güni ulanmaklyk esasan hem, 2016-njy ýylda täze Saýlaw kodeksiniň kabul edilmegi bilen başlandy. Esasy tehnologiki täzelik bolsa Saýlawçylary tassyklaýyş enjamlary (VAD) boldy.

Saýlawçylary tassyklaýyş enjamlarynyň (VAD) girizilmeginiň maksady, diňe bir saýlawçynyň şahsyýetini kesgitlemeklige kömek etmän, şeýle-de adamlaryň arasynda saýlawlara bolan ynamsyzlyk meselesini çözmekdir. 2017-nji ýyldaky saýlawlara gatnaşan halkara synçylar, Saýlawçylary tassyklaýyş enjamlarynyň (VAD) girizilmegi, olaryň söhbetdeş bolanlarynyň köpüsi tarapyndan saýlaw güni geçirilýän işlere bolan ynamy güýçlendirmek üçin peýdaly gural hökmünde oňyn garşylanandygyny bellediler. Şol bir wagtyň özünde Saýlawçylary tassyklaýyş enjamlarynyň (VAD) giç öndürilmegi we gowşurylmagy sebäpli, enjamlary synagdan geçirmek we Saýlawçylary tassyklaýyş enjamlarynyň (VAD) operatorlaryny taýýarlamak üçin wagtyň az bolanlygy ýaly kemçilikleriň ýüze çykandygyny hem bellediler.

Merkezi Saýlaw Komiteti VIU-815 atly saýlawçylary tassyklamak enjamyny (VAD) ulanmak kararyna geldi. VIU-815 berk we göçme enjam bolup, ol tutuş ýurt boýunça ähli saýlaw işgärlerine saýlawçylaryň şahsyýetini dogry barlamaga we olaryň ses berendiklerini anyklamaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, VIU-815 saýlaw işgärlerine gelýän saýlawçylary degişli saýlaw uçastoklaryna ugratmaga mümkinçilik berdi we umumy prosesi çaltlaşdyrdy. Saýlaw güni jemi 1,573.053 saýlawçy, hersinde iki sany saýlawçylary tassyklamak enjamy (VAD) bolan 2000-den gowrak saýlaw uçastoklarynda bu enjamlar bilen tassyklandy.

2018-nji ýyldan öň geçirilen ähli saýlawlarda, ses bermek hukuklarynyň bozulandygynyň ähtimallygy aýdylýar we şonuň üçin adamlaryň saýlawyň netijelerine bolan ynamy gaty pesdi. Hut şu sebäpden Ermenistanyň hökümeti daşary ýurtda ýaşaýan ýa-da bellige alnan sebitinden we saýlaw uçastogyndan başga ýerlerde bolan ermenileriň şahsy maglumatlarynyň bikanun ulanylmagynyň öňüni almak bilen, goşa ses bermek töwekgelçiligini azaltmak üçin Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýalary tarapyndan goldanýan täze çözgütleri durmuşa geçirmek kararyna geldi. Mundan başga-da, Saýlawçylary tassyklamak enjamlarynyň (VAD) ýene bir maksady, hökümetiň ölen saýlawçylaryň atlaryny ses sanawlaryna goşýandygy baradaky giňden ýaýran aýyplamalary ýok etmek. Saýlawçylary tassyklamak enjamlarynyň (VAD) birnäçe gezek ses bermegiň, şahsyýeti galplaşdyrmagyň we aldawçylygyň öňüni almaga kömek edýän serişde hasaplanýar we synçylaryň pikiriçe, soňky geçirilen saýlawlarda jemgyýetçilik ynamy güýçlendirmäge kömek etdi. Bu enjamlar 2017-nji ýyldan bäri üstünlikli ulanylýar. 2017-nji ýylda geçirilen saýlawlarda ýüze çykarylan kemçiliklere garamazdan, Saýlawçylary tassyklamak enjamlarynyň (VAD) ulanylyşy üstünlikli boldy diýip kabul edildi: birnäçe gezek ses bermek synanyşygynyň dokuz hadysasy enjam tarapyndan kesgitlenildi we öňi alyndy. Bu Saýlawçylary tassyklamak enjamlaryny (VAD) iş prosesine hiç hili üýtgeşme girizmezden, 2018-nji ýylda we 2021-nji ýylda geçirilen parlament saýlawlarynda hem üstünlikli ulanyldy. Saýlawçylary tassyklamak enjamlary (VAD), saýlaw güni saýlawçylaryň şahsyýetini tassyklamak üçin we birnäçe gezek ses berlendigi güman edilen halatynda saýlawdan soňky gözegçilik maksady bilen barmak yzlaryny toplamak üçin ulanylýar. Saýlawçylary tassyklamak enjamlary(VAD) saýlawçylaryň şahsy resminamasynyň enjam bilen okalýan zolagyny (MRZ) okamak we saýlawçylaryň elektron sanawy bilen deňeşdirmek arkaly saýlawçynyň şahsyýetini barlaýarlar. Käbir resminamalar üçin el bilen hasaba alyş göz öňünde tutulan. Indiki ädimde Saýlawçylary tassyklamak enjamy (VAD) barmak yzyny alýar. Soňra enjam (VAD) saýlaw talonyny çap edýär, bu talonyň kömegi bilen ses berijä saýlawçylaryň sanawynda göz öňünde tutulan sütündäki öz şahsy maglumatlarynyň ýanynda gol çekip (kagyz ýüzünde) hasaba almaga mümkinçilik berýär

# Intro.5.3 Ermenistanda saýlawçylary hasaba almak - Tejribeden mysal

Şu ýerde Saýlawçylary tassyklamak enjamlarynyň (VAD) internete birikdirilen däldigini bellemek gerek. Saýlaw güni maglumat geçirmek ýa-da ibermek amala aşyrylmaýar. Iberilýän ýeke-täk maglumat saýlawdan soň bolup geçýär, şonda saýlawçylaryň gol çeken sanawynyň skanirlenen nusgasy Merkezi Saýlaw Komitetiniň web sahypasynda köpçülige ýetirilýär. Eger-de arz-şikaýatlar ýa-da jedeller ýüze çykan ýagdaýynda, ulgama girizilen barmak yzlarynyň gözegçiligi, saýlawdan soň ýörite programma üpjünçiligi arkaly TEC derejesinde amala aşyrylýar. Tehniki nukdaýnazardan seredeniňde, Saýlawçylary tassyklamak enjamlary (VAD) ýerlerdäki saýlawçylar baradaky maglumaty, öň saýlawçylaryň sanawy girizilen ýat kartalarynyň üsti bilen alýarlar. Bu ýat kartalary saýlawlardan öň düzülendir we ýat kartalarynda ýerleşdirlen maglumatlar Saýlawçylaryň Merkezi Maglumat Ulgamyndan gelýär, ol ulgam adatça CVIS diýlip atlandyrylýar. Saýlawçylaryň Merkezi Maglumat Ulgamy (CVIS) – bu web programma bolup, her bir enjamyň (VAD) esasy maglumatlarynyň faýllaryny taýýarlamak üçin birnäçe prosesi ulanýar. Esasy maglumat faýly taýýarlanylandan soň, göçürijini ulanmak bilen maglumatlar faýllary köpeldilýär we TEC-lere we ahyrynda bolsa Merkezi Saýlaw Komitetiniň üsti bilen saýlaw uçastoklaryna paýlanýar. Saýlawçylaryň Merkezi Maglumat Ulgamy (CVIS) tutuş sikliň dowamynda örän möhüm rol oýnaýar sebäbi, ol diňe bir esasy ýat kartalaryny taýýarlamak bilen çäklenmän, eýsem saýlawdan soň saýlaw uçastoklaryndan ýygnalan maglumatlary hem jemleýär. Bu maglumatlar, saýlawçylaryň gatnaşygyny barlamak we Merkezi Saýlaw Komitetiniň talaplaryna laýyklykda hasabat taýýarlamak üçin ulanylýar. Saýlawçylaryň Merkezi Maglumat Ulgamy (CVIS) saýlawçylary tassyklamak ulgamynyň aýrylmaz bölegidir. Saýlawçylary tassyklamak enjamynyň (VAD) we Saýlawçylaryň Merkezi Maglumat Ulgamynyň (CVIS) işi üpjün edijä bagly, işiň galan bölegine saýlaw topary gözegçilik edýär.

Elektron şahsyýeti kesgitleýiş we beýleki elektron hökümet çözgütleri. Saýlawlara mahsus bolan Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýalar çözgütlerinden başga-da, Ermenistan raýatlar bilen administrasiýanyň özara gatnaşyklary üçin web esasly çözgütleriň ekosistemasyny döredýär. 13 Hökümetiň döwlet proseduralaryny we jemgyýetçilik hyzmatlaryny sanlaşdyrmak meýilnamasy bar. Öňki kararlary we çözgütleri özünde jemleýän täze “Sanlaşdyrma strategiýasy” 2021-nji ýylyň 11-nji fewralynda hökümet tarapyndan kabul edildi. Hökümetiň birnäçe karary (mysal üçin 31.08.2015 № 1093-N, 19.12.2019 № 1849-N, 25.05.2017 № 572-N we 26.12.2013 № 1521-N) döwlet edaralarynyň web-portallary we elektron maglumat ulgamlary üçin zerur bolan howpsuzlyk, özara ylalaşyk we beýleki düzgünleri we talaplary girizilýär. Ermeni raýatlary üçin elektron şahsyýeti kesgitleýiş çözgütleri 2009-njy ýyldan bäri elýeterli. Mysal üçin, referendumyň talaplaryna gol çekmek üçin elektron şahsyýeti kesgitleýiş (e-ID) çözgüdi göz öňünde tutulan. Elektron şahsyýeti kesgitleýiş (ID-e) ulgamyna girmek üçin, raýatlar öz şahsy kompýuterinde şahsyýet kartoçkasyny okaýjysyny we ýörite programma üpjünçiligini gurnamalydyrlar, bu bolsa kyn we gymmat bahaly prosedura. Netijede, sanly şahsyýeti kesgitleýşi adamlar diňe mejbury ýagdaýda ýagny elektron şahsyýeti kesgitleýşe (e-ID) geçmäge borçly bolan ýagdaýynda ulanýarlar. Käbir ýagdaýlarda hem elektron şahsyýeti kesgitleýiş (e-ID) we hem ýazmaça gollary ulanmak mümkin bolup biler. Mysal üçin, Elektron Talap (e-talap) portaly 14 adamlara islendik döwlet edarasyna elektron gol bilen gol çekilen resminamany ýa-da gol çekilen kagyz resminamasynyň skanirlenen nusgasyny girizmek arkaly ýüz tutmaga mümkinçilik berýär. 2018-nji ýylda ykjam telefona salnan ýörite USIM-karty bilen sanly şahsyýeti kesgitleýşi we elektron gol çekmegi mümkin edýän Ykjam ID çözgüdi hödürlendi. Häzirki wagtda, “Android” we “iOS” smartfonlarynyň ulanyjylaryna programma ýükläp almak we hasaba alyş prosedurasyny geçmek arkaly, resminamalara gol çekmek we elektron hyzmatlaryny ulanmaga mümkinçilik almaklary üçin smartfonlaryň programma üpjünçiligi meselesi boýunça işler dowam edýär. Netijede goşmaça enjam gerek bolmaz we bu çözgüt Saýlaw Kodeksiniň eIDAS (electron şahsyýeti kesgitleýiş we tassyklaýyş, electron pul geçirimleri hyzmaty) düzgünnamasynyň howpsuzlyk standartlaryna laýyk geler.

Saýlaw kodeksi saýlawlarda Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýalaryny ulanmak jogapkärçiligini Merkezi Saýlaw Komitetiniň üstüne atýar. Häzirki wagtda bu kanun Merkezi Saýlaw Komitetine ýerli saýlawlar geçirilende kiçi göwrümli synag taslamalaryň üsti bilen elektron ses berişligi we sesleri electron usulda sanamagy girizmäge mümkinçilik berýär. Merkezi Saýlaw Komtetine her jemgyýetde 2000-den köp saýlawçy we ýylda on jemgyýetden köp bolmadyk ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna saýlawlar geçirilende Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýalaryny ulanýan synag taslamalaryny gurnamaga we ulanmaga ygtyýar berlen. Has uly göwrümli saýlawlarda, milli saýlawlarda ýa-da referendumlarda elektron ses bermekligi we sesleri elektron usulda sanamaklygy islendik ýagdaýda ulanmaklyk, Saýlaw Kodeksine üýtgeşmeleri girizmegi göz öňünde tutýan belli bir kanun mandatyny talap edýär. Bu üýtgeşmeler bolsa Mejlisiň köpçüligi tarapyndan tassyklanylmalydyr.

# Intro.5.3 Rumyniýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

Hemişelik Saýlaw Edarasy tarapyndan dolandyrylýan **Saýlaw Sanawy** - saýlawçylary hasaba almak, saýlaw uçastoklaryna bölmek, saýlawçylaryň sanawyny döretmek ýaly amallary dolandyrmak üçin döredilen guraldyr we saýlawçylara hasaba alyş ýagdaýyny barlamaga we bellenen saýlaw uçastogyny (www.registrulelectoral.ro) tapmaga mümkinçilik berýär. Sanawdaky maglumatlar, Maglumat Bazalaryny Dolandyrmak Müdirligi we Raýat Ýazgylarynyň Baş Müdirligi tarapyndan dolandyrylýan ilat ýazgylarynyň esasynda berilýär. Daşary ýurtda ýaşaýan raýatlar baradaky maglumatlar Pasportlar boýunça Baş müdirligi tarapyndan berilýär. Maglumatlar akymy hemişelikdir, saýlaw döwründe bolsa maglumatlary paýlaşmak has hem köp bolup biler. Saýlaw Sanawynyň Maglumatlar Tehnologiýasynyň infrastrukturasy saýlaw uçastoklarynyň sanawyny, saýlaw uçastogynyň saýlaw komissiýasynyň başlygyndan we başlygynyň orunbasaryndan ybarat saýlaw hünärmenleriniň administrasiýasyny, we Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamy dolandyrýan kompýuter operatorlaryny öz içine alýar.

**Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamy (SIMPV)** saýlawçylary barlamaga, birnäçe gezek ses bermegiň öňüni almaga, ses berişligiň hakyky wagtda ýagdaýyny görkezmäge, protokollary barlamaga we berlen sesleri sanamaga mümkinçilik berýän toplumlaýyn ulgamdyr. Ulgam şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- Ses bermek üçin zerur şertleriň ýerine ýetirilişini barlamagy ýeňilleşdirýär
- Saýlawçylaryň şahsy maglumatlarynyň eýýäm ulgama hasaba alnan ýagdaýlaryny görkezýär (birnäçe gezek ses bermek)
- Ses bermäge hukugy bolmadyk ýa-da ses bermäge çäklendirilen adamlar barada habar berýär
- Saýlawçylaryň poçta arkaly ses beren ýagdaýlaryny görkezýär
- Resminamalarynyň möhletiniň dolan ýagdaýlaryny görkezýär
- Saýlawçylaryň sanawynda saýlawçynyň tertip belgisini görkezýär
- Daşary ýurtdaky saýlawçylaryň elektron gollarynyň kabul edilmegini üpjün edýär
- Daşary ýurtlarda gurnalan saýlaw uçastoklary üçin saýlawçylaryň goşmaça elektron sanawyny döredýär
- Saýlaw administrasiýasyna we beýleki edaralara maglumatlary iberýär
- Sesleri sanamak amallaryny ýazga almak üçin ulanylýar
- Protokollardaky baglanyşyklaryň dogrudygyny barlamak, protokollary elektron görnüşe geçirmek we Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy tarapyndan berlen sanly şahadatnamalara esaslanýan elektron gollary ulanmaga mümkinçilik bermek we maglumatlary merkezleşdirmek üçin ulanylýar;
- Kagyz protokollaryny surata düşürmek we olary merkezi ulgama ýüklemek üçin ulanylýar.

Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamy ilkinji gezek 2016-njy ýylda durmuşa geçirildi. Şeýle-de bolsa, Hemişelik Saýlaw Edarasy 2010 we 2011-nji ýyllarda geçirilen parlament saýlawlarynda kompýuterler üçin programma üpjünçiligini üstünlikli synagdan geçiripdi. 2010-njy ýylda saýlawçylaryň şahsyýetini barlamak, protokollary barlamak we saýlawyň netijelerini gysga wagta merkezleşdirmek maksady bilen synag taslamasy[1] durmuşa geçirildi. Programma internediň üsti bilen işläp, maglumatlary SMS arkaly barlamak mümkinçiligi ýerleşdirilen. Adatdan daşary ýagdaýlary barlamak üçin sorag-jogap gullugy gurnalan. Saýlaw tamamlanandan soň, ulgam protokollardaky maglumatlary dolandyryş düwmelerini barlamak we maglumatlary Merkezi saýlaw býurosyna[2] ugratmak düzgünlerine laýyklykda girizmäge mümkinçilik berdi. Her sagatda saýlawçylaryň gatnaşygy barada habar berildi we saýlawçylaryň jynsy baradaky maglumatlar jemlendi.

---

1 1” Saýlaw uçastoklaryny kompýuterleşdirmek boýunça synag taslamasy”. https://roaep.ro/legislatie/wp-content/uploads/2019/01/Raport-AEP-2011.doc, https://roaep.ro/legislatie/wp-content/uploads/2019/01/Raport-AEP-2010.doc

2 Merkezi Saýlaw Býurosy her saýlaw üçin ýörite döredilýär we gutarnykly netijeler çap edilenden soň dargadylýar. Hemişelik Saýlaw Edarasy, Merkezi Saýlaw Býurosynyň bir bölegi bolup, syýasy partiýalaryň wekilleri we kazylary öz içine alýar.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.3 Rumyniýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlar ulgamy birnäçe bölümlerden durýar:

- Merkezi maglumat ulgamy - maglumat bazalary we kompýuter programmalary, aragatnaşyk enjamlary, kiberhowpsuzlygy üpjün edýän enjamlar üçin serwerler. Ulgama Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy tarapyndan gözegçilik edilýär we ondan Hemişelik Saýlaw Edarasynyň wekilleri, Merkezi Saýlaw Býurosynyň agzalary we bellenen adamlary peýdalanyp bilerler.
- Ses bermek hukugyny barlamak üçin kompýuter programmasy (ADV) – Hemişelik Saýlaw Edarasy ýüzlenmesi boýunça Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy[3] tarapyndan işlenip düzülen kompýuter programmasy
- Tehniki goldaw merkezi – kompýuter operatorlary, tehniki dispetçerler we Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamynyň gözegçilik merkezleri üçin sorag-jogap gullugy. Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy tehniki goldaw meselelerine jogap berýär, saýlaw amallary üçin Hemişelik Saýlaw Edarasy jogap berýär, protokollar üçin bolsa Milli Statistika Instituty jogap berýär.
- aragatnaşyk infrastrukturasy – planşetleriň merkezi ulgama girmegini üpjün etmek üçin ulanylýan enjamlar
- Maglumat terminallary, saýlaw uçastoklaryna we poçta bilen ses bermek üçin niýetlenen ýörite saýlaw uçastoklaryna Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy (planşetler) tarapyndan berilýän we saýlaw komissiýalarynyň başlyklaryna paýlanan telefonlar. Telefonlar Saýlaw uçastoklarynyň başlyklaryna ýokary derejeli saýlaw komissiýalary ýa-da sorag-jogap gullugy bilen aragatnaşyk saklamaga mümkinçilik berýär, şeýle hem goşmaça gurluşlandyrylmadyk maglumatlary – USSD-leri hödürleýän hyzmatyndan peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Ulgam, Hemişelik Saýlaw Edarasynyň ýüzlenmesi boýunça Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy tarapyndan işlenip düzüldi. Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy Ses bermek hukugyny barlamak üçin kompýuter programmasyny täzelemek, planşetleri gurmak we tehniki we synag meýilnamasyny düzmek (Hemişelik Saýlaw Edarasy bilen bilelikde) ýaly birnäçe meseläni ýerine ýetirýär. Hemişelik Saýlaw Edarasy, Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamynyň ulanylmagyny goramak amallarynyň üstünde işleýär, şeýle hem olaryň bikanun peýdalanmagyň öňüni almak, maglumatlary ulanmagyň hasabatyny üpjün etmek, aragatnaşyk ulgamyny we şahsy maglumatlary goramak üçin programmalary we maglumatlar binýadyny goramagy maksat edinýär.

Hemişelik Saýlaw Edarasy, Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamynyň goldawy bilen, kompýuter operatorlary, planşet bilen işleýän ýörite işgärler (daşary ýurtdaky saýlaw uçastoklaryndan başga saýlaw komissiýasynyň düzümine girmeýän), hünärmenler üçin okuw sapaklaryny gurnaýar; olar ýazmaça arza tabşyranlaryndan soň Hemişelik Saýlaw Edarasy tarapyndan saýlanýar. Kompýuter operatorlary planşetiň ulanylmagyna jogapkärçilik çekýärler we synag sapaklaryna gatnaşýarlar. Ulgama elýeterlik, Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamynyň iberýän möhürlenen bukjalardaky maglumatlarynyň (ady we paroly) esasynda berilýär.

Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamyny ulanmak Hemişelik Saýlaw Edarasynyň we Merkezi Saýlaw Býurosynyň kararlary we kanunlary bilen düzgünleşdirilýär. Düzgünnama ulgamdan we maglumatlardan peýdalanmak, operatorlary saýlamak we paýlaşdyrmak ýaly amallary nähili ýerine ýetirilmelidigi barada jikme-jik beýan edýär.

Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamyny ulanmak, ses bermek we sesleri sanamak işine aýdyňlyk getirdi. Ses bermek hukugyny barlamak we birnäçe gezek ses bermegiň öňüni almak çäreleri düzgüni bozmalaryň öňüni almakda öz netijesini berdi. Planşetler sanamak amallaryny ýazgy etmek üçin hem ulanylýar we şol amallaryň adalatlylygyna şübhe dörese, hukuk goraýjy edaralarynyň derňewlerinde ulanylyp bilner. Şeýle-de bolsa, käbir syýasatçylar saýlawlary ýeňilmegi netijesinde Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamyny ulanmak barada nägilelik bildirdiler, üstesine-de käbir habar beriş serişdeleri

[3] Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy Rumyniýanyň döwlet edaralary we kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki jemgyýetçilik guramalary üçin ýörite telekommunikasiýa pudagyndaky işleri guraýan, olara ýolbaşçylyk edýän, olaryalyp barýan, gözegçilikde saklaýan we utgaşdyrýan ýöriteleşdirilen merkezi edaradyr.

# Intro.5.3 Rumyniýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

bu ulgamyň alyp barýan işi we hyzmatlary barada galp maglumatlary ýaýratdylar. Şu nukdaýnazardan ulgam býulletenleri sanamak ýa-da sesleri kesgitlemek üçin ulanylýar diýlip habar berildi. Mejlisde saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamynyň ulanylyşyny derňemek üçin mejlis topary döredildi we ýörite ýygnaklar guraldy, hasabatyň netijesinde ulgamyň saýlawyň netijelere täsir etmeýändigi we esasy mesele saýlaw işgärleriniň taýýarlygynyň pesligi bilen baglanyşykly bolupdy.

Rumyniýada we daşary ýurtlardaky saýlaw uçastoklary kompýuter operatorlary tarapyndan dolandyrylýan, Hemişelik Saýlaw Edarasy tarapyndan bäsleşik esasynda saýlanan we bije atmak arkaly kompýuterleşdirilen ulgam tarapyndan bellenen planşetler bilen enjamlaşdyrylandyr. Rumyniýada saýlawlar üçin ýekeje planşet ulanylýarka, daşary ýurtlarda gurnalan saýlaw uçastoklary üçin has köp planşet paýlanyp bilner; daşary ýurtdaky saýlaw uçastoklarynda saýlaw toparynyň agzalary şol bir wagtda operator hem bolup bilerler. Ses bermek hukugyny barlamak üçin kompýuter programmasynyň ulanýan programma üpjünçiligi Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy tarapyndan işlenip düzüldi, bu Ulgam Hemişelik Saýlaw Edarasy bilen bilelikde aragatnaşyk infrastrukturasyny, sorag-jogap gulluklaryny[4], okuw sapaklaryny we howpsuzlyk çärelerini üpjün edýär. Şeýle-de Saýlaw toparynyň agzalaryna we operatorlaryna[5] wideo we ýazmaça gollanmalar berilýär.

**Ses bermek hukugyny barlamak üçin kompýuter programmasy (ADV)** enjamlar bilen okadylyp bolýan ID-ler esasynda (maglumatlar el bilen hem girizilip bilner) şahsyýeti anyklaýyş belgilerini barlamak üçin ulanylýar we saýlawça ses bermäge rugsat berlendigi ýa-da çäklendirmeler bar bolan ýagdaýynda saýlaw toparyna habar berýär, şol bir wagtyň özünde-de ses bermek bilen baglanyşykly karar komissiýanyň başlygy tarapyndan kabul edilýär.

Mümkin bolan birnäçe gezek ses bermek baradaky duýduryş saýlawçynyň ses bermegini gadagan etmeýär sebäbi çap edilen saýlawçylaryň sanawyna olaryň gollary tassyklanylyp geçirilen; saýlawçy, mümkin bolup biljek jenaýat işlerini edýändigini boýun alýanlygy baradaky dil hata gol çekeninden soň oňa ses bermäge rugsat berilýär. Hukuk goraýjy edaralara şeýle wakalar barada interfeýs arkaly awtomatiki habar berilýär we jenaýat derňew işleri başlaýar. Ulgam 2016-njy ýylda ilkinji gezek ulanylanda şeýle wakalaryň sany ep-esli azaldy we Saýlawlara gözegçilik etmek we bikanun ses berişligiň öňüni almak maglumatlary ulgamy ulanmagyň oňyn täsiriniň bardygyny tejribede görkezdi.

Ulgamda bolup biljek näsazlyklar saýlawyň işini togtatmaýar. Eger terminal işleýän bolsa, emma birikmäniň arasy üzülen bolsa, saýlawçylaryň şahsyýetnamalaryny barlamak arkaly oflaýn görnüşde hasaba alnyp bilner; eger terminal işlemeýän bolsa, komissiýa saýlawçylary çap edilen sanawlarda hasaba alýar. Tehniki meseleleri we näsazlyklary bellemek üçin ýörite protokollar ulanylýar; şahsyýeti tassyklaýyş belgileri Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamy tarapyndan üpjün edilen telefonlar arkaly USSD hyzmatynyň üsti şol bir wagtyň özünde maglumatlaryň gelip durmagy netijesinde tassyklanyp bilner. Bu amallar, esasy kanunçylykda we Hemişelik Saýlaw Edarasynyň çap eden kararlarynda ýüze çykan ýagdaýlarynyň her görnüşine laýyklykda, ulgamdan gelýän jogaplar we edilmeli çäreler anyk we aýdyň beýan edilýär.




Ses bermek hukugyny barlamak üçin kompýuter programmasy (çepde) we saýlawçynyň elektron goly (sagda), Çeşme: Ýörite Telekommunikasiýalar Ulgamynyň wideo görkezmeleri

[4] Saýlaw amallaryna kömek, protokollary doldurmak üçin tehniki goldaw berýan, birnäçe sorag-jogap gulluklary bar. Jaňlar ýazgy edilýär.
[5] 2020-nji ýyldaky saýlawlar üçin gollanmalaryna serediň

# Intro.5.3 Rumyniýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

Rumyniýada[6] ýa-da ilçihanalarda alnan poçta ses beriş bukjalaryny skanirlemek we ýörite kesgitlenen möhletde ýagny saýlaw gününden üç gün öň ses beren saýlawçylary hasaba almak üçin ulanylýar. Bu amal, Hemişelik Saýlaw Edarasyna saýlawçylary hasaba almak we saýlaw uçastogynda ses bermek üçin gerek bolan bukjalary bolmadyk saýlawçylara habar bermäge mümkinçilik berýär. Düzgünnamalar yzygiderli kämilleşdirilýär, sebäbi 2016-njy ýyldaky saýlawlarda saýlawçylaryň bu mümkinçiligi ýokdy.

Saýlawçylaryň gatnaşygy barada onlaýn maglumat Hemişelik Saýlaw Edarasynyň gözegçiliginde jemgyýetçilik platformada çap edilýär. https://prezenta.roaep.ro/[7]. Web sahypasynda hasaba alnan saýlawçylaryň sany, saýlawçylaryň sany, gatnaşyk sany we jyns we ýaşaýan ýerleri (oba ýa-da şäher) baradaky statistika görkezilýär. Aralyk we jemleýji protokollar çap edilýär (sesleriň sany we netijeler bölümine serediň). Maglumatlary CSV görnüşinde hem ýükläp alyp bolýar.







*HEMIŞELIK SAÝLAW EDARASYNYŇ gatnaşyk we netijeler web sahypasy*

[6] Hasaba alnan her 10.000 saýlawçy üçin poçta arkaly ses bermäge niýetlenen saýlaw uçastoklary gurnalan. Häzire çenli Rumyniýada açylan saýlaw uçastoklarynyň iň köp sany 3-e ýetdi. Eger-de saýlawçylar islese bukjalary ilçihanalara gaýtaryp berip bilerler.
[7] Öňki geçirilen saýlawlaryň netijeleri arhiw maglumaty bolup goşmaça salgylanmalarda tapyp bilersiňiz, meselem 2019 EP elections ýa-da 2016 parliamentary elections

# Intro.5.3 Kanadada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

Kanadanyň Saýlaw Gullugy saýlawçylary onlaýn hasaba almak, ýörite býulletenleri hasaba almak we saýlawçylaryň sanawyny ýöretmek işlerine goldaw bermek üçin birnäçe gurallary ulanýar. Saýlawçylaryň Milli sanawy - hemişelik maglumat bazasy bolup, onda ýaşy 18 ýa-da ondan uly bolup, federal saýlawlarda we sala salşyklarda ses bermäge hukugy bolan adamlar hasaba alnan. Sanaw 1997-nji ýylda döredildi we federal, welaýat we sebit administratiw we saýlaw maglumat çeşmeleri esasynda täzelenýär. Bu sanaw, saýlaw prosesinde saýlaw komissiýasynyň işgärleri tarapyndan saýlawçylaryň sanawyny taýýarlamak üçin ulanylýar. Hasaba alnan kanadalylara, ses beriş proseduralary barada maglumat berýän saýlawçy maglumat kartasyny berilýär.

Saýlawçylaryň Milli sanawy hemişelik resminama bolup, ol federal saýlawlarda we sala salşyklarda ses bermäge hukugy bolan kanadalylaryň yzygiderli täzelenýän maglumatlar bazasydyr. Sanawda her bir saýlawçynyň ady, salgysy, jynsy we doglan senesi bolup, saýlawçynyň hasaba alyş ýazgysyndaky üýtgeşmeleri yzarlamaga kömek edýän özboluşly kesgitleýji bar. Kanadanyň Saýlaw Gullugy, sanawdaky maglumatlary federal saýlawlaryň we sala salşyklaryň öňüsyrasynda saýlawçylaryň sanawyny döretmek üçin ulanýar.

Eger-de kanadalylar islese Milli Saýlawçylaryň sanawyndan çykyp bilerler. Şeýle eden ýagdaýynda, olar ses bermek hukugyny ýitirmezler.

Milli Saýlawçylaryň sanawy, ses bermäge hukugy bolan saýlawçylaryň hasaba alynmagyny we maglumatlarynyň täzelenmegini aňsatlaşdyrýar. Bir gezek hasaba alnan saýlawçylar her saýlaw üçin gaýtadan hasaba alynmaly däldirler. Saýlawlaryň başlanda saýlawçylara saýlawçy maglumat kartasy iberiler. Bu kartada olaryň haýsy saýlaw uçastogyna haçan, nirede we nädip ses bermelidigini görkezýän maglumatlar bar. Mundan başga-da, maglumatlary özara alyş-çalyş etmek ylalaşyklaryň esasynda Milli Saýlawçylaryň sanawy Kanadanyň Saýlaw Gullugyna we beýleki saýlaw geçirýän gulluklara salgyt töleýjileriň pullaryny tygşytlamak bilen hasaba alyş hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

**Saýlawçylaryň Milli Sanawyny ýöretmek**

Saýlawçylary onlaýn hasaba alyş gullugy saýlawçylara ses bermek we öz maglumatlaryny täzeläp durmak mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin hasaba durmak hyzmatyny hödürleýär. Saýlawçy gerekli şahsy resminamalaryny ýüklemek esasynda hasaba alnyp bilner. Daşary ýurtlarda ýaşaýan saýlawçylar, Halkara Saýlawçylar sanawyna hasaba alnyp bilner. Ýörite saýlaw býulletenlerine ýüz tutmak üçin Kanadadaky we daşary ýurtdaky saýlawçylar üçin ýörite ses beriş onlaýn programmasy bar. Kanadada ýaşaýan saýlawçylar saýlaw wagtynda, daşary ýurtlarda ýaşaýan saýlawçylar bolsa Halkara Saýlawçylaryň sanawyna goşulmak üçin islendik wagt ýüz tutup bilerler. Halkara Saýlawçylar sanawyna giren her bir saýlawça, saýlaw wagtynda awtomatiki usulda ýörite býulletenlar toplumy poçta arkaly iberilýär.

Saýlawçylaryň Milli Sanawynda 18 ýaşly we ses bermäge hukugy bolan 28 milliona golaý kanadalylaryň maglumatlary bar.

Ses bermäge hukugy bolan saýlawçylaryň maglumatlarynyň 13% -den gowragy her ýyl üýtgeýär: 18 ýaşyna ýeten saýlawçylar we Kanadanyň täze raýatlary Saýlawçylaryň Milli Sanawyna goşulyp bilner, aradan çykan saýlawçylaryň atlary sanawdan aýrylýar we bir ýerden başga ýere göçen saýlawçylaryň bolsa salgylary täzelenýär.

| **Saýlawçylaryň Milli sanawyna ýylda girizilýän üýtgeşmeler** | | | |
|---|---|---|---|
| **Üýtgeşmeleriň sebäbi** | **Täsir eden saýlawçylar** | **Saýlawçylaryň % derejesi** | **Esasy maglumat çeşmeleri** |
| Salgy | 2,800,000 | 9.8 | Kanada Salgyt Gullugy; Milli Goranmak Ministrligi; welaýat we sebitleýin sürüjilik şahadatnamalary berilýän gullugy; saýlawçylaryň hemişelik sanawy bolan welaýat we sebitleýin saýlaw gulluklary; ýakynda sebit, welaýat we federal derejesinde geçirilen saýlawlardan alnan sanawlar, Kanadanyň Saýlaw Gullugynyň saýlawçylary onlaýn hasaba alyş programasy |

# Intro.5.3 Kanadada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

| | | | |
|---|---|---|---|
| 18 ýaşan saýlawçylar | 385,000 | 1.4 | Kanada Salgyt Gullugy; welaýat we sebitleýin sürüjilik şahadatnamalary berilýän gullugy; saýlawçylaryň hemişelik sanawy bolan welaýat we sebitleýin saýlaw gulluklary; ýakynda sebit, welaýat we federal derejesinde geçirilen saýlawlardan alnan sanawlar, Geljekki saýlawçylaryň federal sanawy |
| Täze raýatlar | 321,000 | 1.1 | Kanadanyň Migrasiýa, Bosgunlar we Raýatlyk Ministrligi; ýakynda sebit, welaýat we federal derejesinde geçirilen saýlawlardan alnan sanawlar |
| Aradan çykanlar | 329,000 | 1.2 | Kanada Salgyt Gullugy; welaýat we sebitleýin raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny ýöredýän gulluklar; saýlawçylaryň hemişelik sanawy bolan welaýat we sebitleýin saýlaw gulluklary |

**Saýlawçylaryň milli sanawynyň degişlilik we takyklyk görkezijileri**

Saýlawçylaryň milli sanawynyň degişliligi bu häzirki ýaşaýan salgysynda hasaba alnan we ses bermäge hukugy bolan saýlawçylaryň takmynan göterimidir. Bu göterim köp wagtyň dowamynda 82% bilen 91,7% arasynda üýtgäp durandyr. Ýurduň ähli ýerindäki saýlawçylaryň 87,4% häzirki ýaşaýan salgysynda hasaba alnandygy aýdylýar. Sanawlaryň degişlilik göterimi Kwebekden başga ähli welaýatlaryň we sebitleriň köpüsinde 90%-den pesdir.

Takyklyk bu, Saýlawçylaryň milli sanawyndaky maglumatlaryň hiline baha bermek üçin ulanylýan başga bir esasy görkezijidir. Saýlawçylaryň häzirki ýaşaýan salgysy boýunça Saýlawçylaryň milli sanawynda girizilenleriň takmynan göterimini görkezýär.

Bu göterim köp wagtyň dowamynda 88,3% bilen 94% arasynda üýtgäp durandyr. 2024-nji ýylyň noýabr aýyna çenli Saýlawçylaryň Milli sanawyna girizilen saýlawçylaryň 91,9% häzirki ýaşaýan salgysynda görkezilýär, bu bolsa ýurt boýunça ortaça 90% görkezijiden ýokarydyr. Nýufoundlend we Labrador, Şazada Edward adasy, Kwebek, Ontario, Manitoba we Nunawut boýunça 10 saýlawçydan 9-sy häzirki ýaşaýan salgylarynda hasaba alnandyr.

**Saýlawçylaryň milli sanawyny ýöretmäge kömek edýän maglumat çeşmeleri**

Saýlawçylaryň milli sanawy, aşakdaky çeşmelerden alnan maglumatlary esasynda yzygiderli täzelenýär:

- Kanadanyň Salgyt gullugy
  - Kanadanyň Saýlaw Gullugynyň geçirýän saýlawlarynda, federal salgyt hasabaty sütüninde "Hawa" diýip bellik goýan saýlawçylar azyndan 18 ýaşyndadygyny we Kanadanyň raýatlygynyň bardygyny şeýle-de Kanadanyň Saýlaw Gullugyna öz maglumatlarynyň ulanylmagyna razylyk berýändiklerini aňladýar. Şeylelikde saýlawçylar adyny, doglan senesini we salgysyny paýlaşmaga razylaşýarlar.
- Kanadanyň Migrasiýa, Bosgunlar we Raýatlyk  Ministrligi

o Raýatlyga Kabul edilmegi üçin ýazan arzalarynda adyny, jynsyny, doglan senesini, salgysyny paýlaşmak sütüninde "Hawa" diýip bellik goýan täze raýatlara aýratyn müşderi kesgitleýji belgisi we olara raýatlygyň beriljek senesi gowşurylýar.

  - Her ýyl, Kanadanyň Migrasiýa, Bosgunlar we Raýatlyk Ministrligi Kanadanyň Saýlawlary Gullugyna hemişelik ýaşaýan raýatlar we daşary ýurt raýatlary barada maglumat berýär we bu maglumatlar Saýlawçylaryň milli sanawyndaky maglumatlar bilen deňeşdirilýär.

• Milli Goranmak ministrligi

  - Sanawy täzelemek üçin adyny, jynsyny, doglan senesini, harby gulluk belgisini we salgysyny paýlaşýan Kanadanyň Ýaragly Güýçleriniň harby gullukçylary üçin
- Welaýat we sebitleýin sürüjilik şahadatnamasy berilýän gullugy
- Welaýat we sebitleýin raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary bilen işleýän gulluklar
- Saýlawçylaryň hemişelik sanawy bolan welaýat we sebitleýin saýlaw gulluklary
- Welaýat we sebitleýin derejesinde geçirilen saýlawlardan alnan sanawlar
- Federal derejesinde geçirilen saýlawlardan we sala-salşyklardan alnan sanawlar,

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.3 Kanadada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

- Saýlawlar wagtynda we saýlawlaryň arasynda, şol sanda Kanadanyň Saýlaw Gullugynyň saýlawçylary onlaýn hasaba alyş programmasy arkaly, ses bermek üçin hasaba durmak ýa-da hasaplaryny täzelemek üçin Kanadanyň Saýlaw Gullugyna berlen maglumatlar.
- Ýaş saýlawçylary hasaba almak we saýlawçylaryň ýazgylaryny poçta arkaly barlamak başlangyçlary netijesinde alnan maglumatlar
- Geljekki saýlawçylaryň federal sanawynda hasaba alnan we ses bermäge hukugy bolan saýlawçylar barada maglumat. Olar Saýlawçylaryň Milli sanawyna 18 ýaşy dolandan soň goşulýar.
- Kwebek üçin täzelenen maglumatlar welaýatyň hemişelik saýlawçylarnyň sanawyna girizilen.

Federal maglumat çeşmeleri, saýlawçylaryň şahsy maglumatlaryny diňe olaryň razyçylygy bolan ýagdaýynda Kanada Saýlaw Gullugy bilen paýlaşýar. Welaýat we sebitleýin maglumatlar çeşmeleri özlerine degişli ýurisdiksiýalarda ulanylýan kanunlara tabyn edilýär.

**Saýlawçylary hasaba alyş maglumatlaryny beýleki saýlaw gulluklary bilen paýlaşmak**

Kanadanyň Saýlaw Gullugy maglumat paýlaşmak şertnamasyna gatnaşýan ähli welaýat we sebit saýlaw edaralaryna şeýle-de käbir häkimliklere saýlawçylary hasaba alyş maglumatlary (ady, salgysy, doglan senesi we jynsy) bilen üpjün edýär. Maglumatlary paýlaşmak Kanadanyň Saýlawlar baradaky kanunyň çäklerinde amala aşyrylýar. Maglumat paýlaşmak şertnamalarynda şahsy maglumatlary ulanmak we goramak bilen baglanyşykly dürli şertleri öz içine alýar.

Saýlaw ýurisdiksiýalarynyň arasynda saýlawçylary hasaba almak baradaky maglumatlary paýlaşmak, saýlawçylaryň sanawlarynyň takyklygyny ýokarlandyrýar we ses bermegi aňsatlaşdyrýar. Şeýle hem salgyt töleýjiniň puluny tygşytlamak bilen saýlaw bilen baglanyşykly çykdaýjylary azaldýar.

Köplenç saýlawçylaryň maglumatlary iberilende we degişli welaýat, sebit we şäher saýlawçylar sanawynda görkezilýänça birnäçe hepde ýa-da aý geçip bilýär.

Saýlawlarda aýdyňlyk we gizlinlik Kanadanyň Saýlawlar baradaky kanunyň we Gizlinlik baradaky kanunyň esasynda düzgünleşdirilýär. Kanadanyň Saýlawlar baradaky kanuny, saýlawçylaryň sanawyny paýlaşmak we ulanmak düzügünlerini kesgitledi. Mundan başga-da, Saýlawçylaryň sanawyny ulanmak boýunça gollanma laýyklykda Mejlisiň agzalary, syýasy partiýalar we dalaşgärler bilen haýsy maglumatlary paýlaşyp boljakdygyny we olaryň bu maglumatlaryň haçan we haýsy ýagdaýda peýdalanmaga ygtyýarlydygyny we nähili kepillikleriň bolmalydygyny düşündirilýär. Şeýle-de Kanadanyň Gazna Geňeşiniň Sekretariatynyňsyýasatlary we görkezmeleri hem ulanylýar.

**Saýlawçylary hasaba alyş maglumatlary syýasy gatnaşyjylar bilen paýlaşmak**

Kanadanyň Saýlawlar baradaky kanunyna laýyklykda, Kanada Saýlaw Gullugy, Mejlisiň agzalary, hasaba alnan we degişli hukugy bolan syýasy partiýalary we dalaşgärler bilen saýlawçylaryň sanawlyny (adyny, salgysyny we özboluşly kesgitleýjisini öz içine alýar) paýlaşýar. Olar degişli kanunyň ygtyýarlyklaryna laýyklykda maglumatlary ulanyp bilerler. Saýlawçylaryň sanawyny ulanmak boýunça gollanma haýsy maglumatlary Mejlisiň agzalary, syýasy partiýalar we dalaşgärler bilen paýlaşyp boljakdygyny düşündirýär; paýlaşylan ýagdaýynda bolsa; nähili ulanmaga ygtyýarlydyklaryny; we bu maglumatlary goramakda jogapkärçilik çekýändiklerini düşündirýär.

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Günorta Afrika

Çeşme: Afrikada saýlawçylary hasaba almak: Deňeşdirme derňewi, EISA, 2010 we Günorta Afrika Saýlaw Komissiýasynyň resmi internet sahypasy https://www.elections.org.za/pw/Voter/How-Do-I-Register

Günorta Afrikanyň Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy saýlawçylaryň bellige alynmagy üçin doly jogapkärçilik çekýär. Bu gurama ýedi ýyllyk möhlet bilen bellenen başlykdan we bäş komissardan ybarat. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň işini sekretariat ýöredýär we Saýlawlar boýunça baş hünärmen tarabyndan ýolbaşçylyk edilýär. Komissiýanyň Günorta Afrikanyň dokuz welaýatynda (welaýat saýlaw edaralary) we 213 häkimlikde (şäher saýlaw edaralary) şahamçalary bar. Saýlawçylary hasaba alyş ulgamynyň işi üznüksizdir, saýlawdan öňki hasaba alyş işleri wagtynda - adatça saýlaw gününden alty we üç aý öň iki dynç güniň dowamynda geçirilýär - saýlawçylar adatça ýaşaýan sebitindäki hasaba alyş merkezinde bellige alnyp, maglumatlaryny düzedip ýa-da saýlawçylar sanawyny barlap bilerler (2024-nji ýylyň iýun aýyndaky saýlawlar üçin 2023-nji ýylyň noýabrynda we 2024-nji ýylyň fewralynda dynç güni 23296 sany saýlaw uçastoklary açyldy). Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy, şäher saýlaw edaralarynda hasaba alyş işini üznüksiz alyp barsa-da, halk köpçüligi bu hasaba alyş döwürlerine uly bil baglaýar.

Ses bermek üçin hasaba alynmak meýletin bolup, barkodly milli ýaşyl şahsyýet resminamasy, akylly kartoçkasy ýa-da wagtlaýyn Şahsyýet şahadatnamasy bolan 16 we ondan uly ýaşly (hasaba alnan saýlawçylar 18 ýaşyna ýetýänçä ses bermäge hukugy ýok) Günorta Afrika raýatlarynyň hemmesine elýeterlidir. Bu şahsyýetnamalar, Içeri Işler Ministrligi tarapyndan 1986-njy ýyldan bäri berilýär we Içeri Işler Ministrligi tarapyndan dolandyrylýan Ilatyň Milli Sanawy edarasy berip bilýär. Saýlawçylary bellige almak üçin ähli arzalar, hasaba alynmak hukugyny kesgitlemek üçin bu sanawda saklanýan şahsyýet maglumatlary bilen deňeşdirilýär. Saýlawçylar, adatça ýaşaýan ýerlerindäki saýlaw uçastoklarynda hasaba alynýarlar.

Şahsy hasaba alyş: Raýat hasaba alynmak üçin, raýatyň degişli saýlaw uçastogyna jogapkär bolan ýerli Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edarasyna iş wagtlary ýüz tutup biler. Raýatlara kabul edilmekleri üçin ilki bilen edara jaň etmek maslahat berilýär.

Onlaýn hasaba alyş: Raýatlar ses bermek üçin we hasaba durmak üçin Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň Saýlawçylar Maglumat Portalynyň internet sahypasyny ulanyp bilerler. Şeýle-de saýlawçylar häzirki maglumatyny täzelemek, häzirki salgysyny görmek, ýörite ses bermek, saýlaw uçastogyny tapmak, möhüm saýlaw senelerini görmek (saýlaw uçastogynda geçiriljek indiki saýlawlar) ýaly maglumatlary görüp bilerler. Raýat hasaba alynmak üçin ýüz tutandan soň:

- Raýat ýaşaýan ýerindäki Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edarasyna barmaly;
- Hasaba alyş blankyny doldurmaly;
- Hasaba alýan işgär şahsyýet resminama kitabyny gözden geçirýär;
- Ştrih-kodly stiker (hasaba alnan saýlawçynyň şahsyýet belgisini we hasaba alyş maglumatlaryny görkezýän “zip-zip”enjam bilen öndürilýär) raýatlaryň ýaşyl şahsyýet tassyklaýyş kitabyna ýa-da wagtlaýyn şahsyýet şahadatnamasyna berkidilýär (blanky doldurmak we ştrih-kodly stiker ýa-da kwitansiýa almak raýatyň hasaba alnandygyny aňlatmaýar, ol diňe raýatyň hasaba alynmak üçin arzasynyň kabul edilendigini aňladýar. Raýatyň bellige alynmagy 7 iş güne çenli wagt alyp biler).

**Saýlawçynyň hasaba alyş maglumatlaryny barlamak üçin saýlawçy:**

- öz şahsyýet belgisi bilen 32810 belgä SMS iberip biler (her SMS üçin R1.00);
- Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň programmasyny ýükläp almaly we şahsyýet belgisini girizmeli;
- Saýlawçylaryň hasaba alyş maglumatlaryny Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň Saýlawçylar Maglumat Portalynda barlap biler https://www.elections.org.za/pw/Voter/Voter-Information
- ýa-da ýaşaýan ýerindäki Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edarasyna iş wagty gelip barlap biler.

**Gaýtadan hasaba alynmak**

Saýlawçy gaýtadan hasaba alynmaly ýagdaýlary (şäher saýlawlary we beýleki saýlawlar wagtynda, her saýlawçy bellige alnan ýerinde ses bermeli, şonuň üçin başga ýere göçüp barsaňyz ýa-da ses beriş etraplaryňyzyň çäkleri üýtgese, gaýtadan hasaba alynmaly):

- Saýlawçynyň öý salgysy üýtgän ýagdaýynda (saýlawçy gysga aralyga göçen bolsa, saýlawçy portalyň bellige alnanyňyzdan soň salgynyň üýtgemegi (**Moved since you registered?**) bölümini

saýlawçynyň saýlaw uçastogynyň üýtgändigini ýa-da üýtgemedigini anyklamak üçin) barlamaly, ýa-da;

- Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy saýlawçylara ses berýän etrap çäkleriniň üýtgändigini saýlawçylara habar berýär. Saýlawçynyň gaýtadan hasaba alynmalydygyny ýa-da ýokdugyny bilmek üçin saýlawçy saýlawçylaryň hasaba alyş maglumatlaryny (**voter registration details**) barlamaly.

**Saýlawçylary hasaba alyş ulgamy Iş ýüzünde: 2009-njy ýyl**



Saýlawçylary hasaba alyş maglumatlary ýerlerde ýygnalýar we munuň üçin batareýa bilen işleýän göçme "zip-zip" enjamynyň ştrih-kod okamak ulgamyny ulanylýar. Bu maşynlar şahsyýet resminamasyndaky ştrih-kody okaýar: soňra bu maglumatlar şäher saýlaw edaralarynyň maglumatlary bilen deňeşdirilip, global toruň (WAN) üsti bilen Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edara binasyna iberilýär, şol ýerde şahsyýetini barlamak üçin Ilatyň Milli Sanawy bilen deňeşdirilýär we her saýlaw uçastogy üçin saýlawçylaryň sanawyna girizilýär. Şol bir maglumatlaryň ikilenç girizilmeginiň öňüni alýar we deňeşdirilen geçirimler gabat gelýär, sebäbi her bir özboluşly milli şahsyýet belgisi üçin, saýlawçylaryň sanawynda diňe bir işjeň ýazgy bolup biler.

Saýlawçylary hasaba alyş prosesi diagramma görnüşinde görkezilen we Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň işgärlerini taýýarlamak boýunça gollanmada görkezilýär

*Zip-zip enjamlaryna esaslanýan hasaba alyş ulgamy Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy we ýerli işewürler tarapyndan özbaşdak işlenip düzüldi. Ştrih-kod esasly tehnologiýa, Ilatyň Milli Sanawy tarapyndan berlen şahsyýet resminamalary bilen laýyklygy üçin şeýle-de ulanyşda ýönekeýligi we takyklygy, köp mukdarda maglumatlary çalt gaýtadan işlemek ukyby üçin saýlandy. Enjamlary maliýeleşdirmek, Günorta Afrika hökümetiniň büjetinden Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy gaznasyna bölünip berlen serişdeleriň hasabyna amala aşyryldy. Günorta Afrikanyň "Lefatshe Technologies" kompaniýasy Günorta Afrikada öndürilen we Günorta Afrikada doly hyzmat edip boljak enjamlar bilen üpjün etdi. 1998-nji ýylda satyn alnan zip-zip enjamlarynyň bäş ýyl ömri bolar diýlip garaşylýardy, ýöne on ýyl hyzmat etdi. Dört sany ähliumumy saýlawlarda ulanylandan soň, berlen teklipleri we talaplary göz öňünde tutulyp, 2008-nji ýylda öndürilen täze 30000 sany zip-zip enjamlaryny köneleşen enjamlar bilen çalşyryldy. Jemi bahasy bolsa 160 million randa (takmynan 21,4 million ABŞ dollary) deň boldy. Täze zip-zip enjamlary ähli saýlawçylaryň sanawyny özünde saklap biler we 2009-njy ýyldaky saýlawlarda üçin ses beriş güni[1] saýlaw uçastoklarynda saýlawçylary barlamak üçin ulanyldy[1].*

Degişli saýlaw uçastoklary üçin sanawlar şäher saýlaw edarasynda sanawy barlamak, hasaba açmak we hasapa üýtgeşmeleri girizmek üçin mydama elýeterlidir. Islendik adam, islendik saýlawçynyň saýlaw uçastoklary üçin saýlawçylaryň sanawyna goşulmagyna garşy çykyp Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň baş edarasyna arz-şikaýat edip biler. Ilatyň Milli sanawynyň maglumatlary, aradan çykan saýlawçylary sanawdan aýyrmak üçin hem ulanylýar. Hasaba alyş işleri döwründe saýlawçylaryň täze salgylary we üýtgän salgylary baradaky maglumatlar, saýlawlar üçin ulanylýan sanawlarda görkezilmeýär hat-da saýlawlardan birnäçe aý geçýänçä ol maglumatlar saýlawçylaryň umumy sanawyna hem girizilmeýär.

---

[1] Milli saýlawçylaryň sanawynyň doly göçürmesi her enjama ýüklenýär. Bellige alnan saýlawçylaryň ştrih-kodly resminamalaryny zip-zip enjamy bilen okalýar: eger saýlawçy dogry saýlaw uçastogynda bolsa, enjam bellik kagyzyny çap edýär, saýlawçy bolsa bu kagyzy saýlawçynyň saýlaw sanawyna gözegçilik gullugynyň işgärine eltip berýär, bu işgär bolsa saýlawçy sanawynyň göçürmesine bellik edýär; eger saýlawçy ýalňyş saýlaw uçastogynda bolsa, onda öz saýlaw uçastogyna ugradylýar. Zip-zip enjamy saýlawçylaryň gatnaşygy baradaky maglumatlary öz ýadynda saklaýar, bu maglumatlar ýagny saýlawçynyň ýaşy, jynsy we ş.m. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy tarapyndan saýlawlardan soň derňew edilýär.

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Günorta Afrika

Saýlawçylary hasaba alyş ulgamy, hemişelik gözegçilik üçin wagtlaýyn saýlawçylaryň sanawlaryny, saýlaw uçastoklarynda ulanmak üçin saýlawçylaryň sanawlaryny (saýlawçylaryň salgylary bilen) we umumy ulanyş üçin (saýlawçylaryň salgylary bilen) we diňe syýasy partiýalara satmak üçin saýlawçylaryň sanawlaryny taýýarlaýar. Saýlawçy sanawlaryndaky maglumatlarynyň diňe saýlaw maksady bilen ulanylmagyna berk gözegçilik edilýär.




Saýlawçylary hasaba almak Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň işgärler düzümi tarapyndan dolandyrylýar. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy, 2008-nji ýylyň noýabr aýynda we 2009-njy ýylyň fewral aýynda hasaba alyş çärelerinde işlejek işgärleriň 59,000-den gowragyny hasaba alyş merkezlerine işe kabul etdi.

Kaskad usulyny (Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň işgärleri 150 sany esasy tälimçileri taýýarlaýar, soňra olar 500 sany welaýat derejeli tälimçileri (her welaýatda 70-80%), olar hem öz gezeginde 60 000 töweregi hasaba alyş işgärini taýýarlaýar) ulanyp, ähli işgärler üçin bäş sagatlyk okuw sapagy geçirildi. Her sessiýada 50-ä çenli işgär taýýarlandy - her on işgär üçin diňe bir zip-zip enjamynyň bardygyny göz öňünde tutsak onda bu uly san bolup görünýär. Gatnaşanlaryň hemmesine hasaba alyş gollanmasy we

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Günorta Afrika

hasaba alyş gündeligi berildi (her hasaba alyş güni ýerine ýetirilmeli işiň sanawy). Okuw gutarandan soň, okuwçylaryň hemmesi işe kabul edilmezden ozal birnäçe synaglary geçmeli edildi.

Saýlawçylar wagyz-nesihat sapaklaryny geçmek Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň jogapkärçiligi bolsa-da, bu iş raýat jemgyýeti, Günorta Afrika teleradioýaýlymlar korporasiýasy, Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy we hökümet edaralary tarapyndan bilelikde alnyp barylýar. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy, umuman alanyňda, köpçülikleýin çäreleri goldaýar (her hasaba alyş döwründen öň dört hepdäniň dowamynda, Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy, saýlawdan alty-dokuz aý öň saýlawçylara bilim bermek işlerine kömek bermek üçin köp sanly işçi güýji bilen şertnama baglaşýar we öz işlerinde ulanýar - 2009-njy ýyldaky saýlawlarda 2500-den gowrak adam işleýärdi), sebäbi geografiýa boýunça çäreler bilen deňeşdireniňde, ýörite maksatly çäreler haýsy hem bolsa bir syýasy partiýa goldaw bermekde aýyplanmagyna sebäp bolup biler. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy raýatlara we saýlawçylara wagyz-nesihat işleri üçin, elli sany raýat jemgyýetçilik guramalaryny ulanyldy. Adatça bu guramalar Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň gözükdirijilerini köpçülige ýetirmek üçin ulandylar, käbirleri bolsa öz alyp barýan işlerini wagyz etdiler.

**Maglumat ýygnamak**

Ýerlerde hasaba alyş maglumatlaryny öz wagtynda ýygnalmagy üçin Maglumat we Aragatnaşyk Tehnologiýalary örän möhümdir. 2008-nji ýylda satyn alnan täze zip-zip enjamlary has ýokary hil aýratynlyklara eýedir we 2009-njy ýyldaky saýlawlarda hasaba almakda we saýlaw wagty öz ygtybarlydygyny subut etdi, Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň beren maglumatlaryna ýalňyşlyklar 1%-den hem derejede boldy. Ýat kuwwatynyň ýokarlanmagy bilen, täze zip-zip enjamlarynyň milli saýlawçylaryň ähliumumy sanawyny ýatda saklamak ukyby, saýlaw güni saýlawçylary ugrukdyrmakda uly mümkinçilik berdi.

**Maglumatlaryň geçirilmegi**

Zip-zip enjamlarynda toplanan hasaba alyş maglumatlary, şäher saýlaw edaralarynyň kompýuterlere USB birikmesi arkaly ýüklenilýär. Soňra maglumatlar Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy global tory arkaly Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edara binasyna iberilýär. 2009-njy ýyldaky saýlawlarda saýlawçylaryň sanawynyň hiline ýa-da aragatnaşyk ulgamynyň işine täsir edip biljek meseleler barada habar berilmedi. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy serweriň kuwwatyny artdyrmak we aragatnaşyk mümkinçiliklerini artdyrmak, şeýle-de şäherlerdäki saýlaw edaralary bilen üznüksiz aragatnaşykda bolmak maksady Telkom bilen hyzmatdaşlykda yzygiderli işleri alyp bardy.

**Maglumatlary gaýtadan işlemek**

2009-njy ýyldaky saýlawlar üçin saýlawçylary hasaba almak işlerinde toplanan maglumatlar Ilatyň Milli Sanawynyň maglumatlary bilen bitewilikde işlenildi we tassyklandy. Saýlawçylaryň sanawy, Ilatyň Milli Sanawyndan aradan çykanlar hakyndaky her aýda gelýän habarlary bilen deňeşdirilýär.

Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy, saýlawçylary hasaba almak maglumatlary üçin merkezi maglumatlar binýadyny ýöredýär, sebäbi bu işleri goldamak, dolandyrmak, gözegçilik etmek we goramak has aňsat we çykdaýjylary hem az bolýar: Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň ulgamlarynyň hemmesi merkezleşdirilen ulgam boýunça standartlaşdyrylan. Maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgalary hem düzülýär we merkezleşdirilip saklanýar.

Milli saýlawlar üçin saýlawçylaryň sanawlary edaranyň özünde çapa taýýarlanylýar we şertnama esasynda işleýän çaphanalarda saýlaw uçastok derejesinde çap edilip we gaplanylyp ugradylýar. Goşmaça saýlawlar üçin saýlawçylaryň sanawy we Saýlaw kartalarynyň hemmesi Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edarasynda çap edilýär.

**Maglumatlary gözden geçirmek we barlamak**

Dalaşgäriň saýlawçy hökmünde bellige alynmak hukugynyň ilkinji barlagy Ilatyň Milli sanawynyň maglumatlar binýady esasynda awtomatiki barlamak arkaly geçirilýär. Saýlawçylaryň deslapky sanawlaryny, Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň ähli welaýat we şäher saýlaw edaralary tarapyndan islendik wagt gözden geçirmäge mümkinçilikleri bardyr, ýöne her welaýat ýa-da şäher diňe öz çäkleriniň maglumatlaryny görüp biler. Saýlaw uçastoklary üçin saýlawçylaryň deslapky sanawlary, saýlawçylary hasaba alyş işleri wagtynda saýlawçylary hasaba alyş merkezlerinde gözden geçirmek üçin elýeterlidir.

Saýlawçylar, hasaba alyş maglumatlaryny şahsyýet belgisini SMS-iň kömegi bilen, Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň internet sahypasynda barlag bölüminiň üsti bilen ýa-da Garaşsyz Saýlaw

# Intro.5.3 Saýlawçylary hasaba almak: Günorta Afrika

Komissiýasynyň maglumat gullugyna jaň edip barlap bilerler. Hasaba alyş maglumatlaryny SMS ýollamak arkaly barlamak usulynyň, Günorta Afrikanyň ýaşaýjylarynyň jübi telefonlarynyň köp ulanylýanlygy sebäpli meşhur bolandygyny subut etdi: 2006-njy ýyldaky ýerli häkimiýetiň saýlawlary wagtynda bu hyzmatyň kömeginden 490 342 ulanyjy peýdalandy, soňky saýlawlar barada bu maglumatlar entek köpçülige ýetirilmedi.

Hasaba alnan saýlawçy, saýlawçylaryň deslapky sanawyndaky administratiw ýalňyşlyk tapsa, degişli edaranyň bu ýalňyşlyklary düzetmegi üçin degişli şäher saýlaw edarasyna ýüz tutup biler. Hasaba alynmakda ýa-da hasaba düzediş girizmekde edara tarapyndan ret edilen adamlar, Ilatyň Milli sanawynyň maglumatlary derňelenden we gözden geçirilenden soň şikaýatlar bilen Garaşsyz Saýlaw Komissiýasyna ýüz tutup biler. Bir adam, saýlawçylaryň sanawynda haýsydyr bir saýlawçynyň hasaba alynmagyna, hasaba alynmak hukugyndan çäklendirileni ýa-da hasaba alnan saýlaw uçastogyna çäklendirilendigi sebäpli garşy bolup biler. Bu garşylyklar bilen merkezi edara ugradylýar we şol ýerde öwrenilýär. Saýlaw uçastogynda bellige alynmak hukugyna garşy şikaýat bildirmek, saýlawdan öňki döwürde belli bir derejede çäklendirilýär, sebäbi hasaba alyş işleri wagtynda hasaba alnanlaryň salgylary Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň maglumatlarynyň arasynda ýok.

Saýlawçylary hasaba alyş ulgamy üçin ulgam täzelenmeleri CD diskleri we birikdir-we-işle (plug-and-play) amallary ulanylyp, welaýat we şäher derejeli Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynyň edaralarynda paýlanýar. Garaşsyz Saýlaw Komissiýasynda saýlawçylary hasaba alyş işi yzygiderli işleýänligi sebäpli, saýlawçylaryň maglumatlary saýlaw döwrüniň gutarýan senesinden öň islendik wagt täzelenip bilner. Maglumatlary ýüklemegiň esasy amallarynyň biri, salgy maglumatlarynyň saýlawçylar sanawynyň maglumatlar binýadyna (bazasyna)girizilmegi. Bu maglumatlaryň saýlawlar üçin ulanylýan saýlawçylaryň sanawynda çap edilmegi talap edilmeýänligi sebäpli, gaýtadan işlemekde ileri tutulmaýar: 2009-njy ýylyň aprel aýynda geçiriljek saýlawlarda ulanyljak saýlawçylarynyň sanawy üçin ähli salgy maglumatlarynyň, 2009-njy ýylyň oktýabr aýyna çenli saýlawçylary hasaba alyş ulgamyna girizilmegine garaşylmaýar.

Içeri işler ministrligi tarapyndan dolandyrylýan ilat sanawy bilen Garaşsyz Saýlaw Komissiýasy tarapyndan dolandyrylýan saýlawçylaryň sanawynyň arasynda berk baglanyşyk bar bolsa-da, ikisi hem iki sany aýratyn maglumatlar toplumy hökmünde dolandyrylýar we bu iki amaly birleşdirmek meýilnamasy ýok. Munuň sebäpleri, Ilatyň Milli sanawynda saklanylýan salgy maglumatlaryndaky kemçiliklerdir, şonuň üçin olar saýlawçylaryň sanawy düzülende esas hökmünde ulanmak nädogry hasaplanýar.

# Intro.5.3 Finlýandiýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugy geçirilýän her saýlaw üçin aýratynlykda Ilat Maglumatlary Ulgamyna esaslanyp ses bermäge hukugy bolan saýlawçylaryň sanawyny döredýär. Şeýle-de ses bermäge hukugy bolan her bir saýlawça ses bermek mümkinçiligi barada habarnamany iberýär.

Ilat Maglumatlar Ulgamy dalaşgärler barada maglumatlary barlamak we dalaşgärleriň sanawyny döretmek üçin hem ulanylýar.

Finlýandiýada saýlaw geçirilende, Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugy öz web sahypasynda Saýlaw uçastoklarynyň hyzmatlaryny hödürleýär. Bu hyzmatlar ýakyn ýerde ýerleşýän deslapky saýlaw uçastogyny we hakyky saýlaw güni iň ýakyn saýlaw uçastogynyň ýerleşýän ýerini kartada barlamak üçin ulanylyp bilner.

## Ses bermek hukugy we saýlawçylaryň sanawyny düzmek

Şäher häkimlik saýlawlarynda ses bermäge hukugy bar bolan adamlar:

1) Finlýandiýanyň ýa-da Ýewropa Bileleşiginiň agza döwletiniň, şeýle hem Islandiýa we Norwegiýanyň saýlaw gününden öň 18 ýaşyna ýeten raýatlary we ýaşaýan ýerleri saýlawlardan 51 gün öň kanun tarapyndan kesgitlenen raýatlar,
2) saýlaw gününden öň 18 ýaşyna ýeten we ýaşaýan ýerleri saýlawlardan 51 gün öň kanun tarapyndan kesgitlenen raýatlar şeýle-de saýlawlara çenli döwürde Finlýandiýada iki ýyllap üznüksiz ýaşan daşary ýurtly ýaşaýjylar we
3) Ýewropa Bileleşiginde ýa-da Finlýandiýada ýerleşýän halkara guramalarynda işleýänler we ýaşaýan ýerleri saýlawlardan 51 gün öň kanun tarapyndan kesgitlenen ýaşaýjylar. Olar şahsy maglumatlaryny öz haýyşnamalary esasynda Ilat Maglumatlar Ulgamyna girizen we saýlaw gününden 52 gün öň ses bermek hukuklaryny peýdalanyp, şäher häkimlik saýlawlaryna gatnaşmak isleýändiklerini mälim edip, Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugyna ýazmaça habarnamany beren şertlerinde.

## Saýlawçylaryň sanawy

Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugy, saýlaw gününden 46 gün öň ses bermek hukugy bolan saýlawçylaryň elektron sanawyny (saýlawçylaryň sanawy) düzýär. Saýlaw gününden 51 gün öň Ilatyň Maglumatlar ulgamynda ses bermek hukugy bolan saýlawçylaryň ady, şahsyýeti anyklaýyş kody, ýaşaýan ýeri we saýlaw güni barmaly saýlaw uçastogy baradaky maglumatlar saýlawçylaryň sanawyna giriziler.

Saýlawçylaryň sanawy, saýlaw gününden 41 gün öň Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugy köpçülige ýetiriler. Mundan başga-da, saýlawçylar sanawyna girizilen her bir ses bermek hukugy bolan saýlawçy, iň azyndan saýlaw gününden 24 gün öň ses bermek hukugy (saýlaw kartoçkasy) habarnamasy iberiler. Bu kartoçkada saýlawyň geçiriljek senesi, deslapky ses bermegiň möhleti, saýlawçynyň saýlaw güni barmaly saýlaw uçastogynyň salgysy we saýlaw edaralary bilen habarlaşmak üçin gerek bolan maglumatlary we ş.m. görkezilýär. Saýlaw güni saýlaw uçastoklarynda ulanyljak sanawlary saýlawçylaryň sanawyndan alnyp gjiiräk çap ediler.

Saýlaw sanawyndan bikanun çykarylandygyny ýa-da sanawda görkezilen maglumatlaryň nädogrydygyny hasaplaýan adam, saýlawçylar sanawynyň administratiw gözden geçirilmegini talap edip biler. Administratiw gözden geçirmek üçin haýyşnama Adalat ministrliginiň (802/1998) karary bilen tassyklanan nusgasyna laýyklykda düzülen formany dolduryp tabşyrylyp bilner. Saýlawçylar sanawy bilen baglanyşykly administratiw gözden geçirmek üçin haýyşnamalar, iň azyndan saýlaw gününden 23 gün öň Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugyna tabşyrylmalydyr.

Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugy, saýlaw gününden 13 gün öň administratiw gözden geçirmek baradaky haýyşnamalar barada netije çykarar. Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugynyň çykaran netijesinden nägile bolan adam, kararyň kabul edilen gününden başlap ýedi günüň dowamynda administratiw kazyýete şikaýat bilen kazyýet seljermesini geçirmekligi talap edip biler. Administratiw kazyýetiň karary şikaýat edilmeýär. Emma Ýokary kazyýete adatdan daşary şikaýat diýlip atlandyrylýan usullar ýagny administratiw kararyň ýatyrylmagyny ýa-da wagtyň dikeldilmegini talap edip arza bilen ýüz tutmak mümkindir. Şeýle-de bolsa, bu serişdeler gaty seýrek ulanylýar.

Saýlawçylaryň sanawy, saýlaw gününden 19 gün öň kanuny güýje girer. Kanuny taýdan güýje giren saýlawçylar sanawy hiç hili üýtgeşmeler girizilmezden berjaý edilmelidir, ýagny hiç kim sanawdan

# Intro.5.3 Finlýandiýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

aýrylyp hem bilmez, goşulyp hem bilinmez, hem-de sanawa girizilen maglumatlar bu möhletden soň üýtgedilip bilinmez. Kadadan çykma hökmünde administratiw kazyýetiň ýa-da Ýokary kazyýetiň şikaýat baradaky netijesini sanaw kanuny güýje gireninden soň çykarsa üýtgeşmeler girizilip bilner. Şeýle ýagdaýda administratiw kazyýetiň karary bilen saýlawçylar sanawyna goşulan adam administratiw kazyýetiň kararyny saýlaw uçastogyna getirip, saýlaw edaralaryna hödürlemeli we şondan soň saýlawlarda ses berip biler,

## Ilat Maglumatlar ulgamy

Finlýandiýanyň Ilat Maglumat ulgamy kompýuterleşdirilen milli sanawdyr. Bu sanaw Finlýandiýada hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan Finlýandiýanyň raýatlary we daşary ýurt raýatlary barada umumy maglumatlary öz içine alýar. Binalar, gurluşyk taslamalary, ýaşaýyş jaýlary we gozgalmaýan emläkler barada maglumatlar hem goşulýar.

Ulgamdaky maglumatlar, Finlýandiýa jemgyýetiniň maglumat hyzmatlary we dolandyryş ulgamlarynda, şol sanda döwlet dolandyrylşynda, saýlawlarda, salgyt gulluklarynda, kazyýet edaralarynda, gözleg-barlag işlerinde we statistikada ulanylýar. Telekeçiler we beýleki hususy guramalar hem bu maglumatlardan peýdalanmaga mümkinçilik alyp bilerler. Adamlary we binalary kesgitlemek bilen baglanyşykly esasy maglumatlar Ilat Maglumatlar ulgamynda hasaba alynýar.

Ulgama girizilen şahsy maglumatlar şu aşakdakylary öz içine alýar

- ady
- şahsyýeti ankylaýyş kody
- salgy
- raýatlyk
- ene dil
- maşgala gatnaşyklary
- doglan we ölen senesi (eger bar bolsa)

Şahsyýetnama üçin nädip ýüz tutmaly

Adaty şahsyýetnama almak üçin onlaýn ýa-da islendik polisiýa merkezine baryp ýüz tutup bilersiňiz. Iň aňsat ýoly onlaýn ýüz tutmak.

1. Pasportyňyzyň üçin surata düşmeli. Surata  düşen studiýaňyz pasport suratyňyzy polisiýa elektron görnüşinde iberýär. Suraty almak koduny siz tekst habary ýa-da e-poçta habary üsti bilen alarsyňyz. Soňra suraty arza goşup bilersiňiz.
2. Onlaýn hyzmatymyzdaky programmadan peýdalanyp arzaňyzy dolduryň. Surat almak üçin size iberilen kody arzaňyza goşuň. Eltip bermek wagtyny we resminamanyň berilýän nokadyny saýlaň. Eger siz polisiýa bölümine barmaly bolsaöyz ulgam size habar berer. Arza üçin tölegini onlaýn töläň. Şeýle hem, arzaňyzyň barada maglumaty onlaýn gözegçilik edip bilersiňiz.
3. 3.Eger siz arza ýazmak üçin polisiýa bölümine barjak bolsaňyz onda biziň onlaýn hyzmatymyz üsti bilen duşuşygy belläň. Pasportyňyzy ýa-da bar bolan ýagdaýynda şahsyýeti anyklaýyş kodyňyzy ýanyňyz bilen alyp gelmegi ýatdan çykarmaň.
4. Şahsyýeti anyklaýyş kodyňuzu ýörite habarnama geleninden soň öz saýlan kabul ediş nokadyňyzdan alyň.

Eger siz arzany onlaýn tabşyryp bilmeýän bolsaňyz ýa-da onlaýn tabşyrmak islemeýän bolsaňyz onda polisiýa bölümine baryp ýüz tutup bilersiňiz. Arzany onlaýn tabşyrsaňyz wagtyňyzy hem puluňyzy tygşytlap bilersiňiz.

## Polisiýa bölümine barmaly bolanyňyzda

Polisiýa onlaýn hyzmaty ýa-da maslahatçysy, şahsyýetiňizi anyklamak üçin polisiýa bölümine barmak zerurlygy barada size habar berer. Köplenç ýadgaýlarda özüňiziň polisýa bölümine barmagyňyz hökman däl. Polisiýa bölümine barmagyň zerur ýa-da  däldigi barada şu ýerde okaň. Polisiýa bölümine barýanlaryň sebäpleri şahsyýety anyklaýyş kartoçkasynyň görnüşi boýunça üýtgeýär, sebäbi

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.3 Finlýandiýada saýlawçylary hasaba almak – Tejribeden mysal

kartoçkalaryň birnäçe görnüşi bar. Eger-de kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin şahsyýety anyklaýyş koduny almaly bolsa, onda kartoçkanyň eýesiniň gelmegi talap edilýär.

Şahsyýetnama üçin onlaýn üçin ýüz tutan ýagdaýyňyzda, soňky 6 ýylyň içinde pasport ýa-da şahsyýeti anyklaýyş kody üçin barmak yzlaryňyzy beren bolsaňyz ýa-da şahsyýetini anyklamak meselesi boýunça degişli polisiýa işgärine ýüz tutan bolsaňyz onda polisiýa bölümine barmak hökman däldir.

## Polisiýa bölüminde

Hyzmat edilýän ýerler: Ýaşaýan ýeriňize garamazdan siz islendik polisiýa bölümine baryp bilersiňiz. Ýeke-täk kadadan çykma, diňe Helsinki howa menzilindäki polisiýanyň hyzmatyndan peýdalanyp bilmersiňiz, sebäbi ol bölüm diňe howa menzilinden üstaşyr geçýän howa ýolagçylarynyň gyssagly arzalaryny kabul edýär. Polisiýanyň hyzmatlary göçme hyzmat ediş bölümleriniň we käbir bilelikdäki hyzmat ediş nokatlarynyň üsti bilen hem elýeterlidir.

Şahsyýetiňizi tassyklamak: Polisiýa bölüminde, pasportyňyzy ýa-da şahsyýety anyklaýyş kodyňyzy ulanyp şahsyýetiňizi tassyklamaklygy soralar. Polisiýa siziň şahsyýetiňizi bu resminamalaryň bolmadyk ýagdaýynda hem tassyklap biler, ýöne bu köp wagtyňyzy alar. Şahsyýetiňizi tassyklamak üçin ulanyp boljak möhleti geçen pasportyňyzy, şahsyýetiňi anyklaýyş kodyny we sürüjilik şahadatnamaňyzy ýa-da beýleki resminamalaryňyzy ýanyňyz bilen getiriň.

*Çeşmeler*:

Ses bermek hukugy we saýlawçylaryň sanawyny düzmek – Saýlawlar

Right to Vote and Compilation of the voting register - Elections

Ilat Maglumatlar ulgamy | Sanly we Demografiki Maglumatlar Gullugy

Population Information System | Digital and population data services agency

Şahsyýety anyklaýyş kody üçin nädip ýüz tutmaly – Polisiýa

How to apply for an identity card - Police

# Intro.5.4 Sesleri hasaba almagyň Elektron žurnalynyň ulanylyşy: ABŞ-dan mysal

*Materialyň alnan çeşmesi: Saýlaw infrastrukturasynyň howpsuzlygy boýunça gollanma, Internet howpsuzlygy merkezi (GDA), 2018*

ABŞ-da saýlawçylaryň hasaba alnyşy adatça iki usulda bolup geçýär: 1) **Onlaýn hasaba alyş**: websaýt ýa-da başga web goşundy potensial (ses bermeli) saýlawçylara elektron usulda hasaba durmaga we saýlaw toparynyň işgärlerine olaryň hasaba alynmagynyň hakykylygyny gözden geçirmäge mümkinçilik berýär, eger hakyky bolsa, saýlawçylaryň hasaba alnyşynyň maglumatlar binýadyna girizilýär. Bir günde hasaba alyş, hakyky wagt düzgüninde täzelemegiň we atanaklaýyn barlamagyň zerurdygy sebäpli, adatça şu topara girýär. Ses berişligiň elektron hasaba alyş ulgamlary ses berişligiň onlaýn hasaba alnyşyny hödürleýän 40 ştatda we Waşingtonda giňden ulanylýar (şol bir wagtda federal kanunçylyk ştatlaryň üstüne ştat derejesinde saýlawçylaryň maglumatlar binýadyny döretmek borjuny ýükleýär we olaryň alnyp barlyşyna degişli esasy talaplary, şol sanda ştatlaryň saýlawçylar hasabynyň takyklygyny üpjün etmek üçin özleriniň saýlawçylary hasaba alyş maglumatlaryny ştat we federal derejedäki maglumatlar binýady bilen utgaşdyrmak boýunça talaplary belleýär). **2) Kagyz göterijide hasaba alyş**: potensial (ses bermeli) saýlawçylar saýlawçyny hasaba almagyň kagyz görnüşini berýärler, saýlaw toparynyň gullukçylary bulary barlandan soň saýlawçylary hasaba almagyň maglumatlar binýadyna girizilýär.

Saýlawçylary hasaba alyş ulgamlary üçin *giriş maglumatlary* ses hukugynyň bolmazlygy sebäpli aýrylanlaryň (mysal üçin, adamyň ştatdan göçüp gitmegi, saýlawçynyň aradan çykmagy) we köplenç şahsyň ştatyň çäginde göçmegi sebäpli ýazgylara girizilýän täzelikleriň hasaba alynmagydyr. *Çykyşlar* saýlawçylary gözlemegiň ýeňilleşdirilmegini öz içine alýar, mysal üçin saýlawçynyň özüniň hasaba alnandygyny barlamagy, saýlaw býulleteniniň nusgasyny gözlemek ýa-da saýlaw uçastogyny gözlemek we saýlawçylar hakyndaky maglumaty sesleri hasaba alyş žurnalyna geçirmek.

Sesleri hasaba almagyň elektron žurnaly saýlawçylaryň sanawyny maglumatlar binýady hökmünde saklaýar. Sesleri hasaba alyş žurnaly bu adatça, programma üpjünçiligi ýa-da enjam (ýa-da olaryň birleşigi) bolup, saýlaw uçastogyndaky hasaba alyş stolynda kagyz görnüşindäki *saýlawçylaryň sanawynyň ornuny tutmaga ýa-da onuň üstüni ýetirmäge* hyzmat edýär. Sesleri hasaba almagyň elektron žurnaly saýlawçylaryň hasaba alnandygyny we dogry saýlaw uçastogyna gelmegini kepillendirmek üçin zerurdyr, şeýle-de olaryň netijeli ulanylmagy *saýlawçylaryň garaşýan wagtyny* çäklendirmek üçin ýeterlik geçirijiligi üpjün etmek üçin zerurdyr. Adaty saýlaw uçastogynda saýlaw toparynyň işgärleri öz tagallalarynyň köp bölegini saýlawçylaryň kagyz göterijilerdäki sanawynda saýlawçylary gözlemäge we saýlawçylar ses bermäge gelende olary bellemäge sarp edýärler. Saýlawçylary hasaba almagyň kagyz görnüşindäki žurnaly häzirki günde ulanylmagyny dowam etdirse-de, sesleri hasaba alyş žurnallarynyň köpüsi elektron görnüşdedir hem-de gaýybana däl saýlaw uçastoklarynda **hasaba alyş** we **barlamak** proseslerini ýeňilleşdirmäge gönükdirilendir.

Saýlaw uçastoklarynyň işgärleri saýlawçylaryň atlaryny ýa klawiaturada girizýär ýa-da saýlawçylaryň şahsyýetnamalaryny elektron usulda okaýarlar (ştrih kodlary okaýjylar, adamlara bir gezek galtaşmak bilen töleg etmäge mümkinçilik berýän häzirki kredit kartalardaky ýa-da telefonlardaky ýaly magnit zolaklar ýa-da NFC).






Sesleri hasaba almagyň elektron žurnallaryna ilkinji giriş – bu hasaba alşyň maglumatlar binýadynyň degişli bölegidir. Ilkinji çykyş – býulleteni alan saýlawçynyň ýazgy edilmegi we käbir ýagdaýlarda sesleri alyjy enjamy işjeňleşdirmek üçin žetonyň berilmegidir. Käbir ýagdaýlarda, mysal üçin şol bir günde hasaba alynmaga rugsat berilende, sesleri hasaba almagyň elektron žurnallary saýlaw günündäki üýtgetmelere rugsat bermek üçin goşmaça girişleri we çykyşlary talap edip biler.

# Intro.5.4 Sesleri hasaba almagyň Elektron žurnalynyň ulanylyşy: ABŞ-dan mysal

*Sesleri hasaba almagyň bu elektron žurnallary adatça täjirçilik taýdan taýýar (COTS)enjamyň esasynda döredilen we COTS operasion ulgamlarynda işleýän ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi bolup durýar.*

## Filadelfiýada sesleri hasaba almagyň elektron žurnallarynyň ulanylyşy

*Adaptirlenip alnan çeşmesi*: https://www.inquirer.com/politics/philadelphia/philly-epollbook-electronic-systems-should-not-be-used-city-says-20190917.html)

Filadelfiýa 2019-njy ýylyň noýabr aýyndaky saýlawlarda saýlaw uçastoklarynyň işgärlerine saýlawçylary iPad-da gözlemäge we olary elektron görnüşde hasaba almaga mümkinçilik berýän sesleri hasaba almagyň täze elektron žurnallaryny ulanmalydy. Bu üýtgetme adamlar tarapyndan goýberilýän ýalňyşlary azaltmaly hem-de saýlawçylaryň hasaba alnyşyny tizleşdirmeli we ýeňilleşdirmelidi. Şäher häkimiýetleri munuň ýalňyş saýlaw uçastogyna baran *saýlawçylara dogry maglumatlary bermek* ýaly näsazlyklary aradan aýyrjakdygyna söz berdiler. Ahyrky netijede onuň hakyky wagt düzgüninde şäherdäki ähli saýlaw uçastoklaryndan gelen adamlary sany baradaky maglumatlary bermegine garaşylýardy.

Ýöne, ulgam praý-taým üçin taýýar däl eken. Munuň deregine awgust aýynda geçirilen synagda “şäher KNOWiNK sesleri hasaba alyş ulgamynda birnäçe meseleleri ýüze çykardy” diýip, şäheriň baş administratiw gululkçysynyň borçlaryny ýerine ýetiriji Stefani Tipton Tuesday-de hereket edýän saýlaw geňeşine ýazan hatynda belledi. “Synag saýlawlarynyň netijeleri barlanandan soň taslamany dolandyryş topary KNOWiNK sesleri hasaba alyş ulgamynyň noýabrdaky saýlawlarda ygtybarly işlejekdigine ynamynyň ýokdugy hakynda netijä geldi. Biz şäheriň *sesleri hasaba almagyň bu elektron ulgamyny* onuň ygtybarly işlejekdigine doly ynamy bolmasa, ulanmaly däldigine ynanýarys.” Ýerli häkimiýet saýlawlaryna iki aýdan az wagt galanda Tipton geňeşi sesleri hasaba almagyň elektron usulyny ulanmak meýilnamasyndan ýüz öwürmäge we öňden gelýän kagyz görnüşli sesleri hasaba alyş žurnallaryny ulanmagy dowam etdirmäge çagyrdy.

## Indianada sesleri hasaba almagyň elektron žurnallarynyň ulanylyşy

*Adaptirlenip alnan çeşmesi: https://www.npr.org/2019/05/30/727529802/technology-has-made-voting-lines-move-faster-but-also-made-elections-less-secure?t=1586744698543*

Irden sagat sekizden günortana çenli, Indiana ştatyndaky Jonson okrugynda ses berişlik saklandy. Okrugdaky saýlaw uçastoklarynda nobatlar barha artýardy. Saýlawçylaryň käbiri ses bermek üçin birnäçe sagatlap garaşdy; käbirleri bolsa muny edip bilmändigi üçin gaharlanyp gitdi.

*Okrug kagyz görnüşini bermeýän elektron ses beriş maşynlarynda ses berýär – kiber howpsuzlyk bilermenleri bolsa bulary garşy berk duýduryş berýär. Ýöne noýabr aýynda mesele döreden bu maşynlar däldi.* Muňa derek, mesele saýlaw uçastoklarynyň işgärleri tarapyndan adamlary hasaba almak üçin ulanylan elektron sesleri hasaba alyş žurnaly sebäpli ýüze çykdy. Saýlawlar bilen bagly birnäçe meselelerde bolşy ýaly, kagyz prosesden sanly prosese geçiş oňaýlylyk döredip biler, ýöne şol bir wagtda howpsuzlyk we ygtybarlylyk hakynda düýpli soraglary hem ýüze çykaryp biler.



Artykmaçlyklaryň köpüsi elektron saýlaw žurnallaryň Internete ýa-da iň bolmanda saýlaw toparynyň toruna birikmek mümkinçiligine esaslanýar, bu bolsa, kiber hüjümlere garşy goragsyzlygy artdyrýar diýip, Demokratiýa we tehnologiýa merkeziniň baş tehnology Jozef Lorenso Hol aýdýar.

Sesleri hasaba alyş žurnallaryny öýretmek boýunça jogapkär kompaniýa Election Systems & Software (ES&S) Saýlaw gününde k**ompýuterler üçin ýeterlik geçirijiligi üpjün etmedi. Bu sesleri hasaba alyş žurnallarynyň zordan işläp duran ýerlerinde saklanyp galmagyna getirdi.**

“Hiç kim maşynlarda ses bermeýär, şol sebäpli [saýlawçylar]meseläniň maşynlarda däldigini bilýär.” Diýip Repp aýtdy. “we [saýlaw uçastogynyň işgärleri] näme bolýandygyny hakykatdan hem bilmeýärler. Biziň bar aýdyp biljek zadymyz: “Bu kompýuter-dä. Bu kyn zat”

ES&S meseleden baş alyp çykmagyň ýoluny oýlap tapdy, ýöne ol hem <u>başga bir çynlakaý meseläni döretdi</u>. Jonson okrugynda saýlawçylary okrugyň islendik ýurisdiksiýasynda ses berip bilýärler, ýöne

# Intro.5.4 Sesleri hasaba almagyň Elektron žurnalynyň ulanylyşy: ABŞ-dan mysal

sesleri hasaba almagyň elektron žurnallary adamlaryň dürli saýlaw uçastoklarynda birnäçe býulletenleri berip bilmezligi üçin biri-birine birikdirilen bolmalydyr. Geçirijilik ukyby bilen bagly meseläni çözmek üçin ES&S bu birikmäni öçürdi, bu bolsa eger islese, saýlawçynyň Jonson okrugynda iki gezek ses berip biljekdigini aňladýardy.

*Demokratiýa we tehnologiýa merkezinden bolan Moris Terner bu çözgüdi saparlaryň iň köp günlerinde uzyn nobatlar sebäpli ýolagçylaryň barlanmagyny bes edýän howa menzili bilen deňeşdirdi. “Eger siz diňe metal detektorlary öçürseňiz, elbetde siz adamlary has çalt goýberip bilersiňiz” diýip Terner aýtdy. “Emma muny etmegiň iň howpsuz ýoly metal detektorlary has köp bolan has köp nobatlary açmakdyr”*

Bu şowsuzlyk ulgamlar sesleri berýän ýa-da hasaplaýan enjama birikdirilmedik hem bolsa, elektron saýlaw žurnallaryndaky kiçijik bökdençlik sebäpli nähili bulam-bujarlygyň bolup biljekdigini görkezdi.

## Töwekgelçilikler we howplar

Sesleri hasaba almagyň elektron žurnallaryna edilýän hüjümler adatça aşakdaky üç ýagdaýlaryň birinde saýlawlar güni prosesini bozmaga gönükdirilendir:

1) saýlawçylaryň sanawynda görkezilýän maglumaty üýtgetmek arkaly sesleri hasaba alyş žurnalyndaky maglumatlaryň bitewiligine hüjüm etmek,
2) sesleri hasaba almagyň elektron žurnallarynyň özleriniň *elýeterliligini bozmak* ýa-da
3) işjeňleşdirme žetonyny üýtgetmek arkaly sesleri toplaýan enjamda näsazlyklary döretmek.

Bu ýagdaýlaryň islendik biri saýlaw uçastogynda bulam-bujarlyga hem-de *saýlaw netijeleriniň dogrulygyna bolan ynamyň ýitirilmegine* getirip biler.

Birinji görnüşli şowly hüjüm megerem, saýlawçylary sanawdan aýyrmak ýa-da olara ses bermäge päsgel berjek ýa-da deslapky ses beriş prosesini ulanmaga mejbur etjek ýagdaýda maglumatlary gizlin üýtgetmek arkaly saýlawçylary hasaba alyş ulgamlarynda bolup geçer, ýöne sesleri hasaba almagyň elektron žurnallarynyň özünde we maglumatlar sesleri hasaba almagyň elektron žurnallaryna geçirilende hem bolup biler.

Sesleri hasaba almagyň elektron žurnaly tora birikdirilip ýa-da birikdirilmän biler. Eger olar tora birikdirilen bolsa, bu funksionallyk ulanylmaýan hem bolsa, olara tora birikdirilen enjamyň töwekgelçiliklerini özünde saklaýan žurnallar hökmünde garalmalydyr. Howplar yzygiderli artýan hem bolsa, töwekgelçilikleriň bu giňden mälim bolan toplumyny aradan aýyrmak üçin degişli çäreler görülip bilner.

Sesleri hasaba almagyň kagyz žurnaly bilen bagly esasy kiberhowpsuzlyk töwekgelçilikleri sesleri hasaba alyş žurnallarynyň maglumatlary formatirleme we çap ediş hyzmatlaryna geçirilende ýüze çykýar. Maglumatlar adatça, simli birikdirme, simsiz tor ýa-da USB-toplaýjy ýaly aýrylyp-dakylýan göteriji arkaly sesleri hasaba almagyň elektron žurnalyna ýüklenýär. Şunuň bilen baglylykda töwekgelçilikler we howplar aşakdakylary öz içine alýar:

- Ýola goýulan Internete birikme (hemişelik ýa-da aram-aram) bilen bagly töwekgelçilikler,
- Başga içerki ulgamlar bilen torly birikmeler, bularyň birnäçesi başga guramalara ýa-da häkimiýet edaralaryna, şol sanda sesleri hasaba almagyň elektron žurnallary üçin hususy torlara degişli bolup ýa-da olar tarapyndan dolandyrylyp bilner,
- Enjamlaýyn ýa-da programmaly binýatlaýyn COTS (täjirçilik taýdan taýýar) önümlerinde howpsuzlygyň gowşaklygy,
- Enjam ýa-da programma görnüşindäki ýöriteleşdirilen komponentlerde howpsuzlygyň gowşaklygy,
- Ygtyýarlandyrylan ulanyjylar üçin tassyklamanyň we giriş gözegçiliginiň talabalaýyk dolandyrylmagyndaky ýalňyşlyklar, şol sanda, torlara birikmek üçin rugsatlar we aýrylyp-dakylýan göterijileriň birikdirilmegi,
- Hakyky ýagdaýdan soň ýüze çykarylan talabalaýyk däl üýtgemeleri ýüze çykarmak we öňki ýagdaýyna getirmek bilen bagly kynçylyklar.

## Saýlawçylary hasaba almagyň maglumatlar binýadynyň goralmagy

Kiberhowpsuzlyk işgärleri köplenç ulanyjylar üçin oňaýlylyk bilen berk howpsuzlygynyň arasynda sazlaşygy tapmakda kynçylyk çekýärler.

**Tejribe #1:** Waşington ştatyndaky döwlet gullukçylary saýlawçylary hasaba almagyň maglumatlar

binýadynyň Internete birikdirilen nusgasyndan we maglumatlar binýadynyň Internete birikdirilmedik asyl nusgasyndan maglumatlary geçirmek üçin "sneakernet" diýlip atlandyrylýan serişdäni ulanýarlar. Döwlet gullukçylary maglumatlary bir maşyndan beýleki maşyna adatça, otag boýunça öz krossowkalaryny bir ýerden başga ýere süýşürmek arkaly fiziki ýagdaýda geçirmeli bolýarlar. Bu ähli töwekgelçilikleri aradan aýyrmaýar, ýöne gizlin maglumatlary internet-wektorlary tarapyndan hüjümden goramak bilen bir wagtda adamlara öz maglumatlaryna Internet arkaly aralaşmaga mümkinçilik berýär.

**Tejribe #2:** Birnäçe ýurisdiksiýalar özleriniň saýlawçylar hakyndaky esasy maglumatlar binýadyny ýapmaýarlar, ýöne berk howpsuzlygyň we döwlet gullukçylarynyň maglumatlar binýadyna hakyky wagt düzgüninde girişiniň arasyndaky sazlaşygy ýola goýmak üçin başga usullary ulanýarlar. Koloradoda esasy maglumatlar binýady şol bir günde hasaba alyşa mümkinçilik bermek ýaly zerurlyklar üçin torlar arkaly elýeterlidir. Kiberhowpsuzlyk boýunça tejribeli hünärmenler giriş gözegçiliginiň ygtybarly serişdeleri, hüjümleri ýüze çykarmak we olaryň öňüni almak ulgamlary, web-goşundylaryň torara ekranlary hem-de howpsuzlyk we wakalar hakyndaky maglumatlary dolandyrmagyň integrasiýasy bilen goşulan ygtybarly gowşaklyklary we töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamyny öz içine alýan degişli goranyş ulgamyny ulanýarlar. Töwekgelçilikleri aňryçäk möçberde azaltmakda işleri goldamak üçin goranyşyň kompýuterleşdirilen we adama bagly birnäçe gatlaklary ulanylýar.

# Intro.5.4 Ermenistanda saýlawçylaryň şahsyýetiniň elektron usulda anyklanmagy: Tehniki jähtler

***Dawid Haçatrýan,*** *Maglumat tehnologiýalary boýunça uly maslahatçy IFES;*
*Informasion tehnoligiýalaryň mümkinçiliklerini netijeli programa çözgütlerine öwürmek| çap edildi: 18 iýun, 2018*
*https://www.linkedin.com/pulse/electronic-voter-authentication-armenia-technical-davit-khachatryan salgysyndan alyndy*

2017-nji ýylyň aprel aýynda, parlamentar saýlawlaryň dowamynda Ermenistan saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň täze elektron ulgamyny ornaşdyrdy. Parlamentar saýlawlardan soň 2017-nji ýylyň 14-nji maýynda ulgam Ýerewanyň ýerli häkimiýet edaralarynyň saýlawlaryny guramak üçin ulanyldy. Bu uly göwrümli iki saýlawdan soň, Ermenistanyň Merkezi saýlaw topary (CEC) ulgamy ýerli häkimiýet edaralarynyň saýlawlarynda ulanmagy dowam etdirdi. Bir ýylyň dowamynda Merkezi saýlaw topary (CEC) bütin ýurt boýunça ýüzden gowrak ilatly nokatlary öz içine almak bilen, saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamak ulgamyny ulanyp ýerli häkimiýet edaralarynyň bäş sany saýlawyny gurady we geçirdi. Saýlawlaryň dowamynda ýörite saýlawçylaryň şahsyýetini anyklaýyş enjamlary (VAD) ornaşdyryldy hem-de saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamak üçin ulanyldy.




Enjam sensor ekranly Android enjamyny, MRZ okaýjyny (maşynda okalýan zolak), barmak yzlarynyň skanerini, termoprinteri we smart-karty okaýjyny özünde saklaýar. Enjam takmynan 6 sagatlap awtomatiki ýagdaýda işlemäge mümkinçilik berýän içki batareýa we üýtgeýän toguň daşky iýmitlendirijisi bilen enjamlaşdyrylandyr. 2 USB porty we 1 LAN (Ethernet) porty bar.

Umumy proses üç tapgyry öz içine alýar:

1. Enjamlary we saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň maglumatlar binýadyny taýýarlamak
2. Saýlaw uçastoklarynda saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagy
3. Saýlawdan soňky tapgyr (maglumatlaryň jemlenmegi, analitika we hasabat beriş)

## 1. Enjamlary we saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň maglumatlar binýadyny taýýarlamak

Ulgamyň taýýarlanyşy Ermenistanyň Merkezi saýlaw toparynda ýerine ýetirilýär. Raýatlyk hakyndaky maglumatlar binýady Ermenistan Respublikasynyň Polisiýasy tarapyndan saýlawdan 5 gün öň berilýär. Maglumatlar binýady ýörite *CVIS* (Saýlawçylar hakyndaky maglumatlaryň merkezi ulgamyna) import edilýär. Taýýarlygyň dowamynda administrator saýlaw parametrlerini (saýlawyň ady, senesi we ş.m.) girizýär we esasy ýatlary döredýär. Bu ýatlar beýleki USB-toplaýjylary dublirlemek üçin nusga bolup hyzmat edýär. Esasy ýatlar replikatorlar diýlip atlandyrylýan ýörite enjamlaryň kömegi bilen dublirlenýär. Bu USB enjamlar saýlaw uçastoklarynda saýlawçylaryň şahsyýetini anyklaýan enjamlary işjeňleşdirmek üçin ulanylýar.




*CVIS (Saýlawçylar hakyndaky maglumatlaryň merkezi ulgamy : Saýlawlardan öň (maglumatlaryň anyklanmagyna taýýarlanmak))*

### Replikatorlar

Replikatorlar USB enjamlarynyň dublirlenmegi üçin ulanylýan ýörite enjamlardyr. Esasy ýat replikatoryň ýokarysyndaky çep tarapky porta dakylýar. Galan 34 USB portuna boş USB enjamlary dakylýar. Operator

enjamy dolandyryş panelinden nusgalamagyň parametrlerini saýlap biler. Dublirleme ähli USB enjamlary üçin birmeňzeş nusgalama şertlerini üpjün etmek bilen, tiz wagtda, birnäçe minudyň dowamynda ýerine ýetirilýär.

**Enjamlaryň we programma üpjünçiliginiň inisializasiýasy (başladylmagy)**

Enjamyň taýýarlanýan wagtynda USB ýady Saýlawçynyň şahsyýetini anyklaýyş enjamynyň USB portuna dakylýar. Saýlaw uçastogynda operator (saýlaw uçastoklarynda enjamlary dolandyrýan ýörite taýýarlanan işgärler) enjamy işledýär we enjamyň birinji sahypasynda goýulan belgä basmak arkaly saýlawçynyň şahsyýetini anyklaýyş programmasyny işledip başlaýar.




Programma üpjünçiligi operatordan açarsöz (parol) soraýar. Eger girizilen açarsöz (parol) dogry bolsa, enjam ýörite penjiräni çykarýar hem-de saýlaw uçastogynyň belgisini girizmek arkaly enjamy işjeňleşdirmegi talap edýär.

**Saýlaw uçastogyny saýlamak we işjeňleşdirmek**

Mundan soňky tapgyrda operatordan saýlaw uçastogynyň koduny girizmek soralýar. Eger kod dogry bolsa, ulgam tassyklama sahypasyna geçýär (ulgam açarsözi (paroly) beren operatoryň dogry saýlaw uçastogyny saýlandygyny barlaýar). Ýogsam, ulgam operatoryň saýlawy işjeňleşdirmegini ret edýär.




**Tassyklaýyş sahypasy**

Indiki tapgyrda enjam operatordan saýlaw uçastogynyň maglumatlaryny (kody, salgysy we saýlaw uçastogyndaky saýlawçylaryň sany) barlamak arkaly saýlawy tassyklamagy soraýar.




## 2. Saýlawçynyň şahsyýetini anyklamak

Enjam şahsyýetnama resminamalary (pasportlar, şahsyýetnamalar we ş.m.) arkaly saýlawçynyň şahsyýetini anyklamaga mümkinçilik berýär. Operator şahsyýetnama resminamasyny MRZ okaýjynyň ýüzünden geçirýär. Okaýjy resminamadaky belgini okaýar we enjamyň maglumatlar binýadynda saýlawçynyň ýazgylaryny gözleýär.

**Dolandyryş paneli**

Dolandyryş panelinde opratorlar saýlawçynyň degişli toparyny saýlap biler (adaty, harby we goşmaça saýlawçylar). Operator saýlawçynyň resminamasyndaky belgini okamak üçin MRZ okaýyjyny çak edilýän opsiýa hökmünde ulanýar. MRZ resminamany okap bilmese, operator ekran klawiaturasyny

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.4 Ermenistanda saýlawçylaryň şahsyýetiniň elektron usulda anyklanmagy: Tehniki jähtler

işjeňleşdirmek arkaly resminamanyň belgisini elde girizýär.




**Maglumatlar binýadynda saýlawçyny gözlemek**

Maglumatlar binýadynda saýlawçy hakyndaky ýazgy tapylandan soň ulgam “ýaşyl” ekran diýlip atlandyrylýan ekrany işjeňleşdirýär we saýlawçydan barmak yzyny skanirlemegi soraýar. *Ulgamyň gurnalýan wagtynda skanirlenmeli barmaklaryň sanyny kesgitlemek bolar*. Barmak yzy skanirlenenden soň, ulgam ýörite talony çap edýär. Operator talony saýlawça berýär. Şu talon bilen saýlawçy býulleteni alýar we ses beriş kabinasyna gidýär.



# Intro.5.4 Ermenistanda saýlawçylaryň şahsyýetiniň elektron usulda anyklanmagy: Tehniki jähtler

### Resminamalarynyň möhleti geçen saýlawçylar

Anyklamanyň dowamynda ulgam saýlawçynyň resminamasynyň hakykylygyny barlaýar. Eger resminamanyň möhleti geçen bolsa (ulanmak üçin ýaramsyz bolsa) ulgam operatorlara “sary” ekran bilen duýduryş berýär. Şu ýagdaýda saýlawçy ulgamyň tassyklamagy üçin başga güýji bolan resminamany getirmelidir. Ulgam indiki saýlawçynyň şahsyýetini anyklamak üçin garaşma düzgünine geçýär.




### Saýlawçy başga saýlaw uçastogyndan

Eger saýlawçy başga saýlaw uçastogynda hasaba alnan bolsa, ulgam operatora “sary” ekran sahypasy bilen duýduryş berýär. Saýlawçy ses bermek üçin başga saýlaw uçastogyna gitmeli. Ulgam saýlawçynyň ses berip biljek uçastogy barada giňişleýin maglumat berýär. Ulgam indiki saýlawçynyň şahsyýetini anyklamak üçin garaşma düzgünine geçýär.




### Iki gezek ses bermegiň öňüni almak

Eger saýlawçy bir gezekden köp şahsyýetini anyklatmaga synanyşýan bolsa, ulgam “gyzyl” duýduryşy




berýär we ses signalyna başlaýar. Operator şahsyýeti anyklaýyş prosesini saklaýar we saýlaw uçastogynyň wekilini çagyrýar. Iki gezek ses bermäge edilen synanyşygy subut edýän ýörite kagyz enjam tarapyndan çap edilýär.

# Intro.5.4 Ermenistanda saýlawçylaryň şahsyýetiniň elektron usulda anyklanmagy: Tehniki jähtler

**Saýlaw uçastogynda saýlawlary ýapmak**

Saýlawyň soňunda operator enjamdaky ýörite yzygiderlilik bilen saýlawy ýapýar. Enjam şahsyýeti anyklanan saýlawçylaryň jemi sanyny, elde girizilen ýagdaýlaryň sanyny we beýleki maglumatlary görkezýän jemleýji hasabaty çap edýär. Operator ýapma prosedurasyna diňe taýýarlyk tapgyrynda bellenen seneden/wagtdan soň başlap biler.

## 3. Saýlawdan soňky tapgyr

Saýlawdan soňky tapgyryň dowamynda USB ýatlary saýlawçylaryň şahsyýetini anyklaýyş enjamlaryndan aýrylýar we okrugyň saýlaw ofislerine ugradylýar. Ofisde USB ýatlaryndaky maglumat Saýlawçylar hakyndaky maglumatlaryň merkezi ulgamyna ýüklenýär. Maglumatlar jemlenenden soň ulgam maglumaty gözlemäge we seljermäge, şonuň ýaly-da, saýlawlardan soň talaplar ýüze çykan ýagdaýynda barmak yzlarynyň gabatlaşdyrylmagyny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

**Netije**




*CVIS: Saýlawlardan soň (Jemleme we maglumatlaryň*

Ermenistan saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň ygtybarly we ulanylyşy aňsat bolan ulgamyny ornaşdyrdy. Ulgam milli we ýerli häkimiýet edaralarynyň saýlawlarynda synag edildi. Saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagy üçin ulanylýan çemeleşme ýönekeý, ýöne şol bir wagtyň özünde ussatlyk bilen utgaşdyrylmany we saýlaw proseduralarynyň ünsli guralmagyny talap edýär. Ulgamyň enjamlaýyn we programma düzüjileriniň ýurduň täze talaplaryna laýyk gelmegi, şeýle-de, saýlawlaryň dowamynda ýüze çykarylan ulgamyň birmeňzeş boşluklaryny doldurmak üçin wagtynda täzelenmegi zerurdyr.

***ODIHR-ň (Demokratiki institutlar we adam hukuklary boýunça ofis) Saýlawlara gözegçilik ediş missiýasynyň jemleýji hasabatyndan alnan, Möhletinden öň geçirilýän parlamentar saýlawlar, 20-nji iýun 2021-nji ýyl***

Saýlawlar gününde saýlawçylar özleriniň şahsyýetnama resminamalaryny we barmak yzlaryny degişli saýlaw uçastogyndaky saýlawçylaryň sanawynyň elektron nusgasyny özünde saklaýan elektron VAD (saýlawçylaryň şahsyýetini anyklaýyş enjamlary) enjamlarynda skanirlemek arkaly tanaldy. 22-nji iýunda kabul edilen kanuna laýyklykda, CEC (Merkezi saýlaw topary) ähli saýlaw uçastoklaryndan saýlawçylaryň gol çekilen sanawynyň skanirlenen nusgalaryny çap etdi, bu saýlaw jedelleri boýunça çözgüt çykarylýança köpçülikleýin barlagy geçirmäge mümkinçilik berdi[1]. Bu talap maglumatlaryň gizlinliginiň goralmagyna we haçanda gürrüň aýratyn saýlawçylaryň gatnaşmagy barada barýan bolsa, gizlinligiň saklanmagyna çagyrýan halkara standartlary we öňdebaryjy tejribe üçin töwekgelçilik döredýär[2]. Muňa garamazdan, bu saýlawlar babatynda ODIHR-ň (Demokratiki institutlar we adam hukuklary boýunça ofis) saýlawlara gözegçilik missiýasynyň söhbetdeşleri aýdyňlygy artdyrmagyň we saýlawlardaky bozulmalaryň öňüni almagyň netijeli usuly hökmünde bu çäräni goldaýandygyny mälim etdiler.

*Saýlawçylaryň sanawyna möhüm giriş üpjün edilende gizlinlik çäreleri arkaly saýlawçylaryň maglumatlarynyň gizlinliginiň we ses berişlige gatnaşmagyň gizlinliginiň goralmagyna ähmiýet berilmelidir.*

---

[1] 2021-nji ýylyň aprelinde girizilen düzedişler saýlawçylaryň gol çekilen sanawynyň merkezi saýlaw topary (CEC) tarapyndan netijeler jemlenýänçä ýa-da eger-de şikaýatlar bildirilse, olar çözülýänçä saklanmalydygyny belleýär.

[2] Saýlawlara gatnaşan saýlawçylaryň sanawy çap edilende Saýlaw meselelerinde oňyn tejribe kodeksiniň Wenesiýa komissiýasynyň Teswirleýji deklarasiýasynyň IV.A bendine hem-de Raýat we syýasy hukuklar boýunça halkara konwensiýasynyň gizlinlige bolan hukuk hakyndaky 16-njy Umumy teswirleriniň 10-njy bendine serediň.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.4 Saýlawçylary hasaba almagyň biometriki tehnologiýalary

Adaptirlendi: *Introducing Biometric Technology in Elections (Saýlawlara biometriki tehnologiýalary ornaşdyrmak)* © *2017 International Institute for Democracy and Electoral Assistance (Halkara demokratiýa we saýlawlara goldaw bermek instituty)*

Biometrik tehnologiýa – bu arzaçylaryň bio-maglumatlaryny toplamak üçin kompýuterleriň, barmak yzynyň skanerleriň, optiki skanerleriň we/ýa-da sanly kameralaryň ulanylmagydyr. Her bir adamyň barmak yzy özboluşly bolup, hut şu özboluşly aýratynlyklar we beýleki maglumatlar saýlawçylaryň reýestri döredilýän kompýuterde saklanýar. Saýlawçylaryň biometriki hasaba alnyşynyň dowamynda, ony almagyň usulyna garamazdan, onuň ýanynda saýlawçynyň ady, doglan senesi, salgysy we islendik başga degişli maglumat ýaly demografiki maglumatyň toplanmagy ýa-da tassyklanmagy bolmalydyr.

Saýlawlarda biometriýa 2 maksat üçin ulanylyp bilner:

1. **Saýlawçylary hasaba almagyň biometriki ulgamy (BVR):** Saýlawçylaryň sanawynda şol bir şahsyň birnäçe ýazgylaryny ýokary anyklyk bilen tanamak arkaly deduplikasiýa prosesine ýardam bermegiň guraly hökmünde. Edil öňki ýaly, her bir ýüze çykarylan dublikata nähili çemeleşmelidigi hakynda çözgüdi kabul etmek üçin proseduralary işläp düzmek, şol sanda dublirlemäniň adyň ýa-da salgynyň üýtgedilmegi, kezzapçylyk synanyşygy ýa-da başga ýagdaýlar bilen baglygyny ýa-da däldigini kesgitlemek möhüm bolup durýar we her bir aýyrma hasaba alnan saýlawçyny aýyrmak hakyndaky kanunlara laýyk gelmelidir.
2. **Saýlawçylary biometrik tanama ulgamy (BVI):** Saýlaw gününde saýlaw uçastogynda saýlawçynyň tanalmagy, munda saýlawçynyň bir sany biometrik alamaty (barmak yzy, gözüniň reňkli ýorkasy) oňa ses bermäge mümkinçilik berer.

## Saýlawlarda biometrik alamatlaryň ulanylyşy

### Barmak yzlary

Iň giňden ýaýran biometrik usul barmak yzy bolup, ol has köp wagtyň dowamynda ulanylan aýratynlykdyr. Dürli nokatlar we alamatlar biri-birine görä ölçenýär, bu bolsa barmak yzynyň "nusga" bolmagyna getirýär. Nusgalary ýa-da ölçenen nokatlaryň sanyny döretmegiň halkara standartlary ýok we üpjün edijiler dürli usulyýetleri ulanýarlar we käte nusgalary biri-biri bilen has tiz wagtda deňeşdirmek üçin öz algoritmlerini ulanýarlar.



Barmak yzlaryny ulanmak arkaly deduplikasiýa prosesi awtomatlaşdyrylan barmak yzyny tanama ulgamy (AFIS) arkaly ýerine ýetirilýär. Ulgam dublikatlaryň mümkin boldugyça köp mukdaryny tanamak üçin gurnalan bolmaly we şunda ýalňyş pozitiw netijelerden gaça durmalydyr. Islendik barmak üçin talap edilýän nokatlaryň we alamatlaryň sany barmak yzy alynmazdan öň kesgitlenmelidir. Eger talap edilýän minimal san örän ýokary bolsa, elleri hapa ýa-da şikeslenen saýlawçylar hasaba alynman biler. Eger nokatlaryň we alamatlaryň talap edilýän minimal sany örän az bolsa, ol köpsanly ýalňyş pozitiw netijeleri çykarar,

# Intro.5.4 Saýlawçylary hasaba almagyň biometriki tehnologiýalary

sebäbi köpsanly saýlawçylaryň barmak yzlary biri-biriniňkä meňzäp biler. Pasport we polisiýa edaralary nokatlaryň we alamatlaryň has köp sanyny talap etmäge ygtyýarly bolup biler, şunda saýlawçylary hasaba alyjylar oba ýerlerinde ýaşaýan, barmaklary gabarçakly we şikeslenen saýlawçylaryň saýlaw hukugyndan mahrum edilmeginiň öňüni almak üçin has takyk balansy tapmalydyrlar.




Bu suratda barmak yzlarynyň şekilleri görkezilen (barmak yzynyň skaneri ýa-da okaýjy bilen alnan). Olar her bir adama mahsus bolan aýratynlyklary kesgitlemek üçin seljerilýär, soňra bolsa sanly nusga geçirilýär. Bu nusga saýlawçyny tanamak (saýlawçyny biometrik usulda tanamak) ýa-da onuň ýeke-täkligini kepillendirmek (saýlawçynyň biometrik hasaba alnyşy) üçin maglumatlar binýadynda saklanýan beýleki nusga bilen deňeşdirilýär

### Adamyň ýüzünden tanamak

Soňky ýyllarda gazanylan ägirt tehnologiki ösüşe garamazdan, adamyň ýüzünden tanamak biometrik tanama ýa-da biometriki gabatlaşdyrma üçin ýeke-täk usul hökmünde ulanylyp bilinmez. Ýüzden tanamak köplenç garrama prosesini we ýüzüň biometrik maglumatlarynyň beýleki usullara garanda has ygtybarsyz bolmagyna getirýän ýüzüň hereketlerini hasaba almaýar. Ýöne ýüzden tanamak barmak yzy arkaly tanamak bilen birleşdirilse, bu ýalňyş kabul ediş derejesini (FAR) – biometrik howpsuzlyk ulgamynyň 2 ýazgyny duplikat hökmünde tanamak ähtimallygyny azaltmak üçin örän peýdaly bolup biler.

Hasaba alnan şahslaryň saýlawçylaryň sanawyndaky fotosuraty eger kimdir biriniň özüni başga adam hökmünde görkezjek bolýandygyna şübhe bar bolsa, netijeli tanama serişdesi bolup biler.

### Gözüň reňkli ýorkasynyň skanirlenmegi

Gözüň reňkli ýorkasy gabatlaşdyrmanyň takyklygy we ýalňyş pozitiw netijeleriň öňüni almak babatynda iň ygtybarly biometriki usul bolup durýar, sebäbi, gözüň bir sany reňkli ýorkasynda barmak yzyndaky ortaça 40-dan 70 çenli nokat bilen deňeşdirilende 200 sany nokat bardyr. Gözüň reňkli ýorkasyny skanirlemegiň bahasy örän ýokary bolmagynda galýar we ol saýlawlarda hem-de raýatlaryň hasaba alnyşynda ulanmak üçin tygşytly çözgüt däldir. Mümkin bolan beýleki kemçilikler gözüň käbir keselleriniň (mysal üçin, katarakta) onuň netijeliligini peseldip bilmegi we skanirleme prosesiniň jemgyýetdäki käbir toparlar tarapyndan irizegen hasaplanmagydyr.

### Gollar

Elektron gol üçin planşetler giňden ulanylmasa-da, olar gollary belläp almaga ukyplydyr, şonuň üçin saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamak üçin ulanylyp bilner. Adamyň goly onuň islegine görä ýa-da islegine bagly bolmazdan düýpli üýtgäp biler, bu bolsa ygtybarly elektron gabatlaşdyrmany kynlaşdyrýar. Ol käte poçta boýunça ses bermek üçin ulanylýar (skanirlenýär we saýlawçynyň şahsyýetnamasyndaky goly bilen deňeşdirilýär) şeýle-de, elektron ses berişlikde ulanylyp bilner.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.4 Saýlawçylary hasaba almagyň biometriki tehnologiýalary

## Artykmaçlyklary we kemçilikleri

### Artykmaçlyklary

- Dogry ornaşdyrylan saýlawçylary biometrik hasaba alyş (BVR) birnäçe gezek hasaba almak ýagdaýlaryny azaldyp, saýlawçylaryň sanawynyň hiliniň ýokarlandyrylmagyna getirip biler.
- Dogry ornaşdyrylan saýlawçylary biometrik tanama ulgamy (BVI) saýlaw uçastoklarynda saýlawçylaryň özüni başga adam hökmünde görkezmäge synanyşygynyň öňüni alyp biler.

### Kemçilikleri

- Saýlawçylaryň sanawynda bolmak üçin saýlawçylaryň hasaba alyş merkezine barmak ýa-da mobil hasaba alyş nokatlaryna barmak arkaly hasaba durmagy hökmanydyr.
- Ol saýlaw hukugynyň bardygyny kepillendirmeýär: ol diňe adamyň sanawda bardygyny bir gezek barlaýar. Ol ýaşy ýetmedikleriň ýa-da raýatlygy ýok adamlaryň hasaba alynmagynyň öňüni almaýar.
- Biometrik tehnologiýanyň tutuş ýurt boýunça ýaýbaňlandyrylmagy örän köp çykdajylary talap edýär. Dünýäde durmuşa geçirilen ýaýbaňlandyrmalaryň 100%-de, käte birnäçe sebäp boýunça býujet serişdeleri ýeterlik bolmady. Dogry durmuşa geçirilmese, ol aňsatlyk bilen donorlara garaşlylyga getirip biler. Esasy üns köplenç kompýuterlere we enjamlara berilse-de, býujetiň iň uly bölegi köplenç adam güýji we logistikadyr.
- Öňdebaryjy tehnologiýa möhüm we dowamly maýa goýumlary (maglumat merkezleri, maglumatlary alyşmak infrastrukturalary) talap edýär. Dogry durmuşa geçirilmese, ol üpjün edijileriň blokirlemesine getirip biler, şu ýagdaýda ýurt esasan hem halkara standartlaryna laýyk gelmeýän nusgalar babatynda önümleri/hyzmatlary üpjün edijä garaşly bolýar.
- Saýlawçylaryň sanawynyň dublirlenmegini aradan aýyrmak üçin biometriýanyň ulanylmagy köp ýurtlarda ulanylýan giňden ýaýran usuldyr. Biometriýanyň saýlaw gününde saýlaw uçastogyndaky saýlawçylary tanamak üçin ulanylmagy giňden ýaýran tejribe däldir. Bu iş bilen bagly birnäçe möhüm amal päsgelçilikleri we töwekgelçilikler bardyr. Iki gezek ses berilmeginiň öňüni almak maksady bilen haýsy alternatiw usullaryň ulanylyp bilinjekdigini kesgitlemek üçin peýdalary harajatlar we töwekgelçilikler bilen deňeşdirmeli.

## Somalilendde saýlawçylaryň biometrik hasaba alnyşy

*Somalilend öz-özüni jar eden döwlet bolup, halkara derejesinde Somaliniň awtonom sebiti hasaplanýar. Bu çäk halkara derejesinde Somalilend Respublikasynyň hökümeti hökmünde ykrar edilmäge ymtylýan demokratiki usulda saýlanan hökümetler tarapyndan dolandyrylýar.*

Somalilendiň Milli saýlaw topary (NEC) saýlawçylaryň hasaba alnyşynyň geçirilmegi we saýlawçylaryň reýestriniň ýöredilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Somalilendde saýlawçylary hasaba almak üçin mundan öň edilen ýeke-täk ylalaşykly synanyşyk 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda bolup geçdi we ol uly syýasy çökgünlige getirdi. Hasaba alyş prosesi köpsanly hasaba alyşlar bilen bulam-bujarlyk döretdi we wezipeli şahslar ýüzleri tanamak ulgamy üçin zerur bolan fotosuratlary toplamak düzgünini we hasaba duryan şahslaryň barmak yzynyň alynmagyny yzygiderli ünsden düşürdiler. Bu çökgünlik 2010-njy ýyldaky prezident saýlawlarynyň has akgynly geçmegine mümkinçilik bermek üçin ahyrsoňy ýeterlik derejede çözülen hem bolsa, reýestriň özi örän ynamdan gaçdy we syýasy taýdan zäherli boldy, şunlukda 2011-nji ýylda Wekiller palatasy ony güýçsiz diýip ykrar etdi.

### Saýlawçylaryň täze sanawyny düzmek

Milli saýlaw topary (NEC) raýatlary hasaba almak üçin biometrik tehnologiýalary saýlamak prosesini öz içine almak bilen, birnäçe ýyllap ses berişlige taýýarlandy. Toparyň agzalary bir gezekden köp ses berýän adamlary ýüze çykarmaga ukyply ulgamy islediler. Maksatnamanyň irki tapgyrlarynda barmak yzlaryny we ýüz keşpleri tanamak ulgamlarynyň ikisi hem köpsanly hasaba alyş duplikatlaryny ýüze çykaryp bilmedi.

# Intro.5.4 Saýlawçylary hasaba almagyň biometriki tehnologiýalary



Saýlawlar boýunça halkara maslahatçylaryň teklibi bilen topar gözüň reňkli ýorkasyna esaslanýan ulgamy synap gördi. Synag taslamasynda gözüň reňkli ýorkasy boýunça tanamak tehnologiýasy 1062 sany hasaba alnan saýlawçylaryň binýadyna girizilen 457 sany dublikatlaryň ählisini takyklyk bilen ýüze çykaryp bildi. Bilermenler tutuş ýurt boýunça hasaba alyşda 30,000 dublikatyň ýüze çykarylandygyny çakladylar. Gözüň reňkli ýorkasynyň skanirlenen şekillerinden ýokary hili biometriki maglumatlary deňeşdirýän gözüň reňkli ýorkasy boýunça tanamak programmasyny ulanmak arkaly dedublikasiýa mümkin boldy.

Hasaba alşyň tizligi hem gözüň reňkli ýorkasy boýunça tanamak usulynyň bähbidine boldy. Roý Dalle Wedow halkara saýlawlar boýunça meşhur hünärmen we Milli saýlaw toparynyň (NEC) maslahatçysy gözüň reňkli ýorkasyna esaslanýan ulgamyň barmak yzlary tehnologiýasyna garanyňda has takyk bolmak bilen çäklenmän, eýsem, saýlawçynyň hasaba alynmagy üçin zerur bolan wagty hem iki esse azaldýandygyny aýtdy. *“Barmak yzyny ulanýan tehnologiýa prosesi haýallatdy we hasaba durmak isleýän adamlaryň uzyn nobatynyň emele gelmegine getirdi”* diýip ol ýatdy. *“Netijede, hasaba alyşa jogap berýän wezipeli şahslar prosesi tizleşdirmek üçin gözegçiligi gowşatmaga ýykgyn etdiler”*

Gözüň reňkli ýorkasy arkaly tanamak tehnologiýasy saýlanandan soň, Milli saýlaw topary (NEC) noutbukdan, gözüň reňkli ýorkasynyň elde işledilýän skanerinden, ýüzi surata düşürmek üçin web-kameradan, şöhlelendirijiden we ştatiwden ybarat bolan 350 sany göçme toplumy satyn aldy.

Soňky hasaba alyşda ulanylan gözüň reňkli ýorkasynyň kämil biometrik tehnologiýasyna, mundan öň ulanylan barmak yzlary boýunça biometrik hasaba alyşa garanyňda, köpsanly hasaba alyşyň öňüni almaga ukyplydygy üçin ýokary baha berildi. Çäräniň netijeleri boýunça 2010-njy ýylda hasaba alnan 1,069,914 saýlawçy bilen deňeşdirilende ýurt boýunça 873,331 saýlawçydan ybarat täze reýestr alyndy. Umuman, gyzyklanýan taraplar täze reýestre ýokary baha berdiler hem-de onuň mundan öňki birnäçe gezek hasaba almak we ses bermek meseleleriniň netijeli öňüni aljakdygyna ynamy we oňyn garaýyşlaryny bildirdiler.

# Intro.5.4 Fillipinlerde saýlawçylary hasaba almagyň maglumatlar binýadynyň ýitgisi

Mejbur ediş we kezzapçylyk ýagdaýlary hakyndaky habarlar Fillipinleriň Saýlaw toparyny (COMELEC) *biometrik hasaba alyşy* kabul etmäge iterdi. Ilkibaşda ol diňe gür ilatly ýerlerde ulanyldy, ýöne 2014-nji ýyldan soň sanawa goşulmak üçin biometrik maglumatlaryň berilmegi hökmany boldy. Ýöne, saýlawçylaryň hasaba alynmagy *hökmany däl* we *saýlawçynyň öz islegine* bagly bolup durýar.

Toparyň syýasaty hasaba alyş prosesinde hökmany ýagdaýda *surata düşürmek, barmak yzlaryny we goluny* (biometrika) almak arkaly saýlawçylaryň arassa, doly, hemişelik we täzelenýän sanawyny düzmekden ybaratdyr (Saýlaw toparynyň kararnamasy №9853). Şu maksat bilen haçanda hukugy bolan şahs hasaba durmak üçin arza bermäge gelende onuň biometrik maglumatlary Saýlaw toparynyň (COMELEC) saýlawçylary hasaba alyş maşynynyň (VRM) kömegi bilen sanly görnüşde alnar. Saýlawçylary hasaba alyş maşyny - bu (VRM) diňe sanly kamerasy, barmak yzlarynyň skaneri we oňa berkidilen gol çekmek üçin paneli bolan stol kompýuteridir. Biometrik maglumatlaryň alynmagy şu ýokary tehnologiki enjamyň we saýlawçyny hasaba alyş ulgamynyň ulanylmagy bilen mümkin bolýar.

*Çeşme: https://www.idea.int/answer/ans73861913860z*

2016-njy ýylyň 27-nji martynda *Anonymous Philippines* ady bilen hakerler Saýlaw toparynyň (COMELEC) saýtyny döwdüler we ony zaýaladylar. Hüjümiň nähili amala aşyrylandygy we howpsuzlygyň haýsy gowşak ýerleriniň ulanylandygy häzirki wagta çenli nämälim bolup durýar.

Bir günüň dowamynda hakerleriň *LulzSec Pilipinas* aýratyn topary Saýlaw toparynyň (COMELEC) tutuş maglumatlar binýady diýip atlandyran maglumatlaryna salgylanmany çap etdi we maglumatlar binýadynyň ýüklenip alynýan faýllarynyň indeksine üç sany çykgydy goşmak bilen çap edişi täzeledi. *LulzSec Pilipinas* tarapyndan alnan maglumatlaryň göwrümi 340 gigabaýta deň.

Bu waka Fillipinleriň taryhynda gizlin maglumatlaryň iň uly göwrümli paş edilmesi hasaplandy we hasaba alnan 55 million saýlawçylar muňa sezewar boldy.

Gizlin we açyk torda giňden ýaýradylan maglumatlar 228,605 sany elektron poçta salgysyny; daşary ýurtlardaky Fillipinli saýlawçylaryň 1.3 million pasport belgisini we möhletiniň geçýän senesini; 15.8 million barmak yzy ýazgylaryny öz içine alýardy.

Hüjümden soňky günlerde Saýlaw topary (COMELEC) saýtda : hiç-hili gizlin maglumatyň" saklanmaýandygyny aýtdy, ýöne ondan bäri öz garaýşyny ýumşatdy. Fillipin häkimiýetleri 12-nji aprelde çykyş edip, özleriniň entek hem maglumatlary öwrenýändigini, sebäbi olaryň doly ýüklenip alynmagy üçin "biraz wagt" gerekdigini aýtdylar. Howpsuzlyk bilermenleriniň seljermelerine garamazdan, Saýlaw toparynyň (COMELEC) işgärleri entek hem maglumatlaryň tassyklanmandygyny aýdýar, ýöne onuň nusgalanmagynyň örän erbet ýagdaýdygyny boýun alýarlar. Wezipeli şahslar hüjümiň saýlaw netijelerine howp döretmejekdigini hem aýtdylar.

Fillipinlerde maglumatlaryň köp mukdarda syzmagynyň millionlarça barmak yzlarynyň ýazgylaryny özünde saklaýandygy görünýär, *ýöne döwlet gullukçylary maglumatlaryň syzmagynyň biometrikany öz içine almaýandygyny" nygtaýarlar*.

Barmak yzlary boýunça bilermen Kris Jonson syzan maglumatlaryň jenaýatkärler üçin nä derejede peýdaly bolup biljekdigine baha berdi: biometrik maglumatlar olary aýdyňlaşdyryp biljek kompýuterler ulgamy bolmazdan bütinleý peýdasyz bolup biler (oňa düşünmek üçin ýörite programma üpjünçiligi zerur). Köplenç ýurtlar üçin işlenip düzülýän kompýuter ulgamlary diňe aýratyn sargytlar boýunça taýýarlanýar; Fillipin ulgamy ýörite olar üçin döredilen bolmaly. Eger jenaýatkärlere olaryň degişli bolan şekilleri däl-de, diňe bu kod elýeterli bolan bolsa, adamlaryň barmak yzlarynyň şahsy maglumatly kezzapçylyk üçin nusgalanmak ýa-da ulanylmak howpy ujypsyzdyr. "Bular şekilleriň özi däl-de, maglumatlar" diýip ol düşündirdi.

Sanly görnüşde saklananda barmak yzlarynyň maglumatlary adatça, ujypsyz zatlar hökmünde garalýan nusgalara degişli ýeke-täk koda geçirilýär. Kompýuteriň programma üpjünçiligi nokatlaryň arasyndaky aralygy we burçy ölçeýär hem-de barmak yzynyň ýeke-täk kartasyny döredýär. Soňra bu barmak her gezek gaýtadan skanirlenende bu kod bilen gabatlaşdyrylyp bilner.

**"Eger siz paroly ýitirseňiz, siz ony üýtgedip bilersiňiz. Ýöne siz barmak yzyny üýtgedip bilmersiňiz"** diýip Troý Hant WIRED neşirine aýtdy.

Syzylan maglumatlarda saklanýan, derňewçiler tarapyndan howpsuz ýagdaýda hakyky hasaplanýan

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.4 Fillipinlerde saýlawçylary hasaba almagyň maglumatlar binýadynyň ýitgisi

beýleki maglumatlar fiziki salgyny, doglan ýeri, boýy, agramy, jynsy, maşgala ýagdaýyny we ene-atanyň adyny öz içine alýar. Bu maglumatlaryň ählisi şifrlenen däldi. At we familiýa, doglan seneler ýaly käbir maglumatlar şifrlenendi. “Şu alamatlary birleşdirip başlasaň, seniň özüňi başga şahs hökmünde görkezmek mümkinçiligiň ep-esli artýar” diýip Hant aýtdy.

Syzylan maglumatlar harsallyk bilen köne wersiýalary nusgalamany we goýmany, ýaramaz hyzmat edişi we geleňsiz dolandyryşy çaklamaga esas berýän maglumatlar düzüminiň “durşy bilen garym-gatymlygydy”. “Bu örän pes hilli iş. Megerem, bu olaryň göwnünden turan däldir” diýip Hant belledi.

Hant syzan maglumatlarda maglumatlary bolan bäş sany saýlawçy bilen, olar hakyndaky syzan maglumatlaryň takykdygyny anyklamak üçin habarlaşdy. Olaryň bäşisi hem Hantyň tapan maglumatlarynyň dogrudygyny tassykladylar. Daşary ýurtlarda ýaşaýan Fillipin saýlawçylarynyň şifrlenmedik pasport maglumatlaryny agzamak bilen, “Bu örän çynlakaý mesele. Bu örän gizlin maglumat” diýip Hant aýtdy. “Bu maglumatlaryň syzmagyndan soň megerem, biz bu pasportlary hakyky däl diýip hasaplamak meselesine garamaly bolarys”.

Şondan soň Saýlaw topary (COMELEC) netijeleri toplamak we bermek üçin “başga saýty” ulanjakdygyny aýtdy. “Saýlaw netijeleriniň websaýty örän howpsuz bolar. Ol başga ýerde hem ýerleşdiriler. Ol häzirki wagtda ulanylýan howpsuzlyk funksiýalaryndan tapawutlanýan we has ýokary hilli bolan şahsy howpsuzlyk funksiýalarynyň toplumyna eýe bolar” diýip, Saýlaw toparynyň (COMELEC) press-sekretary Jeýms Himenes 29-njy martda žurnalistlere aýtdy.

**Fillipinleriň Gizlinligi goramak boýunça milli topary Saýlaw toparynyň (COMELEC) başlygynyň jogapkärçilikleri hakynda**

*Gizlinligi goramak boýunça milli topar 2012-nji ýylyň martynda RA 10173, başgaça 2012-nji ýylda kabul edilen Maglumatlaryň gizlinligi hakyndaky kanun hökmünde hem belli bolan kanunyň esasynda döredilen kadalaşdyryjy we kwazi-kazyýet edarasydyr. Bir komissar we iki sany komissaryň orunbasary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän agentlik maglumatlaryň gizlinligine bolan hukugy goramaga hem-de ykdysady ösüşe we innowasiýalara itergi bermek üçin maglumatlaryň erkin akymyny üpjün etmäge ygtyýarlydyr.*

Gizlinligi goramak boýunça milli topar (NPC) Saýlaw toparynyň (COMELEC) 2012-nji ýylda kabul edilen maglumatlaryň gizlinligini goramak hakyndaky kanuny bozandygyny kesgitledi we 2016-njy ýylyň 20-nji martyndan 27-nji marty aralygynda bolup geçen maglumatlaryň syzmagy üçin J. Andres D.Bautistany jenaýat jogapkärçiligine çekmegi teklip etdi.

2016-njy ýylyň 28-nji dekabrynda Gizlinligi goramak boýunça milli topar bilen bagly No. 16-001 iş boýunça kabul eden çözgüdinde, Gizlinligi goramak boýunça milli topar (NPC) Bautistanyň maglumatlaryň goragynyň howpsuzlyk çäreleriniň ornaşdyrylmagyndan has möhümdigi ýörelgesine “doly ähmiýet bermändigini” nygtady. “Maglumatlaryň gizlinligi bu tehniki howpsuzlygyň ornaşdyrylmagyndan has möhümdir; ol fiziki we guramaçylyk çäreleriniň ornaşdyrylmagyny, şeýle-de Saýlaw toparynyň (COMELEC) gizlinlik we howpsuzlyk syýasatlaryna we tejribelerine gaýtadan garamagy, baha bermegi we olary täzelemegi öz içine alýar” diýip çözgütde bellenýär.

Gizlinligi goramak boýunça milli topar (NPC) Saýlaw toparynyň (COMELEC) «şahsy maglumatlaryň gözegçisi» hökmünde agentligiň borçlaryny ýerine ýetirende «№10173 Respublikan kanunynyň 11-nji, 20-nji we 21-nji bölümlerini» bozandygyny aýtdy. Şol wagtky resminamada başlyk Bautista şol kanunyň «26-njy bölüm babatynda 11-nji, 20-nji 21-nji we 22-nji bölümleriň düzgünlerini bozan» hökmünde agzalaýar.

Maglumatlaryň gizlinligi hakyndaky kanunyň geleňsizlik sebäpli gizlin şahsy maglumatlara aralaşylmagyna jeza belleýän 26-njy bölümi 3 ýyldan 6 ýyla çenli azatlykdan mahrum edilmäni we 500 000-den 4000 000 peso çenli jerimäni göz öňünde tutýar. Şol bir wagtda, 36-njy bölüm eger düzgün bozujy döwlet gullukçysy bolup durýan bolsa, döwlet wezipesinden jenaýat jezasynyň möhletiniň iki essesine çenli möhletde mahrum etmäni öz içine alýan goşmaça jezany göz öňünde tutýar.

Bikanun aralaşma sezewar bolan şahsy maglumatlar websaýtda saklanýan birnäçe maglumatlar binýadynda ýerleşýär: resminamada (a) Precinct Finder web goşundysyndaky 75,302,683 ýazgyny özünde saklaýan saýlawçylaryň maglumatlar binýady; (b) Post Finder web goşundysyndaky 1,376,067 ýazgyny özünde saklaýan saýlawçylar hakyndaky maglumatlar binýady; (c) 139,301 ýazgyny özünde

# Intro.5.4 Fillipinlerde saýlawçylary hasaba almagyň maglumatlar binýadynyň ýitgisi

saklaýan iRehistro hasaba alyş binýady; (d) ot açýan ýaraglaryň gadagan edilmegi hakyndaky 896,992 şahsy maglumaty we ot açýan ýaraglaryň seriýa belgileriniň 20,485 ýazgylaryny özünde saklaýan maglumatlar binýady; we (e) 1,267 sany Saýlaw toparynyň (COMELEC) işgärleriniň ýazgylaryny özünde saklaýan Saýlaw toparynyň (COMELEC) işgärleriniň maglumatlar binýady" diýlip bellenip, bu ýagdaýy örän uly göwrümi sebäpli, hökümetde saklanýan şahsy maglumatlar binýadynyň dünýäde hasaba alnan iň çynlakaý bozulmasy hökmünde görkezýär.

Bozulmanyň gerimini ýene bir gezek açyp görkezmek bilen, Gizlinligi goramak boýunça milli topar (NPC) Saýlaw toparynyň (COMELEC) iki web goşundysynda paş edilen gizlin şahsy maglumatlaryň haýsy görnüşleriniň saklanandygyny hem gysgaça beýan etdi.

"Precinct Finder goşundysyndaky saýlawçylar hakyndaky maglumatlar binýady her bir saýlawçynyň doly adyny, dogulan senesini, jynsyny, raýatlyk ýagdaýyny, salgysyny, saýlaw uçastogyndaky belgisini, dogulan ýerini, saýlawçynyň şahsy belgisini, saýlawçyny hasaba alyş belgisini, aýyrmagyň/işjeň däl ýagdaýa getirmegiň sebäbini, hasaba alnan senesini we täzelenen wagtyny öz içine alýardy"

"Post Finder goşundysyndaky saýlawçylaryň maglumatlar binýady her bir saýlawçynyň tassyklanan ady, dogulan senesi, jynsy, raýatlyk ýagdaýy, hasaba alnan ýeri, pasport maglumatlary (belgisi we möhletiniň geçýän senesi bilen), salgyt töleýjiniň şahsy belgisi, elektron poçta salgysy, poçta salgysy, ýanýoldaşynyň ady, saýlawçynyň ejesiniň we kakasynyň doly ady, saýlawçynyň Fillipinlerdäki we daşary ýurtdaky salgysy, hasaba alnan ýeri ýa-da ýurdy, öňki hasaba alyş maglumatlary, Fillipin wekiliniň doly ady, raýatlygy, hasaba almak boýunça kömekçi, hünäri, sektory, boýy we agramy, tapawutlandyryjy alamatlary, biometrik beýany, ses beriş taryhy, ses berişiň görnüşi we saýlawçylary hasaba alyş ulgamy üçin başga tekst görnüşli salgylanma maglumatlaryny öz içine alýardy" diýip, Saýlaw toparynyň (COMELEC) maglumatlaryň gizlinligi bozmagynyň netijesinde näçeräk şahsy maglumatlaryň häzirki wagtda jenaýatkärleriň elinde bolmagynyň ähtimallygyny görkezýär.

Gizlinligi goramak boýunça milli toparyň (NPC) çözgüdinde Bautista barada şeýle beýan edilýär "agentligiň başlygy hökmünde özüniň bilmeli bolan borçlaryny akyl ýetirip we bilkastlaýyn ünsden düşürmegi, gödek geleňsizlige deňdir". Hususan-da, şahsy maglumatlar toplananda we ondan soň işlenende maglumatlary dolandyrmagyň aýdyň syýasatynyň bolmazlygy millionlarça Fillipinleriň şahsy we gizlin maglumatlaryna bikanun aralaşylmagyna getirdi.

"Agentligiň başlygy, Ýerine ýetiriji direktoryň ýa-da Maglumatlar tehnologiýasy bölüminiň maslahatlaryna görä hereket etmek bilen, ujypsyz seresaplylygyň hem ýokdugyny görkezýär. Kanuny berjaý etmek borjy ýokardan başlamaly we hiç bir işgäriň şeýle hereket etmegi maslahat bermändigi üçin bozulmaly däldir" diýlip Gizlinligi goramak boýunça milli toparyň (NPC) çözgüdinde beýan edilýär.

Düzediş çäreleri hökmünde Gizlinligi goramak boýunça milli topar (NPC) Saýlaw toparyna (COMELEC) we başlyk Bautista aşakdakylary buýurdy:

> Çözgüdiň alnan pursatyndan başlap, maglumatlary goramak boýunça işgäri bellemeli. Iki aýyň dowamynda agentlik boýunça Gizlinlige ýetirilen täsire baha berişi geçirmeli. Üç aýyň dowamynda Gizlinligi dolandyryş maksatnamasyny we Maglumatlaryň syzmagyny dolandyryş tertibini işläp düzmeli. Çözgüt kabul edilenden soň alty aýyň dowamynda Saýlaw topary (COMELEC) hem Maglumatlaryň gizlinligi hakyndaky kanuny ornaşdyrmagyň düzgünlerine we kadalaryna hem-de Hökümet edaralarynda Şahsy maglumatlaryň howpsuzlygy hakyndaky № 16-01 umumy buýrugyň (sirkulýar) düzgünlerine laýyklykda guramaçylyk, fiziki we tehniki howpsuzlyk çärelerini ornaşdyrmaga borçludyr.

Şeýle-de, Gizlinligi goramak boýunça milli topar (NPC) Saýlaw toparynyň (COMELEC) maglumatlarynyň syzmagynda ulanylan kompýuterleriň biriniň Milli derňew býurosynda (NBI) hasaba alnan IP salgysynyň bardygyny ýüze çykarmak bilen, Adalat ministrine Kiber jenaýatyň öňüni almak hakyndaky kanunyň esasynda "mümkin bolan kazyýet agtaryşy üçin goşmaça derňewleri geçirmegi" maslahat berdi.

*Adaptirlendi:*

https://www.wired.co.uk/article/philippines-data-breach-fingerprint-data

https://www.privacy.gov.ph/2017/01/privacy-commission-finds-bautista-criminally-liable-for-comeleak-data-breach/

# Intro.5.4 Gizlinlik, bitewilik we saýlawçylaryň sanawynyň elýeterliligi

*Çeşme: Cybersecurity for Elections, A Commonwealth Guide on Best Practice © Commonwealth Secretariat 2020*

Köp sanly Arkalaşyk ýurtlarynda saýlawçylaryň sanawynyň nusgalaryny *ynsaply* kampaniýalara, partiýalara, dalaşgärlere we wekillere bermäge kanun boýunça rugsat berilendir. Arkalaşygyň käbir agzalarynda bu sanaw ýerli häkimiýet edaralary ýaly kesgitli ýerlerde halkyň seljermegi üçin açykdyr we sanawda ady bolan adamlar reýestriň täjirçilik taýdan elýeterli wersiýasyna goşulyp ýa-da ondan aýrylyp bilerler.

Syýasy partiýalar saýlawçylar hakyndaky maglumatlara aralaşmakda artykmaçlykdan peýdalanýandygy sebäpli, mümkin bolan kiber howpsuzlyk obýektleri bolup durýarlar. Mysal üçin, *Birleşen Korollyklarda* partiýalaryň we degişli üçünji taraplaryň saýlaw maksatlary üçin saýlawçylaryň sanawynyň nusgasyny almaga hukugy bardyr. Şuňa meňzeş düzgünler Arkalaşygyň birnäçe beýleki ýurtlary bilen birlikde, *Awstraliýada*, *Kanadada* we *Pakistanda* bardyr. Köpsanly raýatlaryň atlaryny we salgylaryny özünde saklaýan bu maglumatlar toplumynyň ýokary täjirçilik gymmaty we potensial gizlinligi bardyr we hemişe bolmasa-da, köplenç olaryň mundan soň syýasy partiýalar tarapyndan ulanylmagyna degişli düýpli çäklendirmeler bardyr[1]. Diýmek, olar gymmatly obýektler bolup durýar.

Şeýle-de, insaýderçilik maglumat syzmasy dalaşgärler tarapyndan saýlawçylar hakyndaky maglumatlaryň bikanun ulanylmagyny öz içine alyp biler, mysal üçin, *Kanadada* partiýanyň maglumatlar binýady özlerini saýlaw edarasy hökmünde görkezip, ses bermek üçin ýalňyş ýerleri salgy berip, saýlawçylara awtomatiki usulda jaň etmek üçin ulanyldy. Başga ýurtlarda, mysal üçin, Ganada ol saýlawçylaryň sanawy jemgyýetçilik resminamasy bolup, ol Saýlawlary dolandyryş edarasynyň (EMB) websaýtynda elýeterlidir – ýöne, saýlawçylar hakyndaky gizlin maglumatlar, aýratyn hem, barmak yzy ýaly biometrik maglumatlar bulara goşulan däldir. *Grenada* saýlawçylaryň sanawyny her çärýekde Saýlawlary dolandyryş edarasynyň (EMB) hostinginiň goralan ulgamyndan web-girişli ulgama nusgalamak bilen, ony onlaýn görnüşde köpçülige ýetirýär. *Antigua we Barbuda* 2013-nji ýyldan başlap elektron hasaba alyşa rugsat berdi we reýestri ýylda iki gezek öz websaýtynda çap edýär.

Sanawyň ***gizlin maglumatlara hüjüm edilmeginden*** goranmagy haçanda sanaw diňe Saýlawlary dolandyryş edarasynyň (EMB) elinde bolmadyk ýagdaýynda has kynlaşýar we netijede mundan soň has-da goraga mätäç bolup biler. Meksikanyň Instituto Nacional Electoral (INE) instituty Amazon Web Services saýtynda ýerleşdirilen saýlawçylaryň hasaba alnyşynyň 90 milliondan gowrak ýazgysy bolan goragsyz maglumatlar binýady ýüze çykarylanda jenaýat aýyplamasyny bildirdi. Institut maglumatlaryň nusgalary alan syýasy partiýalaryň birinden syzandygyna şübhelendi. Derňew maglumatlar binýadyna internet protokolynyň (IP) 14 salgysyndan 2400 gezek girişiň amala aşyrylandygyny görkezdi. Milli saýlaw kazyýeti *Movimiento Ciudadano* partiýasyna we iki şahsa syzma sebäpli 34 million peso (£1.4m) jerime saldy.

Saýlawçylaryň sanawynyň bikanun ulanylmagynyň mümkinçiliklerini çäklendirmek üçin, Arkalaşygyň birnäçe ýurtlary köpçülige ýetirilýän maglumatlary çäklendirýär. *Malaýziýada* saýlawçynyň milli şahsyýetnama belgisiniň diňe iň soňky dört sifri çap edilýän reýestre girizilýär. *Birleşen Korollyklarda* saýlawçylar öz ýazgylarynyň köpçülige doly ýetirilýän reýestrden aýrylmagyny we diňe saýlaw maksatlary üçin ulanylýan çäklendirilen reýestrde görkezilmegini hem-de kredit salgylanma ýaly beýleki funksiýalaryň çäkli sanyny saýlap biler. Şeýle-de, olar öz maglumatlarynyň syýasy partiýalar tarapyndan ulanylmagyna ýazmaça görnüşde garşylyk bildirip bilerler.

*Hindistanda* saýlawçylaryň fotosuraty we öý salgylary eýýäm aýrylan reýestriň maşynda okalýan görnüşiniň çap edilmegi hakynda gapma-garşylyklar ýüze çykdy. *Antiguada we Barbudada* kanun polisiýanyň Saýlawlary dolandyryş edarasyndaky barmak yzlarynyň maglumatlar binýadyny ulanmak baradaky talapnamalary blokirledi. Meksikada 2015-nji ýylda maglumatlaryň syzmagyndan soň INE (Instituto Nacional Electoral) partiýalar bilen paýlaşylýan maglumatlary hasaba alnan saýlawçylaryň ady bilen çäklendirdi. Bu syzmanyň derňewi berlen reýestre «barmak yzlary» maglumatlarynyň goşulmagy bilen ýeňilleşdirildi.

[1] Şeýle düzgünler gizlinlik we maglumatlary goramak hakyndaky umumy kanunlarda, saýlaw kanunlarynda göz öňünde tutulyp bilner ýa-da kabir ýagdaýlarda bu maglumatlar syýasy partiýalar tarapyndan gaýtadan ulanylyp bilner we olar hukuk kepillikleriniň goragyna degişli däldir.

# Intro.5.4 Gizlinlik, bitewilik we saýlawçylaryň sanawynyň elýeterliligi

Kanun boýunça saýlawçylaryň sanawynyň syýasy partiýalara berilmegine rugsat edilýän ýagdaýlarda, onuň garaşsyz dalaşgäre berilmegine hem rugsat edilýär. Bu affilirlenmedik dalaşgärleriň saýlawlarda partiýasyz ýagdaýda has iri syýasy mehanizmler bilen deň şertlerde hereket edip bilmegi üçin möhümdir. Muňa garamazdan, bu şahslaryň maglumatlary kabul ederlik derejede goramak ukybyna eýe bolmak ähtimallygy az we bu maglumatlaryň ogurlanmagyna gönükdirilen ‘phishing’ we başga hüjümlere sezewar bolup biler. *Pakistan* ýaly Arkalaşygyň käbir ýurtlarynda reýestri dalaşgärlere kagyz görnüşinde bermek, şeýlelikde olaryň sanly görnüşde bolmagyny azaltmak arkaly bu howplary mümkin boldugyça çäklendirmäge ymtylýarlar

Syýasy guramalar babatynda netijeli ulanylýan maglumatlaryň goragy ýa-da gizlinlik hakyndaky kanunlary bolmadyk Arkalaşyk ýurtlary has kyn ýagdaýdadyr, sebäbi bu guramalaryň berilen maglumatlary has giň gerimde goramak üçin ýeterlik meýli we tejribesi bolman biler. Bozulma ýüze çykarylan halatynda bu barada düzgünleşdiriji edara ýa-da Saýlawlary dolandyryş edarasyna (EMB) habar bermek borjy bolman biler we şeýlelikde saýlawlaryň ýüze çykyp biljek oňaýsyz netijelerini dolandyrmak mümkinçiligi bolmaz. Maglumatlaryň syzmagy hakynda habar bermegiň anyk talaplary bolmadyk ýagdaýynda, bozulmanyň degişli gurama tarapyndan ýüze çykarylmazlygynyň ähtimallygy hem ýokarydyr.

Saýlaw sanawlary ýokary derejede syýasylaşdyrylyp bilner we netijede olaryň *bitewiligini* kepillendirmek, tutuş saýlawlaryň bitewiligi üçin örän möhüm ähmiýete eýedir.

*Saýlawçylaryň sanawynyň bitewiligi* bilen bagly meseleler esasan aşakdakylara degişlidir:

- ses bermäge hukugy bolmadyk saýlawçylaryň goşulmagy;
- ses berip bilmeýän saýlawçylaryň aýrylmazlygy (mysal üçin, aradan çykanlar ýa-da dublirlenýän ýazgylar), we/ýa-da
- ses bermäge hukugy bolan saýlawçylaryň korrupsiýasynyň hasaba alnyşynyň, ýazgysynyň aýrylmazlygy, başa barmazlygy.

Bu saýlawlary bulaşdyrmaga gönükdirilen ýagdaýlarda, mysal üçin ikirjiňlenýän sebitlerde ýa-da ses berişligiň netijelerini galplaşdyrmagyň kesgitli modeline mümkinçilik döretmek üçin bolup geçip biler ýa-da bu saýlawçylaryň sanawyna we umuman Saýlawlary dolandyryş edarasyna bolan ynamy gaçyrmak üçin aýratynlaşdyrylmadyk görnüşde bolup geçip biler.

Arkalaşygyň käbir ýurtlary saýlawçylaryň sanawyndaky maglumatlary ses bermek hukugy bolmadyk saýlawçylary aýyrmak ýa-da awtomatiki hasaba alyş maksatlary üçin merkezi ilat ýazgylary, dogulyşlar we ölümler hakyndaky maglumatlar, ýa-da kärende hakyndaky ýazgylar ýaly hökümetiň maglumatlar toplumy bilen deňeşdirýärler. Saýlawlar boýunça synçylaryň biri bize şeýle diýdi: “käbir ýurtlarda reýestri düzmek üçin ulanylýan maglumatlar toplumynyň çägi örän giň bolup, mese-mälim çaknyşyk ýüze çykanda haýsynyň öňde gelmelidigi hakynda uzak wagtlap dowam edýän maslahatlar alnyp barylýar. Bu köplenç haýsy-da bolsa bir partiýanyň bähbidine çözgüdiň kabul edilmegine getirýär.

Milli sanly identifikatorlar *Pakistan* ýaly Arkalaşygyň birnäçe ýurtlarynda saýlawçylaryň sanawynyň esasyna öwrülip barýar. Mawrikide her ýylda her bir öý boýunça hasaba alyş geçirilýär we Maglumat tehnologiýalary ministrligi Saýlawlary dolandyryş edarasy (EMB) tarapyndan hasaba alyşlary raýat ýagdaýlarynyň ýazgylary bilen deňeşdirmek üçin ulanylyp bilinjek hökümet edaralarynyň “maglumat magistralyny” işläp düzdi. Günorta Afrikada Içeri işler ministrligi tarapyndan dolandyrylýan milli ilat reýestri bar we her bir raýata dogulanda şahsylaşdyryş belgisi berilýär. Hassahanalar dogulyşlar we ölümler hakynda habar berýär, döwlet hyzmatlarynyň ählisiniň elýeterli bolmagy üçin bolsa şahsyýetnama belgisi zerur. Hasaba almak üçin şahsyýetnama belgisi elektron enjamy ulanmak arkaly toplanýar, adamyň maglumatlary we raýatlyk ýagdaýy bolsa, milli ilat reýestri bilen deňeşdirilýär. Saýlawçylaryň hasaba alynmagy meýletin, ýöne ilat reýestri bilen deňeşdirilip barlanýar we saýlawçylar özleriniň hasaba alnyşyny onlaýn görnüşde (websaýt, SMS we/ýa-da goşundy arkaly) tassyklap hem-de özleriniň saýlaw uçastogyndaky maglumatlaryny barlap bilýärler. Şeýle-de, saýlawçylar öz salgylary hakyndaky maglumatlary onlaýn görnüşde görüp we üýtgedip bilýärler.

**Pakistanda saýlawçylaryň sanawynyň bitewiligi**

Pakistanyň Milli maglumatlar binýady we hasaba alyş edarasy (NADRA) Pakistanyň Saýlaw toparyna ýeke-täk saýlawçylary Raýatlaryň milli maglumatlar binýady arkaly barlamakda goldaw berdi.

# Intro.5.4 Gizlinlik, bitewilik we saýlawçylaryň sanawynyň elýeterliligi

Saýlawçylaryň sanawy hakynda syýasy gapma-garşylyklardan soň indi ses bermek üçin kompýuterleşdirilen milli şahsyýetnamalar (bular Pakistandaky hojalyklaryň 100% öz içine alýar) zerur bolup durýar. NADRA häzirki wagtda saýlawçylaryň ýazgysyny geçirýär, ýöne Saýlaw topary NADRA-nyň çäginden çykmak we saýlaw ulgamynyň garaşsyzlygyny nazarda tutup, infrasruktura gözegçiligi öz eline almak isleýär. Daşky hüjümler babatynda, NADRA ilkinji nobatda maglumatlaryň bitewiligini daşky subýektlerden, esasan hem maglumatlar binýadyna galp maglumatlary girizmek isleýän subýektlerden goramagyň aladasyny edýär we bu alada saýlaw toparynyň aladasy bilen utgaşýar.

***Elýeterlilik meseleleri*** ses bermek üçin hasaba alyş ulgamlaryna, saýlawçylary tassyklamak ulgamlaryna (mysal üçin Pakistanda hereket edýän SMS ulgamy saýlawçylara olaryň hasaba alnyşynyň ýagdaýyny barlamaga mümkinçilik bermek üçindir) ýa-da saýlawçylaryň sanawynyň bir böleginiň sesleri hasaba alyş žurnallaryny döretmek ýaly mundan soňky prosesleriň elýeterli bolmagyna täsir edip biler.

Saýlawçylaryň sanawyny täzelemegiň ýygylygy we serişdeleri Arkalaşygyň ýurtlary boýunça biri-birinden tapawutlanýar, bu elýeterlilige bolan tamalaryň aýratyn netijelerine getirýär. Hasaba almagyň usulyýetleri awtomatiki, şahsy, poçta arkaly, faksimil we onlaýn hasaba alyşy öz içine alýar. *Birleşen Korollyklarda* arza barlanandan soň doldurylan görnüşi saýlawçylaryň sanawyna goşmak üçin arzaçynyň ýerli Saýlawçylary hasaba alyş gullukçysyna ugradýan Register to Vote websaýty bar. Günorta Afrikanyň 1996-njy ýylda kabul edilen Konstitusiýasy saýlawçylaryň umumymilli sanawynyň tiz wagtda döredilmegini talap etdi. Saýlaw topary resminamalaryň saýlawçylaryň şahsyýetini tassyklaýan ştrih-kodlaryny skanirledi hem-de ony Milli ilat reýestrinden saýlawçynyň adyny we statusyny almak üçin ulandy. Bary-ýogy alty günüň dowamynda 18.4 million arzaçydan 18.1 million sanysy üstünlikli hasaba alyndy.

Saýlawçylary hasaba alyş žurnallary bir günüň içinde, hatda ses berişlikden bir gün öň hasaba alynmagy üpjün edip biler, ýöne şeýle tizlige garaşmak elýeterlilige edilýän hüjümleriň täsirini artdyryp biler, bu bolsa raýatlaryň iň soňky minutda hasaba durmak synaşygyny bozup biler. *Birleşen Korollyklar* çendenaşa jedelli sala-salşygyň edil öň ýanynda elýeterlilik bilen bagly wakadan ejir çekdi, bu bolsa jemgyýetçiligiň ynjalykdan gaçmagyna we parlamentiň saýlawçylary hasaba almagyň iň soňky möhletini üýtgetmek boýunça hereket etmegine getirdi.

**Birleşen Korollyklarda saýlawçylaryň hasaba alnyşyna we elýeterlilige garşy hüjümler**

2016-njy ýylda Birleşen Korollykda giňden jar edilen elýeterlilik hadysasy bolup geçdi, ýagny saýlawçylary hasaba alyş ulgamy iň soňky möhletiň öň ýanynda elýeterli däl ýagdaýa geldi. Parlament möhletiň edil öň ýanynda ýokary depginli jemgyýetçilik talabynyň dowamynda saýlawçylary hasaba almagyň funksionallygynyň ýitirilmeginiň DDoS [hyzmat edişden ýaýraň ýüz öwürme] "hüjüminiň" alamatlarynyň bardygyny aýtdy, ýöne hökümet gulluklary ony 'self-DoS' (öz-özüňe hyzmat etmekden ýüz öwürmek) diýip atlandyrdy. Ses berişligiň ähliumumy saýlaw däl-de, sala-salşyk bolup durýandygy sebäpli, parlament toplandy we netijede hasaba alyş möhletini uzaltmak üçin ses berip bildi. Eger ol ähliumumy saýlaw bolan bolsa, parlament dargadylardy hem-de ses bermek üçin düşnüksiz sebäp bilen möhleti uzaldyp bilmezdi.

# Intro.5.4 Onlaýn ses berişlikde saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagy

*Adaptirlenip alnan çeşmesi: Voter authentication in remote electronic Voting. Governmental Experiences: Requirements and Practices; Adrià Rodríguez-Pérez, Jordi Cucurull, and Jordi Puiggali. Scytl Election Technologies, S.L.U., 08021 Barcelona, Spain, published as part of e-book Electronic Participation*[1]

*Halkara IDEA ICTs Saýlawlardaky maglumatlar binýadyna görä, ýazylan wagtynda 12 ýurtda internet arkaly ses beriş ulgamlary ulanylýar: Ermenistan, Awstraliýa (Täze Günorta Uels*[2]*), Kanada (Ontario*[3]*), Estoniýa, Fransiýa, Mehiko(Ciudad de México, CDMX*[4]*), Täze Zelandiýa, Oman, Pakistan, Panama, Şweýsariýa we Birleşen Arap Emirlikleri. Biz görkezilenlerden iki ýurdy öz içine almaýan bu hökümet tejribelerinde saýlawçylaryň şahsyýetiniň nähili anyklanýandygyna baha berdik: Oman we Birleşen Arap Emirlikleri, bular Romanowyň we Kabanowyň pkirine görä illeberal ýa-da gibrid syýasy kontekstler hasaplanyp bilner, şol sebäpli olar demokratiki saýlawlaryň halkara standartlaryna laýyk gelmän biler. Öz gezeginde, Ermenistan üçin hem, Täze Zelandiýa üçin hem hiç-hili maglumatlar tapylmady. Mundan başga-da, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda (ABŞ) internet arkaly ses beriş ulgamlarynda ulanylýan saýlawçylaryň şahsyýetini anyklama usullaryna baha berdik, bu ýurt halkara IDEA maglumatlar binýadyna goşulan däldir, ýöne internet arkaly ses beriş syýasy jemgyýetçilik saýlawlary üçin dürli derejelerde ulanylýar we 2018-nji ýylda Günbatar Wirjiniýa Ştatyndaky aralyk saýlawlaryň dowamynda synag edildi.*

## Tejribede Saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanyşy: Hökümet tejribeleri

### 3.1 Bilime esaslanýan saýlawçylaryň şahsyýetini anyklama usullary

Saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamak üçin bilime esaslanýan faktorlar Täze Günorta Uelsiň Awstraliýa ştatlarynda (iVote belgisi we parol bilen) Kanadanyň Ontario prowinsiýasynda (PIN we dogulan senesi), Pakistanda (ses bermek üçin hasaba alynýan saýlawçylardan onlaýn görnüşde gizlin hasaplanýan birnäçe soraglar soralýar), Panamada (CIV tassyklama paroly) we Şweýsariýada (parol we dogulan senesi, giriş kody, giriş kody bilen tassyklaýyş kody, kantonal durmuşa geçirmä baglylykda) ulanylýar. Bu seljerme garalan tejribeleriň köpüsinde şahsyýeti anyklamak we ses bermek üçin birden köp gizlin maglumatyň zerurdygyny görkezýär. Käbir ýagdaýlarda bu gizlin maglumatlar saýlawçylara saýlawçylaryň şahsyýetini nädogry görkezmek howpuny azaltmak üçin dürli ýollar arkaly berilýär (elektron poçta, SMS, poçta ýa-da telefon).

**Şweýsariýa.** Şweýsariýa menzilara elektron ses berişi eýýäm 2003-nji ýylda synag edip başlandan bäri ähli derejelerdäki saýlawlarda (jemgyýetçilik, kantonal we federal) we sala-salşyklarda üç sany dürli ulgam ulanylyp gelýär: Ženewadaky, Newşateldäki we Sýurihdäki (soňra konsorsium hökmünde mälim boldy). Şweýsariýanyň federal kanselýariýasynyň maglumatlaryna görä, Şweýsariýa 300-den gowrak saýlaw çärelerini geçirip, olarda 15 kantondaky saýlawçylar onlaýn görnüşde ses berip bildiler. Soňky wagtda internet arkaly ses berişlik bes edilen hem bolsa, federal hökümet täze hukuk binýadynyň üstünde işläp başlady hem-de tiz wagtda internet arkaly ses berişligiň ýene-de dowam etdirilmegine garaşylýar. Internet-ses berişligini ornaşdyrmak kantonlaryň borjy bolup durýandygy sebäpli, mesele saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagyna gelende biz birnäçe alternatiwalary tapdyk:

Mysal üçin Ženewada menzilara elektron ses berişligiň ýol görkeziji ýörelgesi "ýönekeýlik". Menzilara elektron ses beriş prosesi poçta boýunça ses berişe mümkin boldugyça meňzeş bolmaly: saýlawçylar

---

[1] Bu kitap Şwesiýada Linköping şäherinde 2022-nji ýylyň 6-8 sentýabrynda geçirilen Elektron gatnaşyk hakyndaky 14-nji IFIP WG 8.5 halkara konferesiýanyň maglumatlaryny ePart 2022, IFIP WG 8.5 Elektron hökümet maglumatlaryny (EGOV 2022) we e-Demokratiýa we Açyk hökümet (CeDEM 2022). Maglumatalryny özünde saklaýar
https://www.google.ge/books/edition/Electronic_Participation/v0amEAAAQBAJ?hl=en&gbpv=1

[2] Ýaňy ýakynda Awstraliýanyň Paýtagt çägi daşary ýurtlardaky saýlawçylar üçin e-ses berişi girizdi. Bu ulgam ilkinji gezek 2020-nji ýylyň 28-nji sentýabryndan 17-nji oktýabry aralygynda ulanyldy.

[3] Onlaýn ses berişlik az mukdarda bolsa hem, Kanadanyň Nova Scotia prowinsiýasynda ulanylýar. Ýöne, göwrümi sebäpli, biz Ontario üns bermek isledik: Cardillo, Akinyokun we Esseksiň pikiriçe "Ontario babatynda 2018-nji ýylyň ýerli häkimiýet saýlawlarynda [...] milliona onlaýn görnüşde golaý saýlawçylar ses berip biler" 2020: 7.

[4] Sýudad-de-Mehikodan başga, Meksikanyň 11 ştaty Meksikanyň Saýlawlary dolandyryş edarasy, Instituto Nacional Electoral (INE) bilen hyzmatdaşlykda 2021-nji ýylyň 6-njy iýunyndaky döwlet saýlawlarynda internet ses berişligini ulandy.

# Intro.5.4 Onlaýn ses berişlikde saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagy

özleriniň gorag örtügi bilen goralan hasaba alyş maglumatlaryny (paroly) poçta boýunça aldylar. Öz parolyny bilmek üçin olar öz saýlaw kartasyndaky parolyň gizlenen ýerini sürtüp aýyrmalydylar. Öz şahsyýetiniň tassyklanmagy üçin olar bu paroly we doglan senesini ulgama girizmelidi. Şunlukda bu synag taslamasy üçin jogapkärçilik çekýän topar ses beriş kartasyny bu ulgamyň özeni hasaplady.

Newşateldäki taslama has giň sanlylaşdyrma prosesiniň “guichet virtuel” ýa-da “sécurisé unique” diýlip atlandyrylýan çäklerinde bolup geçdi. Onlaýn görnüşde ses bermäge hukugy bolan (has takygy guichet (saýlaw okrugynda) hasaba alnan) her bir saýlawçy bäsleşik başlamazyndan öň ses beriş materiallary bilen birlikde saýlawçynyň ýeke-täk kartasyny alýar. Bu saýlawçy kartasynyň ýeke-täk salgylanmalary (şrtih-kod) we gorag gologrammasy hem-de guichetdäki (saýlaw okrugyndaky) ses beriş platformasyna giriş kody bar. Ses bermek üçin saýlawçy özüniň ses beriş kartasynda görkezilen barlag kodyny ýazyp girizmeli. Şunlukda bu ýerde iki basgançakly şahsyýeti anyklaýyş ulanyldy: birinji saýlawçynyň şahsyýetini anyklamak we soňra ses beriş hukugyny tassyklamak. Bu saýlawçynyň kartasynda gurnalan (mysal üçin, SMS derek poçta boýunça ugradylan) bir görnüşli (OTP) parolyň bolmagy bilen deňeşdirilip bilnerdi.

Sýurihdäki ulgamda hem beýleki iki synag taslamalarynda bolşy ýaly, ses bermäge hukugy bolan her bir saýlawçy özüniň hasaba alyş maglumatlaryny saýlawlardan ýa-da sala-salşykdan öň aldy. Ýöne, bu ulgamda saýlawçylar özlerini diňe özleriniň saýlawçynyň kartasyndaky giriş kodyny ýazmak bilen internet ses beriş ulgamynda özleriniň şahsyýetini tassykladyp bilýärdiler.




**Ontario, Kanada.** Kanada prowinsiýasynyň ýerli häkimiýet edaralary 2003-nji ýyldan bäri özleriniň ýerli häkimiýet saýlawlarynda internet ses berişligini ulanyp gelýär. Kanadada saýlawlar 2003-nji ýyldan bäri bu ýerli häkimiýetlerde 4.5 milliondan gowrak onlaýn “ses beriş mümkinçilikleri” bilen “ýokary derejede sanlylaşdyrylan” hasaplanýar. Onlaýn ses berişler gyzyklanýan taraplar üçin umuman oňyn bolan hem bolsa, birnäçeler Kanadada “standartlar, ýol görkeziji ýörelgeler ýa-da elektron ses berişi düzgünleşdirmek üçin sertifikasiýa berýän edaralar ýaly” howpsuzlyk serişdeleriniň ýetmezçilik edýändigini aýdaýarlar. Esseks we Gudmanyň pikirine görä, “Kanadanyň köp derejeli dolandyryş düzümi ýerli häkimiýetleriň saýlawlary esasan, öz şertlerinde geçirýändigini, munuň bolsa onlaýn ses beriş modelleriniň bulam-bujarlygyna we howpsuzlyk talaplarynyň ýüze çykmagyna getirýändigini aňladýar”. Bu bulam-bujarlyk saýlawçylaryň şahsyýetini anyklama usullaryna hem degişli bolup durýar.

Mysal üçin, Ontariodaky 2018-nji ýylyň ýerli häkimiýet saýlawlary hakynda ýaňy-ýakyndaky habar “saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagynyň gowşak” tejribesini ýüze çykardy. Bu awtorlaryň pikirine görä, onlaýn ses bermek üçin zerur bolan esasy hasaba alyş maglumatlary saýlawça poçta arkaly saýlawçynyň maglumat bukjasynda berilýän bilim faktoryndan (PIN-kod we/ýa-da identifikator) durýardy. Eýýäm agzalan köp derejeli dolandyryş sebäpli bu parollar her bir ýerli häkimiýetde 9 sifrden (28 ýerli häkimiýetde ulanylýan Simply Voting bilen) 16 sifre çenli (Intelivote weScytl 100 munisipalitetde ulanylýar) uzalýardy. Şeýle-de, bu awtorlar hasaba alyş maglumatlarynyň berilmegi üçin ulanylýan kanalyň bozulan bolmagynyň mümkindigini bellediler. Olaryň ýüze çykaran ýagdaýlaryna görä “käbir saýlawçylar bukja ýagtylyga tutulanda PIN kodlarynyň okalyp bilinýändigini gördüler”

# Intro.5.4 Onlaýn ses berişlikde saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagy

Megerem, ähli ýagdaýlarda diýlen ýaly, bu töwekgelçiligi azaltmak üçin saýlawçynyň şahsyýetini anyklamakda ikinji bilim faktory (doglan senesi) zerur bolup durýar.

Ikinji bilim faktoryny goşmak saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň[5] ygtybarlylygynyň ýokarlandyrylmagy ýaly görünse-de, Cardillo et al. (Cardillo we awtordaşlary) doglan seneleriň ýaramaz login güwänamasy bolup durýandygyny [...] PIN kody ýa-da doglan senäni bilmegiň saýlawçynyň şahsyýetini esaslandyrmaýandygyny öňe sürýär. Ol diňe ses beriş serweri üçin diňe başga tarapda oturan şahsyň gizlin maglumaty bilýändigini kesgitleýär. “Gizlin maglumatlaryň bolsa, elbetde başgalara berilmegi ýa-da bilinmegi mümkin”. Şol sebäpli olar şu netijä gelýärler “şahsyýeti anyklama entek hem edil öňki ýaly bir faktorly hasaplanýar “köp faktorly şahsyýeti anyklamadan tapawutlylykda, sebäbi hasaba alyş maglumatlarynyň ikisi hem bilim faktory bolup durýar.”

**Günorta Uels, Awstraliýa**. Awstraliýada “Awstraliýanyň alty şatynyň arasynda iň köp ilatly Täze Günorta Uels ştatynda, saýlawçylaryň kesgitli topary iVote system ulgamyny ulanyp internet ýa-da telefon arkaly ses berip bilýärler “(Goodman and Smith 2017:171). Bu awtorlaryň pikirine görä, “2011-nji ýyldan bäri [Täze Günorta Uels'] saýlawçylar dokuz sany saýlawda 339,000 golaý ses berdiler”. Bu sanyň üstüne 2019-njy ýylda ştatyň soňky saýlawlarynda berilen onlaýn sesleri hem goşmaly.

Täze Günorta Uelsdäki internet ses beriş ulgamynda iVote bilen ses bermek üçin saýlawçy ilki bilen onlaýn hasaba alyş prosesinden geçmeli, munuň dowamynda olar birnäçe şahsy maglumatlary görkezip (mysal üçin, dogulanda dakylan ady, familiýasy ýa-da maşgala ady, poçta kody, ýerleşýän ýeri, köçesiniň ady we islege görä pasport, sürüjilik şahadatnamasy ýa-da şahsyýetiniň ikinji tassyklamasy hökmünde lukmançylyk maglumatlary)[6] öz şahsyýetini tassyklatmaly. Soňra saýlawçylar jübi telefonynyň belgisini, elektron poçta salgysyny we/ýa-da telefon belgisini öz içine alýan aragatnaşyk maglumatlaryny girizmeli. Onlaýn görnüşde ses bermekçi bolsa, saýlawçylar soňky tapgyrlarda şahsyýetini anyklamakda ulanyljak paroly girizmeli. Parola baha berilýär we parolyň kabul edilmegi üçin 5 baldan azyndan 4-sini almaly (onuň uzynlygyna, harplaryň, sanlaryň birleşmesine we ş.m. görä)

Soňra her bir parol saýlawçyny görkezýän iVote belgisi bilen birleşdirilýär. iVote belgisi 8 sifrden ybarat sanly baha bolup, ol her bir saýlawça olaryň islän kanaly (SMS, elektron poçta, poçta ýa-da telefon jaňy) arkaly ugradylýar. Bahalaryň ikisi hem, ýagny iVote belgisi we parol ses bermezden öň saýlawçynyň iVote ulgamynda şahsyýetini anyklamak üçin ulanylýar.

## 3.2 Saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň biometrik usullary

Saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň usuly hökmünde biometrik şahsyýeti anyklaýyş diňe ABŞ-daky, has takygy Günbatar Wirjiniýadaky[7] hökümet saýlawlarynda ulanyldy. Bu ulgamyň ulanylyşy çäklendirilen hem bolsa (2018-nji ýyldaky aralyk saýlawlarda 31 ýurtdan 114 saýlawçy bu ulgamy ulandy[8]), saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň bu usuly ýeterlik derejede täze we aýratyn üns berilmäge degişli bolup durýar.

**Günbatar Wirjiniýa, ABŞ**.

Günbatar Wirjiniýa Ştatlary internet ses berişlik üçin goşundynyň ulanylyşyny 2018-nji ýyldaky aralyk saýlawlarda synag etdiler. Şunda ABŞ-daky saýlawçylar ilkinji gezek jübi telefony arkaly ses berip bildiler (Specter et al. 2020:1535). Onlaýn görnüşde ses bermek mümkinçiligi gullugy geçip ýören harby

---

[5] Awtorlar “saýlawçynyň şahsyýetini anyklamagyň ýeke-täk güwänamasynyň maksadalaýyk däldigini, sebäbi başga şahsyň adyndan ses berek üçin saýlawçynyň magluatlar bukjasyna girişiň ýeterlikdigini” nygtaýarlar (Cardillo et al. 2020: 5). Ýöne, biz eýýämsaýlawçynyň şahsyýetini anyklamak üçin ýeke-täk identifikatoryň Şweýsariýanyň birnäçe kantonlarynda internet ses berişliginde hem poçta boýunça ses berilende hem ulanylan usuldygyny gördük.

[6] <https://www.elections.nsw.gov.au/ Voters/Other-voting-options/iVote-online-and-telephone-voting

[7] Mundan başga-da, uzak aralykdan elektron ses berişlikde ylmy toparlaryň we saýlawçylaryň şahsyýetini biometriki usulda anyklamak boýunça senagatlaryň birnäçe teklipleri bar. Mysal üçin, Hof (2004) we Morales-Rocha et al. (2008) serediň. Ýöne, biz bu teklipleriň haýsy-da bolsa biriniň hakyky hököet tejribesinde duruşa geçirilip-geçirilmändigi hakynda bize mälim däl.

[8] Howpsuzlyk meseleleri we derňewçileriň birnäçe tarapyndan ýüze çykarylan gowşaklyklr sebäpli (see Specter et al. 2020),ulgam 2020-nji ýyldaky preziden we kanunçykaryjy edaralaryň saýlawlarynda ulanylmady

gullukçylara we daşary ýurtlardaky raýatlara berildi[9]. Voatz Inc., kompaniýasy tarapyndan üpjün edilen, ulanylan goşundy blokçeýn tehnologiýasyna we saýlawçylaryň şahsyýetiniň biometrik usulda tassyklanmagyna esaslandy. Has takygy, saýlawçylaryň şahsyýetini anyklama üç tapgyrda bolup geçdi[10]. (1) saýlawçy özüniň sürüjilik şahadatnamasyny, şahsyýetnamasyny ýa-da pasportyny skanirleýär; (2) olar hakyky wagt düzgüninde öz ýüzüni surata düşürýär (Woats muny “wideo-selfi” diýip atlandyrdy); (3) olar öz smartfonundaky barmak yzyny okaýja barmagyny degirýär ýa-da ýüzi tanamak funksiýasyny ulanýar (munuň deregine diňe 8 sifrden ybarat bolan PIN girizilip bilner).




Woatsyň aýtmagyna görä “goşundy ilki bilen “selfini” barlaýar, soňra saýlawçynyň “selfi suratyny” olaryň pasportyndaky ýa-da sürüjilik şahadatnamasyndaky surat bilen deňeşdirýär we iň soňunda hem saýlawçynyň ses bermäge hukugynyň bardygyny tassyklamak üçin şahsyýetnamasyndaky maglumatlary ştatyň saýlawçylary hasaba alyş maglumatlar binýady bilen deňeşdirýär. Biometrik şahsyýeti anyklaýyş usulynyň artykmaçlyklarynyň biri ses bermäge hukugy bolan saýlawçylaryň biometrik nusgalarynyň merkezi maglumatlar binýadyny öňünden saklamak zerurlygynyň bolmazlygydyr, sebäbi deňeşdirme saýlawçynyň fiziki şahsyýetnamasyndaky surat bilen janly suratynyň arasynda geçirilýär. Mundan başga-da, saýlawçynyň şahsyýeti anyklanandan soň ähli maglumatlar aýrylyp bilner.

## 3.3 Birleşdirme : Eýeçiligiň we bilimiň esasynda saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň usullary




**Fransiýa**. *Fransiýada internet ses berişligi 2003-nji ýylda Fransiýanyň Ýokary Geňeşiniň saýlawlarynda daşary ýurtlardaky raýatlara internet ses berişligini ulanmaga mümkinçilik berýän birinji kanunyň kabul edilmeginden öz başlangyjyny alyp gaýdýar. Häzirki günlerde menzilara elektron ses beriş daşary ýurtlardaky fransuz saýlawçylary üçin ses bermegiň goşmaça kanaly hökmünde göz öňünde tutulandyr: olar Milli Assambleýanyň saýlawlarynda we Konsul Geňeşçileriniň we Delegatlarynyň saýlawlarynda menzilara elektron*

[9] Synagyň netijeleri barada has giňişleýin maglumat üçin): <https://sos.wv.gov/news/ Pages/11-16-2018-A.aspx>

[10] Bu usul hakyndanhas giňişleýin maglumat üçin): <https://voatz.com/wp-content/upltelephone-voting>

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

*ses beriş arkaly ses berip bilýärler. 2012-nji ýylda saýlawçylaryň Milli Assambleýadaky 11 orun üçin onlaýn görnüşde ses bermäge mümkinçiligi boldy. Ýöne, 2017-nji ýylda bu mümkinçilik daşary kiberhowplardan ätiýaç edilmegi, şeýle-de birnäçe tehniki näsazlyklar sebäpli togtadyldy. Öz tarapynda Konsullyk geňeşçileri we delegatlary konsullyk okrugy bolan her bir ilçihanada we her bir konsullyk nokadynda bolýar. Olar maý aýynyň dowamynda alty ýyllyk mandata saýlanýar, olaryň ilkinji saýlawy 2014-nji ýylda bolup geçdi.*

Fransiýada Saýlaw kodeksi internet ses berişligi üçin saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamagyň usulyny ýeterlik derejede giňişleýin beýan edýär. Bu babatda Kodeksiň R176-3-7 maddasy onlaýn ses berişde saýlawçynyň şahsyýetiniň identifikatoryň we a mot de pass (parolyň) kömegi bilen tassyklanmalydygyny belleýär. Ýokarda agzalan Madda laýyklykda saýlawçynyň raýatlyk statusy bilen bagly bolup bilmejek bu iki güwänama tötänleýin usulda dörediljär we oňa iki dürli ýol bilen berilýär[11]. Güwänamanyň uzynlygy 12 nyşandan we olaryň her biri 58 elipbiý nyşanyndan durýar. Saýlaw kodeksiniň düzgünlerine laýyklykda, bu güwänamalar bu maksat üçin niýetlenen ses beriş ulgamynyň moduly arkaly tötänleýin düzülýär. Bu güwänamalary döretmek üçin iki dessur geçirilýär, bularyň biri howpsuz otagda esasy dörediş açarynyň başlanmagy, beýlekisi onuň tamamlanmagy[12]. Bu güwänamalaryň howpsuz gowşurylmagy üçin identifikator Bir gezeklik Syr (OTS) we saýlawçylara şahsy elektron hatynyň üsti bilen gowşurylýar. Mot de pass SMS arkaly düşnükli tekstde ugradylýar.

Şu ýere çenli şahsyýeti anyklamagyň bu usuly biziň mundan öň düşündiren usullarymyzdan hiç-hili tapawutlanmaýar. Ýöne, saýlawçylaryň öz saýlawyny tassyklap bilmegi üçin olara üçünji gizlin maglumat gerek. Ses beriş platformasyna girmek üçin saýlawçylar diňe identifikatory we mot de pass girizmek arkaly özlerini tanadýarlar. Şahsyýeti anyklamagyň bu usuly olaryň ses beriş wariantlaryny saýlamagy we ses bermegi üçin ýeterlikdir. Ýöne berilen ses diňe olar üçünji gizlin maglumaty berende tassyklanýar. Ses berenden soň saýlawçylar elektron poçta arkaly 6 sifrden durýan Bir Gezeklik Paroly (OTP) alýarlar. Saýlawçy Bir Gezeklik Paroly (OTP) açmaly hem-de ses berendigini tassyklamak üçin ony ses beriş websaýtyna girizmeli. Eger parol girizilmese, berilen ses tassyklanmaýar. Şol sebäpli sesi tassyklamak üçin elektron poçtada hasaba alyş ýazgysynyň zerurdygy sebäpli, eýeçilige esaslanýan usul ornaşdyrylýar.

**CDMX (Sýudad-de-Mehiko), Meksiko**. *Internet ses berişligi Sýudad-de-Mehikoda 2010-njy ýyldan bäri ulanylyp gelinýär. Bu usul daşary ýurtlardaky saýlawçylara Mehiko şäheriniň Hökümet baştutanynyň saýlawy (2012-nji ýylda hem onlaýn ses berişlik hem-de poçta arkaly ses berişlik elýeterlidi ) we birnäçe gatnaşyk prosesleri üçin teklip edildi. Internet ses berişlik ýaňy-ýakynda iki gatnaşyk prosesinde, 2020-nji ýylyň 8-nji martyndan 15-nji marty aralygynda ulanyldy: dürli raýat edaralarynyň saýlawlary üçin (Comisiones de Participación Comunitaria) hem-de onuň 2020-we 2021-nji ýyllarda gatnaşygynyň býujeti üçin. Internet ses beriş deslapky ses beriş kanaly hökmünde (8-nji martdan 12-nji marta çenli) we saýlawlar gününde dört saýlaw uçastogynda ulanyldy (15-nji mart). 2012-nji ýylda Sýudad-de-Mehiko hususy üpjün edijiniň (Scytl) internet arkaly ses beriş ulgamyny ulandy. Bu taslamadan soň şäheriň saýlaw administrasiýasy öz ulgamyny işläp düzmek kararyna geldi.*

Täze Günorta Uelsde bolşy ýaly, bu täze ulgamda Sýudad-de-Mehikoda onlaýn görnüşde ses bermek isleýän saýlawçylar öňünden hasaba durmaly. Saýlawçylar hut özi baryp ýa-da onlaýn görnüşde hasaba durup biler. Olar özleriniň ses bermek üçin hasaba alyş maglumatlary bilen onlaýn görnüşde hasaba durup biler (saýlawçynyň açary we Código de Reconocimiento Óptico de Caracteres, OCR diýlip atlandyrylýan kod). Bu hasaba alyş maglumatlarynyň girizilmegi saýlawçynyň kartasyny surata düşürmek ýa-da ony elde ýazmak arkaly amala aşyrylyp bilner. Bu hasaba alyş maglumatlary girizilenden soň olar jübi telefonynyň belgisini hasaba aldyrmaly we 8 sifrli paroly bermegiň ýoluny saýlamaly (elektron poçta ýa-da poçta boýunça). Eger olar öz parolyny elektron poçta arkaly ugratmak islese, saýlawçynyň şahsyýetini tassyklamak üçin ýüzi tanamak usullary ulanylýar[13].

---

[11] Şeýle-de, makalada güwänamalaryň saýlawçylara iň giç ýagdaýda saýlaw tapgyrynyň açylyşynda gowşurylmalydygy we güwänamalaryň azyndan haýsy-da bolsa biriniň ýitirilen ýagdaýynda beýlekiniň ornuny tutmalydygy beýan edilýär.

[12] Prosesiň köp wagt alýandygy sebäpli, iki dessur bar (2021-nji ýyldaky konsullyk saýlawlarynda 1.3 milliona golaý güwänama zerur) we bu wagtyň dowamynda synçylaryň bolmagy üçin oňaýly däldir.

[13]Bu usullaryň ulanylmagy biometriýanyň saýlawçylaryň şahsyýetini anyklamak üçin ulanylýandygyny aňlatsa-da, biz ýüzi tanamak usulyna şahsyýeti anyklamak üçin ulanylan usul hökmünde garamadyk (sebäbi bu usullaryň ulanymagy hasaba alyş tapgyry bilen çäklenýär we olar ses berişlik wagtynda ulanylmaýar). Dil şunuň ýaly, Barrat Estew we Morales-Roça ses berişlik wagtynda biometriýa ulanylan bolsa, şahsyýeti anyklamak prosesiniň gowulandyrylup bilinjekdigini belledi̇ler 2020: 8.

# Intro.5.4 Onlaýn ses berişlikde saýlawçylaryň şahsyýetiniň anyklanmagy

Ses bermek üçin her bir saýlawçy öz saýlawçy kartasyny surata düşürip, öz saýlawçy açaryny we OCR hem-de özüne berilen (özi baryp hasaba duranda) ýa-da elektron poçta ýa-da poçta arkaly ugradylan paroly girizmeli. Eger hasaba alyş maglumatlarynyň üçüsi hem dogry bolsa, saýlawçy özüniň bellige aldyran telefon belgisinde 6-sifrli açar bilen SMS alýar. Olar diňe bu soňky açary girizenden soň saýlawçylar portalyna girip we ses berip bilýär.

**Estoniýa**. *Estoniýa häzirki güne çenli ähli saýlawçylara, şol bir wagtda ähli derejelerde onlaýn görnüşde ses bermek mümkinçiligi teklip edilýän ýeke-täk ýurt bolmagynda galýar: ýerli häkimiýet we Parlament saýlawlarynda, şeýle-de, Ýewropa parlamentine saýlawlarda we sala-salşyklarda. 2005-nji ýylda onlaýn ses berişligiň elýeterli bolan wagtyndan bäri i-ses berijileriň sany gyşarnyksyz artdy we 2019-njy ýyldaky iň soňky parlament saýlawlarynda ähli sesleriň 44% elektron görnüşde berildi. Estoniýada internet ses berişlik tejribesiniň üstünligi ýurduň sanly gün tertibiniň aýrylmaz bölegidir, onuň esasynda e-ID (şahsyýeti anyklaýyş) ýatyr. 1999-njy ýylda şahsyýet tassyklaýan resminamalar kanun we 2000-nji ýylda sanly gol hakyndaky kanun kabul edilenden soň, ilkinji şahsyýetnamalar 2002-nji ýylyň ýanwar aýynda berildi. 2002-nji ýyldan 2014-nji ýyl aralygynda "raýatlara şahsyýetini sanly görnüşde tassyklamaga we resminamalara gol çekmäge we işleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýän 1.2 milliona golaý kredit kartynyň ölçegindäki şahsyýeti tassyklaýyş resminamalary berildi."*

Häzirki günde Estoniýanyň raýatlary we ýaşaýjylary öz şahsyýetlerini tassyklamak üçin elektron şahsyýetnamanyň (ID) mobil wersiýasyny (Mobile-ID), şonuň ýaly-da, Digi-ID (sanly şahsyýetnamany) ulanyp bilýärler.

Şol sebäpli Estoniýada onlaýn görnüşde ses bermek üçin "Şahsyýetnama resminamasy (ID card), mobil şahsyýetnama (Mobile-ID) we sanly şahsyýetnama resminamasy (Digi-ID)[14] sanly gol çekmegiň serişdeleri hökmünde ulanylyp bilner" (Estoniýanyň döwlet saýlaw edarasy 2017:6). Ýurduň Döwlet saýlaw edarasynyň bellemegine görä "ses bermäge hukugy bolan şahslaryň köpüsiniň şahsyýetnamasy bolup, ol şahsyýetiň elektron görnüşde howpsuz anyklanmagyna we sanly gol çekmäge mümkinçilik berýär; şeýle-de, köp adamlaryň Digi-ID ýa-da Mobile-ID ýaly ýuridiki taýdan tassyklanan goşmaça elektron şahsyýetnama resminamasy bar". Şu babatda we Estoniýanyň internet ses beriş ulgamy "saýlawçynyň öz garamagy boýunça şahsyýeti tassyklaýyş resminamalaryna görä saýlap biljek bilime esaslanýan usullar (mysal üçin, ulanyjynyň ady, parol, PIN) ýaly şahsyýeti tassyklama usullaryny goldaýan hem bolsa" , "şahsyýeti anyklamagyň has ygtybarly goragy fiziki bilime esaslanýan PIN-kod bilen birlikde şahsyýeti anyklaýyş tokeni bilen üpjün edilýär (mysal üçin çip-karta, SIM-karta we ş.m.) (Estoniýanyň döwlet saýlaw edarasy 2017: 11).

[14] IrJight aýtmagyna görä, häzirki wagtda internet ses berişligi üçin diňe şhasyýetnama we mobil şahsyýetnama ulanylýar (2020: 83)

# Intro.5.5 Okuw usullary

Bu usullar dürli okuw stillerini ulanmak, işjeň gatnaşygy höweslendirmek we bilimleriň tejribede ulanylyşyny üpjün etmek arkaly uly ýaşly öwrenijileri çekmäge gönükdirilendir.

**Prezentasiýa we maglumatlary alyşmak**

1. **Gysga leksiýa** – Esasy düşünjeler bilen tanyşdyrýan gysga maksada gönükdirilen prezentasiýalar.
2. **Görkezme esbaplar** –Esasy pursatlary berkitmek we wizual öwrenijilere kömek bermek üçin diagrammalaryň, plakatlaryň, slaýdlaryň we infografikanyň ulanylmagy.
3. **Kitapçalar we bukletler** –Möhüm saýlaw düzgünlerini we proseduralaryny umumylaşdyrýan ýazmaça materiallaryň ýaýradylmagy.
4. **Okamak we ýazmak tejribesi** –Saýlaw prosesi bilen bagly materiallary okamak we gönükmeleri işlemek arkaly okuwy höweslendirmek.
5. **Panel pikir alyşmalar** –Saýlaw temalaryna has çuň düşünmek üçin soraglar we jogaplar sessiýasy ýa-da modelirlenen panel pikir alyşmalary üçin bilermenleriň çekilmegi.

**Interaktiw okuw we toparlaýyn işler**

1. **Rollar boýunça oýunlar we simulýasiýa** –Gatnaşyjylar hakyky durmuşdaky ýagdaýlary tejribede ulanmak arkaly rollary ýerine ýetirýärler.
2. **Ses berişlik boýunça interaktiw gönükmeler (öýkünme saýlawlary)** –Hakyky saýlaw prosesine öýkünmek üçin býulleten nusgalaryny ýa-da elektron ses beriş maşynlaryny ulanmak.
3. **Meseleleri çözmek sahnalary** –Toparlaýyn işler dawalary çözmek ýa-da logistiki kynçylyklar ýaly saýlawlar bilen bagly meseleleri umumy meseleleriň çözülmegine gönükdirilendir.
4. **Wakalary öwrenmek** –Saýlaw ýörelgelerini hakyky ýagdaýlarda ulanmak üçin hakyky ýa-da çaklama sahnalarynyň seljerilmegi.
5. **Barlagnamalar we baha beriş** – Gatnaşyjylaryň maglumatlara düşünişine we olary özleşdirişine baha bermek üçin gysga, gyzykly barlagnamalar.

**Bilelikdäki ýa-da toparlaýyn okuwlar**

1. **Breýnstorming** –Döredijiligi höweslendirmek we dürli garaýyşlary alyşmak üçin toparlaýyn pikirleriň döredilmegi.
2. **Çekişmeler we pikir alyşmalar** –Tankydy pikirlenmäni we gürrüňdeşlik endiklerini kämilleşdirmek üçin dürli saýlaw meseleleri boýunça düzülen çekeleşikleri ýola goýmak.
3. **Deň-duşlaryň bilen öwrenme** –Gatnaşyjylary topardaky beýleki gatnaşyjylar bilen tejribelerini we bilimini paýlaşmaga höweslendirmek.
4. **Gyzykly işjeňlikler/oýunlar** –Gyzykly oýunlar saýlawlar bilen bagly wiktorinalar ýa-da stol oýunlary ýaly okuwlary berkitmek üçin niýetlenendir.

**Tankydy pikirlenme we pikir ýöretme**

1. **Tankydy pikirlenme sapaklary** –Meseleleri çözmek endikleriniň kämilleşdirilmegine, seljermelere we çözgütleriň kabul edilişine gönükdirilen gönükmeler.
2. **Öňünden pikirlenme** – Gatnaşyjylaryň geljekki wakalary we töwekgelçilikleri çaklamaga höweslendirilmegi.
3. **Pikir bermeler we pikir ýöretmeler** – Öwrenmek tejribelerini görkezmek üçin mümkinçilikler we kämilleşdirme üçin pikirleriň alynmagy.

**Goşulma we energiýa işjeňlikleri**

1. **Gyzyşdyrma** –Rahat öwrenme gurşawyny döretmek üçin buz döwüjiler (aragatnaşygy ýola goýujylar) we energiýa beriji işjeňlikler.

# Intro.5.6 Meýilleşdirmekden gaçmak

## a) Guramaçylyk meseleleri

- ***Sylaglamagyň netijesiz shemalary***

  Guramalaryň käbiri üstünlikli netijeler üçin işgärleri sylaglamaklyga ymtylmaýarlar. Şowsuz netijelere getiren ýagdaýynda bolsa, işgärler babatda olaryň wezipelerini ösdürmekligi ret etmek ýa-da wezipe orunlarynyň gysgaldylmagy (işden çykarmak) ýaly temmi çäreler ulanylýar. Şeýle çemeleşmeler köplenç işgärleri bir zady gazanmaga synanşmak islegi bilen şowsuzlyga uçramak we munuň üçin temmi alman, hiç hili hereket etmän, (özüňi üns merkezinden uzakda saklamak ýaly) ýagdaýlara getirýär.

- ***«Ýangyny söndürmek»***

  Gurama krizis ýagdaýyny dolandyrmak (ondan baş alyp çykmak) we «ýangyny söndürmek» bilen güýçli derejede başagaý bolup bilýär, hatda onuň meýilleşdiriş üçin wagty hem galmaýar.

- ***«Gündelik durgunlyga baglanmak» medeniýeti.***

  Gurama - meýilleştimegi wagt ýitirmek diýip hasap edip, oňa garşy bolup biler. Şeýlelikde, guramanyň öz iş ugurlaryny meýilleşdirmek işine kembaha garamagyny - ýa guramanyň işiniň juda ýönekeýdigi ýa-da onuň dolandyryjylarynyň bu ulgamda uly iş tejribesiniň bardygy bilen delillendirip bolar. Bu çemeleşme tejribesi bolmadyk işgärlere işleri meýilleşdirmegiň artykmaçlygyna düşünmäge mümkinçilik bermän, olaryň işine zeper ýetirýär, tejribeli ýolbaşçylaryň bolsa üstüne öňküden-de uly iş ýüküniň düşmegine getirýär.

- ***Wagty we harajatlary meýilleşdirmek düşünjelerine garşy bolmak***

  Meýilleşdirişe sarp edilen wagt – bu maýa goýumdyr. Käbir guramalar medeni aspekt nukdaý nazaryna görä, resurslaryň sarp edilmegine garşy durýarlar. Käte şeýle çemeleşmeler laýyk görünse-de, olar köplenç gelejek üçin ynamly bolmaýarlar.

## b) Meýilleşdirmekden ýekelikde boýun gaçyrmak

Adamlarda meýilleşdirmek işlerini kabul etmek isleginiň bolmazlygy aşakda görkezilen faktorlaryň (sebäpleriň) netijesi bolup biler:

- ***Ýaltalyk***

  Iň ýönekeýi – adamlar pikirlenip, meýilnama düzmek üçin wagt sarp etmegi islemän bilerler.

- *Wepalylyk alamatlarynyň ýokdugy we üýtgeşmeleri kabul etmezlik*

  Megerem, işgärler meýilleşdirmegiň berip biljek artykmaçlyklaryny görmeýärler, olar: «meýilleşdirmek işlerine zerurlyk ýok» ýa-da «işleriň gidişi şeýle-de ýaramaz däl» diýip pikir edip bilerler.

- ***Şowsuzlyklardan gorkmak***

  Eger-de mesele gyssagly we gaýragoýulmasyz çözfüdi talap etmeýän bolsa, adamynyň hereket etmeýän mahaly şowsuzlyk töwekgelçiligi juda peselýär. Haçan-da nähilidir bir mynasyp işi etmäge synanşyk edilse, onda haýsydyr bir şowsuzlyk töwekgelçiligi ýüze çykýar.

- ***Tejribe***

  Işgärler ýeterlik tejribe toplamak bilen, formal meýilleşdirmä barha az gollanýandyklaryna akyl ýetirip bilerler. Bu ýagdaý kabul ederliklidir.

  Muňa garamazdan, özüňe aşa göwüniýetijilik bilen, öz tejribäňi ýokary derejede artykmaç baha bermek aňsat – seresaplylykdan hiç haçan zyýan gelenok ahbetin, köplenç hünär ussatlygyndan nyşandyr.

- ***Bildirilen ynamy ödemezlik (Tamany ödemezlik)***

  Käbir işgärler meýilleşdirmek işi bilen meşgullanan-da bolsalar, ýolbaşçylar tarapynan olaryň meýilnamalaryna düýbünden seretmändikleri ýa-da olara ýeterlik ünsiň berilmändigi sebäpli netijesiz bolýar. Şeýle ýagdaýlaryň netijesinde, olaryň haýsydyr bir işi meýilleşdiren

ýagdaýlarynda-da ýa-da meýilnamanyň üstünlikli ýerine ýetirilendigi üçin ýeterlik serişdeleri alýan hem bolsalar adamlaryň olara çynlakaý garalýandyklaryna ynanmaýarlar.

## c) Meýilleşdirmek işlerinde ýeterlik tejribäniň bolmazlygy

Käbir şahsalaryň geçmişde meýilleşirmek babatda, käbir teklip edilen meýilnamalaryň göwrüminiň uly, mazmunynyň çylşyrymly hem tejribeden uzakda ýa-da onuň maýyşgak däl görnüşde boluşy ýaly, şowsuz tejribeleriň bolan bolmagy ähtimal. Meýilleşdirmek işleri hem beýleki islendik işler ýaly ýaramaz görnüşde ýerine ýetirilip bilner. Ol talabalaýyk ýerine ýetirilende bolsa, ol biçak uly peýda getirip biler.

*Çeşme: Seminar BEAT (Saýlawlary dolandyrmagyň çäklerinde başlangyç trening), IFES*

# Intro.5.6 Meýilleşdirmegiň tapgyrlary

## Strategiki meýilleşdiriş

Strategiki meýilnamany işläp taýýarlamak – bu saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň hukuk taýdan kesgitlenen borçlaryna esaslanyp, ylalaşylan maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen şertleri utgaşdyrmak üçin möhüm ädimdir. Saýlawlary dolandyrmak boýunça edara üçin strategiki meýilnama hyzmatlary amala aşyrmak, guramaçylygy berkitmek, integrasiýa we ösüş boýunça özboluşly maksatnamadyr. Ol saýlawlary dolandyrmak boýunça edara üýtgäp duryan daşky ýagdaýlarda ugur tapmaga we islendik şertlerde işlemäge kömek edýär. Şeýle hem strategiki meýilnama – bu saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň haýsy anyk maksatlara ýetmegi meýilleşdirýändigi, onuň haýsy işleri geçirýändigi we bu işlerden garaşylýan netijeleriň nähili boljakdygy baradaky maglumatlary özünde jemleýän resmi resminamadyr. Strategiki meýilnama saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň kesgitli döwürde ýerine ýetirjek işlerini ugrukdyryjy we oňa itergi beriji ýol kartasydyr, şeýle hem hyzmatdaşlaryň saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň işine baha bermegi üçin möhüm şertdir.

*Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň strategiki meýilnamas bolmasa – ol kompassyz uçarman ýalydyr.*

Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň netijeli strategiki meýilnamasy onuň işini açyk, demokratik we hasabat beriji institut hökmünde kesgitleýär. Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň mandaty bilen gabat gelmelidir we konstitusiýa we saýlaw ulgamyny düzgünleşdirýän kanuna laýyklykda durmuşa geçirilmelidir. Onda saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň işine täsir edip biljek mälim bolan ähli (mysal üçin: hukuk faktorlary, tehnologiýanyň derejesi, hyzmatdaşlary çekmek, saýlawçylaryň passiwligi) faktorlar göz öňünde tutulmalydyr.

Adatça, saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň stratigiki meýilnamasy bir saýlaw siklini öz içine alýar. Sebäbi saýlawlardan soňky seljerme işleri saýlaw ulgamynyň dolandyrylyşy boýunça kanunçylyga düýpli üýtgeşmeleriň girizilmegini şertlendirip biler. Strategiki meýilnamanyň durnukly bolmagy hökman däldir; bu işleriň tejribeleýin strategiki gollanmasy bolup, ol daşky ýa-da içki hukuk gurşawynyň düýpli üýtgeşmelerine laýyklykda ösdürilmelidir. Bu bolsa öz gezeginde, strategiýa gaýtadan seredilmegini talap edýär.

Strategiki meýilnamanyň birnäçe saýlaw sikleriniň dowamynda saýlawlaryň geçiriliş aýratynlyklaryny düýpli üýtgedip biljek, ýagny internetiň giňden peýdalanylmagy ýa-da ýurduň çäklerinden daşarda ses bermäge islegiň artmagy ýaly daşky faktorlary öz içine almagy möhümdir.

Strategiki meýilnamanyň esasy düzüjileri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Giriş: saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň ýetmeli maksatlary;
2. Maksatlar, wezipeler ýa-da missiaýa: saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň fundamental ugurlary;
3. Ýörelgeler: saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň işiniň esaslanýan etiki ýörelgeleri: taraplara adalatly göz bilen garamak, hasabatlylyk, garaşsyzlyk, hünär ussatlygy, netijelilik, deňlik we hyzmatyň ýerine ýetirilmegine gönükdirmek;
4. Işleriň esasy ugurlary we olaryň netijeleri: Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň haýsy wezipeleri ýerine ýetirmäge synanşýandygy;
5. Esasy netijeler: Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň saýlawlary dolandyryş ulgamyna nähili täsir etmäge synanşýandygy
6. Indikatorlar: Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň meýilleşdirilen netijeleriň derejesini kesgitlemäge ýardam edýän ölçenýän (hasaplamaga degişli) görkezijiler;
7. Saýlawlary dolandyrmak edarasy baradaky maglumatlar: emele gelmegi, gurluşy we düzümi;
8. Işleri dolandyrmagyň strategiýasy: Saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasy aýry-aýry işgärleriň hünär taýdan ösüşine, toparyň we gurmaçylyk işiniň kemala gelmegine toplumlaýyn, ulgamlaýyn we durnukly esasda nähili goşant goşmaly.

Strategik meýilnama işlenip taýýarlanylanda saýlawlary dolandyrmak boýunça edara özüniň güýçli we gowşak taraplaryny, şeýle hem mümkinçiliklerini we abanýan howplary selejermegi möhüm gural bolup hyzmat edip biler. Gazanylan sepgitlere esaslandyrylan bahanyň berilmegi üçin strategik

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

meýilnamada bellenlilen netijeleriň daýanýan esasy kontekstual elementleriniň kesgitlenmegi möhümdir. Bu kontekst öz içine hyzmatdaşlaryň deňlik başlangyçlaryndaky anyk gatnaşygyny, strategik meýilnamanyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin laýyk gelýän infrastrukturany, ýokary hünär derejeli hem-de tejribeli işgärleri saýlap almak we çekmek işlerini alyp biler. Her bir ýurt hususy özboluşly kontekste eýedir.

Saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasynyň strategiki meýilnamasynyň işlenip taýýarlanýan, gözegçilik edilýän we seljerilýän döwürlerinde öz hyzmatdaşlary bilen geňeşmeleri geçirmegi möhümdir. Bu olaryň habarlylygyna ýardam eder, şeýle hem saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasynyň kynçylyklarynyň we güýçli taraplarynyň derejesini kesgitlemäge, mahlasy, saýlawlara bolan ynamyň derejesiniň ýokarlanmagyna kömek eder. Şonuň ýaly-da geňeşmeler saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasyny hyzmatdaşlaryň garaşýan netijeleri we ileri tutýan ugurlary hakynda maglumatlardan habarly bolmagyny üpjün edýär.

## Saýlawlaryň senenamasy.

Saýlawlaryň senenamasynyň esasy maksady saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasyna düzgünnamalaýyn möhletleri berjaý etmek maksady bilen, meýilleşdirmek we taýýarlyk görmek boýunça grafige görä hereket etmäge ýardam etmekden ybaratdyr. Snenama jemgyýetçiligi, syýasy partiýalary we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini esasy çäreleriň başlanýan we tamamlanýan seneleri baradaky maglumalar bilen üpjün eder. Şeýle-de, saýlawlaryň aýdyňlyk derejesini ýokarlandyrar we saýlawlary dolandyrmak boýunça edaralar barada jemgyýetçiligiň oňyn pikirini emele getirer.

Saýlaw senanamalary saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasynyň çäreleriniň gerimi we olaryň yzygiderligi barada habar berýärler. Saýlawlary dolandyrmak boýunça edara senenamalary jikme-jikligiň dürli derejelerinde, ýagny içki resminama dolanyşygynda (edaranyň içinde) peýdalanmak üçin, şeýle-de dürli gyzyklandyrma bildirän taraplar üçin goýberip biler. Içerki dolandyryş ýerine ýetirmek boýunça möhletler, meselem, printerlerde saýlaw blýutenleriniň çap edilmeli senesi Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň içki ulanyşdaky senenamasynda görkezilmeli. Syýasy partiýalar ýaly gyzyklanýan taraplary gyzyklandyrýab soraglary boýunça saýlawçylary we dalaşgärleri hasaba almak, kampaniýalar we olaryň maliýeleşdirilişi, ses bermek, sesleri sanamak we netijeleri kesgitlemek ýaly hem-de diňe esasy seneler baradaky maglumatlary görkezýän senenama gerek bolup biler.

Bir sahypanyň ýüzüne ýerleşdirilen gysgaça senenama saýlawlaryň prossesi barada jemgyýetiň habarlylygyny ýokarlandyryp bilýän bolsa, onda köp sahypaly, jikme-jik resminamanyň ýaýradylmagy ony bulaşyklyklara getirip biler. Muňa garamazdan, zerur bolan ýagdaýda, saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasy sayýasy partiýalar, dalaşgärler, saýlawçylaryň merkezi dolandyryş nokatlary, hökümete degişli bolmadyk guramalar we hemaýatkär edaralar ýaly gyzyklandyrma bildirýän taraplara howpsuzlyk meseleleriniň ýok ýagdaýynda, içerki dolandyryş senenamasynyň nusgasyny berip biler. Taslamalary dolandyrmak boýunça programma üpjünçiligi saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasyna anyk ugurlary, möhlet çäklerini, aýry-aýry işgärleri, özara baglanyşykly çäreleri görkezmek bilen saýlawlaryň toplumlaýyn meýilnamalaryny işläp taýýarlamaga ýardam edip biler. Şeýle ýagdaýda senenama saýlawlaryň çylşyrymly meýilnamasyna öwrülýär. Senenamanyň bu görnüşi işgärleriň arasynda, olaryň alyp barýan işiniň dolandyryş esasy we wezipeleri ýerine ýetirmekde, gyzyklanma bildirýän taraplar üçin bolsa maglumat hökmünde ýaýbaňlandyrylyp bilner.

Saýlawlaryň senenamasy aýratyn hem saýlawçylary we saýlaw materiallaryny öz wagtynda hasaba almak üçin möhümdir. Ol syýasy partiýalaryň praýmeriz çäreleriniň dalaşgärleri saýlawlara hödürlemekden öňünçä geçirilýän, şeýle hem syýasy partiýalaryň bu görnüşli çäreleriniň hakykatdan hem saýlawlaryň rejesine täsir edýän Keniýa we Nigeriýa ýaly ýurtlaryň syýasy partiýalary üçin peýdaly goldanma bolup durýar.

Her bir saýlawdan ýa-da saýlaw prossesiniň çärelerinden soň senenamany jikme-jik gözden geçirmek wezipleleri ýerine ýetirmek üçin nädogry bölünip berlen wagty ýüze çykarmaga ýardam eder. Senenama gaýtadan seretmek guramaçylyk gurluşynda, serişdeleriň paýlanyşygynda ýa-da kanunlarda we kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bolup geçýän haýsy üýtgeşmeleriň saýlaw işini gowulandyrmaga kömek etjekdigini kesgitleýär.

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.6 Meýilleşdirmegiň tapgyrlary

## Operasion meýilleşdiriş

Strategiki meýilnamanyň çäklerinde Operasion konsepsiýa operasion meýilleşdiriş üçin esas bolup hyzmat edýär. Operasion konsepsiýanyň saýlaw sikli bilen utgaşdyrylmagy, Operasion meýilleşdiriş bolsa, sikliň her bir aýlawyna baglanmagy möhümdir. Operasion konsepsiýa degişli kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýokdugyny ýa-da ony döretmegi şeýle hem saýlaw prosessiniň häsiýetini we gerimini göz öňünde tutýar. Ol Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaralaryň öňündäki meýilleşdirmek boýunça bar bolan islendik bökdençligi kesgitlemeli. Howpsuzlyk we durnuklylyk ýaly soraglar, saýlaw prosessiniň dolandyrylyşyna täsir edip biljek iskendik gözöňünde tutulmafyk ýagdaýlar, we saýlawlara taýýarlyk görmek we olary geçirmek babatdaky çaklamalarda realististik bolmaly. Gyzyklanýan taraplaryň doly gatnaşmagynyň möhümligi ulanyş konsepsiýasynda esasy üns çekmeli soragdyr.

Saýlaw prossesini jikme-jik meýilleşdirmek we netijeli dolandyrmak maksady bilen, ony Operasion konsepsiýada birnäçe tapgyrlara bölmek bolar. Meselem: hukuk we dolandyryş gurluşyny döretmek; saýlawçylary hasaba almaga taýýarlyk görmek; saýlawçylary hasaba almak; ses bermäge we sesleri sanamaga taýýarlyk görmek; dalaşgärleri hasaba almak; syýasy kampaniýalar; ses bermek; sesleri sanamak we netejeleri yglan etmek; saýlawdan soňky çäreler. Her bir Operasion iş strategiki meýilnamada görkezilen netijelere ýetmeklige gönükdirilmelidir.

Haçan-da çäreleri durmuşa geçirýän işgärler operasion meýilleşdiriş işlerine gatnaşsalar meýilleşdiriş has hem netijeli bolýar. Operasion meýilnamalar operasion wezipeleriň ýyllyk ýa-da has uzak möhletlerini kesgitläp bilerler we saýlawlaryň netijeli geçirilmegi üçin bar bolan resurslara, şeýle hem hukuk we operasion döwürlere ünsi çekmek bilen, ýarym ýyllyk, çärýeklik, aýlyk we hepdelik segmentlere bölünýärler. Operasion meýilnamalar saýlawlary dolandyrmak boýunça edaralarynyň her bir çäresi üçin, iş ýüküne laýyklykda uçastoklara bölünmelidir we kätipligiň ýokary işgärler komiteti bilen ylalaşylyp bilner. Bu işler agzalarynyň gatnaşmaklarynda hem ýerine ýetirilip bilner. Operasion meýilnamalaryň saýlawlary dolandyrmak boýunça edaralarynyň agzalary tarapyndan resmi taýdan tassyklanmagy olaryň ähmiýetini artdyrýar. Saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasynyň maksatlaryna we maksatlaýyn görkezijilerine ýetmek, saýlawlary dolandyrmak boýunça edarasynyň işgärler toparynyň her bir agzasynyň ähmiýetini ýüze çykarmak we işgärlere we işçi toparyň görkezijilerine gözegçilik mehanizmni üpjün etmek üçin uçastoklar boýunça meýilnamalar işçi düzüm birlikleriniň we indiwidual işçileriň derejlerinde bölünen bolmaly.

### Saýlawlar döwründäki iş görnüşleriniň mysallary

**Saýlawçylary hasaba almak prosessi**

- Saýlawçylary hasaba almak boýunça tertipleri, kadalaşdyryjy resminamalary taýýarlamak we kabul etmek
- Hasaba almak işlerinde ulanyljak programmalaýyn enjamlary taýýar etmek we olary synagdan geçirmek
- Hasaba alyş işleri üçin zerur bolan enjamlary toplamak (we/ýa-da hasaba alyş blýutenleri çap etmek)
- Saýlawçylary hasaba almak boýunça merkezleriň sanawyny düzmek we halk köçüligine ýaýratmak
- Saýlawçylary hasaba aljak işgärleri toplamak we olary taýýarlamak
- Saýlawçylaryň hasaba alynýandygy baradaky habarlary olaryň dykatyna ýetirmek üçin taýýarlamak
- Maglumat beriş we düşündiriş işlerini geçirmek üçin işgärleri taýýarlamak
- Saýlawçylary hasaba alýan merkezleri açmak
- Saýlawçylary hasaba almak işlerine başlamak
- Saýlawçylary hasaba alyş býultenlerini ýygnap almak
- Maglumatlary toplaýyş merkezi döretmek
- Maglumatlary toplaýyş merkeziniň operatorlaryny toplamak we olary taýýarlamak
- Saýlawçylaryň deslapky sanawyny taýýarlamak üçin blýutenleriniň maglumatlaryny maglumat

toplaýyş merkeziniň elektron ulgamyna girizmek

- elektron ulgama girizmek işiniň hiline gözegçilik etmek we barlamak
- Saýlawçylary hasaba almak işlerini tamamlamak
- Saýlawçylaryň deslapky sanawyny çap etmek
- Saýlawçylaryň deslapky sanawyny neşir etmek/ýerleşdirmek
- Şikaýatlary kabul etmek we olara garamak döwri
- Täzelenen blýutenleriň maglumatlaryny maglumat toplaýyş merkeziniň elektron ulgamyna girizmek
- Saýlawçylaryň gutarnykly sanawynyň hiline gözegçilik etmek we ony düýpli barlamak
- Hasaba alnan saýlawçylaryň gutarnykly sanyny yglan etmek
- Saýlawçylaryň gutarnykly sanawyny çap etmek / ýöretmek

**Dalaşgärleri hödürlemek prosessi**

- Dalaşgärleri hödürlemek boýunça tertipleri, kadalaşdyryjy resminamalary taýýarlamak we kabul etmek
- Dalaşgärleriň we olaryň wekilleriniň özüňi alyp barmak kodeksini taýýarlamak we kabul etmek
- Dalaşgärleri hasaba almak boýunça merkezleriň sanawyny düzmek we halk köçüligine ýaýratmak
- Dalaşgärleri hasaba almak boýunça jogapkär işgärleri bellemek
- Dalaşgärleri hasaba almak boýunça jogapkär işgärleri taýýarlamak
- Dalaşgärleriň hasaba almak baradaky arzalaryny kabul etmek
- Dalaşgärleriň hasaba almak baradaky arzalaryna seretmek
- Saýlawçylaryň deslapky sanawyny taýýarlamak
- Saýlawçylaryň deslapky sanawyny taýýarlamak neşir etmek
- Şikaýatlary we appelýasiýalary bermek döwri
- Appelýasiýalara seretmek
- Seredilen appelýasiýalara öwrenmek we saýlawçylaryň gutarnykly sanawyny taýýarlamak
- Saýlawçylaryň gurarnykly sanawyny neşir etmek
- Saýlawçylary sanawyndan aýyrmak döwri
- Blýutenleriň dizaýnyny işläp taýýarlamak

**Ses bermek prosessi**

- Ses bermek boýunça hukuk proseduralaryny, gollanmalary taýýarlamak we kabul etmek
- Saýlawlar boýunça materiallara edilýän talaplaryň gutarnykly görnüşini taýýarlamak
- Saýlawlar üçin zerur bolan materiallary (şol sanda saýlaw gutylaryny, perdeleri, saýlaw uçastogynda ulanyljak materiallar toplumyny we ş.m.,) satyn almak boýunça tender yglan etmek we satyn almak
- Býultenleri we çap etmeli tipografiýany saýlap almak býultenleri we çap etmek
- Saýlawlara degişli materiallary saklamak üçin ammar gurnamak
- Saýlaw uçastoklarynyň sanawyny döretmek we ony halk köpçüliginiň dykgatyna ýetirmek
- Saýlaw uçastoklarynyň işgärlerini (Uçastok saýlaw toparynyň agzalaryny) toplamak we olary taýýarlamak
- Zerurlyga görä talaplara we hadysalara jogap bermek mehanizmlerini işläp taýýarlamak
- Saýlaw materiallaryny ýaýratmak we olaryň goraglylygyny üpjün etmek

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.6 Meýilleşdirmegiň tapgyrlary

- Saýlaw uçastoklaryny döretmek
- Saýlawdaky sesleri sanamak we olaryň netijeleri boýunça jemleýji jedwelleri taýýarlamak
- Saýlawlar boýunça materiallary gaplamak
- Materiallary we beýanlary saýlawlary dolandyrmak boýunça ýokary edaralara ýollamak

**Netijeleri kesgitlemek prosessi**

- Saýlaw resminamalaryny kabul etmek / gorap saklamak proseduralaryny işläp taýýarlamak we kabul etmek, býultenleri barlamak we/ýa-da sanamak, saýlawlaryň jemlerini jemlemek
- Zerur bolan programmalaýyn enjamlary taýýar etmek we olary synagdan geçirmek
- Ses berlişigiň jemlerini jemlemek üçin kompýuterleri we enjamlary satyn almak
- Saýlawlarda sesleriň jemlerini jemlemek boýunça merkezi döretmek, şol sanda howpsuzlyk boýunça çäreleri görmek
- Saýlaw uçastoklaryndan gelip gowşan saýlaw materiallaryny gorap saklamak üçin ammar gurnamak
- Saýlawlaryň netijeleri baradaky maglumatlary elektron ulgamlara girizmek boýunça operatorlary, saýlaw materiallaryny kabul edip almak / gorap saklamak boýunça jogapkär işgärleri toplamak we olary taýýarlamak (okatmak)
- Saýlaw materiallaryny kabul edip almak / gorap saklamak
- Beýanlary kabul edip almak we jemleri jemlemek merkezine geçirmek
- Beýanlardaky netijeler baradaky maglumatlary eleketron ulgamlara girizmek
- Girizilen maglumatlaryň hiline gözegçilik etmek / olarda audit geçirmek
- Beýanlary deňeşdirmek
- Beýanlar deňeşdirilende nätakyklyklar ýüze çykarylan saýlaw uçastoklarynyň býultenlerini gaýtadan sanamak
- Täzelenen býultenlerdäki maglumatlary eleketron ulgamlara girizmek
- Deslapky netijeleri beýan etmek
- Şikaýatlary we appelýasiýalary bermek döwri
- Saýlawlaryň netijelerini yglan etmäge taýýarlamak
- Saýlawlaryň gutarnykly netijelerini yglan etmek
- Mandatlary paýlamak
- Saýlanan dalaşgärleriň atlaryny yglan etmek

*"Saýlaw prosesslerini dolandyrmak ulgamlarynyň dizaýny" neşirinden bölek:*

*The International IDEA Handbook, 2014*

# Intro.5.6 Operasion meýilnamanyň konsepsiýasy: Liwiýa tejribesi

***Ähliumumy milli kongresiň deputatlarynyň saýlawlarynda* saýlawçylary hasaba almak boýunça üýtgeşmeler girizilen maglumat**

**DUŞENBE, 2014-NJI ÝYLYŇ 10-NJY MARTY**

Liwiýanyň Ýokary milli saýlaw komissiýasy (ÝMSK) öňde duran saýlawlary geçirmek üçin ýeketäk sanawy täzelemgi meýilleşdirýär. Bulardan başga-da bu döredilýän ulgamyň saýlawçylaryň ýeketäk sanawynyň hemişelik goldawyny üpjün etmegine ymtylýar.

Konsepsiýa saýlap almak boýunça talaplaryň ozalkylygyna galdyryljakdygyny göz öňünde tutýar. Bulardan başga-da Konstitusiýanyň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça Geňeşiň (CDA) saýlawlarynda hasaba alnan saýlawçylaryň awtomatik usulda ýeketäk sanawda galdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

## Hasaba alyş möhleti

- Raýatlar gaýtadan hasaba alnyp ýa-da özleriniň ozalky hasaba alnan ýerlerini üýtgedip bilerler.
- Konstitusiýanyň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça Geňeşiň saýlawlarynda hasaba alnan raýatlar saýlawçylaryň ýeketäk sanawynda saklanyp galýarlar.
- Hasaba alynmak üçin milli identifikasiýa belgisini görkezmek hökmanydyr.
- Edil geçen saýlawlarda boluşy ýaly, resmi ýaşaýan ýeri babatda talaplaryň bolmajakdygy göz öňünde tutulýar.
- SMS habarynyň üsti bilen hasaba almak işlerine 1-nji aprelden başlamak meýilleşdirilýär.
- Hasaba almak işleriniň bir aýdan az bolmadyk möhletde dowam etjekdigi, ýöne bu möhletiň saýlawlary geçirmegiň umumy grafigine laýyklykda, azyndan, dalaşgärleriň gutarnykly sanawy mälim edilýän pursatyna çenli mümkin boldugyça uzaldylmagy deslapdan göz öňünde tutulýar. Saýlawlar tamamlanandan soň SMS habary arkaly hasaba almak işleri gaýtadan dikeldiler.
- Hasaba almak proseduralaryny geçmekde kynçylyk çekýän raýatlar Saýlawçylary hasaba almak meselelerinde ýardam etmek boýunça merkeze ýüz tutup bilerler. Gysga wagtyň dowamynda şeýle merkezleriň 300 töwereginiň döredilmegi göz öňünde tutulýar.
- Ýokary milli saýlaw komissiýasynyň (ÝMSK) ştab kwartirasynda ýörite sorag-jogap gullugy döredilmeli. Ol telefonlary bentlemeden açmak we ýardam merkezleriň işgärlerne saýlawçylary hasaba almak babatda umumy maslahatlary bermek boýunça proseduralary ýerine ýetirer.

### SMS habary arkaly ýerine ýetirip boljak işler

#### SMS habary arkaly hasaba almak

Täze gatnaşyjylar 2013-nji ýyldaky Saýlawylary hasaba almagyň konsepsiýasyna laýyklykda SMS habary arkaly hasaba alnyp bilerler. (hyzmat 2014-nji ýylyň 1-nji aprelinden elýeterli bolar)

#### SMS arkaly ses berilýän merkezi üýtgetmek

SMS arkaly ses berjek merkezini üýtgetmek mehanizmi 2013-nji ýylyň Saýlawçylary hasaba almak konsepsiýasyna laýyk gelýär.

Täze hasaba alnýan hem-de ozal hasaba alnan saýlawçylaryň ozalky hasaba alnan telefon belgisi arkaly öz ses berjek merkezlerini üç gezege çenli üýtgetmäge mümkinçilikleri bardyr. (hyzmat 2014-nji ýylyň 1-nji aprelinden elýeterli bolar)

Eger saýlawçy täze telefon belgiden gaýtadan hasaba alynsa, onda onuň bu belgiden hem öz ses berjek merkezlerini üýtgetmäge üç gezek mümkinçiligi bardyr. Zerur bolan ýagdaýlarda ýardam etmek boýunça merkezine jaň edip, ses berjek ýerini üýtgetmek üçin goşmaça mümkinçiligi sorap biler

#### Şahsy özi baran ýagdaýynda rugsat berilýän hereketler

Saýlawçylaryň şahsy özüniň baryp hasaba alynmagyna ýardam bermek boýunça merkezleriň birnäçesi açylar. Olar ýakyn wagtlarda açylarlar we synag möhletiniň tamamlanmagyna çenli işlerini dowam ederler. Häzirki wagtda şýle merkezleri poçta aragatnaşyk bölümlerinde gurnamak meýilleşdirilýär, ýöne häzirki wagtda bu boýunça soraglaryň gutarnykly netijesi öwrenilýär. Olaryň işine ştab-kwartirada döredilen sorag-jogap gullugy tarapyndan ýardam ediler.

Bu merkezler aşakdaky hyzmatlary ýerine ýetirerler:

- SMS habary arkaly hasaba durmagy başarmaýan ýa-da bu usulda hasaba alynmagyny islemeýän

adamlara goldaw bermek,

- SMS habary arkaly hasaba almakda ýüze çykyp biljek meseleleri aradan aýyrmak,
- Şahsyýetini tassyklaýan resminamalary bolup, ýardam bermek boýunça merkezleriň soraglaryna jogap berip bilmeýän saýlawçylaryň şahsyýetini tassyklaýan we gaýry resminamalaryny barlamak,
- Saýlawçynyň adynyň ýeketäk sanawda bardygyny ýa-da ýokdugyny, onuň hasaba alnan ýerini anyklamak,
- Zerur halatlarda saýlawlar barada goşmaça düşündirişleri bermek.

Merkezleriň işgärleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, saýlawçylary hasaba almakda şu ýardamlary berýärler.

- Eger-de hasaba alynmaly adamynyň ykjam telefony bolup, onuň üsti bilen nähili hasaba alynmalydygyny bilmeýän bolsa, işgärler oňa SMS habary arkaly hasaba durmaga kömek edip bilerler.
- Eger-de hasaba alynmaly adamynyň ykjam telefony bolmasa, oňa Ýokary milli saýlaw komissiýasynyň (ÝMSK) resmi ykjam telefonynyň kömegi bilen nädip hasaba durmalydygyny görkezerler.
- Eger saýlawçy gaýry telefon belginiň üsti bilen hasaba alnan bolsa, ol ýardam etmek merkezine jaň edip biler we ýardam etmek merkeziniň işgärleri oňa täze telefon belgini açmaga ýardam ederler.

Hasaba alyş blanklaryny almak isleýänlere bu blanklary bermek baradaky soraglar goşmaça ara alnyp maslahatlaşylar.

**Sorag-jogap gullugynyň üsti bilen ykjam telefony bentlemeden açmak**

Eger saýlawçynyň öz hasaba alnan telefony elýeterli däl bolsa, ol ses berjek ýerini üýtgedesi gelýän bolsa ýa-da şeýle üýtgetmeleri ulanmak boýunça ähli mümkinçilikerlinden peýdalanan bolsa, Topar şol saýlawça sorag-jogap gullugyna ýüz tutmaga mümkinçilik berýär.

Şahsalaryň hut özleri ýa hasaba almaga ýardam bermek boýunça merkezlerine gelýärler we işgärler olara Ýokary milli saýlaw komissiýasynyň (ÝMSK) ýardam bermek boýunça gullugy bilen habarlaşmaga kömek edýärler ýa-da Ýokary milli saýlaw komissiýasynyň (ÝMSK) ýardam bermek boýunça gullugyna gönüden-göni jaň edýärler. (gönüden-göni jaň edip biljekdikleri ýa-da jaň edip bilmejekdikleri baradaky gutarnykly çözgüt häzirlikçe kabul edilmedi).

Telefon belgisini bentlenmekden açmak üçin aşakdakylar talap edilýär:

- Ýardam bermek boýunça gullugyň howpsuzlyk soraglary (az soňra kesgitleniler) maşgalanyň identifikasiýa belgisini, ejesiniň adyny, raýatlyk ýagdaýlarynyň namalaryny hasaba alýan edaradan resminamany öz içine alyp biler. (Topar barlaga degişli howpsuzlyk soraglarynyň doly sanawyny kesgitlär)
- Şahsyýeti anyklaýan resminama (şahsy özi gelen wagty talap edilýär)

(2014-nji ýylyň 24-nji aprelinden başlap elýeterli).

**Saýlaw uçastoklarynyň kodlarynyň ýaýbaňlandyrylmagy.**

Saýlaw uçastoklary we olaryň kodlary jemgyýet üçin elýeterli bolmalydyr we bu maglumatlar dürli kanallaryň üsti bilen ýaýradylmalydyr:

1. Web-sahypada adamlaryň bellige alynmagy isleýän ähli dolandyryş-çäk birliklerindäki saýlaw uçastoklary görkezilmeli. Saýlawçylar gözleg funksiýasyndan, kartalardan peýdalanyp, saýlaw uçastoklarynyň tutuş sanawyny ýükläp bilýärler.
2. Ses bermek üçin has oňaýly saýlaw uçastogyny saýlap almak soraglarynda ýardam edip biljek jaň etmek arkaly ýüz tutmak we maslahatlaşmak üçin saýt we saýlaw uçastoklarynyň doly sanawy elýeterli bolan goldaw bermek boýunça sorag-jogap gullugy.
3. Mekdeplerde saýlaw uçastoklaryny kodlaryny asmaly.
4. uçastoklaryň sanawy we kodlary çap edilmeli, neşir edilip, başga-da islendik görnüşde halk köpçüliginiň dykgatyna goşmaça ýetirilmeli.

# Intro.5.6 Operasion meýilnamanyň konsepsiýasy: Liwiýa tejribesi

## Saýlawçylaryň ýeketäk sanawa girizilişini barlamak

- Saýlawçylary hasaba almak döwrüniň tutuş dowamynda birnäçe mehanizmleriň kömegi bilen özleriniň hasaba alnandygy baradaky maglumatyň güýjündedigini barlap bilýärler:
  - SMS habarynyň üsti bilen, saýlawçy özüniň identifikasion belgisini hasaba alyjynyň belgisine SMS habary görnüşinde ugradanda (bu usul tehniki düşündirişleri talap edýär),
  - Barlagy onlaýn-interfeýsden (ýörite programma üpjünçiliginiň kömegi bilen) amala aşyryp berjek sorag-jogap merkeziniň üsti bilen,
  - raýatlar özleriniň hasaba goýulandygy baradaky maglumatlary onlaýn platformanyň üsti bilen barlap bilerler,
  - we hasaba durmaga ýardam etmek boýunça merkezlere hut şahsy özleriniň baryp, merkeziň işgärleriniň kömegi bilen. Merkeziň işgärleri ýüz tutýan adamlary saýlawçylaryň ýeketäk sanawdan SMS barlag habary arkaly tapýarlar.
- Liwiýanyň Ýokary milli saýlaw komissiýasy (ÝMSK) saýlawçylary hasaba almak döwri tamamlanandan soň, olaryň saýlawçylaryň reýestrindede görkezilen şahsy telefon belgilerine saýlawlar bilen bagly maglumatlary yzygider ýollap durar.

## Jemgyýetçiligi habardar etmek boýunça kampaniýa

Hasaba almak prosessiniň geçýän döwrüniň tutuş dowamynda köpçülige habar bermek boýunça giň gerimli we mazmunly kampaniýany gurnamak hem-de öz wagtynda onuň üçin ýeterlikli býujet serişdeleri bölüp bermek öran möhümdir. Mümkin boldugyça tiz wagtyň dowamynda şeýle maglumat we bilim bermek boýunça kampaniýanyň ýörite konsepsiýasyny işläp taýýarlamak gaýaragoýulmasyzdyr.

## Synag görnüşinde yglan ediş döwri, meseleleri seljermek we appelýasiýa bermek

**Saýlawçylaryň deslapky ýeketäk sanawyny synag görnüşinde yglan etmek**

- Hasaba almak işleri tamamlanandan soň saýlawçylaryň deslapky ýeketäk sanawyny synag görnüşinde yglan etmäge taýýarlamak üçin bäş gün möhlet berilýär.
- Saýlawçylaryň ýeketäk sanawynyň çap edilen nusgalary jikme-jik barlamak üçin saýlaw uçastoklaryna berler (1500 ýerlerde). Bulardan başga-da okrugyň saýlawçylarynyň sanawy şahsy özleriniň barýan ýerlerinde elýeterli bolar.
- Şundan soňra ýeketäk sanaw okamak üçin berlen sanaw görnüşinde elýeterli bolar.

**Meseleleri seljermek we appelýasiýalary bermegiň möhleti**

- Hereket edýan kanunçylyga laýyklykda, deslapky ýeketäk sanawyň maglumatlaryny kazyýetde jedelleşmek prosedurasy göz öňünde tutulmalydyr. Bulardan başga-da, kazyýet çözgütlerini şikaýat etmek mümkünçilikleri hem bardyr. Kazyýetiň çözgütleri esasynda ýeketäk sanawa girizilen islendik üýtgeşmeler saýlaw uçastoklarynyň dykgatyna ýetirilmelidir we neşir edilmelidir.
- Ýeketäk sanawa girizilýän üýtgeşmeleriň her biri SMS habarlarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýän hem-de onlaýn barlaglar üçin esas bolup durýan sanly maglumat binýadynda hem şöhlelelendirilmelidirler.

**Saýlawçylaryň gutarnykly ýeketäk sanawy**

- ýüz tutmalara we appelýasiýalara garamak işleri tamamlanandan soň, şeýle hem kazyýet çözgütleriniň esasynda ähli üýtgeşmeler girizilenden soň Komissiýa saýlawçylaryň gutarnykly ýeketäk sanawyny yglan edýär.

# Intro.5.6 Saýlaw prosesslerinde logistikany meýilleşdirmek boýunça işler

Saýlawlaryň dolandyrylyşynda, köplenç «operasion iş» we «logistika» adalgalary bir-biriniň ornuny tutýan terminler hökmünde ulanylýarlar. Ýöne, «operasion iş» konsepsiýasy has giň gerimli we ol öz içine logistikany hem alýar, şeýlelikde, «logistika» - esasan **maddy serişdeleri satyn almak we getirmek hem-de saýlawlary geçirmek üçin goşmaça işgärleri çekmek degişlidir. Muňa garamazdan, maddy-tehniki üpjünçiligi gurnaman saýlawlary geçirmek asla mümkin däldir.**

Bu resminamada «logistika» adalgasy baha bermek, hasaplamalar, guramaçylyk we maddy serişdeleriň getirilişini gurnamak hem dolandyrmak işlerini aňlatmak üçin has giň manyda ulanylýar. Muňa işgärler, hyzmatlar hem girýär. Anyk saýlaw wakasynyň, hereketleriň we wezipeleriň üstünlikli durmuş geçirilmegindäki ähli zerurlyklar hem degişlidir. Sözüň doly mansynda, logistika – saýlawlaryň dolandyryşynda herekete getiriji güýçdir we saýlaw okruglarynyň çäklerini kesgitlemek tapgyryndan, saýlawçylary hasaba almakdan başlap – ses berlişigiň, ondan soňky ýygnagyň geçirilmegine, saýlaw materillarynyň goragyna çenli ähli sektorlary gurşap alýar. Logistikanyň netijeli dolandyrylmagy – ykdysady bähbitli, ygtybarly we ynama mynasyp saýlawlaryň gurnalmagy üçin esas bolup hyzmat edýär

Logistika – maglumatlara esaslanýar. Logistikanyň talaplarynyň hötdesinden gelmek üçin aşakdakylary ýerine ýetirmek möhümdir:

- Şol bir döwletiň çäginde, dürli şertlerde we saýlawçylaryň dürli toparlary üçin saýlawlary geçirmegiň aýratyn usullarynynyň we strategiýasynyň talap edilýändigini göz öňüne tutmak bilen, saýlawlaryň dolandyrylýan gurşawyna (geçirilýän ýerine) (şäher, oba, sowaly ýa-da sowatsyz ilat, aýratyn toparlar we ş.m) aýratyn üns berilmeli;
- Anyk we ygtybarly maglumatlary ýa-da statistikany ýygnap almaly;
- Öňde goýulan maksatlara ýetmek üçin ulanyljak prosessleri takyk kesgitläp, öňde duran işiň jikme-jik meýilleşdirilişini amala aşyrmaly.

**Logistikany bahalandyrmak**

Saýlawlaryň taýýarlyk we gurmaçylyk döwründe şeýle görnüşli býujeti düzmek we maddy-tehniki serişdeleri satyn almak işleri saýlawlary dolandyrmak boýunça merkezi edarasynyň üstüne düşýär. Bu logistikanyň talaplarynyň kanagatlandyrylyşynyň derejesini aňsatlyk bilen kesgitlemäge, şeýle hem satyn almak işlerini has amatly bahalardan lomaý görnüşde amala aşyrmaga mümkinçilik döredýär.

Ýöne, bu ýerde saýlawlaryň geçirilmegine jogapkär her bir düzüm birliginiň ýolbaşçysynyň merkezi utgaşdyryjy edara her gezek anyk çäre meýilleşdirilende, esaslandyrylan tertipde, logistika boýunça goldawyň talaplaryna baha bermegi has möhümdir. Munuň üçin aşakda görkezilenler ýerine ýetirilmeli:

- Eger-de göz öňündr tutulan bolsa, meýilleşdirilen işleriň aýry-aýry wezipelerini kesgitlemeli;
- Öňde goýulan her bir wezipäniň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolan ugurlaryň (maddy serişdeleriň we hyzmatlaryň) sany we spesifikasiýasy takyk görkezilen sanawyny düzmeli;
- Satyn alynjak harytlaryň, hyzmatlaryň iň möhümlerini hem zerurlaryny (satyn alynmasa işeri ýerine ýetirp bolmaýan) we ikinji derejelilerini (maliýeleşdirmegiň ýeterlik däl bolan ýagdaýynda el ujundaky serişdeler bilen ornuny çalyşyp boljak) anyklamak bilen, ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemeli;
- Ähli harytlara we hyzmatlara bolan mätäçligiň bir wagtyň özünde ýüze çykmaýandygyny nazara alyp, öňde goýulan her bir wezipäni öz wagtynda amala aşyrmak üçin her bir harydyň getirilmeli ýa-da hyzmatyň ýerine ýetirilmeli wagtyny görkezmeli.

**Maddy serişdeleri hasaplamak**

Satyn almak işleriniň we logistika hyzmatlarynyň harajatlary hasaplanylanda, hususan-da aýratyn möhüm serişdeler babatda juda seresaply bolmaly. Bu ýerde aşakdaky ýörelgelere gollanmak peýdaly bolar:

- Býujetiň we smetanyň «üstüni basyrmaly (örtmeli) däl», sebäbi aýratyn möhüm wezipeler doly möçberde ýerine ýetirilmeli;
- Çykdajylar gysgaldylanda ýitgilerden gaça durmaly;
- Nyrhnamalar harydyň bir birliginiň bahasynyň esasynda, eger-de gürrüň saýlawlary gurnamak

babatda barýan bolsa, onda bir saýlaw uçastogyny / ýerli edarany hasaba alnyp kesgitlenmeli;

- Her bir uçastok üçin / bölümçe üçin býultenler, blankalar ýaly zerur bolan maddy serişdeleriň ýetmezçiliginden gaça durmak maksady bilen, smetanyň her bir setirine olaryň birnäçe goşmaça möçberini ýerleşdirmeli.
- umumy býujet taýýarlanan smetalary hususydan-umuma (kiçiden-ula / ownukdan-irä) ädimleýin umumylaşdyrma usuly bilen düzülmeli. Munda ilki saýlaw uçastoklary, soňra welaýat/sebit derejesinde, bulardan soňra bolsa döwlet derejesinde taýýarlanylýar.

**Maddy serişdeleri satyn almak**

Ähli zerur bolan maddy serişdeler (bahalary we sany boýunça) düýpli hasaplanandan soňky möhüm wezipe – olary satyn almak bolup durýar. Satyn almak işlerinde aşakdaky ýörelgeleri berjaý etmelidir:

- Işiň bu bölegi üçin – meselem: eger bu ähliumumy saýlawlar bolsa – ýarym ýyldan az bolmadyk, ýeterlik wagt bölüp aýyrmaly;
- (a) Dürli wezipeleri ýerine ýetirmegiň möhletleri we (b) satyn almak işlerini ýurduň içinde ýa-da zerurlyklary import edilýän harytlary satyn almagyň hasabyna amala aşyrmak mümkinçilikleri göz öňünde tutmak bilen, maddy serişdeleri satyn almak boýunça takyk meýilnama taýýarlamaly;
- Has amatly teklipleri almak üçin dürli üpjün edijileri tapmaly we olaryň berýän bahalaryny öz spesifikasiýaňyz (ýöriteleşme) bilen deňeşdirmeli.
- Üpjün edijiler bilen şertnamalara gol çekmezden ozal, satyn alynjak maddy serişdeleriň asyl nusgalaryny öwrenmeli;
- diňe siziň ýerli şertleriňize laýyk gelýän maddy serişdeleri satyn alyň; eger-de kiçijek ikirjiňlenme ýüze çykan ýagdaýyňçda bilermenleriň maslahatyny almak üçin ýzleniň;
- Bolup biljek galplyklaryň aňsat ýüze çykarylmagy üçin hasaba alyş blanklar, kartoçkalar, býultenler, ses berilýän gutulary möhürlemek üçin gurşunlar, sesleri sanamak üçin blanklar ýaly ynjyk maddy serişdeleri gaplamak boýunça anyk gollanmalary beriň. Bu babatda adatça, tertip belgiler bilen belgilemek we aýratyn tapgyrlar bilen gaplamak işleri kömek edip biler;
- Gerek bolan möçberlerde we zerur spesifikasiýa bilen getirilendigine göz ýetirmek üçin getirilen maddy serişdeler hemişe düýpli barlanmaly;
- Ähli satyn alynýan maddy serişdeleriň auditorçylyk hasabyny ýöretmeli;
- Ähli maddy serişdeleriň ygtybarly saklanyşyny we goraglygyny üpjün etmeli;

**Maddy serişdeleriň degişli ýerilerine getirilmegi**

Saýlawlary maddy serişdelerinyň degişli ýerilerine getirilmegi adatça, (zynjyr usulynda) yzygider tertipde, ilki merkezi milli merkez olary sebitleýin / welaýar wekiliýetine getirilýär, olar bolsa öz gezeginde saýlaw okruglaryna / etraplara, saýlaw okruglary bolsa – saýlawyň geçirilýän gününe gabatlap saýlaw uçastoklaryna getirilmegi amala aşyrylýar. Esasy işçi güýjüni ulanmak arkaly, her bir düzüm birliginiň derejesinde, talabalaýyk görnüşde berilmegini, hasabatlylygy we gözegçiligini üpjün etmäge gönükdirilýär

- Maddy serişdeleri zynjyr usulyndaky yzygiderlilikde her bir derejedäki saýlaw merkezlerine paýlanyşygyny aňsat bolar ýaly gaplamaly;
- Hemişe iberlen we kabul edilen maddy serişdeleriň sanawyny takyk sanawyny ýöredilýän hasaba alyş žurnallary döredilmeli we ýöredilmeli;
- Paýlanýan harytlaryň her bir nobatdaky paýlanyşykda-da nähili görnüşde paýlanmalydygyny takyk görekezýän sanawyny döretmeli;
- Maddy serişdeleriň her bir welaýata / sebite / okruga eltilmeli ahyrky möhletleriniň anyk senelerini kesgitlemel. Bolup biljek gijikmeleri hasaba almak bilen, ätiýaç üçin artykmaç wagt göz öňünde tutmaly;
- Eger-de goraglylyk, saklamak ýa-da howpsuzlyk meseleleri sebäpli çözgütler kabul edilmedik bolsa, onad saýlaw okruglary üçin niýetlenen maddy serişdeleri merkezi ýa-da sebitleýin

edarada saklamak ýerlikli däldir.

- Bolup biljek bulaşyklyklaryň öňüni almak üçin her bir welaýata / sebite / okruga iberilýän maddy serişdeler aýratynlykda iberilýär. Eger-de maddy serişdeler harajatlary tygşytlamak maksady bilen, bir wagtda we bir gatnadyjy tarapyndan paýlanýan bolsa, onda maddy serişdeleri aýratynlykda gaplamak we onda ahyrky kabul edijini görkezýän anyk bellikler bellemek boýunça tagallalary etmeli;
- Maddy serişdeler ilki bilen iň uzakda ýerleşýän kabul ediş nokatlaryna, iň soňunda bolsa iň ýakynda ýerleşýän kabul ediş nokatlaryna iberilýär. Bu tertip diňe merkezi ambary gyssagly boşatmak we oňa goşmaça maddy serişdeler üçin ýerleri taýýarlamak zerur bolan ýagdaýynda tersligine üýtgedilýär.
- Maddy serişdeleriň gaplanandygyna, olaryň gabynda iberilmeli ýeri görkezilen bellikler edilendigine garamazdan, mümkinçilige görä hemişe jogapkär kabul edijiniň adyna iberilýän maddy serişdeleriň ýany bilen onuň indiki ýollanjak her bir saýlaw okrugy we saýlaw uçastogy görkezilen sanaw goşulýar;
- Her bir welaýata / okruga iberlen ähli maddy serişdeleriň hasabyny ýöretmek boýunça žurnallar döredilýär, degişli bölümiň işgärinden kabul edip alan maddy serişdelerini barlamak, şahsy goly bilen tassyklamak we ýagdaýa görä ýokarda duryan gurama ýa-da merkezi edara ýollamak talap edilýär;
- Maddy serşdeleri, hususan-da konfidensial maddy serşdeleri saklamak, goramak we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça anyk gollanmalar berilmeli.

<u>**Saýlaw gününde / saýlaw güni üçin saýlawlara degişli maddy serişdeleri eltip berilmegi**</u>

Maddy serişdeleriniň saýlaw uçastoklaryna paýlanyp berilmegi we eltilmegi saýlawlaryň üstünlikli geçirilmeginde aýgytly manysy bardyr.

maddy serişdeleriň saýlaw uçastoklaryna getirilmeginde bolup geçýän, meselem gijikdirilmegi, getirilmezligi, ýeterlik bolmadyk ýa artykmaç möçberde getirilmegi ýa-da nädogry bölünişigi ýaly islendik görnüşde bozulmagy ses berlişigiň geçirilmeginde, kä halatlarda bolsa saýlawlaryň netijelerine hem ýaramaz täsirini ýetirýärler. Kä halatlarda saýlawlara diňe bir gün galanda, käte bolsa gönüden-göni saýlawlar başlanmyzynyň birnäçe sagat öňüsyrasynda ähli işleri dogry ýerine ýetirmäge mümkinçilik döreýär. Şeýle ýagdaýlarda, mayy serişdeleriň saýlaw uçastoklaryna getirilmegini talabalaýyk üpjün etmekde käbir maslahatlar peýdaly bolýar:

- Eger, konfidensial materiallaryň howpsuzlygyny üpjün etmek mesleleri talap etmeýän bolsa, onda şäherler, şehär tipli ilatly nokatlar ýaly ulag infrastrukturasy has ösen ýerlerde hem ähli maddy serişdeleri saýlaw okrugynyň merkezinden saýlaw gününde paýlamak maslahat berilmeýär;
- Maddy serişdeleri birnäçe sany merkezleşdirilmedik ambarlardan paýlamak olary ýüklemegi düýpli derejede ýeňilleşdirer we ýollarda dykynlara sezewar bolmagyň öňüni alar.
- Barmasy kyn bolan etraplar (ilatly nokatlar) aýratyn ünsi we logistika boýunça çözgütleri talap edýärler;
- Saýlaw okrugynyň dürli çäklerinde ýerleşýän polosiýa bölümler saýlaw materiallyny paýlap bermek boýunça merkez hökmünde ulanylyp bilner. Her hili ýagdaýda-da resminamalary konfidensial maddy serişdeleriniň howpsuzlygy üpjün edilmeýän islendik bir ýerde goýup bolmaýar.
- Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin her bir saýlaw okrugynda (býultenleri) bermek boýunça nokatlaryň näçesi gurnalmaly, saýlaw toparlarynyň näçe ýolýaşçysynyň näçe orunbasarynyň bolmalydygyny kesgitlemeli. Eger-de maddy serişdeleri paýlnyp berilýän ýerleriň has köp sanysy zerur bolsa, onda olaryň netijeli paýlanmagy üçin degişli çäreler görülmeli;
- Her bir nokat saýlawlary geçirmäge ygtyýarlylandyrlan adam bilen okrug saýlaw toparynyň agzasy tarapyndan utgaşyklylykda düzülen maddy serişdeleri kabul etmegiň / tabşyrmagyň sanawy we rejesi bilen öz wagtynda üpjün edilmeli. Bu meýilnama şu maglumatlary öz içine alýar:

# Intro.5.6 Saýlaw prosesslerinde logistikany meýilleşdirmek boýunça işler

- (a) ses bermek işlerine öz wagtynda başlamak maksady bilen, saýlaw uçastoklaryna maddy gymmatlyklary we işçi güýjüni eltmek üçin zerur bolan ulag serişdeleriniň (şol sanda gaýyklaryň, motosiklleriň, welosipedleriň, traktorlaryň we ş.m.) sany we görnüşi; (b) her bir saýlaw uçastogynyň işinde ulanyljak takyk ulag serişdesi; we (c) her bir ulag serişdesiniň bellenilen nokadyna tarap hereket edip başlamaly wagty. meýilnamany taýýarlamaga we onuň ýerine ýetirilişine jogapkär hökmünde Toparyň ýolabşçy işgärleriniň birini saýlawlaryň geçiriljek gününden bir aý möhletden gijikdirmän bellemeli. Saýlaw materiallary bilen üpjün etmek boýunça meýilnamanyň gutarnykly tassyklanandan soň ol gyşarnyksyz ýetirilmeli;
- Her bir saýlaw uçastogynyň ýolbaşçysy kabul eden maddy serişdelerini barlamaly we olary kabul edip alandygy barada şahsy goluny çekmeli;

**<u>Saýlaw resminamalaryny kabul edýän merkez</u>**

Döwletleriň köpüsinde saýlaw resminamalaryny kabul etmek boýunça merkezler işledilýär. Olaryň käbirinde bu işler saýlaw uçastoklarynda ýerine ýetirilýär, olarda býultenleri sanamak işlerini işgärler amala aşyrýarlar, sesleri sanamak boýunça protokollary deňeşdirýärler. Logistika boýunça meýilleşdirişiň barşynda ünsden düşürilýän aspektleriň giňden ýaýran görnüşleriniň biri hem saýlaw resminamalaryny kabul ediş merkezleridir. Saýlawlaryň netijeleri beýan edilen ähli býultenleri we / ýa-da protokollary kabul etmegiň meýilnamasy oňat meýilleşdirilen we jikme-jik oýlanyşylan bolmalydyr. Şeýle merkezleriň işlerini meýilleşdirilende aşakdaky soraglara iňňän içgin garamak we juda oýlanyşykly jogap berilmelidir:

- Saýlawlaryň netijeleri beýan edilen býultenleriň we / ýa-da protokollaryň tabşyryş-kabul ediş işleriniň netijeli prosessini amala aşyrylmagy üçin olar ýeterlik derejede taýýarlanan (okadylan) işgärler bilen üpjün edilenmi?
- Merekeze saýlawlarda ses berilýän gutular getirilmelimi? Eger getirilmeli bolsa, olar nirede we nähili ýagdaýlarda saklanylmaly?
- saýlaw gutylaryny sanyny we sanalan sesleriň netijelerini hasaba almak boýunça Tertip barmy?
- Býultenler sanalýan wagty Merkeziň edara binasyna işgärlerden başga haýsy adamlar goýberilip bilner?
- Merkeziň işiniň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ýagdaýy nähili derejede?

saýlaw materiallarynyň netijeli kabul edilmegi we işlenmegi üçin

Umuman, merkezleriň işi - hiç hili ýagdaýda, içinde nähili ýagdaýda we nämä jogap berýändigi belli bolmadyk, çem gelen adamlar bolan, çem gelen edara binasy bolmaz ýaly derejede gurnalmalydyr.

**<u>Inwentarlaryň eltip berilmegi olary abat saklanylmagy</u>**

Saýlawlar güni tamamlanandan soň, saýlaw uçastoklaryndaky ähli resminamalar we maddy serişdeler, kä halatlarda bolsa işgärler olaryň saýlaw uçastoklaryna eltilen tertibiniň tersine ýöreýän shema boýunça (rewersiw tertipde) alnyp gaýdylýar. Islendik ýagdaýda, bu prosess ozalkysy ýaly öňünden oňat meýilleşdirilmelidir. Saýalw toparynyň ýadan ýolbaşçysy özüniň haýsy wagtda alnyp gaýdyljagyny bilmän durmagy – örän ýakymsyz ýagdaýdyr.

Saýlaw uçastogynyň ygtyýarlylandyrylan dolandyryjysyna ähli saýlaw materiallaryny, şeýle hem köp gezek ulanylýan ähli inwentarlary ýokary gurama ýa-da ýörite edara tarapyndan düzülen sanawa görä, saýlawlardan soňky kesgitlenen anyk möhletlerde eltip bermek boýunça (tabşyryk) bilidirlýän talap - oňat tejribedir. Sebit (Welaýat) derejesinde ygtyýarlylandyrylan işgär hem öz gezeginde, Saýlawlary dolandyrmak boýunça edara inwentarlaryň sanawynyň nusgasyny ýollamalydyr. Inwenatarlara adatça: ses bermek üçin gutylar we ses berilýän kabinalar, syýaly çüýşeler, nusga almak üçin kagyzlar, möhürçeler, kagyz deşmek üçin ulanylýan enjamlar, çyzgyçlar, ýörite konteýnerler we Saýlawlary dolandyrmak boýunça edaranyň birnäçe gezek gaýtadan ulanyp biljek beýleki zatlary degişlidir.

Bu ýerde, gelejekde artykmaç çykdajylaryň ýüze çykmagynyň öňüni almak üçin aýratyn üns köp gezekleýin ulanyp boljak serişdeleriň saklanyş şertlerine berilmelidir. Eger-de saýlaw okrugynyň derejesinde saklamak üçin ýeterlik mümkinçilikler bolmadyk ýagdaýynda, sebitiň wekili harytlaryň bolup biljek ogurlanmagynyň, nädogry ulanylmagynyň ýa-da zaýalanmagynyň öňüni almak boýunça degişli çäreleri görmelidir.

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmek: Kesgitlemek

«Saýlawçylar üçin maglumat», «saýlawçylaryň bilimi» we «raýatlaryň bilim derejeleri» diýen düşünjelerini tapawutlandyrmak möhümdir. Olaryň arasynda biri-biriniň üstüni ýetirýän, demokratiýany we saýlawlaryň işini kämilleşdirmäge gönükdirilen bilim bermek boýunça çäreleriniň bardygy jedelsizdir. Şonuň ýaly-da saýlawçylaryň bilimliligi raýat bilimliliginiň has giň maksatnamasynyň bölekleriniň biri bolalydyr.

- Saýlawçylary habardar etmek
- Saýlawçylaryň bilimliligi;
- Raýat bilimliligi.

**Saýlawçylary habardar etmek** bu («saýlawçylaryň maglumatlylygy» ýa-da «maglumat bermek maksatnamasy» diýlip atlandyrylsa has dogry bolar) saýlawlardan öň amala aşyrylmagy gaýragoýulmasyz bolup, adatça bir gezeklik çäredir. Olaryň maksady raýatlara ses bermekligiň geçirilýän senesi wagty, ýeri, saýlawlaryň görnüşi, ses bermäge bolan mümkinçiligi almaga üçin gerek hem-de hasaba alynmak üçin talap ediljek resminamalar, ses bermegiň mehanizmi baradaky esasy maglumatlary bermekden ybaratdyr. Olar saýlawlar baradaky esasy maglumatlary özünde jemleýär we goşmaça düşündirişleri talap etmeýär. Saýlawlaryň her biri üçin täze maglumatlar taýýarlanylýar. Bu çäreler tizara durmuşa geçirilýär we degişli meýilleşdiriş işleriniň gurnalmagynyň zerurlygyny aradan aýyrmaýar. Adatça şeýle maglumatlar bilen üpjün etmek saýlawlaryň guramaçylykly geçirilmegine jogap berýän edaralaryň üstüne düşýär. ýöne bu işi dalaşgerler hem, jemgyýetçilik guramalary hem ýerine ýetirip bilerler.

**Saýlawçylaryň bilimliligi;** käwagt ony «ses berijileriň bilimliligi» diýip hem atlandyrýarlar, ýöne. «Saýlawçylaryň bilimliligi» adalgasy diňe bir saýlaw geçirlýän ýurduň ses berip bilýän, ýagny ses beriji raýatlaryna degişli bolman, has giňdir we ol raýaty bolmadyk adamlaryň, gelejekki raýatlaryň bilimliligini hem öz içine alýar. Saýlawçylaryň bilimliligini artdyrmak boýunça çäreler mekdeplerde we/ýa-da saýlawlaryň geçirilişine jogapkär edaralar bilen bilelikde amala aşyrylmalydyr. Ol ses bermegiň dürli: ses bermek nähili ýagdaýda, näme sebäpden, haçan geçirilýär we ş.m. aspektlerini öz içine alýar. Saýlawçylaryň bilimliligini artdyrmak boýunça maksatnamalar adatça olara itergi bermeklige hem-de saýlawlara köpçülikleýin, işjeň, doly gatnaşmaklaryna gönükdirilýär. Kada görä, olar ses bermek we saýlaw prosessi hakynda has çylşyrymly maglumatlary özünde jemläp, ýaly soraglary öz içine alýarlar: saýlawçylaryň roly, hukuklary we borçlary; demokratiýa bilen saýlawlaryň arasyndaky arabaglanyşygy, demokratiki saýlawlaryň şertleri; ses bermegiň gizlinligi; şahsy sesiň manysy we onuň halk köpçüligine hasabatlylygy täsiri; sesler we olaryň mandata öwrülmegi. Bu soraglar diňe bir okuw materiallaryny okap geçmek däl-de bilimliligini artyrýanlara düşündirmekligi we ylmy taýdan barlamaklygy göz öňünde tutýar. Saýlawçylaryň bilimliligini artdyrmak olary habardar etmekden has köp wagty talap edýär, aslynda bu işler hemişelik esasda geçirilmelidir. Bu maksatnamalar, adatça saýlawlary guramaçylykly geçirmäge jogapkär edaralar we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan durmuşa geçirilýär.

**Raýatlaryň bilimliligi** – has giň düşünje: ol özünde saýlawçylaryň bilimliligi artdyrmagy jemläp bilýär we jemlemelidir. Raýatlaryň bilimliligi – bu uzak möhletleýin we dowamly prosess bolup, ol okuw we beýleki maksatnamalarda öz ornuny tapýar. Ol demokratik jemgyýetiň esasyny tutýan has giň gerimli konsepsiýalary hem öznde jemleýär, olar: raýatyň we döwletiň wezipeleri we borçlary, syýasy we ýörite bähbitler, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, işewürlik, düşewüntsiz sektorlar, kadaly we bäsleşikli saýlawlaryň manysy ýaly böleklerden ybaratdyr. Ol diňe raýatlary maglumat bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, olaryň demokratik jemgyýetiň ähli aspektlerine gatnaşmaklygyny üpjün edýär. Raýatlaryň bilimliligi diýilýän düşünje, adatça, üç sany esasy elementden ybaratdyr. Olar: raýat bilimleri, raýatlaryň mümkinçilikleri (gymmatlyklary) we raýatlaryň başarnyklarydyr. Onuň maksady – raýatlaryň habardar edilen we netijeli raýat pozisiýasy üçin zerur bilimlere we başarnyklara eýe bolmak mümkinçiliklerini üpjün etmekden ybaratdyr. Raýatlaryň bilimliligi – bu saýlaw sikline bagly bolmadyk üznüksiz prosessdir. Şol bir wagtyň özünde-de saýlaw ulgamy barada habardar edilen we bilimlere eýe bolan saýlawçylar raýat bilimliliginiň has giň maksatnamalarynyň elementleri bolup bilerler. Raýatlaryň bilimliligi hökman saýlawlaryň guramaçylykly geçirilmegine jogapkär edaralarynyň üstio bilen däl-de, mekdepler we uniwersitetler (ylym-bilim edaralarynyň) ulgamlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, hatda aýratyn döwlet edaralarynyň üsti bilen hem amala aşyrylyp bilner.

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň ýörelgeleri

## Uniwersallyk

Jemgyýetçilik köpçüligi bilen giňişleýin esasda işlemek - demokratik saýlawlaryň esasy aspektidir. Saýlawçylary habardar etmegiň maksatnamasy aşakdaky ýörite toparlary öz içine almalydyr:

- Saýlawçylar
- Dalaşgärler we partiýalar
- Ilkinji gezek ses bermäge gatnaşýan saýlawçylar (ýaňy-ýakynda raýatlyga kabul edilenler, saýlawlara gatnaşmaga hukuk berilýän ýaşyna ýeten ýetginjekler)
- Ýurduň (başlangyç, orta ýörite orta /ýokary) bilim edaralary
- Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri

## Bitaraplyk

Saýlawçylary habardar etmek boýunça maksatnamany amala aşyrýan adamlar ses bermek baradaky soraglara üns bermelidirler we berýän habarlarrynda we çemeleşmelerinde haýsydyr bir teklibi öňe sürmekden gaça durmalydyrlar. Bitaraplygyň şöhlelelnmegi maksatnamalara bolan ynamy döredýär, köpçülikleýin gatnaşyga we netijelere bolan ygtybarlygyň kemala gelmegine ýardam edýär. Ýöne, bitaraplygyň häkimiýetler tarapyndan howp hökmünde kabul edilýändigini belläp geçmelidiris.

## Aýanlyk

Bu ýörelge iki sany aspektden ybaratdyr:

- Saýlawçylary habardar etmegiň ygtyýarlylygynyň çägi we maksatnamasynyň maksatlary anyk kesgitlenmeli.
- Düzülýän abaryň / habarlaryň häsiýeti aýdyň bolmalydyr we olar köp manyly bolmaly däldir.

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň potensial usullary

| Maglumat göterijiniň görnüşi | Teswirler |
|---|---|
| **Işläp taýýarlamak / materiallary ýaýratmak** | |
| **Kitaplar we bukletler** | Dürli halkaryň dilindäki kitaplary neşir etmek we ýaýratmak – Dünýäni üýtgedýär. Kitap – toplumlaýyn habarlary bermek üçin has güýçli serişdeligine galýar, we onuň artykmaç tarapy onuň köp mukdarda öndürilmegindäki bar bolan degişli ýeňilliginde, birini öndürmekdäki uly bolmadyk gymmatynda, saklamak ýönekeýliginde, çap edilen pursatyndan başlap elektrik üpjünçiliginden, telefon ulgamyndan ýa-da kompýuter terminallaryndan garaşsyzdygynda. |
| **Prospektler, listowkalar, broşýuralar we flaýerler** | Flaýerler – uly bolmadyk diňleýjiler toparlaryna maglumaty bermek üçin oňat usulydyr. |
| **Komiksler, bezeg işleri bilen bezelen neşirler** | Bezeg işleri bilen bezelen komiksler, karikaturalar ýa-da suratly kitaplar görnüşindäki neşirler raýatlaryň aýratyn köpçüligi bilen işlemekde täsirli gural bolup hyzmat edýärler. Eger ol sowat derejesi çäkli adamlar üçin niýetlenýän bolsa, olaryň tekstleriniň juda ýönekeý bolmagy ugrunda tagallalar edilmeli. Kyssalary, dialoglary we bezeg suratlaryny umumylaşdyrýar. Suratly kitaplar karrikaturalara we suratlara garanyňda suratlary has köp ulanýarlar. Olary köplenç komiksleriň doganoglan uýalary hasaplaýarlar, ýöne olar romanlaryň we seriallaryň tagamyny bermek bilen, özleriniň meşhurlygyny ýitirmeýärler. Komiksleriň, suratly romanlaryň hem-de suratly kitaplaryň formatyny raýat terbiýesiniň we saýlawçylary habardar etmegiň çäklerinde habarlary ýaýratmak üçin peýdalanyp bolar. |
| **Ýelimli suratlar** | Ýelimli suratlary gysga habarlary ýaýratmak üçin ulanylýar. Olar özüne çekiji we üns çekiji «fişka» hökmünde kabul edilýärler. |
| **Bannerler** | Bannerler köplenç ýörite matalaryň ýüzüne çap edilýän-de bolsalar, olaryň orny posterleriň roly bilen birmeňzeşdir. Olary has uly göwrümli suratlar we açyk asmanyň astyndaky çäreler üçin peýdalanyp bolýar. Bannerleriň dizaýny işlenip taýýarlanylanda onuň näme üçin niýetlenilýändigine we nirede ýerleşdiriljekdigine üns berilmelidir, şeýle hem göterijini dogry saýlap almak üçin taýýarlyk işlerine bildirilýän talaplar seljerilmelidir. |
| **Posterler** | Posterleriň taýýarlyk we dizaýn işlerinde dürli faktorlara üns berilmelidir: 1) ambarlarda tozan basyp ýatman, paýlanyp gutarar ýaly möçberde ýeterlik, ýöne artykmaç bolmadyk sany; 2) olary ýaýratmagyň talabalaýyk meýilnamasy; Posterler sowat derejesi çäkli ýa-da ýarym çäkli jemagat üçin niýetlenýän ýönekeý hem gysga habarlary ýaýratmakda oňat maglumat ýetiriji bolup hyzmat edýär. |
| **Adaty bolmadyk maglumatly neşirler** | Köplenç tiz tagam restoranlarynda ulanylýan aşhana enjamlarynyň gap-gaçlarynyň aşagyna düşelýän kagyz düşejikler, üstünde bulgur goýmak üçin niýetlenen dürli kagyz formalar, satyn alnan harytlary gaplamak üçin plastik ýa-da kagyz paketler bularyň ählisi adaty däl usulda ýaýratmakda mümkinçilikleri berýär. Diwardan asylýan, jübi we stolda goýulýan senenamalar. Dürli içgileri içmek üçin bulgurlaryň aşagynda goýulýan kagyz formalar jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda we kafelerde has meşhurdyr. |
| **Kitap sahypalaryny bellemek üçin niýetlenen gysdyrgyçlar** | Saýlawçylary habardar etmek kampaniýalarynyň şygyrlarydyr, habarlary ýerleşdirilen kitap sahypalaryny bellemek üçin niýetlenen gysdyrgyçlar. Olary kitaphanalaryň, okalga zallarynyň, kitap dükanlarynyň, orta we ýokary okuw jaýlarynyň, hökümete dahylly bolmadyk guramalaryň ýa-da saýlawlara bagyşlanyp çap edilýän kitaplar, bukletler, žurnallar, şeýle hem gazetler we ş.m. dürli neşir önümleriniň üsti bilen ýaýradyp bolar. |

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň potensial usullary

| Maglumat göterijiniň görnüşi | Teswirler |
|---|---|
| **Senenamalar** | ýaly senenamalaryň dürli görnüşleri eýýäm birnäçe wagtyň dowamynda raýatlaryň bilimliligi we saýlawçylary habardar etmegiň kampaniýalarda habarlary bermegiň neşir serişdesine öwrüldi. Nähili möçberde berip boljakdygyny senenamanyň ölçegleri kesgitleýär. Olaryň käbir görnüşlerinde saýlawlaryň şygaryny, logotipini, senesi we wagty baradaky maglumatlary ýerleşdirip bolýar. Senenamalary hemişe elýeter ýerde saklamak üçin olary gapjyklara, bellik depderlerine ýa-da gündeliklere ýerleşdirip bolýar. Uly senenamalarda bolsa, köp soralýan soraglary, olaryň jogaplaryny ýa-da okuw gönükmelerini ýerleşdirip bolýar. Eger-de senenama ýaş-ýetginjekler üçin niýetlenen bolsa, talybyň saýlaw kampaniýasynyň wakalary barada hemişe habarly bolmagy üçin ondaky seneleri ýörite ýelimli kagyzlar bilen berilemegi üçin olaryň üsti goşmaça ýelimli kagyzlar bilen ýetirilip bilner. Şeýle-de senenamada hasaba alyş merkezleriniň, saýlaw uçastoklarynyň syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, syýasy partiýalaryň ştablarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, raýatlaryň bilimliligi, saýlawçylary habardar etmek, saýlawlara gözegçilik etmek ýa-da hukuk goragçylyk işi boýunça kampaniýalarda çykyş edýänleriň, şeýle hem gaýry jemgyýetçilik edaralaryny görkezmek bolar. Saýlaw edaralaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, syýasy partiýalaryň köpüsi özleriniň saýlawlara näçe gün galandygyny görkezýän ýörite senenamalaryny hem goýberip bilerler, meselem: Saýlawlara 10 gün galdy. Ses berilýän güne barga az wagtyň galýandygyny görkezip, her gün birje sahypasy goparylýar. bu saýlaw kampaniýalary ýa-da saýlawlara gurnaýan adamlaryň ünsüni jemlemäge we goldamaga itergi bermekde ýardam edýär. |
| **Önümler we materiallar** | |
| **Ýaýradylýan sahypalaýyn içlikler. Önümleriň gaplaryndaky habarlar.** | Ertirlik üçin däne garyndylaryň gutular, süýt gaplanýan gaplar, süýji daşlary, otluçöp gaplary. Ýene-de bir görnüş – saýlawçylary habardar etmek boýunça kampaniýanyň şygaryny, logotipini we möhüm maglumatlaryny gaplamak üçin niýetlenen paketleriň ýüzüne çap etmek we olary dükanlaryň, bazarlaryň satyjylarynyň üsti bilen satyn alyjylara ýaýratmak. Plastik paketleriň birnäçe gezek ulanylandygy sebäpli, olar şäheriň köçelerinde saýlaw kompaniýasynyň tutuş dowamynda meşhur maglumat ýaýradyjy bolup bilerler. |
| **Geýimler** | Futbolkalar, kepkalar we ş.m |
| **Maglumaty beýan edýän neşirler** | |
| **Gazetler** | Gündelik we hepdelik çap edilýän metbugat sahypalarynda kolonkalar/mahabat, karikaturalar we ş.m. Döwlete dahylly neşir edilýän gazetler iki topara bölünýärler: Gündelik gazetler – olaryň juda dykyz rejeli, syky grafikli bolýarlar, hepdelik we aýlyk çykýan gazetler bolsa has çuňňur makalalary we täzelikleri çap edýärler. Olaryň iki görnüşinde-de bolup geçýän hadysalar barada bilim beriji häsiýetli ýa-da hekaýalary we reportažlary çap etmek üçin ýörite bölümleri bar. |
| **Žurnallar** | Žurnallaryň birnäçe görnüşleri bardyr. Olar çärýeklik, aýlyk, hepdelik çap edilýärler we olar regional, halkara, sindikat neşirleri, käbirleri bolsa anyk okyjylar köpçüligine gönükdirilýän görnüşli neşirlerdir. Olaryň käbiri bolsa ylmy-tehniki we ylmy žurnallaryň derejesine ymtylýarlar. |
| **Ýaýlyma berilýän köpçülikleýin habar beriş serişdeleri** | |
| **Telewideniýe** | Telewideniýe bu toplumlaýyn maglumatlary geçiriji we giň tomaşaçylar köpçüligine emosional derejede täsir ediji hökmünde seredilmeli.<br>- Jemgyýetçilik telewideniýesi, döwlet telewideniýesi, tölegli telewideniýe, tölegsiz telewideniýe. |

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň potensial usullary

| Maglumat göterijiniň görnüşi | Teswirler |
|---|---|
| **Radio** | Telewideniýede boluşy ýaly, radio hem juda giň diňleýjiler köpçüligi bilen üpjün edýär.<br>Gündelik radiogepleşikler<br>Hepdelik radiogepleşikler<br>Göni efire berilýän interaktiw tok-şowlar,<br>Ýörite tok-şowlar,<br>Gürrüňdeşlik radiolary<br>Teležurnallar<br>Täzelikler we habarlar. |
| **Audiokassetalar, ykjam CD we DVD görnüşli diskler we beýlekiler** | Saýlawlar temasy bilen bagly aýdymlar we goşgular ýerleşdirilen audio kassetalar. |
| **Köpçülikleýin mahabat kampaniýasy** | |
| **Laýtbokslar** | Köçeleriň we meýdançalaryň pyýadalar üçin niýetlenen böleklerinde ýerleşdirilen mahabat şitleri. |
| **Maglumat beriji çadyrlar / maglumat beriji merkezler** | Göçme maglumat beriji furgonlar / çadyrlar. Maglumat çadyrlary uly bolmadyk maglumat merkezleri babatda alternatiwa bolup biler. |
| **Diwarlara çekilýän grafiti suratlar** | Ýerli häkimiýetler grafiti üçin diwarlary bölüp berip bilerler we bu görnüşdäki jemgyýetçilik mahabatlaryny döretmekleri üçin hudožnikleri çekip bilerler. |
| **Ykjam telefon ulgamlarynyň üsti bilen berilýän mahabatlar** | Meselem: Ykjam telefonlaryň ulgamyndaky mahabatlandyryş işi. |
| **Ses gataldyjy enjamlar bilen enjamlaşdyrylan furgonlar ýa-da awtomobiller** | Maglumaty ýaýratmagyň bu görnüşini köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň elýeter däl ýa-da talaplara laýyk gelmeýän derejede işleýän regionlarda ulanylýar. Olar adaty mediýa giňişliginiň boş ýerlerini dolduryp bilerler. Bu usul kiçi şäherlerde we obalarda örän netijeli bolup biler. Olarda öňünden ýazgy edilen radio sýužetleriň ýazgylaryny diňledip, maglumatlary we itergi beriji güýji bilelikde berip bolýar. Radionyň sýužetlerini ýaýlyma berip, olaryň üsti bilen hem ýer mahabat materiallaryny goýberip bolar. Adatça, saýlawlaryň başlanmazyndan birnäçe gün ozal ulanylsa, bu usul örän netijeli bolýar. Bu görnüşi has uzak wagtyň dowamynda yzygiderli gaýtalamak maslahat berilmeýär. |
| **Ykjam bilbordlar / Ýunipollar** | Ýunipollar – göwrümi boýunça uly bilbordlar bolup, olar paýtagt şäherleriň merkezi köçelerinde ýerleşdirilýär. |
| **Multiwizýon gurluşlar** | Multiwizýon gurluşlary – paýtagt şäherleriň köp gatnawly köçeleriniň çatryklarynda görmek bolýar. Olar kiçi göwrümli bilbordlara çalym edýärler we her tarapyna dürli-dürli suratlar ýelmenen, aýlanýan prizmalardan ybaratdyr. |
| **Ykjam kinoekranlar (mahabat arakesmeleri)** | Meşhur filmleri görkezýän ykjam kinoekranlar maglumat görnüşindäki habarlary filmler başlanmazyndan ozal we olar tamamlanandan soň görkezmäge mümkinçilik berýärler. Filmleriň görkezilýän wagty listowkalary we beýleki çap edilýän materiallary paýlap bolýar. |

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň potensial usullary

| Maglumat göterijiniň görnüşi | Teswirler |
|---|---|
| **Göni söhbetdeşlik arkaly geçirilýän çäreler** | |
| **Jemgyýetçilik ýygnaklary** | Guramalaryň we döwlet edaralarynyň birnäçesi saýlawçylara maglumat bermek boýunça maksatnamalaryň mugallymlaryna öz materiallaryny / maglumatlaryny hödürlemäge mümkinçilik berýän jemgyýetçilik ýygnanşyklaryny gurnaýarlar. |
| **Öýme-öý aýlanyp çykmak** | (Saýlawçylara maglumat bermek boýunça toparyň haýsydyr bir partiýanyň ýa-da dalaşgäriň bähbitlerine wekilçilik etmeýän agzasynyň öýlere barmagy) |
| **Tejribeleýin okuwlar, forumlar, söhbetdeşlik gurnaklary** | Ýerli derejede resmi we resmi bolmadyk tejribe sapaklary we seminarlar gurnalyp bilner. Olar saýlawçylaryň arasynda potensial maglumat paýlaýjylar bilen ýüzbe-ýüz gabatlaşmaga mümkinçilik berýärler. |
| **Oba jemagatyna ýolbaşçylyk edýän adamlar** | Köplenç, şeýle adamlar oba ilaty üçin esasy/ilkinji nobatdaky maglumat çeşmesi bolup durýarlar. |
| **Dini guramalaryň ýygnanşyklary we çäreleri** | Dini Geňeşler we ýygnaklar jemagatlaryň liderleriniň / dini liderleriň üsti bilen saýlawçylar üçin maglumatlary ýaýratmak mümkinçiliklerini üpjün edýärler. |
| **Raýatlaryň ýerli toparlary** | (Meselem: Zenanlaryň ýerli guramalary). |
| **Dil üsti bilen – maşgalanyň arasynda (meselem, mekdep okuwçylary öz maşgalalarynyň arasynda maglumatlary ýaýradýarlar)** | Ähli edaralarda maglumatlary dilden ýaýratmak: meselem: mekdepler saýlawçylar üçin maglumatlary ýaýradýan bolsalar, çagalar – olaryň bilmekleri üçin gürrüň berip, maglumat çeşmesine örülýärler. |
| **Bildiriş tagtalary** | 1980-nji ýyllarda Mozambigiň ilatly ýerleriniň girelgelerinde gara reňk bilen reňklenen tagtalar bar eken. Reňkiň bahasy arzan hem ony islendik tekiz üste çalyp bolýan eken. Şol tagtalaryň ýüzüne täzelikler we bildirişler bahasy arzan bolan önüm, ýagny hek bilen ýazylýan eken.<br>Munuň bilen birmeňzeş usul Filippinleriň ybadathanalarynda ulanylýan eken. Ýöne, ol ýerde munuň üstüni hat okap bilýän çagalar, «habar gatnadyjylar» tagtalaryň ýüzüne ýazylan maglumatlary obalaryň ýaşaýjylaryna ýetiripdirler.<br>Saýlawlar geçirilýän döwürde edaralaryň köpüsi täzelikleri we bildirişleri ýerleşdirmek üçin şeýle tagtalary ulanyp bilerler. Bu ýerde gerek zat – diňe habarlaryň ulgamyny işläp taýýarlamak we olary tagtalara yzygiderli ýazmakdyr. |
| **Dynç alyş** | |
| **Dramaturgiýa, spektakllar (göçme teatrlar)** | Saýlawçylary maglumat bilen üpjün etmek üçin ýörite ýazylan pýesalar. |
| **Rok aýdym-saz konsertleri** | Sazandalar, artistler we ş.m. ýaş raýatlar köpçüligi bilen saýlawlar hakynda gürleşmek üçin laýyk täsir ediji adamlar bolup bilýärler |
| **Gurjak teatrlary we ş.m.** | Dynç alyş çäreleriniň uly ýaşlylar ýa-da çagalar üçin niýetlenilendigine garamazdan, olar saýlawçylar üçin maglumatlary ýaýratmaga mümkinçilik berýärler. |
| **Sport çäreleri** | Saýlawçylary hasaba almak we sport ussatlary saýlawlarda itergi berýärler. |

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň potensial usullary

| Maglumat göterijiniň görnüşi | Teswirler |
|---|---|
| **Festiwallar, karnawallar, uly köpçülikleýin çäreler** | Göwrümli jemgyýetçilik çärelerinde maglumat berilýän çadyrlary we ş.m. ulanmak bolar. |
| **Bäsleşikler** | |
| **Ýerli, mekdep, milli we ş.m.** | Meselem, posterleriň bäsleşigi, çekişmeler we ş.m. |
| **Ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň arasynda** | Meselem: Saýlawçylara maglumat bermek kampaniýasynyň iň oňat žurnalisti. |
| **Internetden peýdalanmak arkaly** | |
| **Bloglar** | Internet arkaly tölegsiz efir! Maksatly diňleýjiler köpçüligi |
| **Facebook** | Internet arkaly tölegsiz efir! Maksatly diňleýjiler köpçüligi |
| **Youtube** | Saýlawçylar üçin maglumatlary tölegsiz esasda ýaýratmagy üpjün edip biljek adamlar tarapyndan döredilen gülkünç we ugurtapyjy wideoklipleri. |
| **Internet tehnologiýalaryň saýlawçylary habardar etmegiň beýleki görnüşleri** | |
| **Tehnologiýalar** | |
| **SMS habarlary** | Saýlawçylary gözlemek, diňleýjiler köpçüligini toplamak, olaryň kömegi bilen maglumatlary ýaýratmak mümkinçiligi. |
| **Elektron poçta** | elektron hatlary köpçülikleýin ugratmak mümkinçiligi. Şunlukda berlne maglumatlaryň ýene-de başga okyjylara hem ýaýramagy mümkin. |
| **Beýleki ösen tehnologiýalar** | Ýaşlary internet tehnologiýalarynyň kömegi bilen saýlawçylara maglumat bermek boýunça programma üpjünçiliklerini döretmäge çekmek. |
| **Işewürler/hökümet/ uly guramalar tarapyndan hemaýat** | |
| **Mahabat** | Tölegli, tölegsiz esasda mahabat agentliklerini işe çekmek |
| **Önümlerdäki mahabatlandyryş işi** | Telekeçiler öz öndürýän önümlerinde (tiz satyn alynýan önümleriň, ýagny iýmit önümleriniň / içgileriniň gaplarynda) saýlawçylar üçin maglumatlary ýerleşdirmäge ylalaşyp bilerler |
| **Kompaniýalaryň hemaýatkärlik goldawlary** | Hemaýatkärler: listowkalaryň we flaýerleriň köpçülikleýin ýaýramagy – olary maglumatlary bermekde iňňän ideal gurala öwürýär. Bu soraga iki sany çemeleşme bardyr. Birinjisi – özleriniň hususy materiallaryny ýaýradýan kompaniýa bilen habarlaşmak we saýlawçylar üçin maglumatlary paýlamagy hem öz üstüne almagyny haýyş etmek. Ikinji – listowkalaryň ýaýradylmagy mümkin regiona mümkin boldugyça ýakyn ýere ýerleşen, milli we kompaniýa bilen habarlaşmak we ondan iki tarap üçin hem bähbitli işi, ýagny maglumat ýerleşdirilen taýýarlamaga hemaýat bermegi haýyş etmek. Başgaça aýdylanda, hemaýatkäriň adynyň hem öndüren önüminiň atlandyrylyşy hem-de saýlawçylara maglumat ibermek kompaniýasy bilen halkyň aňynda galjakdygyny hem düşündirmeli. |

© BRIDGE Project 2025 AEC IDEA IFES UNDP UNEAD/DPPA

# Intro.5.7 Saýlawçylary habardar etmegiň potensial usullary

| Maglumat göterijiniň görnüşi | Teswirler |
|---|---|
| **Saýlaw toparlary we beýleki hökümet edaralary** | Hatlar we resminamalar üçin blanklar<br>Bu saýlawçylara maglumat bermegiň ýa-da olaryň bilimliligini güýçlendirmegiň ujypsyzja we köplenç ünsden düşürilýän usulydyr. Hökümetden ýa-da ýerli döwlet edarasyndan iberilýän her bir resmi hatyň ýa-da resminamanyň birinji sahypasynyň aşak böleginde şygar we habar ýerleşdirilip bilner. Şygar we habar hatyň bukjasynda hem çap edilip bilner. Bu usuly hususy, dini, şeýle hem НГО sektorlaryň guramalarynyň blanklarynda hem ulanyp bolar. |
| **Esasy agzalary okatmak** | Ýörite toparlaryň esasy agzalaryny özleriniň liderler we mugallymlar bolup ýetişmekleri üçin taýýarlamak - bu babatda köpelmegiň (ýaýramagyň) (multiplikasiýanyň) ýokar görkezijileri bolan gurşawy emele getirýär |